LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana
LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana



LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana
LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

# I b a p

## URUŞDAN BAŞLANÝAR

— Tom!

Jogap ýok.

— Tom!

Jogap ýok.

— Allajanlarym, bujagaz oglanjyk nirä ýitirim bolduka? Tom!

Jogap ýok.

Polli daýza äýnegini burnunyň üstüne süýşürdi-de, onuň üstaşyry otaga göz aýlady; soňra ony maňlaýyna süýşürdi we otagy äýneginiň aşagyndan synlady; oglan ýaly ownuk-uşak zatlara ol gözi äýnekli örän seýrek serederdi, asyl hiç wagt diýen ýaly seretmezdi; bu onuň toý äýnegidi, bar guwanjydy. Ol ony haraý gözläp däl-de, gelşiklilik üçin edinipdi; äýnek bilen zat görmeklik, oňa edil pejiň iki gatyndan sereden ýaly kyndy. Ol ilkibada aljyrady, soňra çalaja, diňe gap-çanaklar eşider ýaly edip:

— Dur entek bakaly, elime düşäýseň bor — diýip, sözüni soňlap-soňlaman egildi we çotgany krowatyň aşagyna aýlap ugrady, her gezek aýlanyndan soň haşlamaga durdy. Ol o ýerden pişikden başga zat tapmady.

— Oglan diýip, munuň ýalyny ömrümde gören däldirin! Daşyna açylyp duran gapynyň ýanyna gelip, ol bosagada aýak çekdi we öz bakjasyna, burk urup duran pomidor biýaralaryna göz gezdirdi. Tom bu ýerde-de ýok eken. Şonda daýzasy sesini, mümkin boldugyça daşrakdan eşidiler ýaly gataldyp:

— To-o-om, sen niredesiň? — diýip gygyrdy.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

Onuň ýeňsesinde ýuwaşja çygşyldy eşidildi, oglanjyk gapydan çykyp ökjäni götermänkä kemerinden el salaýar ýaly, garry aýny wagtynda yzyna öwrüldi.

— Hut şeýle-dä, ammary barlamak huşumdan uçupdyr. Sen ol ýerde näme işlediň?

— Hiç zat.

— Hiç zat? Eliňdäki çyrşaga bir seret, agzyň hem şeýle. Bu näme boldugy?

— Bilmedim, daýza.

Muny sen bilmeseň, men bilýän. Oňa mürepbe diýerler, başga zat diýmezler. Mürepbä el degirseň, hamyňy sypyryn diýip men saňa näçe gezekler aýtdym? Hany, çybygy bäri al.

Asmanda çybygyň şyrpyldysy eşidildi, göwnüňe bolmasa, Tom beladan sypyp bilmejek ýalydy.

— Waý, daýza, ýeňsäňdäki zat näme!

Özüni howpdan goramak üçin, daýzasy ýubkasyny çekip, yzyna seretdi. Oglanjyk şol pursatyň özünde haýatdan aşdy-da, gözden gaýyp boldy.

Polli daýza ilki aňk-taňk bolsa-da, soňra hezil edip güldi:
— Hany, muňa gep düşündir-dä göreýin. Dogrudanam, meniň öwrenen zadym bolarmyka? Onuň maňa iýdirýän hupbatlaryny heý ýöne goýaý. Akylyňa aýlanyşmaga wagt ýeten hem ýaly. Ýöne garry samsykdan myrtar samsyk boljak däl eken. “Garry gaýyňa täze oýun öwretmersiň” diýip, ýöne ýere aýdylmaýar. Ýogsam, taňrym, ol her gün bir zat toslap tapýar, düşüner dagy eder ýaly däl.

Göwnüňe bolmasa, ol meniň janyma näçe wagtlap degmelidigini, soňra gülkimi getirse ýa-da çaşdyryp bilse, meniň gaharymyň sowaşýanlygyny, onsoň meniň özüne bir şapbat hem çalyp bilmeýänligimi bilýän ýaly. Dogrusyny dogry aýtmaly. Men öz borjumy ýerine ýetirip bilemok. Ýogsam, çaga rehim edýän adam ony sandan çykarýar diýlip dini kitapda-da aýdylýar ahyryn. Mundan oňlusy çykmaz, duran bir musallat. Ony al kakypdyr, bilýärin, ýöne welin, ol meniň merhum uýamyň ogly, oňa temmi bermäge hiç ýüregim edenok. Diýenine hä diýmäge-hä ýüzüň çydanok, temmi berjek bolsaň hem ýüregiň gyýylýar. Ýogsam näme, adam

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana
ömri gysga bormuş, gam-gussadan doly bormuş diýlip dini kitapda-da aýdylypdyr. Meniň pikirimçe-de, bu şeýle. Häzir ol mekdepden gaçalak edýär, ertir oňa temmi bermesem bolmaz. Eline bir iş bereýin. Ähli çagalaryň baýram güni oglany işletmäge-de dözeňok, ýöne işlemek oňa ähli zatdan ýokuş degýär, men hem öz borjumy ýerine ýetirmeli, ýogsam çagany sandaň çykaraýmaýyn.

Tom mekdebe gitmedi we wagtyny diýseň hoş geçirdi. Ol agşam naharynyň öňinçäsi, negr oglanjygy Jime ertir ýakar ýaly odun pyçgylamaga we tutaşdyrlyk aýyrmaga kömekleşmäge zordan ýetişdi. Her niçik hem bolsa Jim öz etmeli işleriniň dörtden üçüsini edýänçä, ol oňa gören-eşidenleriniň hemmesini aýdyp berdi. Tomuň kiçi dogany, has dogrusy, ene başga dogany Sid, öz etmeli işlerini eýýäm edip bolupdy (ol aýrylan odunlary çöpleşdirip, tama daşaýardy), ol düşbüdi, bezzatlyk we garagolluk etmäni bilmeýän oglandy.

Tom her bir amatly pursatda süýjüdandan bir bölek gant alyp, naharlanyp otyrka, Polli daýza oňa dürli-dürli iç-ýakgyç, diýseň mekir we aýlawly soraglar berdi. Onuň Tomy gapyl basasy, ýalňyşdyryp dogrusyny aýtdyrasy geldi. Ähli açykgöwünli adamlar ýaly, ol özüni inçe, iň aýlawly hilelere ukyply uly diplomat hasap etdi, özüniň zyýansyz mekirliklerini sypjyklygyň hem ýeserligiň alamaty saýdy.

— Tom, mekdepde o diýen yssy-ha bolan däldir? — diýip, ol sorady.

— Hawa, daýza.

— Belkem dänin örän yssy bolandyr? — Hawa, daýza.

— Wah-wah-eý, onsoň suwa düşesiň gelmedimi, Tom?

Tom gorkusyndan ýaňa galpylda gitdi, ol bu ýerde oňlulygyn ýoklugyny aňdy.

Ol Polli daýzanyň ýüzüne ynamly-ynamsyz seretdi, emma üýtgeşik bir zat görmedi. Şonuň üçin hem ol:

— Ýok, daýza, o diýen yssy bolmady — diýip jogap berdi.

Ol elini uzatdy-da, Tomuň köýnegini elläp görüp:

— Hawa-da, birjigem derlemänsiň — diýdi.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

Tomuň köýneginiň gurudygyny-gury däldigini barlap bilenligi, onuň nirä ýan berýänligini hiç kimiň güman etmänligi hakda pikir etmek oňa ýakymly duýuldy.

Emma Tom şemalyň nireden öwüsýänligine bada-bat düşündi we daýzasynyň öňüni dolady:

— Ýok, biz ol ýerde kellämizden guýy suwuny guýduk. Kelläm henizem öldür, göräýiň.
Şeýle möhüm subutnamany elden sypdyranyna Polli daýzanyň nebsi agyrdy. Emma şol ýerde ol ýene özüni dürsedi:

— Tom, saňa kelläňi ýuwmak üçin ýakaňy açmak gerek bolmadyk bolsa gerek, şeýle dälmi? Hany, penjegiň iliklerini ýazdyr!

Tomuň ýüzi ýagtylyp gitdi. Ol kurtkasynyň iliklerini ýazdyrdy, onuň ýakasy gaýym tikilgidi.

— Aý, bar, gümüňi çekle. Menem okuwyňy taşlap, suwa düşmäge gidäýdiňmikäň diýipdirin. Hawa-da, bu gezek men seniň günäňi geçýärin. Sen daşyňdan göräýmäge şeýle bir erbedem däl.

Synçylygynyň bu gezek özüni aldanlygyna garry gynandy, Tomuň iň bolmanda tötänden bir özüni oňat alyp baranlygyna welin ol begendi.

Şu ýerde Sid ara düşdi:

— Göwnüme bolmasa, siz onuň ýakasyny ak sapak bilen çatan ýalydyňyz, häzir bolsa ol gara sapak.

— Hawa-da, men ak sapak bilen çatypdym! Tom!

Emma Tom ahyryna çenli garaşyp durmady. Gapyň aňyrsyna ylgap geçip, ol:

— Muny ýadyňdan çykarmagyn, Siddi! — diýip gygyrdy.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

Tom çolaja ýere baryp, ýakasynyň ýeňse ýüzüne dürtülen we daşlaryna sapak oralan iki sany ullakan iňňäniň bardygyny gördi: olaryň birine ak sapak sapylypdyr, beýlekisine bolsa gara sapak.

— Sid bolmadyk bolsa, ol hiç zadam aňjak däldi! Haý içigar-eý! Ol kä ak sapak bilen çatýar, kä hem gara sapak bilen. Haýsam bolsa biri bilen çataýsa, ýogsam bilip hem bolanok. Sidiň eýini ýetirmesem bolmaz, goý ömür boýy ýadyndan çykarmasyn!

Tom şäherde barypýatan göreldeli oglan däldi. Muňa derek ol barypýatan göreldeli oglany bilýärdi, emma ony jyny almaýardy.

Iki minut geçip-geçmänkä, ol özüniň ähli betbagtçylyklaryny ýadyndan çykardy. Ol bu betbagtçylyklaryny uly adamyň betbagtçylyklary ýaly agyr we ajy bolmanlygy üçin däl-de, eýsem olary kalbyndan täze bir gyzykly pikiriň wagtlaýyn gysyp çykaranlygy üçin unutdy. Täze bir işe başlanlarynda uly adamlar hem öz gaýgylaryny şeýdip unudýarlar. Bu täzelik bolsa, onuň ýap-ýaňy bir negrden öwrenen zady — sykylyk atmaklygyň aýratyn görnüşidi, indi bolsa ol bu senedi yzyny üzmän gaýtalap, ony bir kemsiz öwrenesi geldi.

Bu — diýseň üýtgeşik saýramady, birgeňsi jürrüldemedi, beýle ses çykarmak üçin bolsa diliňi yzly-yzyna kentlewügiňe degirmelidi. Eger bir wagtlar çaga bolup gören bolsa, bu okyjynyň özüniň hem ýadyna düşýändir. Bu işe ähli ünsüni berip, Tom basym ony öwrendi we köçeden çalt-çalt ädimläp gitdi. Onuň dilinden owaz ýaňlandy, ýüregi şatlykdan ýaňa bökdi, ol özüni täze planeta açan astronom ýaly duýdy we eger güýçli, çuňňur, hiç kim taýdan göwnüne degilmedik şatlyk barada aýtjak bolsaň, onda artykmaçlyk astronomyň däl-de, eýsem oglanjygyň tarapyndady.

Tomus agşamlary uzyn bolýar. Entek aý aýdyňlykdy. Birden Tom sykylygyny kesdi. Onuň öňünde özünden birneme uzynrak nätanyş bir oglanjyk durdy. SentPitersburg atly sandan galan, kiçijik şäherjikde dürli ýaşly, dürli jynsly gelmişege seýrek duş gelinýär. Bu oglanjyk bolsa oňat geýnüwli — gör-le, baýramçylyk bolmasa-da, ol gowy geýnüwli! Örän geň zat! Onuň kellesinde iňňeden çykma peşeneli şlýapa, egninde suknodan edilip, ähli ilikleri ildirilen penjek, aýagynda bolsa täzeje balak bar. Aýagy hem köwüşli, özi-de anna güni! Hatda onuň alabeder lentadan edilen galstugy hem bar. Umuman aýdanyňda, onuň görnüşi paýtagtla meňzeýär. Tom bolsa muny halamaýardy. Beýle täsin zada näçe köp seretdigiçe, Tom bu frantyň öňünde şonça-da köp men-menlik etdi, şonça-da öz kostýumy gözgyny göründi. Oglanlaryň ikiside dymşyp durdular. Eger biri

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana
ýerinden gozgansa, beýlekisi-de gozgandy — ýöne ýanynlap süýşdi, bir-biriniň daşyna aýlanyşdy. Olar ep-esli salymlap bir-birleriniň ýüzlerine seredişip, bir-birlerinden gözlerini aýyrman durdular. Ahyrsoňy Tom:

— Nädeýin, kakaýynmy? — diýdi.

— Hany, synanyp gör. Ýöne başarmarsyň.

— Başararyn diýdim, başararyn.

— Gör-de duruber, başarmarsyň.

— Başararyn!

— Başarmarsyň!

Muşakgatly dymyşlyk. Soňra ýene Tom başlady:

— Adyň kim?

— Seň nä işiň.

— Islesem, meň işim bolar.

— Be, onda nä urşaňok?

— Ýene bir demiňi dart, almytyňy bereýin.

— Dartaryn, dartaryn. Ine, eşidip dursuň dälmi?

— Bolduň meň başyma! Islesem, men seni ýekeje çep elim bilen-de ýepbeşlärin:

— Onda näme uraňok-la, ýöne gep otaryp dursuň.

— Kejime gaýtsaň urarynam.

— Hawa-la, sen ýalynam görüpdik-le!

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

— Bezenenem bolupdyr-a! Bolduň meň başyma bolmajysy adam! Şlýapa-da geýen bolupdyr-a.

— Ýaramaýan bolsa, al-da zyň-da. Alyp zyň, onsoň gözüň nämäni görýär.

— Jinkildeme!

— Jiňkildeýän-ä özüň.

— Sendenem bir urşan bolarmy, başarmarsyň!

— Bar, ýok bolsanaý.

— Ýene-de bir agzyňy aç, kerpiç bilen kelläňi nas ýaly edeýin!

— Nas ýaly etdiň diýýän-le.

— Ederinem.

— Onda näme dursuň? Saňa geple diýseň! Näme, urşaňok-la? Gorkýaň gerek?

— Ýok, gorkamok.

— Gorkýaň!

Ýene-de dymyşlyk aralaşdy. Olaryň ikiside ýene ýanynlap, bir-birlerine gözlerini alardyşyp, süýşüşip ugraýarlar. Teý ahyr eginleri-eginlerine degşende Tom:

— Ýok bol şu ýerden! — diýdi.

— Özüň ýok bol.

— Ýok bolasym gelenok.

— Meňkem gelenok.

Olar hemaýat gözläp, aýaklaryny öňe süýşürip, bir-birlerini itekleşip, bir-birlerine ýigrenç bilen seredişip durdular. Emma olaryň hiç biri öňürti ýürek edip bilmedi. Ahyrsoňy ganlary gyzyşyp, hum ýaly çişişip, olar bir-birlerinden çekildiler we Tom:

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

— Sen züwwetdin hem it ogly. Ynha, ykjam eýini ýetir diýip agama aýdaryn welin, ol seni külbikejigi bilenem ýeňer — diýdi.

— Meniň ýanymda seniň agaň dagy hiç. Meniň hem agam bar, özem uly. Seniň agaňy göterip, haýatdan aňyrlygyna zyňaýar! (Aga diýilýän zat olaryň ikisiniň hem düýşünde-de gören zatlary däldi.)

— Bary ýalandyr.

— Ýalan zat ýok. Sen ýalandyr diýeňde näme?

Tom aýagynyň başam barmagy bilen ýeriň ýüzünden çyzyk çekdi-de:

— Şu çyzykdan bir geçip gör, kebzäňe bir ýelmärin welin, gaýdyp yzyňy tapmarsyň. Synanyp gör — ýagşylyk tamasyny etmez ýaly edeýin! — diýdi.

Gelmişek çyzykdan bejit geçdi-de:

— Hany eliňi bir degir — diýdi.

— Kän iteklän bolma, ýogsam bir uraryn welin!

— Hany göreli urşuňy. Näme uraňok-la?

— Iki sent ber, uraýyn!

Gelmişek oglan jübüsinden iki sany ulakan mis pul çykardy-da, ýaňsylap Toma uzatdy. Tom onuň eline kakyp goýberdi, mis pullar ýere zyňlyp gitdi. Şol göz açyp-ýumasy salym içinde oglanjyklaryň ikiside bir-birine sakyrtga ýelmeşen ýaly ýelmeşip, guma garyldy. Olar bir-birleriniň saçlaryny ütdüler, köýneklerinden çekdiler, burunlaryny dyrnaçakladylar, ýumruklaşdylar, guma we şöhrata garyldylar. Şol galagoplugyň arasynda bir zat aýdyňlaşan ýaly boldy we söweş tozanynyň içinden Tomuň ýat oglanyň üstüne atlanyp, ony ýençýänligi göründi.

— Gaýtmyşym et! — diýip, ol aýtdy.

Oglanjyk sypjak bolup elinde baryny etdi. Gahardan ýaňa içi-içine sygman aglady.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

— Gaýtmyşym et — diýip, ýumruklar ýene işe girdi.

Teý ahyr ýat oglan ýadaw sesi bilen gaýtmyşym etdi we Tom:

— Bu saňa sapak bolsun. Indikile kime degjegiňi bilgin — diýip ony sypdyrdy.

Frant kostýumjygynyň tozanyny kakyp, horkuldady-da, burnuny çekip we Toma "Indiki gezek elime düşäýseň, eýiňi ýetirin" diýip ýola düşdi.

Tom onuň üstünden hezil edip gülüp, keýpi kök halda öýlerine ugrady. Emma ýeňsesine öwrülip-öwrülmänkä gelmişek oglanjyk daş alyp, Toma tarap aýlap saldy, daş onuň kebzesine degdi, oglanjyk keýik ýaly bolup ökjäni göterdi. Tom ony tä öýlerine çenli kowalady we nirede ýaşaýanyny bildi. Bir salym gapynyň ýeňsesinde garawullap durdy, duşmanyny köçä çagyrdy, emma ol bolsa oňa aýnadan dilini çykaryp, çagyryşa garşy çykdy. Ahyrym duşmanyň ejesi göründi, ol Toma sen erbet, gödek, terbiýesiz oglanjyk ekeniň diýdi hem-de gümüňi çek diýip tabşyrdy. Gaýdyp ogluň elime düşäýmesin — diýdi-de, Tom hem yzyna gaýtdy.

Tom öýlerine örän giç gaýdyp geldi we ýuwaşlyk bilen penjireden girip ugranda, Polli daýzanyň gabaw guranlygyny aňdy. Tomuň üsti-başyny görende, kempir onuň şenbe günki dynç almasyny katorga işi bilen çalşyrmagy göwnüne düwdi.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

## II bap

### POTRATÇY MALÝAR

Şenbe säheri-de geldi, tomus günlerindäki ähli zat arassa howadan ýeňil dem alýardy, ähli zat şöhle saçýardy we ähli zat durmuş bilen gaýnap joşýardy. Her bir ýürekde saz ýaňlanýardy, aýratyn hem ýaş ýüreklerde aýdymyň öz-özi joşa gelýärdi, her bir ýüzde şatlyk alamaty we her bir adamyň ýörişinde mähirlilik duýulýardy. Ak akasiýa bir kemsiz gülläp otyrdy we onuň burk urýan ysy howany tutup durdy.

Dumly-duşdan görünýän Kardif dagy gök öwüsýärdi we daşdan asuda hem-de parahat dem alýan täsin, ýesir ediji ýurt bolup görünýärdi.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

Tom bir bedre hekli, eli uzyn çotgaly trotuarda peýda boldy. Ol haýata göz gezdirdi, şonda onuň ählije keýpi zym uçan ýaly boldy, göwni bolsa gam-gussadan doldy. Ýogsam näme? Dokuz fut beýiklikdäki otuz ýard tagta haýat! Durmuş oňa boş, gün görmek bolsa agyr ýük bolup göründi. Uludan bir demini alyp, ol çotgasyny bedrä batyrdy we ony haýatyň ýokarky tagtasynyň ýüzüne aýlady, muny ýene gaýtalady, ýene şeýtdi, agardylan ujypsyzja zolagy agardylmadyk haýatyň aňyrsyna-bärisine göz ýetmeýän materigi bilen deňeşdirdi we diýseň tukat halda agajyň aşagyndaky aýlawjygyň üstünde oturdy.

Gapydan bökjekläp, "Buffaloly gyzlar" aýdymyny aýdyp, eli bedreli Jim ylgap çykdy. Şäher guýusyndan suw çekmek Toma hemişe içgysgynç iş bolup görünýärdi, indi bolsa ol muňa başgaça seredýärdi. Ol guýynyň başynyň hemişe märekeli bolýanlygyny ýatlady. Ak we garaýagyz oglan-gyzjagazlar öz nobatlaryna garaşyşyp o ýerde şol gaýmalaşyp ýördüler, dynç alýardylar, gurjaklaryny alyşýardylar, sögüşýärdiler, uruşýardylar, garagolluk edýärdiler. Guýy öýlerinden bary-ýogy ýüz elli ädimlik ýerde bolsa-da, Jimiň bir sagatdan çalt gelýän wagtynyň ýoklugyny, gelse-de yzyndan adam iberilip getirilýänligini-de ol ýadyna saldy. Şonda Tom:

— Gardaş Jim, gel men-ä suwa gideýin, senem bir azajyk agart — diýdi.

— Bolmaz, mister Tom. Garry kempir maňa suwy çaltrak getir, ýolda hiç kimiň ýanynda aýak çekäýme diýip tabşyrdy. Ol mister Tom hökman haýaty agardyş diýer welin, sen öz ýoljagazyň bilen gidibergin, kesekiniň işine gatyşmagyn, gerek bolsa haýatyň gamyny özüm iýerin — diýdi.

— Sen oňa gulak asma, Jim. Onuň aýtmaýan zady barmy näme! Hany bedräňi bäri al, men dessine getirip bereýin. Ol bilmänjigem geçer.

— Gorkýan-ow, mister Tom! Munuň üçin kempir meniň kellämi alar, walla çynym, alar.
— Şolmy! Ol ömür uranok ahyryn. Ýüzügi bilen kelläňe kakan bolar, wessalam. Näme bolmasy iş bolýar! Aýtmasyna-ha ol agzyna geleni aýdar, ýene, näme, käýineni bilen, ýene özi aglaýmasa, başga bolýan zat barmy näme… Jim men saňa şar hem bereýin. Men saňa mermer tegmillije ak şarjagaz bereýin.

Jim ikirjiňläp ugrady.

— Ak mermerlije, Jim! Bu az zat däl!

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

— Baý, ýalpyldaýşyny dagy, ýöne welin mister Tom, garry kempirden öler ýaly gorkýan-da…

— Onsoňam, isleseň, men saňa agyrýan barmagymy hem görkezeýin.

Jim her näme diýseňem adam ogludy — beýle albaýa döz gelip bilmedi. Ol bedresini ýerde goýup, ak şarjagazy aldy we Tom sargysyny çözüp durka, onuň agyrýan barmagyna bilesigelijilik bilen eglip seretdi. Şo bada hem ol bedresini şakyrdadyp, arkasyny gaşap köçe bilen daz ýasady, Tom jan edip haýat agardýardy. Polli daýza bolsa söweş meýdanyndan eli köwüşli, dabaraly bakyşly çykyp barýardy.

Emma soň-soňlar Tomuň gurby çatmady. Ol bu güni şadyýan geçirerin diýip tama edenligi barada pikir edip başlady we onuň derdi artyp ugrady. Basym beýleki oglanlar öýlerinden çykyp, geň-enaýy ýerlere giderler we işlemäge mejbur edilenligi üçin, Tomuň üstünden gülerler — hut şu, pikiriň özi-de oňa ot bolup basyldy. Ol jübüsinden ähli baýlyklaryny çykardy we olary gözden geçirdi: döwüjek oýunjaklar, şarjagazlar, bir topar bolar-bolmaz zatlar alyş-çalşa-ha ýaraýmagy mümkin, ýöne iň bolmanda bir sagatlyk doly azatlygy satyn almak üçin, bilmedim, ýaraýarmyka! Tom oglanlary aldamak baradaky ähli pikirini taşlap, ýene özüniň ýagdaýlyja maýasyny jübüsine atdy. Şeýle tutuk, şeýle umytsyz pursatda ony birden ylham gurşap aldy. Özi-de hakyky, göz gamaşdyryjy ylhamdy.

Ol çotgany aldy-da, öz maýdalyna işlemegini dowam etdirdi. Basym burçdan Ben Rojers hem göründi, bu oglanyň gülküsini Tom dünýädäki ähli zatdan beter görýärdi. Ben ýeňil gopýardy, özi-de liňkilläp ýöreýärdi — bu bolsa onuň göwnüniň şatdygynyň we durmuşdan diňe gowulyk isleýändiginiň aýdyň subutnamasydy. Ol almasyny iýip, wagtal-wagtal hem süýkdürip labyzly ses edýärdi, munuň yz ýany bilen bolsa “din-don-don”, “din-don-don” diýip pessaýja hiňlenýärdi, sebäbi, Ben özüni parohod diýip hasap edýärdi. Ýakynrak gelip, ol ädimini ýuwaşatdy, köçäň ortasyna öwrüldi, sag borta ýan berdi we alňasaman, jan edip, agraslyk bilen kenara tarap tutduryp ugrady, sebäbi, ol dokuz futluk derejede barýan “Uly Missuri” bolan bolýardy. Ol bir wagtyň özünde hem parohod, hem kapitan, hem-de parohod jaňydy, şonuň üçin hem özüni kapitan köprüjiginiň üstünde durup komanda berýän we öz komandasyny özi ýerine ýetirýän kişi bolýardy.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

— Saklan, maşyn! Tin-lin-lin! Maşyn saklandy we parohod ýuwaşlyk bilen trotuaryň ýanyna bardy. — Yza sür! — Iki elinide goýberdi.— Saga öwür! — Tinlin-lin! Çu! Ç-çu-u! Çu! — Şonda sag el dabaraly suratda aýlaw berýär: ol kyrk futluk tigri alamatlandyrýardy. — Çepe sow! Tin-lin-lin! Dur! Çep bort! Çalarak! Dur, maşyn! Hasam ýuwaşrak! Tin-lin-lin! Çu-u-u. Tanapy taşla! Janlyrak! Hany siziň ýüpüňiz, nä irkilişip dursuňyz. Paýanyň aňyrsyna sür! Hawa, hawa, indi goýberäý!.. Maşyn durdy, ser! Tin-lin-lin! Ş-ş-ş (bu — parohodyň buguny goýberişidi).

Tom parohoda üns bermän, haýaty agartmagyny dowam etdirdi. Ben oňa dikanlap seretdi-de:

— A-ha, gola düşdüm diýsene! Düşdüň gerek? — diýdi. Jogap bolmady. Soňky çyrşanyna Tom hudožniklerçe seretdi-de, çotgany ýene bir gezek ýuwaşlyk bilen haýatyň ýüzüne aýlady we gaýra çekilip, işini synlady. Ben gelip onuň gapdalynda durdy. Tom gultunyp gitdi, onuň şeýle bir alma iýesi gelýärdi, emma şonda-da jan edip işlemegini dowam etdirdi. Ben:

— Ýeri, goja, işlemeli bolýarmy, ä? — diýdi.

Tom hyrra yzyna öwrüldi we:

— Wiý, bu senmidiň, Ben? Men görmändirinem — diýdi.

— Gardaş, men-ä suwa düşmäge barýan. Seniň gidesiň gelenokmy? Wiý, sen işlejeksiň-ow! Işläniň, elbetde, has hezildir.

Tom Beniň ýüzüne jiňkerilip seretdi-de:

— Sen nämä iş diýýäň — diýdi.

— Bu nä, seniň pikiriňçe, iş dälmi?

Tom ýene-de haýat agartmaga durdy we:

— Aý, bolsa bolýandyr, bolmasa-da bolýan däldir. Ýöne men bir zady bilýän: bu Tom Soýeriň-ä göwnüne ýaraýar — diýip, göwünli-göwünsiz jogap berdi.

— Aý, goýsana! Agartmaklygyň saňa şeýle ýaramaýanlygy belli-le!

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

Çotga haýatyň ýüzünde bir eýläk-bir beýläk gatnady.

— Ýaraýarmy diýýämiň? Näme üçin ýaramasyn? Haýat agartmak bize her gün ýetdirip durmy näme?

Şundan soň iş ugrugyp başlady. Ben alma iýmesini goýdy. Tom çotgasyny usul bilen öňe-yza aýlady, mahal-mahal hem edenjesine syn etmek üçin saklandy, ýene bir gezek hek çalyp ýene synlady, Ben bolsa onuň her bir hereketinden gözüni aýyrman seretdi, bu işe gitdikçe gyzyklandy. Birden ol:

— Tom, maňa-da azajyk agartdyrsana —diýdi.

Tom oýlandy, ilkibada razylaşaýjak ýaly hem etdi, soňra ýene pälinden gaýtdy:

— Ýok, Ben, barybir hiç zat çykmaz, Polli daýzam bu haýat diýip, hut ölüp-öçüp barýar, adama ynananok. Sebäbi haýat köçe tarapda ýerleşýär. Eger bu howly tarapdaky haýat bolsady, onda daýzam bir agyz hem söz aýtmazdy, men hem aýtmazdym. Ol bu haýat diýip hut ölüp-öçüp barýar. Muny, bilýäňmi, nähili agartmaly? Men müň oglandan ýa-da iki müň oglandan diňe ýekejesi göwnejaý agardyp biler diýip pikir edýärin.

— Goýsana! Synap bir göreýin-le. Azajyk agardyp göreýin… Tom. Özüm-ä seň ýeriňde bolan bolsam agartdyrardym!

— Ben, janym bilen razy bolmasam, hindi bolmadygym, ýöne Polli daýzany nätjegimi bilemok. Jimiňem agardasy geldi welin, ol etmedi. Sidiň hem agardasy geldi, ol Side-de etmedi. Ine, gardaş, ýagdaýlar-a. Goý sen haýaty agardybam başladyň-da, ýöne birden bir zat bolaýsa…

— Aý, ýok-la, Tom, men jan ederin ahyryn. Hany al, synanyşaýyn. Isleseň, almamyň içini saňa goýaýyn.

— Ýeri bolýar-da… Aý ýok, Ben, gowusy gerek däl. Gorkýaryn.

— Men saňa almamyň baryny bereýin!

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

Tomuň içi gülse-de, ol çotgany elinden göwünli-göwünsiz sypdyrdy. Öňki “Uly Missuri” parohody jokrama yssyda derini saçyp işläp durka, işden dynan hudožnik kölegede çelegiň üstünde oturyp aýagyny hallanladýardy, alma iýýärdi we aňkawlary aldamagyň täze ýollaryny gözleýärdi. Beýle oglanlary tapmak kyn bolmady: her minutda onuň ýanyndaky köçe bilen bir topar oglan geçip gidýärdi, olar Tomuň üstünden gülmek üçin gelip, haýat agartmaklyga galmaly bolýardylar.

Ben ýadap ysgyndan düşende, Tom indiki nobaty Billi Fişere birazrak ulanylan batbörege satdy, ol agardyp ýadanda bolsa nobaty Jonni Miller aldy, ol munuň üçin guýrugyndan tutup aýlamaga amatly bolar ýaly edilip ýupjagaz dakylan öli alaka berdi. Soňy hem şunuň ýalyrak ýaýbaňlandy.

Günortana çenli Tom pukara, ýoksul oglanjyklygyndan baý adama öwrüldi. Atlary sanalyp geçilen baýlyklardan başga-da onuň: on iki sany şarjagazy, üflenip çalynýan döwük garmonjygy, seredilýän gök çüýşe döwüjegi, boşan tegegi, hiç zat açmaýan açary, bir bölek heki, hrustaldan edilen grafin dykysy, galaýy soldatjygy, iki sany kiçijik gurbagajygy, alty sany hlopuşkasy, ýekegöz pişijegi, misden edilen gapy tutawajy, itsiz it boýunbagy, pyçak sapy, dört bölek apelsin gabygy we bir äpişge ramasy boldy.

Tom şol wagtynyň ählisini hiç zat etmezden, şadyýan we oňat geçirdi, haýat bolsa hek bilen üç gat agardyldy! Eger onuň heki dagy gutarmadyk bolsa, ol şäherdäki ähli oglanjygy çozduraýjak eken.

Tom bu ýagty jahanda ýaşamak onçakly kyn hem däl diýip pikir etdi, oslagsyz ýerden ol adam hereketlerine edara ediji beýik kanun çykardy: eger oglanjyk ýa-da uly adam bir zady isleýän bolsa, oňa diňe bir zat gerek, ol hem bolsa şol zady edinmeklik aňsat bolmaly däl.

Öz ýagdaýynda bolup geçen düýpli özgerişler barada Tom ýene bir salym pikir etdi, soňra bolsa habar etmek üçin baş ştaba ugrady.

## III b a p

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

EÝJEJIK NÄTANYŞ GYZ

Tom bir wagtyň özünde hem ýatylýan, hem myhman jaý, hem naharhana, hem kitaphana bolup hyzmat edýän oňaýly otagyň açyk aýnasynyň öňünde oturan Polli daýzanyň ýanyna geldi. Tomsuň mymyjak şemaly, ümsümlik, gülleriň ysy we bal arylarynyň meýmirediji wyzzyldysy dura-bara täsir edip ugrady, garry örüp oturan ýerinde irkilýärdi, sebäbi, oňa pişikden başga gürleşere jandar ýokdy, ýöne welin pişik hem onuň dyzynyň üstünde uklap ýatyrdy. Äýnek bolsa ätiýaç üçin maňlaýa süýşürilgidi. Ol Tom bir eýýäm gaçyp gidendir öýdýärdi we onuň gorkman-zat etmän öz üstüne gelşine haýran galýardy.

Ol:

— Indi daýza, oýnamaga gidäýsem näderkä? — diýdi.

— Eýýämmi? Näme eden zadyň bar?

— Hemmesinem etdim, daýza.

— Kezzaplama, Tom, men beýle zady halamok.

— Kezzaplamok, daýza, ählisi taýýar.

Polli daýzanyň söze ynanmasy ýokdy. Ol “öz gözüm bilen göreýin” diýip ugrady we Tomuň diýýänleriniň bäşden biri dogry bolsa-da razydy. Haýatyn ähli ýeriniň agardylanlygyny, onda-da ýöne bir agardylman, eýsem iki gat, hatda üç gat edilip hek hem çalnanlygyny, üstesine-de ýerden ak zolak çekilenini görende, ol uçursyz geň galdy.

Ol:

— Hawa-da! Isleseň seniň işläp biljekdigiňe söz ýok, Tom — diýdi, ýöne şo bada hem soňuny bulaşdyrdy. — Emma weli bu seýrek bolýar-da… Bar, oýnamaga gitseň gidiber, ýöne wagtynda gel, ýogsam gulagyňy towlaryn.

Tomuň bitiren işine ol şeýle bir geň galdy, gidip anbardan ullakan alma alyp geldi hem-de oňatja, eňekleşmänjik yhlaslyja çekilen zähmet bilen gazanylan sylag

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana
arzyly we ýakymly bolýar diýip takal okap, ony oňa gowşurdy. Ol özüniň wagtynda ele düşäýen kitabyndan getiren sözüni gutaryp-gutarmanka, Tom onuň ýeňsesinden gelip bir kökäni çildi.

Ol otagdan bökjekläp çykyp gitdi we daşky basgançakdan ikinji etaža galyp barýan Side gözi düşdi. Eliň aşagynda näçe diýseň tapylýan kesekler howada gaýmalaşdy. Polli daýza özüne gelip, Side kömege ýetişýänçä bäş-alty kesek nyşana şaplap degdi, Tom bolsa haýatdan böküp geçip gözden ýitdi. Haýatyň derwezesi bardy, emma hemişekisi ýaly, Tomuň wagty ýeter-ýetmezdi — ýogsamam bu wagt derweze ýada düşýärmi? Indi onuň ýüregi ynjaldy. Polli daýzanyň ünsüni garasapaga sowany üçin ol Sidden hakyny aldy.

Tom öz ýaşaýan kwartallarynyň duşundan sowlup geçdi we Polli daýzasynyň sygyr dölesiniň ýanyndaky hapa pereuloga tarap öwrüldi. Ele düşmekden we jeza berilmekden aman-sag sypyp, ol eýýäm deslapky gepleşilişi ýaly söweşjeň tertipde düzülen iki goşunyň duran ýeri bolan şäher meýdançasyna tarap ugrady. Ol goşunlaryň birine Tom, beýlekisine bolsa ýegre dosty Jo Garper komandirlik edýärdi. Beýik serkerdeleriň ikiside urşa girmän — bu diýseň kiçilik bolýardy — depejigiň üstünde oturyp attutarlaryndan buýruk ýollap söweş hereketlerine ýolbaşçylyk edýärdiler.

Uzak wagta çeken gazaply söweşden soň, Tomuň goşuny ullakan ýeňiş gazandy. Ölenleri sanadylar, ýesir düşenleri alyşdylar, indiki urşy haçan yglan etmeklik we näme üstünde uruşmaklyk barada netijä geldiler we aýgytly söweşiň gününi bellediler. Soňra goşunlaryň ikiside hatara düzülip gitdi, Tom bolsa ýeke özi öýlerine ugrady.

Jef Tetçeriň ýaşaýan jaýynyň duşundan geçip barýarka, ol bagyň içinde oňatja, mawy gözlüje, iki örüm edilip goýberilen uzyn sary saçlyja, akja tomus geýimlije, keşdeli balaklyja bir nätanyş gyzjagazy gördi. Ýap-ýaňyja ýeňiş gazanan gahryman ýekeje ok atmazdan ýesir düşdi. Emi Lourens diýilýän bir gyz özi barada ýekeje-de ýatlama galdyrman, onuň ýüreginden şo bada bug ýaly bolup çykyp gitdi.

Ol ony jany-teni bilen söýýändirin we ömrüm ötýänçä gowy görerin öýdýärdi, emma görüp otursa, bu bary-ýogy göz açyp-ýumasy salymlyk-hyýal ekeni. Ol birnäçe aýlap yzyna düşüp, ony yrypdy, gyz bary-ýogy bir hepde mundan öň ony

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana
söýýänligini duýdurypdy; oglan diňe ýedi günjagaz keýpi kök, öz ýeňşine guwanyp gezdi, ine göz açyp-ýumasy salym içinde ol gyz, edil azrak bolup giden, çalarak tapylýan myhman ýaly onuň ýüreginden gaýyp boldy.

Ol tä özüni şol eýjejik zat görýänçä, oňa uzakdan baş egip salam berdi. Gyzyň gözi düşende bolsa, ol ony görmediksirän boldy we adatça kiçijik oglanlarda bolşy ýaly, özüni gyza halatjak bolup, dürli öwsüp çykdy. Epesli salymlap däli-porhan boldy we görkezip duran çylşyrymly oýnunyň arasyndan tötänden oňa tarap gözüni aýlanda, ol birden gyzyň öwrülip, öýlerine tarap barýanlygyny gördi. Tom haýatyň ýanyna baryp, gaýgyly suratda oňa ýaplandy, her niçik-de bolsa gyz bagda ýene bir azrak bolar diýip umyt etdi. Gyz daş işikde bir salym aýak çekdi-de, ýene gapa tarap öwrüldi. Ol bosagadan ätlände bolsa Tom uludan bir demini aldy. Şol ýeriň özünde-de ýüzi açylyp gitdi: gözden gaýyp bolmazdan öň, gyzjagaz “Anýutanyň gözjagazlary” diýen güli haýatdan üstaşyry oklap goýberdi.

Tom ylgap haýatyň ýanyna bardy we gülden iki ädimlik aralykda saklandy, soňra elini gözüne kölegeledip, köçäniň gutaran ýerinde gyzykly bir zady görýän ýaly, uzak bir ýere seredip durdy. Soňra ýerden bir sypaljygy göterip aldy-da ony, kellesini gaýşardyp, burnunyň üstünde goýdy; şeýdip gapdallap süýşüp, ol güle ýakynlaşdy, ahyrsoňy ýalaňaç aýaklary gülüň üstünden bardy; çeýe barmaklar güli gapjap aldylar, Tom hem bir aýagy bilen bökjekläp, burçuň aňyrsynda gözden ýitdi — ýöne bu diňe bir minutlykdy, güli kurtkasynyň içine, ýüregine, belki aş gazanyna ýakynrak edip salýançady — ol anatomiýadan o diýen güýçli däldi we bular ýaly zatdan başy onçakly gowy çykmaýardy.

Şundan soň ol haýatyň ýanyna gaýdyp geldi we tä garaňky düşýänçä şol näzini artdyryp, oňa ýaplanyp durdy; emma gyz gaýdyp gara bermeýärdi. Tom bolsa şol wagt aýnaň öňüne gelip, gyz meniň gam çekýändigimi görendir öýdüp öz-özüne teselli berýärdi. Teý ahyry ol hyýal derýasyna batyp, göwünli-göwünsiz öýlerine ugrady.

Agşam nahary wagtynda Tom şeýle bir tukatlandy welin, daýzasy “Muňa nä döw çalaýdyka?” diýip geň galdy. Side kesek atanlygy üçin oňa birnemejik degdi, ol şonda-da sarsman otyrdy. Ol edil daýzasynyň gözüniň alnyndan bir bölek gant çiljek boldy, şonda hem bir şarpyk datdy: Ol

— Daýza, Sid gant alanda-ha siz ony uraňzok? — diýdi.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

— Ýöne, Sid sen ýaly adamyň ýüregine-bagryna-da düşýän däldir. Haý-küş edäýmeseň, sen süýjüdandan hem çykjak däl.

Basym ol kuhnýa çykyp gitdi, özüne degilmeýäninden peýdalanyp, Sid hem Tomuň öňünde öwünjek bolýan ýaly süýjüdany öz öňüne çekdi, muňa bolsa çydar dagy eder ýaly däldi. Emma Sidiň barmaklary süýjüdany saklap bilmedi, süýjüdan onuň elinden sypyp, kül-uşak boldy. Tomuň guşy uçdy. Begenjinden ýaňa ol hatda dilini-de ýarmady we dymyp otyrdy. Ol Polli daýza gelende-de geplemezligi we tä muny kimiň edýänligini soraýança burny deşilen ýaly bolup oturmagy göwnüne düwdi. Ine; şonda welin ol aýdar we "gowuja oglanjyga" şarpyk degşini synlar — mundan oňat näme bolup bilsin? Ol şeýle bir begenýärdi welin, daýzasy kuhnýadan gelip, ýatan jäç döwükleri derrew äýneginiň üstaşyry synlanda, ol geplemän zordan saklandy. Içinden bolsa: "Ynha, ynha, häziriň özünde!" diýip pikir edýärdi, ol şol pursatyň özünde ýere ýazylyp gitdi. Tom:

— Dursaňyzlaň entek, siz näme meni urýaňyz-la! "Ony Sid döwdi ahyryn" diýipdiýmänkä, onuň üstünden batly ýumruk indi.

Polli daýza beýledir öýtmänsoň aňk-taňk boldy, Tom bolsa onuň haýpy gelmezmikä diýip tama etdi. Ýöne welin dili gepläp başlanda ol:

— Hm! Ýöne her niçik-de bolsa, saňa şarpyk biderek ýere degmedimikä diýýärin. Men öýde ýokkam, sen ýene bir zatlar edişdirensiň — diýdi. Soňra kempiriň haýpy gelip, oglana ýakymly bir zat aýdasy geldi; emma ol bu öz günämi boýnuma aldygym bolar, muňa bolsa tertipdüzgün ýol bermeýär diýip pikir etdi. Şeýdip, ol dymmasyny dowam edýärdi we ýüregi awasa-da, öz işi bilen gümra kişi bolan bolup ýördi.

Tom burçda sortduryp otyrdy we özüniň derdini ölçerýärdi. Ol Polli daýzanyň öz ýanyndan ökünýänligini bilýärdi we muňa tutugrak bolsa-da keýp edýärdi. Ol hiç zat aňmaýan ýaly bolar, birjik-de bildirmez. Wagtal-wagtal göz ýaşlarynyň arasy bilen daýzasynyň gamgyn seredýänligini ol bilýärdi, emma hiç zat göresi gelmeýärdi. Ol özüni ölüm pillesinde ýatan hökmünde, daýzasyny bolsa eglip ötünç soraýan hökmünde göz öňüne getirdi; eger şeýle bolaýsa, Tom diwara tarap öwrülip, agzyndan ýeke söz hem sypdyrman öler. Şonda kempir näderkä? Tom özüni öli halda derýadan çykaryp öýlerine getirişlerini göz öňüne getirýär; onuň saçlary ezilipdir, azap baryny gören ýüregi urmasyny goýupdyr. Şonda kempir onuň jansyz jesedine özüni oklap, gözlerinden ýaş derýa bolup akaýsa gerek. Ol oglany yzyna gaýtar diýip, hudaýa ýalbaraýsa gerek. Onsoň kempir hiç wagt onuň

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana
göwnüne degmez! Tom bolsa ýüzüni sallap, dünýäni bilmän, sop-sowuk bolar ýatar — ähli jebirleri ahyryna çenli çeken neressejik!

Şunuň ýaly uly-uly arzuwlardan ýaňa Tomuň gözüne ýaş aýlandy, bokurdagy doldy, gözüni gyrpyldadanda bolsa göz ýaşlar dulukdan syrygyp, burnunyň uçjagazyndan akdy. Ol özüniň gaýgy-hesretinden şeýle bir lezzet alýardy welin, ýeriň ýüzündäki hiç hili şatlygyň ýa bolmasa ymyzgandyryjy şadyýanlygyň özüne aralaşmagyna ýol berip bilmejekdi; ol özüniň gynanjyny edil gözüniň göreji ýaly görýärdi. Şonuň üçinem otaga şäheriň etegindäki tanyşlarynyňkyda geçiren, gutarar ýerde gutarmadyk hepdesinden soň öýe gelýänligine begenjinden ýaňa ýüzi gülüp duran kuzinasy Meri pasyrdap girende, ol ýerinden turdy-da, garaňky we tupan bulutlary bilen gurşalan gapylaryň birine çykdy, Meri bolsa özi bilen şatlyk hem güneş alyp, beýleki otaga girip gitdi.

Ol oglanlaryň oýnaýan köçelerinden uzakda gezip ýördi we özüniň keýpine saz geläýjek tukat burç gözleýärdi. Derýadaky sal oňa amatly ýer bolup göründi we ol derýanyň tutuk perdesine syn edip hem-de diňe bir arzuw bilen: bada-bat, kynçylyksyz-zatsyz, tebigat tarapdan berlen muşakgatly tertibi saklamazdan gark bolmak arzuwy bilen salyň iň gyrasynda oturdy. Şonda onuň ýadyna güli düşdi, ol ony jübüsinden çykardy, gül mynjyran we solan ekeni, bu bolsa onuň tutuk keýpini has hem artdyrdy. Ol eger biläýse, şol gyz gynanarmyka diýip pikir etmäge oturdy. Belki ol gyz aglardy, ony gujaklap köşeşdiresi gelerdi. Belki hem edil bütin sowuk jahan ýaly perwaýly-perwaýsyz ýüz öwrerdi. Bu, kartina biziň neressejigimizi şeýle bir ýakymly gowşak ýagdaýa getirdi welin, ol ony öz içinde öwran-öwran ýatlady. Ahyrsoňy hem uludan demini alyp, ýerinden turdy we garaňkylygyň içinde gözden ýitdi.

Agşam sagat onuň ýarylarynda Tom adamsyz köçe bilen şol Eýjejik Nätanyş gyzyň ýaşaýan jaýyna ugrady. Barjak ýerine ýetip, bir sellem durdy. Onuň üşerilen gulagyna ýekeje-de ses gelmedi. Şem ikinji etažyň äpişgesiniň tutusyna ölügsi şöhle salýardy. Nätanyş gyz şol ýerde göze görünmän oturan bolmasyn. Ol haýatdan geçdi, içi gülli gülhanalaryň üstünden ýuwaşlyk bilen geçip, äpişgäniň öňünde aýak çekdi. Ol ep-esli salym tolgunyp, kellesini gaýşardyp ýokarsyna seredip durdy we ellerini döşüniň üstünden geçirip, ejizje we solup barýan güli bagryna basyp bilini ýazdy. Ine, ol şeýdip ýekelikde ölüp-ýitip gider. Düşelgesizzatsyz başa ne öý-öwzar bar, ne onuň sowap başlan maňlaýynyň ölüm derini süpüräýjek dostlukly we rehimdar el bar, ne-de ölüm pillesinde ýüregi awap, onuň ýanyny alyp oturjak adam bar. Şatlykly säher hem geler, ol gyz onuň dem gelmeýän meýdini görer, ýöne welin, wah, ol onuň jesediniň üstüne ýekeje ýaş

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana
damjajygyny bir gaçyrarmyka, rehimsiz el tarapyndan gyrlan, tüýs ösüp barýan ýaş ömür beýle ir kesildi diýip, heý bir gezek dagy içini çekermikä?

Äpişge açylyp, hyzmatkär aýalyň gaharly sesi bir gensi asudalygy bozdy we bir giden suw jebir çeken neressäniň elini serip ýatan meýdiniň üstüne eňdi!

Biziň gahrymanymyz zordan agzyndan suw gitmän saklanyp, demigip aýaga galdy. Howada düşnüksiz bir sögünç bilen daş sygyryp gitdi, kül-uşak bolan aýna şaňňyrdady, ýerden çala saýlanýan kiçijik göwre haýatdan böküp geçip, garaňkyda gözden ýitdi. Tom çykarynyp sykybermeli bolan köýnegini ýag çyranyň ýagtysyna tutup synlap durka Sid oýandy; eger ol özünde kakdyryp gyjalat beräýmek niýeti bolanda bolsa, ol raýyndan gaýtdy we munuň howpsuz däldigini Tomuň gözlerinden aňyp, sesini çykarmady.

Doga okap işi köpeldip oturmagy Tom zerur hasap etmän ýerine girdi, Sid bolsa bu ýalňyşlygy öz ýanyndan belläp aldy.

## IV b a p

### ÖWÜNJEŇLIK NÄMÄ ALYP BARÝAR?

Gün asuda ýerden saýlanyp, göýä parahat oturan şähere pata berýän ýaly onuň ýokarsyna şöhle salýardy. Ertirlik nahardan soň, Polli daýza hemmeleri maşgala ybadatyna ýygnady; ybadat etmeklik töwratyň tekstinden düzülip, üsti bolgusyzja artdyrmalardan ýetirilen dogadan başlandy.
Doga okalyp bolandan soň, Tom bilini guşap töwratyň süresini ýat tutmaga girişdi. Sid öz sapagyny birnäçe gün mundan öň özleşdiripdi. Bäş sany süräni ýat bellejek bolup Tom elinde baryny etdi: ol ölenlere okalýan dogalardan saýlap aldy, sebäbi, gysgajyk süreleri ol hiç ýerden tapmady.

Ýarym sagatdan soň Tom sapagy barada diňe örän bulaşyk düşünje aldy, sebäbi, onuň kellesi sapakdan başga zatlardan doludy, eli bolsa birsyhly gymyldap, başga iş bilen gümrady.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

Sapagy diňlemek üçin Meri onuň elinden kitaby aldy, Tom bolsa çaklap atyp, büdräp başlady.

— Gedaýlar… e-e…

— Ruha…

— Hawa, ruha. Gedaýlar ruha… e-e…

— Baýdyrlar…

— Baýdyrlar. Gedaýlar ruha baýdyrlar. Sebäbi, asman

— Sebäbi, asman häkimligi… häkimi… sebäbi asman häkimligi…

— Sebäbi, asman häkimligi…

— Sebäbi, asman häkimligi. Gedaýlar ruha baýdyrlar, sebäbi asman häkimligi olaryňkydyr. Göz ýaş döküýänler bagtlydyrlar, sebäbi, olar… sebäbi, olar…

— U…

— Sebäbi, olar… e…

— U, T, E…

— Sebäbi, olar U, T, E… aý, yzynyň nähilidigi ýadyma düşenok. Bagtlydyrlar, sebäbi, göz ýaş döküýänler, sebäbi, olar… sebäbi, göz ýaş döküýänler… a yzy näme? Alla ursun bilemok. Näme sen aýtmaýarsyň-la, Meri? Meniň gaharymy getirmäge utanaňokmy näme?

— Eý, Tom, görýän welin, sen samsyjak oglan ekeniň, men düýpden seniň gaharyňy getiremok, hatda bu ýadymada düşenok. Sen ýöne hemmesini başdan başla-da ykjamja ýat tut. Aýyby ýok, Tom, ýat tutarsyň, ýat tutup bolaňsoň bolsa men saňa gaty oňatja bir zat peşgeş bererin. Hany, akyllyja bolsana!

— Bolýar! Ýöne-welin ol nähili zat, Meri? Sen diňe aýtsaň bor.

— Nämedigini nätjek? Rast oňat zat diýdimmi, oňat zatdyr.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

— Hawa-da, seniň aldasyň ýok-la! Bolýar, gidip jan edip göreýin.

Tom “jan etdi”, özi-de bilesigelijilik bilen beriljek sylagyň iki taraplaýyn gysmagy astynda ol şeýle bir jan etdi welin, ajaýyp üstünlikler gazandy. Munuň üçin Meri oňa täzeje iki dilli, on iki ýarym sentlik çakgy peşgeş berdi, Tomuň begenji içine sygmady. Dogry, çakgynyň kesýän zady ýokdy, ýöne muňa derek ol elde ýasalan däldi, Barlou firmasynyň “hakyky” çakgysydy, ähli gyzygy hem şondady. Beýle ýowuz ýaragy elde-de ýasap bolýar ýöne ol firmada ýasalanyndan erbet bolýar diýip, Günbatar ştatlarynyň oglanjyklarynyň nirden alyp göterendikleri belli däl, şol belli däldigine hem hemişelik galjakdygyna güwä geçäýmeli. Tom bu çakgy bilen bufeti kesip göresi geldi we komodaň üstüne çykyp ugrady, emma şol wagt ony ýekşenbe mekdebine gitmek üçin geýimlerini geýmäge çagyrdylar.

Meri oňa suwdan doly galaýy, legen bilen sabyn berdi. Tom gapynyň ýeňsesine geçdi-de, legeni skameýkanyň üstünde goýdy, soňra sabyny suwa sokup çykaryp, ony öňki ýerinde goýdy; ýeňini göýberdi; ýuwaşlyk bilen suwy ýere dökdi; soňra kuhnýa girdi-de gapyň ýeňsesinde asylgy duran polotensäni alyp, yhlas bilen ýüzüni süpürip başlady. Emma Meri:

— Tom utanaňokmy! Idiliräk ýuwun! Suwdan saňa zyýan gelmez — diýip, onuň elindäki polotensäni aldy.

Tom bir azrak gyzardy. Legene ýene suw guýdular. Tom bu gezek ep-esli wagtlap onuň üstüne direnip durdy, göwnüni bire baglady, soňra ýürek edip ýuwunmaga durdy. Şondan soň ol gözüni süzüp, polotensäni sermeläp kuhnýa girende, onuň duluklaryndan sabyn köpürjikleri syrygýardy we jan çekenine şaýatlyk edýärdi. Emma welin ýüzünden polotensäni aýranda onuň ýüz keşbi düýpden kanagatlanarly däldi: arassa ýeri diňe duluklary bilen alkymydy, olar hem maska ýaly agaryşyp durdy, aşak we ýokary ýanlary bolsa suw çykmadyk ýer ýaly bolup gara zolak başlanýardy we boýnunyň öňüni, ýeňsesini tutup durdy. Şonda ony Meriniň özi ýuwmaga girişdi, onuň elinden sypanda Tom hamy boýunça öz akýagyz doganlaryndan birjik-de kemi ýokdy: öl saçlary çotga bilen täsin edilip ýatyrylypdyr, keltejik buýralary tep-tekizje we bir geňsi bolşup durdular. (Tom ýuwaşlyk bilen buýralaryny dograltjak boldy, saçynyň edil kellesine ýelmeşip duran ýaly bolup durmaklygy üçin ol azap baryny gördi; onuň göwnüne bolmasa buýra saçly gyza meňzäp duran ýalydy, muňa bolsa ol örän gynanýardy.) Soňra

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana
Meri şkafdan Tomuň indi iki ýyldan diňe bir ýekşenbe günleri geýýän we ýöne bir “beýleki kostýum” diýilýän kostýumyny getirdi, şol esasda biz onuň geýim salynýanynyň baýlygyny göz öňüne getirip bileris.

Geýimlerini geýnip bolansoň Meri ony “tertibe saldy”: ol onuň egnindäki päkizeje penjeginiň iliklerini tä eňeginiň aşagyndakysyna çenli ildirdi, giň ýakasyny aşaklygyna epledi we onuň eginlerini düzedişdirdi, Tomuň üstüni çotgalady we oňa meneklije sypal şlýapasyny geýdirdi. Indi ol bezemen görünýärdi we özüni örän gowuşgynsyz duýýardy — täze kostýum hem-de päkizelik ony ýygrykdyrýardy, muny bolsa Tom ýigrenýärdi. Ol Meri köwşi ýatdan çykarar umyt etdi, emma bu umyt amala aşmady. Meri ony kemini goýman ýaglap getirdi-de, Toma berdi. Tom ahyrym çydap bilmän, hemişe özüniň halamaýan zadyny etdirýändikleri barada hüňürdedi. Emma Meri ony mylaýymlyk bilen köşeşdirdi:

— Hany, Tom, akyllyja bolsana! Tom hüňürdäp köwşüni geýdi.

Meri derrew geýnip boldy we üç çaga bolup Tomuň tüýs ýürekden halamaýan, Siddir Meriniň bolsa gowy görýän ýekşenbe mekdebine ugradylar. Ýekşenbe mekdebinde sagat dokuzdan on biriň ýaryna çenli okaýardylar, soň bolsa gulluk başlanýardy. Çagalaryň ikisi wagyz-nesihata göwünjeň galdy, üçünjisi bolsa başga, has düýpli sebäbe göre galdy, metjidiň ýaplanylýan ýeri — beýik, gaty oturgyçlaryna üç ýüz adam dagy ýerleşýärdi; metjit çaklaňjady, hiç hili bezegi ýokdy, kryşasynda insizje agaç ýaşşigine çalym edýän jaňhanasy bardy. Gapynyň ýanyna gelende Tom ýekşenbe geýimini geýnen bir dosty bilen gürleşmek üçin aýak çekdi:

— Gulak sal, Billi, seniň sary biletjigiň barmy?

— Bar.

— Oňa näme alarsyň?

— Näme berersiň?

— Bir bölek buýan bilen bir balyk tutulýan çeňňek bereýin.

— Görkez.

Tom görkezdi. Dosty razy boldy we olar baýlyklaryny alyşdylar. Şondan soň Tom iki sany ak şaryny üç sany gyzyl biletjige çalyşdy we ýene birtopar bolgusyz

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana
zatlaryny iki sany gök biletjige çalyşdy. Ol ýene çärýek sagatlap diýen ýaly gelýän oglanlara garaşyp durdy we olardan dürli reňkli biletleri satyn aldy. Soňra ol bir topar päkize we şowhunly oglan-gyzjagazlar bilen metjide girdi, öz ýerine geçip oturdy we golaýyndaky oglanjyk bilen geýdirilişip ugrady. Ara gopbam we gartaň mugallym goşuldy, ýöne ol ýeňsesine öwrülip-öwrülmänkä Tom öňünde oturan oglanjygyň saçyndan çekdi; ol oglanjyk garanjaklanda bolsa kitap okan kişi boldy; şo bada hem "waý!" diýip gygyryşyny eşitjek bolup, başga bir oglanjyga iňňebagjygyny dürtdi we mugallymdan ýene bir käýinç aldy.

Tomuň okaýan klasyndakylaryň ählisi bir meňzeş häsiýetli çagalardy: ählisi ynjalyksyz, galmagalçyl we gulak asmaýan çagalardy. Sapak soralanda bir okuwçy-da goşgyny göwnejaý aýdyp bilmeýärdi: hemmelere pyşyrdap aýtmalydy. Emma olar bir söý bilen ahyryna ýetdiler we hersi mukaddes kitapdan alnyp ýazylan tekstli gökje bilet sylag aldylar; gökje biletleriň her biri töwratdan öwrenilen iki sany süre üçin berilýärdi. Gökje biletleriň onusy bir gyzyl bilete deňdi we olary gyzyl bilete çalyşsa bolýardy; gyzyl biletleriň onusy bir sary bilete deňdi, on sany sary bilet üçin bolsa mekdebiň direktory okuwça şol köne, oňatlyk wagty kyrk sent bahasy bolan arzan sahaply töwrat berýärdi. Hatda Doräniň suraty ýerleşdirilen töwrat üçin hem iki müň süräni ýat tutmaklyga şunça yhlaslysy, şunça janypkeşi meniň okyjylarymyň içinde köpmükä? Emma Meri şeýdip, iki ýyllap sabyrly çeken zähmetiniň netijesinde iki töwrat gazandy, bir nemes oglanjygy bolsa hatda dört ýa bäş sanysyny gazandy. Ol bir gezek säginmän üç müň süräni ýatdan aýdyp berdi, emma akyl ukybynyň beýle dartgynlygyna ol çydap bilmedi we şondan bäri saňsar ýaly bolup galdy. Munuň özi mekdep üçin uly betbagtlylykdy, sebäbi, ähli dabaraly ýagdaýlarda, adamzat gelende direktor şol oglany çagyryp, Tom aýtmyşlaýyn, ölüp-ýitenine garamazdan, süre aýtdyrýardy. Diňe ulurak okuwçylar öz biletlerini saklaýardylar we töwrat peşgeş aljak bolşup süre ýat tutýardylar.

Bu sylagy bermeklik seýrek we ýatda galarlyk wakady. Getiren okuwçy şol gün şeýle bir möhüm we görnükli rol oýnaýardy, hatda her bir okuwçynyň ýüregi derrew käte iki hepdä çenli dagy dowam edýän şöhratparazlyk bilen dolýardy. Belki Tom bu sylagy almaga onçakly jan etmäni islän däldir, ýöne şol sylag bilen bilelikde gelýän şöhratdyr dabarany welin jany-teni bilen höwes edýändigine söz ýokdy.

Öňküleri ýaly mekdep direktory elinde dogalar ýazylan kitaby tutup, onuň bir ýerini barmagy bilen belläp kafedraň öňüne geldi we dykgat bilen gulak asmagy talap etdi. Ýekşenbe mekdebiniň direktory adaty gysgajyk söz sözläninde oňa dogalar ýazylan kitap edil estrada durup ýekelikde aýdym aýtmaga häzirlenýän

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana
aýdymça notanyň zerur bolşy ýaly zerur. Onuň nämä gerekligini bilýän adam ýok. Ol pahyrlaryň ikiside hiç haçan ne dogalar ýazylýan kitaba seredýärler, ne-de nota seredýärler.

Direktor otuz bäş ýaşlaryndaky betgelşik, gyzylymtyk geçi sakgally keltejik gyrkdyrylan gyzyl saçly adamdy. Ol ýokary tarapy gulagyna, ujy bolsa ernine ýetip sömelip duran saňgaty dik ýakaly köýnek geýerdi. Haýata meňzeş bolan bu ýaka ony gös-göni öňe seretmäge, gapdala bakmaly bolanda bütin göwresi bilen öwrülmäge mejbur edýärdi; mugallymyň eňegi edil bank bileti ýaly ýasy, ujy seçekli galstuga degip durdy. Botinkalarynyň burny moda görä edil lyža ýaly ýokaryk jaýtaryp durdy. Şol zamanyň ýaş ýigitleri muňa azap çekip, sabyr-takat edip, diwarjyga ençeme sagatlap aýagyny berip oturyp ýetýärdiler. Daşyndan göräýmäge mister Uolters örän agras, päk ýürek we janypkeş adamdy. Ol ähli mukaddes zatlara şeýle bir yzzat ederdi, dini zatlara şeýle bir hormat goýardy welin, beýleki günlerdäki gepleýşi ýaly däl-de, ýekşenbe mekdebinde düýpden başga ses bilen gepleýändigini özi-de duýmaýardy.

Ol öz sözüni şeýleräk başlady:

— Indi bolsa, çagalar, mümkin boldugyça ýuwaş hem dogry oturmagyňyzy, biriki minutlap maňa mümkin boldugyça dykgat bilen gulak asmagyňyzy soraýaryn. Ine şeýle. Oňat çagalar özlerini hut şeýle hem alyp barmaly. Men bir gyzjagazyň äpişgä seredip oturanyny görýärin; ol meni şol ýerdemikäm öýdýär, agajyň üstünde oturyp, guşlar bilen gürleşýändirin öýdýär. (Makullaýjy gülki). Şunça päkizeje, şadyýanja çagalaryň oňat adamlar bolmaklygy öwrenmek üçin şu ýere ýygnanyşandyklaryna syn etmekligiň nähili gowudygyny meniň size aýdasym gelýär…

Ine şeýleräk, şuňa meňzeşräk. Bu ýerde bu sözüň soňuny getirip oturmaklygyň hajaty ýok. Ol söz üýtgewsiz nusgada ýazylany üçin biziň hemmämiz onuň bilen tanyş.

Onuň sözlän sözüniň soňky üçünji bölegini garagol oglanlaryň arasyndaky täze uruş we beýleki güýmenjeler, şeýle hem dura-bara ýaýrap barýan, hatda Siddir Meri ýaly ýeke hem sarsmaz sütünlere çenli ýeten pyşyrdy we gymyldy birneme bozdy. Emma mister Uoltersiň sesi ýatan dessine galmagal suw sepilen ýaly boldy we onuň sözüniň soňy hoşallykly dymyşlyk bilen garşy alyndy.

Pyşyrdy seýrek duş gelýän waka sebäpli, myhmanlar sudýa Tetçeriň we onuň ýany bilen garrap güýçden gaçan gojanyň, saçy çalaryp başlan orta ýaşly syratly

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana
jentlmeniň we daýaw aýalyň — belki onuň aýalydyr — peýda bolmagy sebäpli başlandy. Aýal bir gyzjagazyň elinden tutup geldi. Tom Soýer ýerinde arkaýyn oturyp bilmedi, ol howsala düşdi, keýpi gaçdy. Mundan başga-da ony wyždany horlady — ol Emi Lourens bilen duşuşmakdan gaça durýardy, onuň söýýän nazaryna döz gelip bilmeýärdi. Emma welin kiçijik nätanyşjyga gözi düşende onuň jany heziller edip gitdi. Birneme soňrak ol bolmajysy boldy: oglanlary ýumruklady, olaryň saçlaryny ütdi, dodagyny çöwürdi — bir söz bilen gyzjagazy haýran galdyryp, onuň makullamasyny gazanjak bolup elinde baryny etdi. Onuň şatlygyny diňe bir zat: şu perişdeleriň baglarynda öz üstüne ýuwundynyň dökülişi baradaky ýatlama bozdy: ýöne bu ýatlamany hem basym ýüregine dyňzap gelen bagt tolkuny basyp gitdi.

Myhmanlary hormatly ýerlerde oturtdylar, mister Uolters sözüni gutaran dessine bolsa ähli mekdebi olar bilen tanyşdyrdylar. Orta ýaşlaryndaky adam, örän ketde adam, baryp okrug sudýasy, çagalaryň ilkinji duş gelýän iňňän uly adamsy eken. Olar onuň haýsy zatdan edilendigini bilesleri, onuň nähili bögürýändigini eşidesleri gelýärdi, şol wagtyň özünde hem ol olara eýmenç bolup görünýärdi. Ol bu ýerden on iki millik Konstantinopoldan gelen eken — diýmek, ol syýahat edipdir, ýurt görüpdir — okrug sudunyň üsti demir kryşalymyş diýlip gürrüň edilýän jaýyny-da ol hut şu gözleri bilen görendir. Dabaraly dymyşlyk we hormat goýujylyk bilen seredýän bir topar gözler beýle pikirleriň nähili yzzat goýujylyk döredýändiklerini görkezýärdi. Bu belli okrug sudýasy Tetçer, şu ýerli sudýanyň dogany ahyryn. Jef Tetçer haýal etmän öňe çykdy we bütin mekdebe gijeňleýän ýaly, özüniň beýik adam bilen gysgarak tanyşlygynyň barlygyny görkezdi. Eger ol dumly-duşda dörän pyşyrdylary eşiden bolsady, onda ol pyşyrdylar edil saz ýaly onuň göwnünden turardy:

— Seretsene, Jim! Şo ýere barýar-da. Seret! Oňa elini uzatdy — salamlaşýar! Bä, halalyň bolsun. Boýnuňa alaý, Jefiň ýerinde bolasyň gelýär öýdýän.

Mister Uolters hem özüçe adatdan daşary başarjaňlyk görkezdi we howlukmaçlyk etdi, saga-sola, umuman çem gelen tarapa käýindi, bellik etdi. Kitaphanaçy bir gujak kitaby alyp bir oňa, bir muňa ylgaşlady, her bir maýda ýolbaşçynyň söýşi ýaly biderek galmagal turuzdy. Ýaşajyk mugallymlar ýap-ýaňyja-da gulaklaryndan çekip ýören okuwçylaryna mylaýymlyk bilen baş atdylar, garagol oglanjyklara barmaklaryny bulap, diýen edýänleriniň kellelerini sypaladylar. Ýaş mugallymlar berk käýinişip jan etdiler we dumly-duşa hökümlerini ýöretdiler, tertipdüzgüni sakladylar. Umuman, mugallymlaryň ählisine diýen ýaly birden kafedraň gapdalyndaky şkafyň ýanyndan nämedir bir zat gerek boldy; olaryň hersi ol ýere iki-üç gezek dagy baryp gaýtdylar, özi-de göwünli-göwünsiz baryp gaýdýan kişi

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana
boldular. Gyzjagazlar hem başardyklaryça jan etdiler, oglanlar bolsa şeýle bir janypkeşlik görkezdiler welin, çeýnelen kagyzlar, şarpyk sesleri diň asmana göterildi. Bütin mekdebe sudýalarça mylaýym ýylgyryp seredip oturan, öz abraýynyň şöhlesinde güneşläp oturan beýik adam bularyň barysyny synlap durdy — ol hem jan edýärdi.

Doly bagtly bolmaklyk üçin mister Uolterse bir zat — sylag töwratyny gowşurmaklyk we alymlygyň täsinligini mazamlamak ýetmeýärdi. Okuwçylaryň käbiriniň sary biletjikleri bardy, emma hiç kimde geregiçe ýokdy; ol eýýäm ilkinji oglanlaryň ählisinden sorap çykdy. Nemes oglanjygy akylyna aýlanyşaýsa, ol ähli zatdan geçmäge taýýardy.

Edil onuň barja umytdan düşen pursaty eli dokuz sany sary, dokuz sany gyzyl, dokuz sany hem gök biletjikli Tom Soýer çykdy we özüne töwrat berilmegini sorady. Bu açyk howada gök gürleýşi ýaly boldy. Mister Uolters iň bolmanda ýakyn on ýylyň içinde Tom Soýer töwrat talap eder diýip otursa-tursa garaşmaýardy. Emma etjek alajyň ýokdy — elinde gol çekilen sçýotlar bardy, olar boýunça-da hak tölemelidi. Tomy sudýanyň we beýleki belli-belli adamlaryň oturan ýerine çagyrdylar we kafedradan ullakan bir täzelik yglan edildi. Bu soňky on ýylyň içinde bolup geçen ajaýyp bir wakady we galan täsir şeýle bir uly boldy welin, täze gahryman bada-bat sudýanyň derejesine ýetdi, indi ähli klas bir täsin zada däl-de, iki täsin zada syn etdi. Ähli oglanlary göriplik horlady —aýratyn-da ýigrenji oglanjygyň adynyň galmagyna özleriniň kömek berendiklerini juda giç duýup galan oglanjyklar ökünip yzyndan ýetip bilmediler. Olar öz biletjiklerini onuň haýat agartdyran bolup gazanan baýlyklaryna çalşypdylar.

Özlerini mekir deýýusa aldadyp, aldawa düşenlikleri üçin olar öz-özlerini ýigrenýärdiler.

Sylag Toma dörän ýagdaýda direktoryň başardygyça täsirli edip söz sözlemegi bilen gowşuryldy. Ýöne bu sözde hakyky joşgun ýokdy. Mugallym görgüli bu ýerde üstüni açyp bolmajak bir syryň barlygyny syzýardy; bu oglanjygyň öz anbaryna iki müň sany töwrat dessesini ýygyp biljekligi mümkiň zat däl, onuň on sany süräni hem ýat tutup bilmeýänligi belli ahyryn. Emi Lourens hem guwanýardy, hem begenýärdi, hem-de bularyň hemmesini Toma ýüz keşbinden aňdyrjak bolup jan edýärdi. Emma Tom oňa tarap seretmedi hem. Emi pikire çümdi; soňra çalarak tukatlandy; soňra onda bulaşyk müňkürlik peýda boldy; peýda boldy-da ýitip gitdi, ýene peýda boldy. Gyz syn edip başlady. Bir ýüzleýje bakyşdan ol köp zat aňdy, emma birder onuň ýüregine howsala düşdi;

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana
gabanjaňlykdan we gahardan ýaňa ol tas aglapdy, tas dünýädäki ähli adamlary, aýratyn-da Tomy ýigrenipdi, — ol muňa şeýle ýaly bolup görünýärdi.

Tomy eltip sudýa bilen tanyşdyrdylar; emma birden oglanyň dili tutuldy, ýüregi gürsülläp başlady, ol zordan demini alýardy, munuň bir sebäbi bu adamyň dabarasyndan sussy basylsa, esasy sebäbi onuň şonuň kakasy bolanlygyndandy. Eger mekdep garaňky bolan bolsa, ol sudýanyň öňünde begenip-begenip dyza çökerdi. Sudýa Tomuň saçyny sypalady, oňa zor oglan diýdi, adyny sorady. Oglan agzyny açyp-açmanka sakyndy we zordan:

— Tom — diýip dillendi.

— Ýok, Tom däl, a…

— Tomas.

— Şeýle diýsene. Uzynragam gördüm-le. Örän oňat zat. Ýöne welin hökman seniň familiýaň hem bardyr we sen ony, elbetde, maňa aýdarsyň?

— Familiýaň kimdigini jentlmene aýt, Tomas — diýip, ara mugallym goşuldy — onsoňam “Ser” diýmäni-de unutma. Özüňi oňadrak alyp bar.

— Tomas Soýer, ser.

— Ine şeýle! Aý berekella. Zor oglan. Kiçijik zor adamjyk. Iki müň süre — munuň özi köp, örän, örän köp zat. Bu işe şunça zähmet siňdirdim diýip asyl nebsiň agyrmasyn: dünýede bilimden gymmat zat ýokdur; bizi oňat adam, hatda beýik adam edýän hem şoldur. Seniň özüňem bir wagt oňat adam, beýik adam bolarsyň, Tomas. Şonda sen geçilen ýola göz aýlarsyň-da: “Bularyň barysy üçin men minneti ýaşlykda ýekşenbe mekdebinde okanymdan çekýärin, maňa bilime tarap ýol görkezen mugallymlarymdan çekýärin, maňa sylag beren, göz-gulak bolan we maňa ajaýyp töwrat — bezemen, owadan töwrat beren direktorymdan çekýärin, töwrat meniň emlägim boldy, ony men bütin ömrüme saklaryn — bularyň hemmesi hem meni dogry terbiýelänliklerinden!” diýersiň. Ynha, sen şeý diýersiň. Tomas. Seniň şol iki müň süräň hem saňa puldan gymmat görner, hawa, hawa, gymmat görner! Indi öz bilýän süreleriňden maňa we ine, şu ledä aýdyb-a beräýmersiň? Elbetde, aýdyp berersiň, sebäbi, biz oňatja okaýan oglanlara guwanýarys. On iki apostolyň hemmesiniň atlaryny sen hökman bilýänsiň. Belki sen bize şol ilkinji iki apostolyň atlaryny aýdarsyň?

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

Tom zol iligini dyrmalap durdy we utanjaňlyk bilen sudýa seredýärdi. Indi ol çym-gyzyl bolup, ýüzüni sallady. Mister Uoltersiň zähresi ýaryldy: sebäbi, oglanjyk iň bir ýönekeýje soraga-da jogap berip bilenokdy — onsoňam ondan soramak sudýa nämä gerek bolduka?! Emma ol özüni bir zat aýtmaly ýaly duýdy.
— Tomas, çekinme-de, jentlmene aýdyber.

Tom zol dymyp durdy.

— Men bilýärin, bu maka aýtjakdyr — diýip, gürrüňe aýal goşuldy. — Ilkinji apostollara…

— Dawud we Goliaf diýipdirler.

Geliň, indi biz bu sahnanyň ahyrynda şepagatlylyk perdesini ýapalyň.

## V bap

### GÜRJI WE ÝAPYŞAK TOMZAK

Sagat on biriň ýarylary çemesinde kiçijik metjidiň çat açan jaňy ýaňlanyp gitdi, basym bolsa märeke ertir ybadatyna ýygnanyp ugrady. Ýekşenbe mekdebiniň okuwçylary metjidiň içine doldular we hemişe ene-atalarynyň gözüniň alnynda bolar ýaly, oturgyçda olar bilen bile oturdylar. Polli daýza hem geldi. Sid bilen Meri onuň gapdalynda oturdylar, Tomy bolsa açyk äpişgeden we tomsuň ymysgandyryjy görnüşlerinden daşrak bolar ýaly geçelge ýakynrak oturtdylar.

Prihod guramasynyň çlenleri: oňat-oňat günleri başdan geçiren pukara poçtmeýster; mer, aýaly (şäherde bir topar gereksiz emeldarlary bolan mer-de bardy), sudýa; owadan, bezemen, kyrk ýaşlaryndaky mährem, jomartlygy we baýlygy bilen hemmelere belli, bütin şäher boýunça barin öýli ýeke-täk adam, myhmansöýer, Sent-Pitersburgda iň bir şagalaňly toý tutýan dul hatyn Duglas; hatyraly, iki bükülip duran maýor Uord öz aýaly bilen; bir ýerden peýda bolan meşhur adam, daşdan bir ýerden gelen aklawçy Riwerson; ýany batist geýnip, lenta dakynan bir topar ýaşajyk zenanly ýerli gözel dagy metjidiň iki tarapyny-da doldurdylar.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

Gyzlaryň yz ýany bilen şowhunly mähelle bolup ýaş ýigitler, ownuk şäher gullukçylary, metjide ähli gyzlar girýänçä diýip buthananyň öňündäki eýwanjykda taýajyklarynyň ujuny dişleşip aý berşip duran ah çekijiler döküldiler. Ahyrsoňy, hemmeleriň yzyndan ejesine edil wawwaly ýaly gorka çemeleşýän Göreldeli Oglanjyk — Willi Mafferson ejesi bilen geldi. Ol hemişe ejesini metjide getirip gidýärdi ony şäher näzeninleri oňatja görýärdiler. Muňa derek ony oglanlar ýigrenýärdiler. Üstesine-de olara hemişe Williden görelde al diýýärler. Her ýekşenbe günleri bolşy ýaly, gar kimin akja ýaglyk onuň jübüsinden tötänden çykyp duran ýaly bolup çykyp durdy. Tomuň bolsa ýaglyk düýşüne-de girmeýärdi, şonuň üçin ýaglykly oglanlary ol frantlar diýip hasap edýärdi.

Buthana gelýän dindarlaryň ählisi ýygnananyndan soň, ähli ýaltalary we aňkawlary örüzip, jaň sesi ýaňlandy hem-de metjitde diňe hor bolup aýdýanlaryň gülküsi we pyşyrdysy bilen bozulýan dabaraly dymyşlyk aralaşdy. Aýdýanlar hemişe gulluk wagtynda gülüşýärdiler we pyşyrdaşýardylar. Bir wagtlar özüni ile meňzeş alyp baran metjit hory hem bolupdyr, ýöne onuň nirede bolanlygy hakydamda ýok. Bu örän ir wagtlar bolupdyr we ol hakda hiç zat ýadyma düşenok, ýöne welin ol bizde däl-de, başga bir ýurtda bolupdyr.

Wagyz-nesihatçy dogany başdan-aýak tolgunyp, şu ýerlerde okalyşy ýaly zaryn okady. Ol başlanda onçakly gaty okamady, ýöne dura-bara sesini gataltdy, soňra belli bir ýerine gelende bolsa soňky söze has bat berip, göýä diýersiň aşaklygyna gaýdan ýaly bolup: g y
Dini bir doganlarym batýarka p
Neneň men jennet içre şipa a
ý a diýip gygyrdy.

Ündewçi okamakda at gazanypdy. Metjit ýygnaklarynda hemişe ondan süre okamaklygy haýyş edýärdiler we onuň sesi ýatanda bolsa ähli zenanlar ellerini asmana tutýardylar we göýä diýersiň ysgyndan düşen ýaly, olary dyzlarynyň üstüne urýardylar, gözlerini elek-çelek edýärdiler we: “Muny söz bilen beýan etjek gümanyň ýok, bu juda gowy bolýar, biziň ýalançy topragymyz üçin juda gowy bolýar” diýýän ýaly kellelerini ýaýkaýardylar.

Bilelikde okalýan dogany okap bolanlaryndan soň, onuň aly hezretleri mister Spreg bildirişler ýazylýan tagta tarap öwrüldi we tä duranlaryň ählisine yzy-ardy gelmejek ýaly bolup görünýänçä ýygnaklar, ýygnanyşyklar baradaky we şuňa meňzeşler baradaky bildirişleri okap başlady.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

Soňra bolsa ündewçiniň özi çokunyp başlady. Bu örän oňat, uzyn doga bolup, onda hiç kim unudylman eken, onuň manysy bolsa ündewçiniň aýdýanlarynyň eşidilip, eken tohumlarynyň wagtynda çykyp, oňat hasyl bermegi üçin mes topraga garylmagyny dilemekden ybaratdy. Omin!

Ýubkalar pasyrdaşdylar, prihod çlenleri ýerlerinden turdular-da, ýene aşak oturdylar.

Bu kitapda gürrüň berilýän oglan doga okalmagyna begenmeýärdi, ol onuň ahyryna çenli zordan çydady. Doganyň başyndan tä aýagyna çenli ol ýerinde ynjalykly oturmady we nämelere doga okalanlygyny sanaýardy. Diňlemesine ol diňlänokdy, ýöne onuň manysyny bir eýýämden bäri ýat bilýärdi. Nämeden soň nämäniň aýdyljagy dagy hem oňa mälimdi. Pastor özünden bir täze zat goşaýdygy, Tomuň gulagyna nätanyş söz derrew kaklyşýardy, Tom muňa gaharlanýardy: ol beýle artdyrmalary ynsapsyzlyk we kezzaplyk hasap edýärdi. Doganyň ortasynda Tomuň öň ýanyndaky oturgyjyň ýeňsesine bir siňek gelip gondy we ep-esli wagtlap ynjalyk bermedi; ol kä jüpje duran aýajyklaryny kakyşdyrýardy, kä kellejigini tutup, ony şeýle bir güýçli gaşap ugraýardy welin kellesi göwresinden zordan aýrylman galýardy, sapak ýalyja inçejik boýny bolsa büs-bütin görnüp durdy; kä aýagy bilen ganatlaryny sypalaýardy we olary fragyň art etegi ýaly çekişdirip goýberýärdi; umuman ol edil doly howpsuzlykdadygyna gözi ýetýän ýaly öz işi bilen gümrady. Bu ine şeýleräkdi: ony tutaýyn diýip, Tom her näçe çarp ursa-da, hiç eli barmaýardy, doga wagty beýle oýun etse, bir salymyň içinde işiniň pyrryk boljakdygyna Tom ynanýardy. Emma weliň ündewçi soňky sözlerini aýdyp durka Tomuň eli titräp gitdi hem-de öňe süýşüp ugrady, “Omin” diýdigi siňek ele düşýärdi. Polli Daýza Tomy etmişlik edenje ýerinde tutdy we siňegi goýbertdirdi.

Ündewçi töwratdan alyp okady we ýürege düşgünç sesi bilen nämedir gyzyksyz bir zat barada gürrüňe ýatdy, prihod çlenleriniň köpüsi dünýäniň çäksiz azaplary barasynda gürrüň gitse-de, irkilişip-irkilişip gidýärdiler, gaçyp gutulmaly ündewçileriň sanyny ol şeýle bir azaltdy, hat-da olary halas etmekligiň-de hajaty ýokdy.

Tom ündewiň sahypasyny sanaýardy. Metjitden çykyp ugranda ol hemişe näçe sahypa okalandygyny bilýärdi, ýöne oňa derek näme hakda okalýanlygyny hiç haçan diýen ýaly bilmeýärdi. Emma bu gezek ol köp wagtlap bolmasa-da ündew bilen gyzyklandy. Ündewçi ýerde alla şalygynyň döräp, ýer ýüzünde ýaşaýan halklaryň bir ýere ýygnanyşjakdyklarynyň, arslanyň guzujygyň ýanynda ýaşajakdygynyň, bäbejigiň bolsa olaryň ikisini-de alyp gitjekdiginiň ullakan we tolgundyryjy suratyny çekdi. Emma ullakan ahlagyň barjasy we bu beýik zadyň öwredijiligi Tom üçin biderek gitdi. Ol diňe çykyş edýän, onda-da ähli halklaryň

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana
öňünde çykyş edýän adamynyň rolunyň nähili utuşly boljakdygy barada pikir edýärdi, eger arslan eldeki dagy bolsa, onda özi-de şol bäbejik bolmaga taýýardy.

Bu ýerde ol ýene-de jebir çekip başlady, sebäbi, yzy diňe dürli-dürli gury sarnama bolup durdy. Birden ol özündäki baýlygy ýadyna saldy we orta çykardy. Munuň özi Tomuň atlandyryşy ýaly, elhenç eňekli gara ýapyşak tomzakdy. Ol piston jübüsinde, gapjagazyň içindedi. Ilki bilen tomzak onuň barmagyna ýapyşdy. Belli zat, Tom barmagyny çekip aldy, oturgyçlaryň arasyna gütläp düşdi we çabalanyp ýatdy, Tom barmagyny agzyna eltdi. Tomzak bialaç aýaklaryny kakyp, galyp bilmän ýatdy. Tom jany-teni bilen ony alasy geldi, oňa gözüniň gyýtagyny aýlady, emma tomzak örän daşdady, eliň ýetjek däldi. Beýleki prihod çlenleri-de ündew bilen gyzyklanman, tomzaga güýmenip, göz astyndan oňa seredip başladylar. Skameýkalaryň arasynda kimdir biriniň tomus yssysyndan we ümsümlikden başy çaşyp halys bolan pudeli aýlanyp ýördi. Ol daňylgy duran ýerinde ýüregi gysyp, oýun edesi gelýärdi. Tomzaga gözi düşüp, ol derrew janlandy we guýrugyny bulaýlaşdyrdy. Ol oljasyny gözden geçirdi, daşyna aýlanyp çykdy, daşyrakda durup ysyrgandy, ýene-de daşyna aýlandy, soňra ýürek edip ýakynragyna süýşdi we ýene-de ysgady: soňra dişlerini syrtartdy we tomzagy tutjak boldy, emma bolmady, ýene-de, ýene-de synanyşdy, bu işe gyzyklanyp başlady, ol tomzak onuň aýaklarynyň arasynda bolar ýaly edip ýüzin ýatdy we oýny dowam etdirdi. Ahyrsoňy pudel tomzak bilen oýnap ýadady-da, bir tüýsli aljyraňňy we perwaýsyz ýaly boldy. Ol irkilip başlady, ýüzi sallandy, burnuny tomzaga degrende ol oňa ýapyşdy. Çirkin ses çykdy, pudel kellesini silkişdirdi, iki ädimlik beýläk düşdi we ýene arkanlygyna gaýtdy. Goňşurak oturan tomaşaçylar gülüp içleri üzüldiler, käbirleri agyzlaryna ýaglyk tutdular, aýallar ýüzlerini ýelpewaç bilen ýapdylar, Tom bolsa heziller edinýärdi. Gürji samsyjak bolup görünýärdi, dogrudanam ol özüni akmak saýýardy, emma ýüregi welin gahardan doludy, onuň ar alasy gelýärdi. Ol tomzagyň ýanyna gelip, onuň üstüne ýene-de seresaply hüjüm etdi, daşyna aýlanyp dumly-duşdan topulmaga başlady, tomzagyň bir dýuýma bärrägini aýagy bilen dyrnady, has ýakynrak gelip dişlerini şakyrdatdy we gulaklary hallan atar ýaly kellesini ýaýkady. Emma welin ýene-de bir salym geçip-geçmänkä ol ýene tomzak bilen oýnamakdan irdi; ol siňek kowalap başlady, ýöne munda-da gyzykly bir zat görmedi, ysyrganyp, garynjaň yzyndan ylgady, ýöne bu-da basym ýüregine düşdi; pallady, uludan demini aldy we tomzagy-zady ýatdan çykaryp, onuň üstüne çökdi. Agyrydan doly jynssyz ses çykdy we pudel ok ýaly bolup çykalga tarap okduryldy. Çirkin ses edip altaryň öňünden geçdi, çykalganyň bir tarapyndan beýleki tarapyna okduryldy; gapynyň öňünde elewredi, çyňsap yzyna, çykalga tarap gaýtdy we agyrydan ýaňa halys ýüregi çaşyp, ol edil tüýlek kometa ýaly bolup ýyldyrym çaltlygynda aýlanyp başlady. Teý ahyr agyrydan ýaňa eňkamy giden janawar hojaýynynyň dyzyna bökdi: ol bolsa ony äpişgeden zyňyp

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana
goýberdi we gussaly jabjynma kem-kemden ýuwaşap, nirededir bir ýerde ýitip gitdi.

Şol wagt metjitdäkileriň hemmesi gülmän zordan saklanyşyp, çym-gyzyl bolşup otyrdylar, ündew bolsa bir nokatda durup galypdy. Basym ol ýene başlapdy, emma üzlem-saplam dowam etdi, sebäbi, onuň manysyny pastwa düşündirmäge hiç hili mümkinçilik ýokdy: prihod çlenleri skameýkanyň arkalaryna bukulyşyp, hatda

gynançdan ýaňa doly bolan sözleri-de, göýä bolmasa ündewçi örän gülküli bir zat sypdyraýan ýaly, batly gülki bilen garşy aldylar. Bu azap gutaryp, ündewçi pastwa alkyş okanda oturanlaryň ählisi ýeňiljek bir dem aldylar.

Eger bir azrak üýtgeşiklik girizseň metjit gullugy hem onçakly erbet bolup duranok ekeni diýip içini gepledip, Tom Soýer öýlerine keýpi kök halda ugrady. Emma diňe bir pikir ony gynandyrýardy: goý, güjüjek tomzak bilen oýnasa oýnasyn, ýöne ony alyp gitmäge güjügiň hiç hili haky ýok ahyryn.

## VI b a p

### JADYGÖÝLIK WE AÝAL JADYSY

Duşenbe güni Tom ir bilen özüni nähoş duýup oýandy. Ýekşenbe günleri hemişe şeýle bolýardy, sebäbi, şol günden mekdepdäki azaplaryň täze hepdesi başlanýardy. Duşenbe günleri ol hatda aralykda ýekşenbe günleriniň düýpden bolmazlygyny hem isleýärdi, şonda türme we gandallar şeýle bir ýigrenji hem görünjek däldiler. Tom pikir edip ýatyrdy. Birden onuň kellesine keselläýseň kem bolmajakdygy barada pikir geldi; şonda mekdebe gitmeseň-de boljakdy. Onuň öňünde garjaşygrak hem bolsa bir çykalga bar ýaly bolup göründi. Ol özüni kellesinden ökjesine çenli barlady. Hiç hili kesel tapmady, ol işe täzeden girişdi. Bu gezek oňa içinde sanjynyň alamatlary bar ýaly bolup duýuldy, ol oňa bar umydyny baglady. Emma bu alamatlar gitdigiçe azalyp, ahyrsoňy hem ýitip gitdi. Ol ýene pikir edip başlady we basym başga bir çykalga tapdy. Onuň ýokarky dişi yrgyldaýardy. Jüpüne düşeni bilen öz-özüni gutlap, Tom hykgyldamaga başlajak bolup durka, birden onuň hakydasyna bir zat geldi, eger daýzasynyň ýanyna dişinden zeýrenip baraýsa, ol alagetdin sogurjakdy, bu bolsa örän agyrjakdy. Ol diş bahanasyny ätiýaç üçin goýdy we başga bahana gözläp başlady. El-esli salymlap

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana
onuň kellesine zat gelmedi, soňra doktoryň gürrüň beren bir keseli, şol kesel bilen kesellän adamyň iki, üç hepdeläp düşekde ýatmaly bolýandygy we onuň düýpden barmaksyz hem galmagynyň mümkindigi ýadyna düşdi. Ol derrew agyryly barmagyny prostynyň aşagyndan çykaryp synlap başlady. Ýöne ol şol keseliň nähili alamatlarynyň bolýanlygyny bilmeýärdi. Her niçik-de bolsa synanyşyp görerlik bar diýip, ol pikir etdi, şonuň üçin ol gara çyny bilen hykgyldap başlady.

Sid bolsa göwnüne zat getirmän uklap ýatyrdy.

Tom gatyrak hykgyldady we onuň göwnüne bolmasa barmagy hakykatdanam agyryp başlan ýaly boldy.

Sid gulagyny hem gabartmady.

Tom çygylmakdan ýaňa hopugyp ugrady. Ol dynjyny aldy, soňra güýç toplap yzly-yzyna birnäçe gezek bir geňsi edip hykgyldady.

Sid şol hor çekip ýatyşyna ýatyrdy.

Tomuň hatda gahary hem geldi. Ol: “Sid, Sid!” diýip gygyryp, ony yralady. Elbetde, munuň täsiri ýetdi, Tom ýene hykgyldap başlady. Sid pallady, gerindi, asgyrdy, tirsegine galdy we Toma seredip başlady. Tom şol hykgyldaýşyna hykgyldap ýatyrdy.

Sid:

— Tom! Gulak as, Tom! — diýdi. Hiç hili jogap bolmady.

— Goýsana, Tom! Tom! Saňa näme bolýar, Tom? — diýip, Sid onuň egninden ýapyşdy, onuň ýüzüne gorkuly seretdi.

Tom hykgyldaýardy.

— Sid, azar berme! Meniň bilen işiň bolmasyn…

— Saňa näme boldy ahyryn, Tom? Men daýzamy çagyraýyn.

— Ýok, gerek däl. Munuň, belki, özem aýrylaýady. Hiç kimi çagyrma.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

— Neneň çagyrmajak! Goýsana, Tom, beýle erbet hykgyldamasana! Öňräkden bäri ýaraňokmy?

— Birnäçe sagatdan bäri. Wah! Wah-eý! Beýdip aýlanyp ýörmesene, Sid, sen meni halys öldürýäň!

— Tom näme üçin sen meni öňräk oýarmadyň? Ah, Tom, goýsana! Saňa gulak assaň, iniň jümşüldäp gidýär. Tom, aýtsana, saňa näme boldy?

— Men seniň ähli günäňi geçýärin, Sid… (hykgyldy.) Maňa eden ähli günäňi geçýärin. Öläýsem…

— Waý, Tom, sen ölüp baraňok ahyryn? Gerek däl, Tom, waý, gerek däl. Belki…

— Men hemmeleriň günäsini geçýärin, Sid… (hykgyldy.) Olara şeýdiý-de aýdaý, Sid. Onsoňam. Sid, meniň äpişgämiň çarçuwasyny we ýekegöz pişijegimi şol ýaňyrak gelen täze gyza ber, özüne-de aýt…

Emma Sid öz köýnegini goltuklady-da, zym-zyýat boldy. Tom indi hakykatdanam azap çekýärdi — onuň göwnüne şeýle ýaly bolup görünýärdi. Şonuň üçin onuň hykgyldysy hakykatdanam tebigy eşidildi.

Sid merdiwandan togalanyp gitdi we:

— Waý, Polli daýza, çaltrak ýetiş! Tom ölüp barýar — diýip gygyrdy.

— Ölüp barýar?

— Hawa, daýza, ölüp barýar. Näme dursuňyz? Çaltrak ýörseňizläň!

— Biderek zat. Ynanamok.

Şeýle-de bolsa ol ok ýaly atylyp ýokaryk çykdy, onuň yzy bilen bolsa Siddir Meri çykdy. Onuň ýüzi agaryp, dodaklary titräp gitdi.

Ýorganyň ýanyna gelip, ol zordan:

— Ýeri, Tom, Tom! Saňa näme boldy, aýt ahyryn? — diýdi.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

— Wah, daýza, men…

— Saňa näme boldy, Tom? Wah, geregim, saňa näme boldy?

— Wah, daýza, meniň barmagyma şel degipdir.

Polli daýza özüni lampa oturgyja goýberdi we ilki güldi, soň aglady, soň bolsa ikisini-de garyşdyrdy. Bu ony ysgyna getirdi, ahyrsoňy ol:

— Ah, Tom, sen meniň başyma nähili oýunlar salýaň. Bu samsyklygyňy goý-da, ýeriňden tur.

Iňňildi ýatdy we barmagyň agyrysy mum-helim boldy. Tom özüni iňňän samsyk duýdy we:

— Polli daýza, men şeldir öýdäýipdirin, özem bir agyrdy, bir agyrdy welin, dişim dagy ýadymdan çykyp gidipdir — diýdi.

— Şeý diýsene! Seniň dişiňe näme bolupmyş!

— Ýokarsyndan bir dişim yrgyldaýar, agyrysyndan hem çydar dagy eder ýaly däl.

— Ýeri, ýeri, besdir, ýöne indi beri iňňildeýji bolma. Agzyňy aç… Hawa-da, diş yrgyldaýan eken, ýöne mundan ölen ýok. Meri, maňa kuhnýadan ýüpek sapak bilen kesindini getirip ber.

Tom:

— Waý, daýza, ýöne ony sogurmak gerek däl! Indi ol düýpden agyranok. Ýalan sözleýän bolsam duran ýerimde janym çykaýsyn, çigit ýalyjak hem agyranok! Haýyş edýärin, sogurma. Men barybir mekdebe giderin — diýdi.

— Be, barybir giderin diýsene? Sen bularyň hemmesini mekdebe gitmän, derýa gitjek bolup tapyp ýören oguşýaň. Ah, Tom, Tom, men seni nähili oňat görýärin, sen bolsaň öz bolar-bolgusyz etmişleriň bilen janymy alýarsyň!

Diş sogurmak üçin gerek bolan gurallar eýýäm taýyn bolupdy. Polli daýza ýüpek sapakdan halkajyk etdi-de, ony agyrýan dişe berk sarady, sapagyň beýleki ujuny

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana
bolsa krowata daňdy. Soňra ýanyp duran kesindini alyp, ony oglanyň edil ýüzüne diýen ýaly dürtdi. Diş zyňlyp gitdi we sapagyň ujunda hallan atdy.

Emma her bir synag üçin adama sylag berilýär. Tom ertirligini edinip, mekdebe barýarka, oňa duşan oglanlaryň hemmesi Tomuň ýagdaýyny arzuw etdi, sebäbi, ýokarky dişleriň arasynda deşijek emele gelip, ondan täze, diýseň ajaýyp usul bilen birkemsiz tüýkürse boljakdy. Bu täze açyşlyk bilen gyzyklanýan çagalaryň bir topary uzyn hatar bolup Tomuň yzyna düşdi, barmagy dilnip, şu çaka çenli höwes edilip, hormat goýlup ýören oglanjyk bolsa ýalňyz galyp, öňküje şöhraty ýitdi duruberdi. Onuň muňa örän nebsi agyrdy we Tom Soýeriň tüýkürişi ýaly tüýkürmekde üýtgeşik bir zat görmeýänligini göwniýetmezçilik bilen aýtdy, emma başga bir oglan oňa “Ha, ýaş bolýaň-a” diýdi, bady alnan gahryman çym-gyzyl bolup süzüberdi.

Basym Tom şäheriň belli arakhorynyň ogly Geklberri Finne duşdy. Aýallaryň hemmesi Geklberri Finni ýaltalygy, garagollugy, diýen etmeýänligi üçin, şeýle hem öz garagollarynyň Geki öwüp arşa çykarýanlyklary, onuň bilen tirkeşjek bolýanlyklary gadagan edilenem bolsa Gek ýaly bolaslary gelýäni üçin tüýs ýürekden ýigrenýärdiler. Edil idili maşgalalardan çykan beýleki oglanlar ýaly Tom hem ýaş ýekemen Geklberriniň bolşuna gözi gidýärdi, ýogsa onuň bilen tirkeşmeklik oňa berk gadagan hem edilipdi. Hut şonuň üçin hem Gek bilen oýnar ýaly her bir amatly pursatdan peýdalanýardy. Geklberri hemişe illeriň köneküşüllerini geýýärdi, üsti-başy hemişe ýagdy, geýimleri-de şeýle bir ýyrtykdy welin, ýöne sal-sal bolup, ýeliň ugruna ykjaşyp durdy. Şlýapa ýerine ol haýy giden giň bir zady geýip ýördi, onuň eteginden ýarym aý görnüşinde ullakan bölek sallanyp, kertik bolup durdy. Kurtkasy, bar wagtynda, ökjesine ýetýärdi, kemeriniň ilikleri bilden aşak düşüp ýatyrdy; balagy götergijik bilen saklanyp, syrty halta ýaly bolup durdy, aşaklary süzük-süzükdi we Gekiň çermemedik wagtlary ýere süýrenip durdy.

Geklberri göwnüne gelenini edýärdi, hiç kime sala salmaýardy. Gurak howada ol kimiň hem bolsa biriniň sekisinde ýatýardy, ýagyş ýagan mahaly boş çelegiň içinde ýatýardy. Onuň ne mekdebe, ne metjide gitmek aladasy bardy, onuň gulak asmaly adamsy ýokdy; islese balyk tutmaga ýa-da başyny alyp suwa düşmäge we derýanyň içinde näçe oturaýyn diýse oturmaga gidip bilýärdi. Hiç kim oňa uruşmany gadagan edenokdy; ol giç agşama çenli ýatmaýyn diýse-de şony edip bilýärdi. Ýazyna ol ähli oglanlardan öňürti aýak ýalaňaç köçä çykýardy we güýzüne hemmelerden soň köwşüni geýýärdi; oňa ne ýuwunmak, ne päkize geýinmek gerekdi, sögüşmäge-de ol ussatdy. Bir söz bilen bujagaz sal-sal eşikli oglanjykda durmuşa lezzet berýän ähli zat bardy. Sent-Pitersburgdaky idili

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana
maşgalalardan çykan ynjydylan, ejir çeken oglanlaryň hemmejesi şeýle pikir edýärdi.

Tom bu täsin sergezdana gygyrdy:

— Salam, Geklberri.

— Eger oýun etmeýän bolsaň, saňa-da salam.

— Eliňdäki zat näme?

— Öli pişik.

Hany göreýin, Gek. Bä, saň-gaty bolaýypdyr-aýt! Sen muny nireden aldyň?

— Bir oglanjykdan aldym.

— Näme berdiň?

— Gökje bilet bilen öküz böwenini berdim; böweni bolsa mal öldürilýan ýerden aldym.

— Sende gökje bilet näme işleýär!

— Ben Rojersden gurşawlyk taýaga aldym.

— Eşidýärmiň, Gek, öli pişik nämä ýaraýar?

— Nämä ýaraýar diýýärmiň? Siňňili aýyrmaga ýaraýar.

— Senem bir zat tapaýýaň-aýt, men has oňadrak emini-de bilýän.

— Ýogsam näme, bilýänsiň! Hany aýt, nähili em?

— Porsan suw näme?

— “Porsan suw”! Seniň porsan suwuň bir köpüge-de degenok.

— Seniň pikiriňçe degenokda? A sen synap gördüňmi?

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

— Ýok, men synap göremok. Ynha, Bob Tenner synap görüpdir.

— Muny saňa kim aýtdy?

— Onuň özi Jef Tetçere aýdypdyr, Jef bolsa Jonni Bekere, Jonni Jim Hollise, Jim Ben Rojerse, Ben bir negre, ol negr bolsa maňa aýtdy. Ynha, bolan zatlar.

— Bolanda näme? Olaryň hemmesi ýalan sözleýärler. Ýagny negrden özgesi ýalan sözleýär. Men ony tanamok. Sen iň gowusy muny Bob Tenneriň nähili edendigini aýt.

— Nähili edendigi belli-le: alypdyr-da içi kak suwly çüýrük töňňä elini urupdyr.

— Gündizmi?

— Ýogsa haçan etsin!

— Özem töňňä bakyp oturypmy?

— Hawa-da, ýagny men şeýle pikir edýärin.

— Onuň aýdan zady boldumy?

— Ýok, hiç zat aýtmady öýdýän. Bilemok.

— Ä-hä! Siňňili haýsy akmak şeýdip aýyrýar! Bolmaz. Tokaýyň iň jümmüşine ýeke özüň gitmeli, ýöne o ýerde kak suwunyň barlygyny bilmeli we göni ýarym gijeler töňňä arkaňy berip, eliňi sokmaly hem-de: “Arpa, arpa, hindi höreg dökül, meniň siňňilimi aýyr, sen, porsy suw!” diýip okamaly, soňra bolsa gözüň ýumuk çalt-çalt ýöräp, on bir ädim gapdala çekilmeli, duran ýeriňde üç gezek aýlanmaly, soňra bolsa öýüňe gaýtmaly, hiç kim bilenem gürleşmeli däl. Eger biri bilen gürleşäýdigiň bary biderek bolar.

— Ynha, munyň bir heňe gelýär! Ýöne Bob Tenner siňňili beýdip aýyrmandyr.

— Ýogsam näme, beýdip aýran däldir-le. Onsoňam onuň siňňilleri, hudaý saklasyn, şäherdäki her bir adamyňkydan köp. Eger ol porsy suwy nähili ulanmalydygyny bilýän bolsa, olaryň biri-de galmazdy. Gek, meniň özümem şu

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana
usul bilen bir topar siňňilimi aýyrdym. Men gurbagalar bilen köp iş salyşýan, şonuň üçinem meniň siňňilim hemişe köp bolýar. Men olary ýene nohut kösügi bilen hem aýyrýaryn.

— Kösük bilen aýyrmak oňat bolýar, dogry dälmi? Menem şeýdipdim.

— Aý ýog-a? Sen ony kösük bilen nädip aýyrýardyň?

— Kösügi alýarsyň, nohudyny aýyrýarsyň, soň siňňili dilýärsiň, gan çykyp başlaýar, kösügiň ýarysyna gan damdyrýarsyň, çukurjyk gazýarsyň, täze aý doganynda ony göni ýarym gijeler ýol aýyrdynda gömýärsiň. Galan ýarysyny bolsa ýakýarsyň. Düşünýärmiň, ganly tarapy beýleki tarapy hemişe özüne çekgiç bolýar, gan bolsa siňňili özüne çekýär, şol sebäpli hem siňňil örän basym aýrylýar.

— Hawa, Gek, dogry zada dogry diýmeli. Ýöne gömüp durkaň: “Kösüjegim çukura gir, siňňil elden gümüňi çek, gaýdyp yzyňa köwleniji bolma!” diýip hem aýtmaly — şeýtseň gowy bolýar. Jo Garper hem şeýdýär, onuň bolsa bolmadyk ýeri ýok. Hatda Kunwille çenli hem baryp görüpdir. Ýeri, öli pişik bilen siňňili nädip aýyrýarlar?

— Nädip diýärmiň? Ap-aňsatja: pişigi alýarsyň-da, ullakan günäli adam jaýlanandan soň ýarym gijeler öwlüýä gidýärsiň. Göni ýarym gije jyn peýda bolýar, ikisiniň, üçüsiniň hem peýda bolýan bolmagy mümkin, ýöne olar saňa görnenok, sen diňe şemal şuwlaýarmyka diýýärsiň, belki olaryň hümürdisini-de eşitmegiň mümkin. Olar günälini alyp çykarlar weli, pişigi olaryň yzyndan goýbermeli we: “Öliniň yzyndan jyn barýar, jynyň yzyndan pişik barýar, pişigiň yzyndan siňňil barýar, men — men däl, siňňil-de meniňki däl!” diýip aýtmaly. Şonda ýekeje-de siňňil galmaz.

— Munyň-a ýapa degjek bolýar, Gek, seniň muny synap gören wagtyň bolupmydy?

— Ýok. Ýöne Gopkins kempirden eşitdim.

— Beýle bolsa bu dogrudyr. Hemme adamlar oňa albassy diýýärler.

— “Diýýärler” diýsene! Onuň albassydygyny, Tom, men güman edýän. Ol kakamy jadylapdy. Maňa kakamyň özi şeý diýdi. Bir gezek kakam gidip barýar

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana
eken, görse, ol aýal ony jadylap başlapdyr, şonda kakam daş alypdyr-da, oňa tarap aýlap salypdyr. Eger sowulmadyk dagy bolsa, daş oňa degjek ekeni. Onsoň näme bolandyr öýdýärsiň! Şol gije ol pýan halyna saraýyň üstüne çykýar we ol ýerden ýykylyp, elini döwdürýär.

— Eýmenç zad-ow! Özüniň jadylanýandygyny ol nädip bilipdir?

— Hudaý-eý, kakam muny bada-bat bilýär ahyryn. Eger albassy saňa çüýjerilip serediberse, diýmek, bu onuň jadylaýanlygydyr diýip, kakam gürrüň berýär. Aýratyn hem bir zatlar-bir zatlar samraberse şeýle bolýarmyş. Sebäbi, albassylar samraberseler, bu olaryň "sežde" dogasyny çepbesine çöwrüp okadygy bolýarmyş.

— Gek diýýänä, sen pişigi haçan synap görmekçi bolýaň?

— Şu gün agşam. Meniň pikirimçe, şu gün agşam alarwahlar çaşan çal Wilýamsyň yzyndan gelerler.

— Ony şenbe güni jaýladylar ahyryn. Olar ony şenbe gijesi äkiden däldirler öýdýärmiň?

— Biderek zat aýdýarsyň! Ýarym gijeden öň näme jadyň güýji ýetýärmi? Soň ýany bolsa ýekşenbe. Ýekşenbe güni albassylar gören ýerde ygyp ýörüp bilmezlermikä diýýärin.

— Bu barada men pikir hem etmändirin. Munyň dogry. Meni ýanyň bilen äkidermiň?

— Gorkmaýan bolsaň äkidäýerin.

— Gorkýan! Ýene-de näme! Sen maňa myýaw diýermiň?

— Hawa, mümkin bolsa, sen hem maňa myýaw diý. Ýogsam, geçen gezek men saňa tä garry Geýs daş zyňyp başlaýança we: "Bu pişigi ýer ýuwudaýsa bolmaýamy!" diýip hüňürdeýänçä myýaw diýdim. Menem olaryň äpişgesine daş zyňdym — ýöne sen muny hiç kime aýdaýma.

— Bolýar, aýtman. Ol gezek men myýawlap bilmedim, sebäbi, daýzam aňtady, bu gezek welin myýawlaryn. A munyň näme?

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

— Aý hiç. Sakyrtga-da.

— Muny nireden aldyň?

— Şol ýerden, tokaýdan.

— Sen ony näçe diýýärsiň?

— Bilemok. Satasym-a gelenok.

— Satasyň gelmeýän bolsa, gerek däl. Onsoň sakyrtgaň hem juda kiçijik eken.

— Elbetde, kişi sakyrtgasyny püçege çykarmak kyn zat däl. Meniň sakyrtgamdan göwnüm hoş. Meniňçe, bu-da erbet däl.

— Sakyrtga hemme ýerde, özem näçe diýseň bar. Gerek bolsa özümem müňüsini dagy çöpläp biljek.

— Onda näme çöpläňok? Birinem tapmajagyňa gözüň oňat ýetýändigini bilýän. Bu iň irki sakyrtga. Şu ýyl ilkinji gezek görýärin.

— Gulak as, Gek, men seniň şonyň üçin öz dişimi bereýin.

— Hany, görkez.

Tom kisesinden çykaryp, arasy dişli kagyzyny ýuwaşja açyp başlady. Geklberriniň oňa gözi gitdi. Ol oňa diýseň oňat ýarady. Ahyrsoňy ol:

— Bu hakykymy bir? — diýip sorady.

Tom dodagyny galdyryp, köwelip duran ýerini görkezdi.

— Ýeri bolýar-da, al eli — diýip, Geklberri ylalaşdy. Tom sakyrtgany pistondan boşan gutujyga saldy, öň ol gutujykda tomzak bardy; oglanlar aýrylyşdylar, onsoň hem olaryň hersi öz ýanyndan baýandyryn öýtdi.

Beýleki jaýlardan saýlanyp oturan mekdebiň togalak agaçdan edilen jaýjagazyna ýetip, Tom alňasaýan adam ýaly bolup girip gitdi. Ol şlýapasyny çüýden asdy we hondan bärisi bolup, oturýan ýerine ýumlukdy. Kafedranyň öňünde örme kresloda

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana
oturan mugallym klasyň hümür-hümründen ýaňa sallançakda üwrelýän ýaly, irkilip-irkilip gidýärdi. Tomuň peýda bolmagy ony ukudan oýatdy.

— Tomas Soýer!

Adynyň doly tutulmagynyň oňlulygyň alamaty däldigini Tom bilýärdi.

— Men bu ýerde, ser.

— Ýakynrak gel. Endigiňe görä, ýene gijä galdyňmy? Näme üçin?

Tom temmi berilmekden gutulmak üçin aldamakçy boldy, emma şol wagt gapdalyndan sallanyp duran iki sany uzyn altynlaç saça gözi düşdi. Ol söýginiň özüne çekiji güýji bilen bu gyzjagazy bada-bat aňşyrdy, klasda ýeke-täk boş ýer şol gyzyň gapdalyndaky ýerdi. Ol bir minutda säginip durman:

— Men Geklberri Finni bilen gürleşmek üçin bir salymlyk sowuldym — diýdi.

Mugallym tas däliräpdi, ol Toma aljyraňňy görnüşde seretdi. Klasdaky gowur ýatdy. Okuwçylar: “Bu dogumlyja oglan dälirän bolaýmasyn” diýip oýlandylar.

— Siz… siz näme işlediňiz? — diýip, mugallym sorady.

— Geklberri Finni bilen gürleşäýeýin diýip eglendim. Hiç hili ýalňyşlyk bolup biljek däldi.

— Tomas Soýer, bu ömrümde eşiden boýunalmalarymyň iň batyrgaýydyr. Beýle etmişlik üçin bir lineýka ýeterlik däldir. Hany, penjegiňizi çykaryň.

Mugallymyň eli tä ysgyndan düşýänçä, tä çybyklar döwlüp gutarýança işledi. Soň bolsa:

— Indi bolsa, ser, gidiň-de gyzlar bilen oturyberiň. Goý, bu size sapak bolsun — diýlip buýruk berildi.

Klasda tolkun ýaly bolup ýaýran gülki Tomy utandyrdy; aslynda bolsa utanmaklygyň sebäbi bu däldi. Ol täze hudaýa täsin galdy, onuň öňünde çekinjeňlik we gorky duýdy; özüniňkiniň diýseň şowuna düşenligi üçin, onuň ýüregi şatlykdan doludy. Ol sosnadan edilen skameýkanyň iň çetine baryp oturdy,

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana
gyzjagaz bolsa seňrigini ýygryp, onuň ýanyndan beýläk süýşdi. Oturanlaryň hemmesi pyşyrdaşýardylar, bir-birlerini symsyklaşýardylar, göz gypyşýardylar; emma Tom elini öňündäki uzyn, ýöne pessejik partanyň üstünde goýup, ähli pikirini kitaba berip gozganman otyrdy.
Kem-kemden oňa seretmelerini goýdular we adaty mekdep gowurdysy ýene-de dik asmana göterildi. Tom assyrynlyk bilen gyzjagaza syn edip başlady. Ony gören, göwni ýetmän oňa dodagyny çöwren, hatda bir salymlap Toma ýeňsesini öwrüp oturan şu gyzdy. Gyz Toma tarap öwrülende, onuň öňünde şetdaly peýda boldy. Ol ony eli bilen yzyna süýşürip goýberdi. Tom ýuwaşlyk bilen şetdalyny yzyna süýşürdi. Gyz ony ýene yzyna süýşürdi, emma indi onçakly gaharsyz süýşürdi. Tom sabyr-takatdan galyp, şetdalyny öňki ýerinde goýdy. Gyz oňa elini degirmedi. Tom grifel tagtasynyň ýüzüne: “Alaýyň-da, mende başga-da bar” diýip ýazdy. Gyzjagaz tagta seretdi, emma hiç zat diýmedi. Şonda Tom çekýän zadyny çep eli bilen gizläp, tagtanyň ýüzünde bir zatlar-bir zatlar çekişdirdi. Ilkibada gyzjagaz seretmejek boldy, soňra gyzyň bilesigelijiligi üstün çykdy, muny käbir zatlardan bilse bolýardy. Tom görmediksirän bolup, öňküsi ýaly surat çekmesini dowam etdirdi. Gyzjagaz aşaklyk bilen seretjek boldy, emma ol muny görýänligini düýpden aňdyrmady. Ahyrsoňy gyzjagaz çydamady we ýaýdanyp-ýaýdanyp:

— Görmek mümkinmi? — diýdi.

Tom üsti iki sany konkaly we turbaly örän gülkünç bir tamjagazy açyp görkezdi, tamyň turbasyndan bolsa tüsse burum-burum bolup ýokary göterilýärdi. Gyzjagaz Tomuň çekýän suraty bilen şeýle bir gyzyklandy welin, dünýädäki ähli zady ýadyndan çykardy. Surat çekilip gutarylan dessine, gyzjagaz bir sellem oňa syn etdi we:

— Oňatdygyny! Indi bolsa adamjygyň suratyny çekiň — diýdi.

Suratçy tamyň öňünde göteriji krana meňzäp duran bir adamjygyň suratyny çekdi. Ol tamyň üstünden ätläp geçip hem biljekdi, emma gyzjagaz onçakly berk seljerip hem durmady — bu täsin zatdan göwni suw içip, ol:

— Owadanlygyny! Indi meniň suratymy çekiň — diýip pyşyrdady.

Tom ýokarsy dolan aýly çäge sagadynyň suratyny çekdi, oňa sypal görnüşli elaýak ýasady we gerlip duran barmaklaryna ullakan ýelpewaç tutdurdy.

— Bä, oňatdygyny! Özümiň surat çekip bilmeýänime nebsim agyrýar — diýdi.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

— Bu aňsat-la. Men size öwrederin — diýip, Tom pyşyrdady.

— Dogrudanam öwredermisiňiz? A haçan?

— Uly peremenada. Siz nahar edinmäge öýe gidýärsiňizmi?

— Isleseňiz, men galybam bilerin.

— Ýagşy. Siziň adyňyz näme?

— Bekki Tetçer. A siziň adyňyz? Ah, bilýän-le: Tomas Soýer.

— Hawa, meni uranlarynda şeý diýýärler, özümi oňat alyp barsam bolsa Tom diýýärler. Sizem Tom diýäýiň, bolýarmy?

— Ýeri bolýar-da…

Tom ýazýan zadyny Bekkiden gizläp, tagtanyň ýüzünde bir zatlar-bir zatlar çyzyşdyrdy. Bu gezek ol utanman onuň nämedigini görkezmegi Tomdan haýyş etdi.

Tom şeýle jogap berdi:

— Aý, üýtgeşik bir zat däl-le.

— Ýok, görkeziň.

— Aý, ýok-la. Size onuň gyzygy ýok.

— Ýok, gyzygy bolar! Görkezseňizläň.

— Siz men barada gürrüň edersiňizmi?

— Ýok, gürrüň etmen. Çypbakaý çynym, gara çynym, gürrüň etmen!

— Eger-eger hiç kime gürrüň etmezmisiňiz? Hiç haçan, ölýänçäňiz gürrüň etmezmisiniz?

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

— Ölýänçäm hiç kime gürrüň etmen. Indi görkeziberiň.

— Aý, size gyzygy bolasy ýok-la.

— Goýsaňyzlaň, eger siz meniň bilen beýle gürleşjek bolsaňyz, onda alarynda özüm göräýerin.

Ol kiçijik eljagazy bilen Tomuň elinden tutdy. Kiçijik göreş başlandy, onda-da Tom garşylyk görkezen kişi boldy, özi bolsa tä “men sizi söýýärin!” diýen söz çykynça kem-kemden elini çekdi.

— Ah, myrtar-eý! — diýip, ol birden Tomuň eline kakdy, emma her niçik-de bolsa gyzardy, ýöne göwnüniň hoşdugy welin görnüp durdy.

Şol pursatyň özünde oglan kimiňdir biriniň güýçli eliniň gulagyndan ýuwaşja we gaýym tutup ýokaryk-aşak çekýändigini syzdy. Şo ýagdaýda ony bütin klasa aýladylar we getirip önki ýerinde oturtdylar, mekdep okuwçylary hi-hide-hi-hi boluşdylar. Şondan soň mugallym esli salymlap onuň üstüne abanyp durdy we ahyrsoňy ýekeje söz hem aýtman, yza, öz tagtyna çekildi. Tomuň gulagy lowlap dursa-da, ýüregi şatlykdan doludy.

Klasa ümsümlik aralaşanda, Tom çyny bilen sapagyny okajak boldy, emma muny edip bilmedi, sebäbi, juda tolgunýardy. Gezek özüne gelende, ol sesli okady we masgara boldy; soňra geografiýadan jogap berende, deňizleri dag gerişlerine, gerişleri derýalara we derýalary materiklere öwürdi, ýeriň ýüzünde ýene-de başbaşdaklyk edip goýdy. Soňra diktant ýazanlarynda, her bir çagajyga-da belli sözlerde ýalňyş goýberip, iň soňky ýere düşdi, dürs ýazuw üçin alan we birnäçe aýlap ähli adamlara göz edip dakynan galaýy medaly başga bir okuwça geçdi.

## VII b a p

## ÝENE-DE SÖÝGI, ÝENE-DE ÝÜREK HESRETI

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

Tom sapaga şunça köp üns berdigiçe, onuň pikirleri şonça-da çalt dargady. Ahyrsoňy Tom uludan demini aldy, pallady we okamasyny goýdy. Onuň göwnüne bolmasa, uly arakesme hiç haçan başlanmajak ýalydy. Çep başy gymyldamaýardy, bir azajyk-da şemal öwüsmeýärdi. Ol gün iň ýürekgysgynç gündi. Yhlas bilen ýat tutjak bolup oturan ýigrimi bäş okuwçynyň surnukdyryjy hümürdileri edil bal arylarynyň wyzzyldysy ýaly, ukyňy getirýärdi. Äpişgäniň aňyrsynda, gyzgyn güneş şöhlesinde, kapasdan ýaňa bir tüýsli ysly, daşrakdan bir hili mawumtyl howada Kardif dagynyň burum-burum eňňitleri ýaşyl öwsüp otyrdy; iki-üç sany guş ganatlaryny gerip, al-asmanda göwünli-göwünsiz pelpelleşýärdi; köçede bir topar sygyrdan başga görünýän janly-jandar ýokdy, olar hem irkilişip durdular. Tomuň ýüregi erkinlik diýip, özüni begendirip biljek, bu sus sagatlary basymrak geçirmäge kömek etjek nämedir bir zat diýip böküp durdy. Ol elini jübüsine saldy, onuň ýüzi şatlykdan ýaňa ýagtylyp gitdi. Ol ýuwaşlyk bilen kisesinden pistondan boşan gutujygy çykardy-da, sakyrtgany alyp, uzyn partanyň üstüne goýberdi. Sakyrtga hem begenjine jadylanan ýaly açyldy. Emma muňa entek irdi: ol ýaňy bir begenip ligirdäp başlanda, Tom iňňebagjygy bilen onuň ýoluny kesdi we gapdala sowulmaga mejbur etdi.
Tomuň ýegre dosty hem edil Tomuň ejir çekişi ýaly ejir çekip gapdalynda otyrdy; indi bolsa ol hem tomaşa jany-teni bilen gyzygyp, oňa höwes bilen gatnaşdy. Bu ýegre dost Jo Garperdi. Adatça oglanlar bütin hepdeläp dost bolup gezýärdiler-de, ýekşenbe güni bir-biriniň garşysyna uruş bilen çykýardylar. Jo penjeginiň ýakasyndaky iňňebagjygy aldy-da ol hem ýesiriň öňüni gabalamaga kömek berdi. Oýun minutsaýyn gyzygýardy. Basym, Tomuň göwnüne bolmasa, iki bolup oýnalanda diňe birek-birege päsgel berilýän ýaly, olaryň hiç biri sakyrtgaň oýnundan lezzet almaýan ýaly bolup göründi. Ol partaň üstüne Jo Garperiň grifel tagtasyny çykaryp goýdy-da, onuň ýokarsyndan aşagyna çenli çyzyk çekip, ikä böldi. Ol:

— Ynha, sakyrtga häzirlikçe seniň tarapyňda, ony iňňebagjygyň bilen sürüp bilersiň, men oňa azar bermen. Eger ony sypdyrsaň, ol hem meniň tarapyma gaçyp geçse, onda sen hem oňa azar berme, ony men sürjekdirin — diýdi.

— Bolýar, sakyrtgany goýber.

Sakyrtga basym Tomdan arany açyp, ekwatordan geçdi. Jo ony birneme horlady, soň sakyrtga ondan gaçyp, ýene serhetden geçdi. Ol zol-zol bir ýerden başga bir ýere geçdi. Oglanlardan biri hezil edip sakyrtgany ondan-oňa kowýarka, bar pikiri bilen şoňa güýmenýärkä, beýlekisi hem şonça hezil edip syn edýärdi. Ikisiniň-de kellesi tagtanyň üstüne eňlip, dünýeden bihabardy. Ahyrsoňy Jo Garperiň bagty getiren ýaly boldy. Sakyrtga kä oňa, kä muňa gaçyp, görnüşi ýaly, oglanlaryň

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana
özlerinden az tolgunmaýardy we az azara galmaýardy. Ýeňiş hä diýmän Toma geçäýjek ýalydy — sakyrtgany itip goýbermek üçin eýýäm onuň elleri gijäp ugrapdy. Emma şol wagt Jo Garper sakyrtgany iňňebagjygy bilen beýleki tarapa çalasyn gaýtardy we sakyrtga onuň elinde galdy. Ahyrsoňy Tom çydam etmedi. Onuň ýüregi ýöne böküp durdy. Ol elini uzatdy-da, sakyrtgany iňňebagjygy bilen itip goýberdi. Jo derrew gyzardy. Ol:

— Tom, sakyrtga azar berme! — diýdi.

— Men ony diňe çalaja dürtgüläýeýin diýdim.

— Ýok, ser, bu karam bolýar. Oňa azar bermäň.

— Men ony çalaja dürtgüledim ahyryn.

— Saňa sakyrtga azar berme diýilýär.

— Azar-a bererin.

— Azar bermäňi goýmaly bolarsyň — ol meniň tarapymda.

— Gulak sal, Jo Garper, aslynda bu sakyrtga kimiňki bolmaly?

— Her kimiňki bolanda-da maňa tapawudy ýok. Ýöne meniň tarapymdaka eliňi degriji bolma…

— Men öňi-soňy elimi degrerin. Sakyrtga meniňki, ony nädesim gelse ederin, ynha bolany.

Aýylganç urgy Tomuň egninden indi, edil şonuň ýaly ikinji urgy hem Jonuň egninden indi. Olaryň penjeklerinden çykýan tozan iki minutlap dagy dik asmana göterildi, ähli okuwçylar bulara tomaşa edip hezil edindiler.

Oglanlar oýna şeýle bir gyzygypdylar welin, bütin klasyň ýuwaşap, ähli otagyň içinden daraklygyna basyp gelen mugallymyň ýanlarynda aýak çekenini-de duýmadylar. Oýna birneme üýtgeşiklik salmazdan ozal, ol oňa esli wagtlap syn edip durdy.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

Okuwçylary uly arakesmä goýberenlerinde, Tom Bekki Tetçeriň ýanyna ylgap gelip, onuň gulagyna pyşyrdady:

— Öýe gidýän kişi bolup, şlýapaňyzy geýiň, burça ýeteniňizde bolsa bir ýol tapyp beýleki gyzlardan galyň, pereuloga tarap sowluň we yzyňyza gaýdyp geläýiň. Men bolsam başga ýol bilen gidip, edil seniň edişiň ýaly ederin, özümiziňkilerden gaçaryn.

Olar şeýle hem etdiler: ol okuwçylaryň bir topary bilen, Bekki hem başga bir topary bilen gitdi. Birnäçe minutdan soň, olaryň ikiside pereulogyň gutarýan ýerinde tapyşdylar we mekdebe gaýdyp geldiler, mekdepde bolsa özlerinden başga hiç kim galmandy. Olar iki bolup bir partada oturdylar-da, öňlerinde grifel tagtasyny goýdular. Tom Bekkä grifeli berdi we onuň elini tagtaň ýüzüne aýlady, suraty nähili çekmelidigini görkezdi, şeýdip ýene bir oňatja tamyň suratyny çekdi. Soňra sungata bolan gyzyk gaçyp, olar gürrüňe ýatdylar. Tom keýp edýärdi. Ol Bekkiden:

— Siz alakalary gowy görýäňizmi? — diýip sorady.

— Ýok, ýigrenýärin.

— Hawa-da, menem dirilerini oňat göremok. Men öli alakalar barada gürrüň edýän, olary ýüpe daňyp başyňdan aýlasa bolýar.

— Ýok men alakalary onçakly gowy göremok. Men hemme zatdan rezin çeýnemäni gowy görýän.

— Ýogsam näme! Menem. Şu wagt çeýneläýse-hä gowy bolardy!

— Çeýnejekmisiňiz! Mende bir azrak bar, men çeýnemäge beräýerin, ýöne soň ony gaýdyp berersiňiz.

Tom razy boldy we olar hezil edip aýaklaryny hallanladyşyp rezini gezegine çeýnäp başladylar.

— Siz, heý, bir wagt sirkde bolupmydyňyz? — diýip, Tom sorady.

— Hawa, kakam özüňi oňat alyp barsaň, ýene äkiderin diýdi.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

— A men näçeler boldum — üç gezekmi ýa dört gezek. Sirkiň ýanynda metjit dagy bir bolgusyz zat. Sirkde hemişe oýun görkezilýär. Ulalaýsam, men darbazçy bolaryn.

— Şeýlemi? Baý, oňat bolar-ow! Olar şeýle bir owadan, şeýle bir owadan, özlerem ala-mula geýnüwli.

— Ol-a dogry. Olar pulam petdeläp-petdeläp alýarlar — Ben Rojers-ä her günlerine tutuş bir dollardan alýarlar — diýip gürrüň berýär. Gulak asyň, Bekki, siz bir wagt adaglanan-a dälsiňiz?

— Ol näme bolýar?

— Näme diýsemkäm — adaglanan-da, ýagny durmuşa çykmak üçin.

— Ýok, hiç haçan.

— Adaglanasyňyz gelýärmi?

— Ähtimal. Men, dogrusy, bilemok. Bu nämä meňzeýär?

— Nämä meňzeýär? Hiç zada-da meňzänok. Siz diňe hiç haçan hiç kime durmuşa çykman diýip, oglana aýdarsyňyz, soňra bolsa öpüşýärsiňiz, ine, bar bolany. Muny her kimem başarar.

— Öpüşýärsiňiz? A öpüşmek nämä gerek?

— Hawa, biler bolsaňyz, bu näme üçin…, ýagny ähli adamlaryň şeýdýänligi üçin gerek.

— Ähli adamlaryň?

— Elbetde, bir-birini söýen ähli adamlaryň. Tagtada ýazan zadym ýadyňyza düşýärmi?

— Hm-m…

— Hany, näme?

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

— Aýtjak däl.

— Belki men size aýdaryn.

— Hm-m, ýöne başga bir sapar.

— Ýok, meniň häzir aýdasym gelýär.

— Ýok, häzir däl, gowusy, ertir aýdaýyň.

— Ýok, gowusy, häzir. Ýeri, size näme kynçylygy bar, Bekki? Men ýuwaşja, pyşyrdapjyk aýdaýaýyn.

Bekki ikirjiňläp duransoň, Tom muny razyçylygyň alamaty hasap etdi, onuň egninden gujaklady we dodaklaryny onuň gulagyna ýakynjak tutup, diýseň mylaýymlyk bilen: “Men seni söýýärin!” diýip pyşyrdady.

Soňra bolsa:

— Indi bolsa muny sen meniň gulagyma pyşyrdap aýt — diýdi.

Gyz bir salym garşylyk görkezdi, soňra:

— Siz görmez ýaly, aňryňyza bakyň, onsoň men çawuş çakaýyn. Ýöne hiç kime gürrüň etmäň, gürrüň etmäň. Tom! Dünýäde hiç kime gürrüň etmäň? — diýdi.

— Ýok, eger-eger hiç kime aýtman. Ýeri, Bekki!

Ol aňyrsyna bakdy. Gyz şeýle bir ýakyn süýşdi welin, onuň deminden Tomuň saçlary ykjap gitdi.

— Men — sizi — söýýärin! Şeý diýdi-de, gyz ýerinden turup, partalaryň we skameýkalaryň daşyndan ylgap başlady, Tom bolsa onuň söbügine düşdi: soňra gyz burça gysmyljyrap, ýüzüni ak fartujagy bilen ýapyp durdy. Tom Bekkiniň boýnundan elini salyp, ýalbarmaga durdy:

— Ine, Bekki, bar bolany, indi öpüşäýmek galdy. Sen nähak gorkýarsyň, bu bir aňsat, bir aňsat. Hany, Bekki, haýyş edýärin; Tom onuň fartugyndan, ellerinden tutup çekmäge başlady.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

Gyzjagaz kem-kemden kaýyl bolup, elini goýberdi we ylgamakdan ýaňa çymgyzyl bolan ýüzüni Toma tarap tutdy. Tom onuň edil gyzylja dodagyndan öpdi we:

— Ine boldy, Bekki! Şundan soň sen menden başga hiç kimi söýmeli dälsiň, menden başga hiç kime durmuşa-da çykmaly dälsiň. Indi bu ömürlik bolsun. Bolýarmy? — diýdi.

— Hawa, Tom, indi men senden başga hiç kimi söýmen, senden başga hiç kime durmuşa çykman, ýöne sen hem menden başga hiç kime öýlenme.

— Ýogsam näme. Bu öz-özünden düşnükli zat ahyryn. Hiç kim görmeýän halatlarynda biz mekdebe-de, öýe-de bile gatnarys, oýun oýnanymyzda sen hemişe meni saýlap tutarsyň, men hem seni. Bu şeýle edilmeli, ýigit bilen gelinligi hemişe şeýle edýärler.

— Baý, munuň oňatdygyny! Men bilmändirinem.

— Baý, hezildir-ä! Ynha, biz Emi Lourens bilen…

Gyzyň ullakan gözlerine ser salyp, Tom aýtmasyz bir zady aýdanlygyny aňdy we utanjyndan ýaňa dymyp durdy.

— Ah, Tom! Diýmek, men ilkinjisi däl-dä? Eýýäm seniň gelinligiň bolan eken-dä?

Ol şeý diýip aglady. Tom:

— Aglama, Bekki! Men ony indi söýemok — diýdi.

— Ýok, Tom, söýýärsiň, söýýänligiňi seniň özüň hem bilýänsiň.

Tom ony gujaklajak boldy, emma gyz ony itiberip goýberdi, diwara tarap öwrülip, dynman aglady. Tom ýene köşeşdirjek boldy, ýene-de bolmady. Şonda ol muny özüne kiçilik bilip, Bekkiden ýüz öwürdi we klasdan çykdy. Ol ikirjiňläp we ynjalyksyzlanyp köp durdy. Bekki akylyna aýlanyp, ýanyma geler diýen tama bilen, ol gaýta-gaýta gapa tarap seretdi. Emma gyz gelmeýärdi. Tomuň içini it ýyrtyp başlady we ol günäsi geçilmez öýdüp gorkdy. Ol birinji ädimini ätmek üçin özi bilen ep-esli wagtlap göreşdi, emma muňa ýürek edip bilmedi we klasa girdi.

Bekkiniň şol burçda diwara bakyp, hork-hork edip aglap durşudy. Ol gyzyň ýanyna gelip, näme diýjegini bilmän aýak çekdi. Soňra ýaýdanyp:

— Bekki, mei… men senden başga hiç kimi söýemok — diýdi.

Jogap bolmady, diňe horkuldy çykdy.

— Bekki, Bekki, hany, ýekeje sözjagaz aýdaý — diýip, ol ýalbardy.

Ýene-de horkuldy.

Tom özüniň iň gymmat bahaly zadyny — taganyň misden edilen ýumrusyny aldy-da, ony Bekki görer ýaly edip egniniň, üstünden uzatdy.

— Bekki, isleseň, başy bilen alaý.

Gyz Tomuň eline kakyp goýberdi. Ýumry pola tigirlenip gitdi. Şonda Tom ulyuly ädimläp mekdepden çykdy, şol gün gaýdyp gelmez ýaly, kellesiniň ugruna tutduryberdi.

Basym Bekkiniň göwni betgümana gidip ugrady. Ol ylgap gapynyň ýanyna bardy — hiç ýerde Tom ýok; ol howlyň içi bilen tamyň daşyna öwrülip çykdy — Tom o ýerde-de ýokdy. Şonda ol:

— Tom, yzyňa gaýt, Tom! — diýip gygyrdy.

Bekki durup diňşirgedi, emma hiç kim ses bermedi.

Ol ümsümlikde we ýekelikde ýoldaşsyz-zatsyz galdy. Ol dyzyny epdi we özözüne käýinip, ýene aglap başlady.

Şol wagt mekdebe beýleki çagalarda gelip başladylar. Ol öz hesretini gizlemeli, ýüregine teselli bermeli hem-de uzyn, sus we agyr güni gam çekip geçirmeli boldy, töweregindäkileriň hemmesi keseki ýalydy, ol öz hesretini hiç kim bilen bölüşip bilmeýärdi.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

## VIII b a p

### DEŇIZ GALTAMANLARY

### WE GARAKÇYLAR BARADA

Tom adatça, mekdep okuwçylarynyň gatnaýan ýolundan çete sowulmaga jan edip, ilki bir pereulokdan beýleki pereuloga öwrüldi, soňra ýüzüni salyp, ýoluny dowam etdirdi. Ol kiçijik çeşmäniň saý ýerinden iki-üç gezek geçdi, sebäbi, oglanlaryň arasynda bu yz çalyp gelýän kowgyny çaşdyrýar diýen ynam bardy. Ýarym sagatdan soň ol dul aýal Duglasyň Kardif dagynyň gerşindäki jaýynyň gapdalyndan öwrülip geçdi, ol ýerden julgäniň düýbündäki mekdep çalaja görünýärdi. Ol gös-göni ýolsuz-zatsyz sümme tokaýa girdi, iň bir jümmüşine aralaşdy we ýaýraň şahaly dubuň düýbündäki mohuň üstünde oturdy.

Çöp başy gymyldamaýardy; günortanyň surnukdyryjy kapasyndan guşlar hem ýuwaşapdylar. Tebigat doňup galan ýalydy, bu dymyşlygy hiç zat pozmaýardy. Setanda-seýranda, niredendir bir ýerden daşdeşeniň tykgyldysy gelýärdi, emma mundan daş-töweregi gaplap alan ümsümlik we yns-jynsyň ýoklugy has güýçli duýulýardy. Oglanyň ýüregi gam-gussadan doludy, gurşap alan ýagdaý onuň keýpine babrakdy. Ol tirsegini dyzyna söýäp, elini eňegine diräp, içini gepledip, esli wagtlap oturdy. Onuň göwnüne bolmasa, durmuş iň gowy bolaýanda, baky gaýgy-hesret ýalydy, onuň hatda ýaňyrak ölen Jimmi Hojese gözi hem gidýärdi. Arkaýyn ýatyp, agaçlaryň çur depeleri bilen şemalyň çawuş çakyşy, gubyryň üstündäki otlary we gülleri şemalyň oýnaýşy barada hyýal edip, gutarnyksyz hyýal edip ýatmaklyk, gör nähili oňatdyr diýip, ol pikir edýärdi. Başga hiç zat barada gaýga-da batmaly däl, aladalanmalam däl, özem ömür-boýy şeýle. Käşgä, ol ýekşenbe mekdebinde oňat okaýan bolsady! Ol keýpihon ölerdi, şonda, iň bärkijesi, bularyň hiç birisi-de bolmazdy. Ynha, ol gyzjagazy alyp göreliň. Ol bu gyza näme edipmiş? Hiç zadam edenok. Ol oňa diňe ýagşylyk etmek isledi, ol gyz bolsa onuň bilen edil it, hut bir erbet it bilen gürleşýän ýaly gürleşdi. Bir wagt-a ol muňa öküner welin, ýöne gijräk bolar. Ah, käşgä, ömürlik däl-de, wagtlaýyn ölüp bolýan bolsady!

Emma ýaş ýürek maýyşgak bolýar, şonuň üçin ol uzak wagt döwlüp we gysylyp durup bilmeýär. Birden Tom oslagsyz ýerden ýerdäki ýaşaýyş baradaky pikire

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana
gelmäge başlady. Alagetdin kelläň ugruna gaçyp ötägitseň näderkä? Uzak-uzak ýerlere, deňziň aňyrsyndaky näbelli ýurtlara gidip, gaýdyp dolanyp gelmeli däl. Ine, şonda ol nähili heň ederkä?

Onuň kellesine ýene darbazçy bolmak pikiri geldi, emma bu gezek ol diňe özüne ýigrenç döretdi. Ýeňilkellelik, wäşi sözler, zol-zol triko — bularyň hemmesi göge ymtylýan, göwnüne degýän zatlar bolup göründi. Ýok, iň gowusy, ol urşa gider we birnäçe ýyldan soň söweşden daraw-daraw ýaraly, şöhrat bilen gurşalan görnüşde gaýdyp geler. Ýok, has-da gowusy, ol hindileriňkä gider, bizonlary awlar, şol ýerde bir ýerde, daglykda ýa uzak günbataryň adam aýagy basmadyk çöllerinde harby ýoly kesip geçer we, mümkin, bir wagtlar Beýik Serdar bolup gaýdyp geler. Bütin göwresine bürgüt ýelekleri dürtülen, çyrşak-çyrşak reňklenen görnüşde ol tomus günleriniň birinde ir bilen wagşy harby lakam dakynyp, ýekşenbe mekdebine kürsäp girer, mundan damarlardaky gan doňup galar, şonda onuň ähli ýoldaşlarynyň göriplikden gözleri çykaýjak bolar. Ýogsa-da, ýok, mundan arassarak zat hem tapylar. Ol deňiz galtamany, deňiz garakçysy bolaýar! Hut şeýle eder.

Indi geljek oňa aýdyň boldy, göz gamaşdyryjy şeýle ýaly bolup, ol onuň öňünde ýaýbaňlandy. Onuň ady bütin dünýäde dabaralanar we adamlary titreder! Ol tupanly deňizlerde we okeanlarda özünnň “Tupan ruhy” diýen uzyn, darajyk, gara gämisi bilen şöhrat içinde ýüzer we endirediji gara baýdak gäminiň öňünde pasyrdar.

Ine, dabarasy dag aşybererem welin, ol mähriban şäherinde peýda bolar we garalan, gaýzygan ýüzli, gara mahmal kemzorly we balakly, gonjunyň ujy serpilip duran ullakan ädikli, boýny ala şarfly, gapdaly pistoletli, gylyçly, ýokarsy ykjaşyp duran ýelekli şlýapaly, ýüzüne kelle süňküniň we atanaklaýyn süňküň suraty çekilen, pasyrdap duran gara baýdakly metjide gadam basar we: “Bu — belli garakçy Tom Soýer! Ispan Deňizleriniň Gara Aralyjysy!” diýen pyşyrdylary ol begençden ýaňa monça bolup diňlär.

Hawa, netijä gelindi. Ol özüniň durmuş ýoluny seçip aldy. Ol öýlerinden gaçyp gider we täze durmuşa başlar. Özem ertir, säher bilen. Diýmek, häzirden taýýarlanmak gerek. Özüňiň ähli emlägiňi jemleşdirmeli.

Ol gapdalda ýatan çüýrük pürsüň ýanyna bardy we çakgysy bilen onuň aşagyny köwüp başlady. Basym çakgy agaja ýetdi, çykan sese görä, ol ýer boşluk eken. Tom elini çukura sokup, hiňlenjiräp:

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

— Bu ýerde ýok zatlar, goý, peýda bolsun. Bu ýerde bar zatlar, goý, baky galsyn — diýdi.

Soňra ol eli bilen ýer köwüp başlady: sosna agajynyň ýonuşgasy göründi. Ol ony eline aldy we düýbi-de, diwarlary-da ýonuşgadan edilen oňaýlyja gizlin ýer açyldy. Ol ýerde bir şarjagaz ýatyrdy. Tom geň galyp, aňyrsyna ýetip bilmedi! Ol aljyrap ýeňsesini gaşady we:

— Aý, bu-ýa düýpden bolanok! — diýdi.

Gaharyna şarjagazy eliniň tersine zyňyp goýberdi-de, ol pikire gitdi. Bolan iş şeýledi: beýleki oglanlar bilen birlikde ol, edil daş dagyna ynanyşy ýaly, bir yryma ynanýardy. Eger okamaly dogasyny okap, şarjagazy ýere gömseň, seniň ýitiren şarjagazlaryň, nirede ýitiren-de bolsaň, iki hepdeden soň hemmesi tapylýar. Görüp otursa, bularyň hemmesi biderek gürrüň ekeni, hatda gürrüň edip oturanyňa-da degenok ekeni. Tomuň ynanýan zatlarynyň hemmesi düýbi-teýkary bilen yraň atdy. Bu başga oglanlara başardypdyr diýip köp eşitse-de, başartmadyk adamy barmyş diýip, bir gezekde eşitmändi. Bu zady telim ýola özüniň-de synap görenligi onuň ýadyna-soruna-da düşmeýärdi. Emma welin ol şol gizlän ýerini hiç tapmaýardy. Ol bu meseläniň üstünde esli salymlap kelle döwdi we ahyrsoňy munda al-arwahyň eli bolup, ähli zady şol bulaşdyrandyr diýip pikir etdi. Ol muny barlap görmegi ýüregine düwdi, daş-töweregine ser saldy we çägelikdäki kiçijik bir çukurjygyň üstünden bardy. Ol ýerde ýatyp, dodaklaryny çukuryň üstüne egdi we:

— Arslan, arslan, eý arslan, sen meniň bilesim gelýän bir zady aýt. Arslan, arslan, eý arslan, sen meniň bilesim gelýän bir zady aýt! — diýip gygyrdy.

Çäge gozganyp gitdi, şol pursatda gara at garynjajygy göründi we gorkusyna yzyna — köwege girip gitdi.

Aýtmaga çekinýändir! Hut şeýle-dä, ony alarwah jadylandyr, şeýledirem öýtdümle.

Al-arwahy yrmaklygyň kynlygy oňa mese-mälim bellidi, hatda muňa synanyşyp oturasyda iş ýokdy, şonuň üçin ol bu işe baş galdyrmady. Emma ol zyňan şarjagazyny gözläýmeli eken diýip pikir etdi, ony alňasaman gözläp başlady, emma şarjagazy tapyp bilmedi. Şonda ol gizlin ýere gaýdyp geldi, şarjagazy zyňan ýerine gelip durdy, jübüsinden ikinji şarjagazy çykardy we:

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

— Dogan, doganyňy gözlemäge çyk! — diýip hüňürdäp, ony hem şol tarapa zyňyp goýberdi.

Ol şarjagazyň düşen ýerini gördi, ylgap şol ýere bardy we gözläp başlady. Şarjagaz ýa örän ýakynjaga, ýa-da örän daşa düşen bolara çemeli. Tom muny iki gezek dagy gaýtalady. Soňky synagy şowuna düşdi: şarjagazlar bir-birlerinden iki ädim ýaly aralykda ýatan ekenler.

Edil şol minutyň özünde tokaýyň ýaşyl gümmeziniň aşagyndan oýunjak demir turbasynyň ölügsije sesi çykdy. Tom penjegini we balagyny çykaryp taşlady, götergisinden guşak edindi, ýyglan agajyň düýbündäki çöplemeleriň arasyny dördi we ol ýerden elde ýasalan ok-ýaý, agaç gylyç we demir turba aldy; ol bu zatlaryň hemmesini göz açyp-ýumasy salymyň içinde alyşdyrdy-da, aýakýalaňaç ýazzyny berdi, köýnegi hem şemalyň ugruna ykjady.

Basym ol ullakan wýazyň düýbünde aýak çekdi, jogap signalyny berdi, soňra bolsa ökjesini galdyryp, agajyň arasy bilen nämedir bir zady synlap ugrady. Ol özüniň ýok ýoldaşlaryny hatyrjem edip:

— Duruň, ýigitler! Tä men turba çalynçam bukudan çykyjy bolmaň! — diýdi.

Tokaýdan edil Tomuňky ýaly ýeňil geýimli, edil Tom ýaly ykjam ýaraglanan Jo Garper çykdy. Tom oňa gygyrdy.

— Dur! Menden rugsatsyz Şerwud tokaýyna girmäge ýürek edýän kim?

— Gaý Gisborn kişi rugsadyna mätäç däl. A sen kimmişiň…
— E.. beýle gürlär ýaly diýsene? — diýip, Tom ýatlatdy: olar “kitapdan” ýat tutup gepleýärdiler.

— Beýle gürlär ýaly, sen kimmişiň?

— Menmi? Men — Robin Gud, muny ynha basym seniň näletsiňmiş meýdiň bilse gerek.

— Dogrudan hem sen, şol dabarasy dag aşýan garakçymyň? Alaç näme, seniň bilen döwüş gurmaga men şat — hany, netijä geleli, bu şadyýan tokaýyň içindäki ýoluň hojaýyny haýsymyz bolmaly. Çoz!

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

Beýleki söweş esbaplaryny ýerde goýup, olar agaç gylyçlaryna ýapyşdylar, aýaklaryny aýaklaryna degrip, goranmak pozisiýasynda durdular we ähli kada boýunça çynlakaý we oýlanyşykly başa-baş söweşe girişdiler: iki zarba ýokardan, ikisem aşakdan. Birden Tom:

— Meselä düşünen bolsaň, gaýratyňy görkeziber! — diýdi.

Olar gaýratlaryny şeýle bir yhlas bilen görkezip başladylar welin, haşlaşyp, gara dere batdylar.

Ahyrsoňy Tom:

— Ýykyl! Ýykyl ahyryn! Näme üçin ýykylaňok? — diýip gygyrdy.

— Ýykylasym gelenok! Näme seniň özüň ýykylaňok? Saňa köp degdi ahyryn.

— Degende näme? Munuň hiç bir ähmiýeti ýok. Kitapda ýazylmadyk halyna ýykylyp bilmen ahyryn! Kitapda: “Şonda ol bir agyr zarba bilen betbagt Gaý Gisborny çalam-çaş etdi” diýlipdir. Sen aňryňa bakmaly, men bolsam seniň biliňe urmaly.

Kitap bilen eňekleşip durmaly bolmady, şonuň üçin Jo Garper ýeňsesine öwrüldi we zarbadan ýere ýykyldy.

— Indi bolsa, gel, men seni öldüreýin. Bolmasa karam bolýar — diýip, Jo turup barýarka aýtdy.

— Ýok, munyň bolmaz: kitapda bu ýok.

— Goýsana, beýtseň bidereklik etdigiň bolar, başga hiç zat bolmaz.

— Bolýar, Jo, sen monah Tut ýa harazman ogly bol-da, meni taýak bilen uraý; ýa-da men şerif Nottingemskiý bolaýyn, sen hem Robin Gud bol-da, meni öldüräý.

Şeýle çözgütden olaryň ikiside hoşal boldular, ol edermenlikler hem edilip gutaryldy. Şondan soň Tom ýene-de Robin Gud boldy, dönük monah aýaly hem ganyny syrykdyrybersin diýip, onuň ýarasyny saramady. Teý ahyry ýetim galan galtamanlaryň ähli üýşmegi bolan bolýan Jo hork-hork aglap, ony çete çekdi, okdur ýaýy onuň ysgyndan düşüp barýan ellerine tutdurdy we Tom “Şu ok niräk

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana
düşse, biçä-re Robin Gudy şol ýerde, gök agajyň düýbünde jaýlaň!” diýdi. Soňra ol oky sypdyryp goýberdi we arkanlygyna ýykyldy, eger tikeniň üstüne ýykylmadyk dagy bolsa, ol öljekdi hem, şondan soň öliň galşyndan hem çalt aýagyna galdy.

Oglanlar geýindiler, ok-ýaraglaryny gizlediler we indi dünýäde galtaman galmady diýşip, şeýle ýitginiň öwezini zamana näme bilen dolduryp bilerkä diýip pikir edişip, öýlerine gaýtdylar. Olar bir-birine bütin ömürlerine Birleşen Ştatlaryň prezidenti bolandan Şerwud tokaýlygynda ýekeje ýyl galtaman bolanlaryny gowy görýändiklerini aýtdylar.

## IX b a p

## GONAMÇYLYKDAKY GANHORLYK

Bu agşam Tomdur Sidi hemişekileri ýaly, sagat onuň ýarynda ýatyrdylar. Olar ýatmazlaryndan öň çokundylar we basym Sid uka gitdi. Tom gözüni açyp, howlukmadan ýaňa bütin göwresi bilen galpyldap, signala garaşyp ýatyrdy. Göwnüne bolmasa, oňa eýýäm daň saz berip başlaýjak ýaly bolup görünýärdi — birden şol wagt sagadyň on gezek uranlygy gulagyna degdi. Hesret, başga zat däl!

Gozganasy, eýlesine-beýlesine agdarynasy gelse-de, Sidi oýatmakdan çekinip, Tom gozganyp-da, agdarynyp-da bilmedi. Ol garaňkylyga çüýjerilip, gymyldaman ýatyrdy. Ony ýüregine düşüp barýan ümsümlik gurşap alypdy. Bu ümsümlikden kem-kemden iň bir ujypsyzja, zordan eşidilýän sesler gelip başlady. Sagadyň tykgyldysy eşidilip ugrady. Köne sütünler syrly şatyrdaşyp başlady. Basgançak-da tyrkyldaýan ýaly boldy. Bu, mümkin, ruhlar gezelenç edýändirler. Polli daýzanyň otagyndan kadaly we ýuwaşja horruldy geldi. Ine, şu ýerde gara çekirtge hem ýürege düşgünç çirläp başlady, onuň nirede oturanlygyny bolsa sen her näçe akylly bolsaň-da biljek gümanyň ýokdy. Soňra gabyrçyl tomzagyň diwaryň ýüzündäki aýylganç tik-tikinden ony galpyldy basdy — bu, öýde basym kimem bolsa biriniň öljekliginiň alamatydy. Soňra agşam şemaly niredendir bir daş ýerden it uwwuldysyny getirdi, bu uwwulda zordan eşidilýän uwwuldy bilen ondan hem daş bir ýerden başga bir it jogap berdi.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

Tom sabyr-takatsyzlykdan ýaňa halys boldy. Ol, wagt durup, müdimilik başlandy diýip berk ynanansoň, bialaç irkilip başlady; sagat on biri urdy, emma ol muny eşitmedi. Düýşürgäberen wagtynda bolsa onuň ukusynyň arasyna zaryn myýawlama düşdi. Goňşy tamyň aýnasy kakyldy, bu hem bolsa Tomy oýardy. “Piş, ýerçeken!” diýen gykylyk, saraýa degip kül-uşak bolan çüýşäniň sesi onun iň soňkuja ukusyny-da gaçyrdy. Ol göz açyp-ýumasy salym içinde geýindi-de, äpişgäniň tekjesine mündi, jaýyň üçegi bilen emedekläp süýşüp ugrady. Ol süýşüp barýarka ýuwaşlyk bilen iki gezek myýawlady; soňra saraýyň üçegine, ondan hem ýere bökdi. Geklberri bu ýerde eýýäm öli pişikli dur eken. Oglanlar ýola düşdüler we garaňkylygyň içi bilen gözden ýitdiler. Ýarym sagatdan soň, gabrystanlygyň aýlawynyň aňyrsyndaky dyzdan bolup duran otuň içi bilen ýöräp barýardylar.

Gonamçylyk — gadymy gonamçylykdy, bular ýaly gonamçylyk Günbatar ştatlarda köpdi. Ol şäherjikden mil ýarym uzaklykda, baýryň üstünde ýerleşýärdi. Onuň çala tilsim bolup duran aýlawy kä ýerde iç tarapa, kä ýerde daş tarapa gyşaryp durdy, dik duran ýeri ýokdy. Bütin gonamçylygy ot we syrkyn basypdyr. Köne gubyrlar içine çöküpdirler, mazar başlaryndaky daşlaryň ýekejesi-de öz ýerinde däl-di; gurçuk iýip giden çakyr agaçlar haraý tapmadyk ýaly mazarlaryň üstüne gyşarylyşyp durdular. Bir wagtlar özüne “Pylana ýatdan çykmajak ýadygär bolsun” diýlip ýazylan-da bolsa, häzir ýekeje ýazgyny-da, hatda gündizine-de, okar ýaly däldi.

Mymyjak şemal agaç şahalarynyň arasynda ses edýärdi, Tomuň göwnüne bolmasa, ölüleriň janlary özlerini biynjalyk edýändikleri üçin zeýrenişýän ýaly bolup göründi.

Oglanlar örän az gürleşýärdiler, gepläýselerem pyşyrdaşyp gepleşýärdiler: ýer, wagt, gonamçylygy gurşap duran dabaraly dymdyrslyk olara horlaýjy täsir etdi. Olar basym gözleýän zatlary bolan täzeje tümmegi tapdylar we mazardan birnäçe ädimlikdäki üç sany wýaz agajynyň aňyrsynda gizlendiler. Olar, göwünlerine bolmasa, dymşyp, esli wagt garaşdylar. Bu dymdyrslygy uzakda bir ýerdäki hüwiniň sesinden başga hiç zat pozmaýardy.

Tomuň kellesine iň bir tutuk pikirler gelip ugrady. Olary gürrüň bilen kowma gerekdi, şonuň üçin ol:

— Gek, sen nähili pikir edýärsiň, biziň bu ýere gelenimizi ölüler gaty göräýmezler-dä hernä? — diýip pyşyrdady.

— Men nireden bileýin. Öz-ä gorkunç, dogry dälmi?

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

— Ýogsam, gorkunç bolmazmy!

Dymyşlyk esli wagta çekdi, sebäbi, oglanlaryň ikiside oýa çümdüler. Ahyrsoňy Tom:

— Gulak goý, Gek, sen nähili pikir edýärsiň, biziň gürrüňimizi garry çal eşidýärmikä? — diýip pyşyrdady.

— Elbetde, eşidýändir. Ýagny onuň jany eşidýändir.

Tom birneme dymyp oturandan soň:

— Men, gowusy, "mister Wilýams" diýmeli ekenim. Sebäbi, men onuň göwnüne degmek islämokdym ahyryn. Onuň adyny hemmeler "Garry çal" diýip tutýardylar — diýdi.

— Eger sen bu ölüler barada gürrüň etjek bolsaň, seresabrak bol, Tom.

Mundan soň Tomuň gepläsi gelmedi, olaryň ikiside ýene dymyşdylar. Birden Tom Gekiň egninden ýapyşyp:

— Üş-ş! — diýdi.

— Näme boldy, Tom?

Olar ýene gymyldaman-zat etmän bir-birine gysmyljyrap durdular.

— Üş-ş. Ynha, ýene-de! Näme sen eşitmeýärmiň?

— Men…

— Ine! Indi eşidýärmiň?

— Jenap Tom, bu — olar! Olardygy görnüp dur. Indi näme etmeli?

— Bilemok. Olar bizi göräýerler öýdýärmiň?

— Waý, Tom, olar garaňkylykda edil pişikleriň görşi ýaly görýärler… Iň gowusy biz bu ýere gelmeli däl ekenik.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

— Aý, gorkup oturmasana. Meniň pikirimçe, olar bize zat diýmezler. Biziň olara eden zadymyz ýok. Eger ýuwaşja otursak, olar, belki, bizi görmeseler-de görmezdiler.

— Gorkmajak bolaýyn, Tom, emma bilýärmiň, ýöne galpyldap durun.

— Gulak goý!

Oglanlar demlerini çalajadan alyp diňşirgendiler. Gonamçylygyň gutaran ýerinden olara güňleç sesler şol geldi-durdy.

— Seret! Hol ýere! — diýip, Tom pyşyrdady. — Näme şol zat?

— Bu, dowzah ody! Waý, gorkýan, Tom!

Nähilidir bir gara göwreler köne demir çyralaryny hallanladyp bulara ýakynlaşyp gelýärdi, çyranyň ýagtysyndan ýeriň ýüzüne künji ýaly-künji ýaly sansyz tegmiljikler düşýärdi. Gek durşuna galpyldap:

— Bular jyn-arwahlardyr, indi belli-le. Üç dagy bar! Ine, Tom, bagtymyz ýatdy. Sen doga okap bilýärmiň?

— Synanyp göreýin. Ýöne sen gorkma, olar bize degmezler. “Parahat we ünjüsiz uky, sen bize…”

— Üş-ş!

— Näme boldy, Gek?

— Olar adam ýaly-la! Iň bolmanda biri-hä adam. Onuň sesi Mef Potteriň sesi.

— Goýsana, walla!

— Men bilýärin ahyryn. Ýöne gymyldaýma! Onuň bizi görjek gümany ýok: garry pýankeş hemişekileri ýaly birneme gören bora çemeli.

— Ýeri bolýar-da, men ýuwaşja oturaýyn… Näme üçindir eglendiler. Hiç tapanoklar. Ynha, ýene-de gelýärler. Ynha, indi gyzgyn. Sowuk. Ýene-de gyzgyn.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana
Wah, ýanarlar-ow. Indi dogry. Gulak goý, Gek, men beýleki sesem tanadym; ol hindi Jo.

— Dogry, edil onuň özi. Munuň ýanynda iblis hem hiçdir. Olar näme işleýärlerkä?

Pyşyrdy galdy, sebäbi, üç sany erkek adam mazaryň ýanyna gelip, oglanlaryň gizlenen ýerinden birnäçe ädimlik aralykda durdular.

— Ynha, şu ýerde — diýip, üçünjisi seslendi.

Ol adam çyrasyny ýokary galdyrdy, onuň ýagtysyna oglanlar ýaş doktor Robinsony tanadylar.

Potter bilen hindi Jo ýüpli we pilli galtagy alyp geldiler. Olar ýükleri ýere düşürdiler-de, mazary açyp başladylar.

Doktor çyrany gabryň başujunda goýdy, üç sany wýaz agajynyň ýanyna gelip arkasyny agaja berip ýerde oturdy. Ol oglanlara şeýle bir ýakyn oturdy, hatda barmagyny uzatsaň-da oňa ýetjekdi.

— Howlugaweriň — diýip doktor ýuwaşja seslendi. Ynha, hä diýmän aý hem dogjak.

Mef Potter bilen hindi Jo muňa jogap hökmünde bir zatlar-bir zatlar hüňürdäp, gazmalaryny dowam etdirdiler. Esli wagtlap gum we çäge zyňýan pilleriň sesinden başga hiç zat eşidilmedi. Çykýan ses bir meňzeşjedi. Ahyrsoňy pil güňleç hütläp tabydyň gapagyna degdi; ýene-de bir ýa iki minutdan Potter hindi Jo bilen iki bolup tabydy gabyrdan çykardylar. Olar pil bilen tabydyň gapagyny gopardylar, meýdi çykardylar we palçyldadyp ýere okladylar.

Bulutlaryň arasyndan aý çykyp, öliniň as ýaly ýüzüni ýagtyldýardy. Galtak taýýar durdy, jesedi oňa togalap saldylar, üstüne ýorgan atdylar we ýüp bilen berk saradylar. Potter jübüsinden ullakan çakgy çykardy-da, ýüpüň artyp duran ýerini kesip aýyrdy we:

— Ine, ählisi taýýar, jenap Ganhor. Näme diýseňizläň: hany, ýene-de bir bäşlijek goýuň, ýogsa biz maslygy şu ýerde taşlap gidýäs — diýdi.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

— Ynha, munyň bolýar, bular bilen şeýleräk gepleşmeli — diýip, hindi Jo seslendi.

— Gulak goýuň, bu näme etdigiňiz bolýar? Öňünden töle diýdiňiz, öňünden töledim — diýip, doktor aýtdy.

— Hawa, ýöne welin siziň entek bergijigiňiz bar — diýip, hindi Jo garysyna galan doktoryň üstüne sürnüp aýtdy.

— Bäş ýyl mundan ozal, iýer ýaly bir zat beriň diýemde siz meni kakaňyzyň kuhnýasyndan kowupdyňyz we maňa oňlulyga gelen dälsiň diýipdiňiz; ýüz ýyldan soňam bolsa ýerine salaryn diýip ýalbarsam-da, siziň kakaňyz meni ykmanda hökmünde türmä salypdy. Siz ýatdan çykarandyr öýdýäňizmi? Ýok! Men beýle adam däl! Ynha, siz ele hem düşdüňiz, indi elden sypmarsyňyz. Düşdüňiz gerek?

Ol doktora ýumrugyny çenedi. Doktor birden elini galdyrdy we hindi ýere togalanyp gitdi. Potter çakgysyny çykaryp:

— Eý, meniň dostuma azar bermäň — diýip gygyrdy. Şol pursatyň özünde olar otlary basgylaşdyryp, ökjeleri bilen gum syçradyşyp doktor bilen gyzyl ýumruga girdiler. Jo böküp ýerinden turdy, gahardan ýaňa onuň gözi uçganaklap durdy, ol Mef Potteriň pyçagyny aldy-da, eglip, pişik ýaly bukdaklap, amatly pursat aňtap, uruşýanlaryň töwereginde aýlandy. Birden ýaş doktor Potteriň elinden sypyp, Wilýamsyň mazarynyň üstündäki agyr tagtany aldy we Potteri urup ýykdy. Pursatdan peýdalanyp, Jo pyçagy edil sapyna barynça doktoryň döşünden sümdürdi. Doktor eňtirekläp Potteriň üstüne ýykyldy, üstüni gara gan etdi. Şol pursatyň özünde bulutlar aýyň ýüzüni örtüp, aýylganç görnüşi ýol-ýodany seljermän gaçyp barýan bezigen çagalardan gizledi.

Aý täzeden görnende Jo serlip ýatan iki göwrä syn edip durdy. Doktor düşnüksiz bir zatlary sarnady, iki gezek demini aldy we sem boldy.

Jo:

— Ine, munuň bilen-ä algy-bergi üzülişildi — diýip hüňürdedi.

Ol öldürileniň ýanyndaky zatlary alyşdyrdy. Soňra pyçagy Potteriň açylyp duran sag eline tutdurdy we ýarylan tabydyň üstüne baryp oturdy.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

Üç, dört, bäş… minut geçdi. Potter gymyljyrady-da, hyklap başlady. Onuň eli pyçagy berk tutdy; Potter ony gözüniň ýanyna eltdi we allaniçiksi tisginip, ýene-de elinden gaçyrdy. Ol oturdy, meýdi öz öňünden depip goýberdi, oňa seretdi, soňra hiç zada düşünmän töweregine garanjaklady we nazary Jonuň nazary bilen tapyşdy.

— Eý, taňrym-eý, bu neneňsi boldy? — diýip, ol sorady.

— Gowy bolmady — diýip, Jo ýerinden gozganman aýtdy. — Sen muny näme üçin beýtdiň?

— Menmi? Ýok, muny men edemok!

— Be, şeý diýsene! Bu gürrüňleriňden indi saňa peýda ýok.

Potter sandyrap, as ýaly agardy.

— Men açylaryn öýtdüm-dä. Bu gün näme üçin içdim diýsene! Häzirem kelläm ýerine gelenok, gaýtam bu ýere gelenimizdäkiden hem erbet. Hany aýt, Jo, hudaýlygyňy, sözle, garry, dogrudanam muny men etdimmi? Kelläm sämäp, hiç zat ýadyma düşenok. Jo, men beýtmek islämokdym, gara çynym, beýtmek islämokdym. Jo. Aýt, bu nähile beýle boldy, Jo? Wah, nähili betbagtlyk, şeýle juwan, şeýle ukyply ýigitdi.

— Siz onuň bilen uruşdyňyz, ol seni tagta bilen urdy, sen ýere ýazylyp gitdiň, soňra böküp ýeriňden galyp, özüňem zordan aýak üstünde durýarsyň, pyçagy aldyň-da, onuň tagtany ikinji gezek aýlan mahaly pyçagyňy sümdürdiň. Şonda ikiňiz hem ýykyldyňyz we şondan bäri ölen ýaly bolup ýatdyňyz.

— Wah, näme edip, näme goýýanymy özüm hem bilmändirin-dä. Beýle bolsa meniň ýaşap oturasyda işim ýok. Munuň ählisi arakdan, onsoňam nerwdenemmikä diýýän. Men pyçagy nähili tutmalydygyny hem bilemok, ömrümde duş gelen zadym däl. Muny saňa her kim hem aýdar. Jo, hiç kime aýtmagyn! Aýtmajakdygyňa wada et, sen oňat ýigit ahyryn, Jo. Men seni hemişe gowy görýärdim, hemişe arkaňy tutýardym, ýadyňdamy? Neneň ýadyňa düşenok? Sen aýtmarsyň-la, aýtmarsyň-la, Jo? — diýip, biçäre elini ýalbaryjy görnüşde serip, äwmezek ganhoryň aýagyna ýykyldy.

— Hawa, Mef Potter, sen meniň bilen iş salşaňda hemişe ak ýürekdiň, menem şony ýerine salaryn. Men muny wada edip bilerin, mundan beter näme?

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

— Jo, sen tüýs perişde. Näçe ýaşasam, hemişe saňa alkyş okaryn — diýip, Potter aglamaga durdy.

— Ýeri bolýar, besdir. Häzir hykgy-çokgy etmäniň wagty däl. Sen o tarapa git, men hem bu tarapa gideýin. Hany, bol ahyryn, onsoň hem yzyňda tutalga goýma.

Potter ilkibada gaty-gaty ýöräp gitdi, soňra bolsa ylgamaga durdy. Jo esli salym durup, onuň yzyndan seretdi. Soňra:

— Eger urulmadan onuň gulagy şeýle gapylan bolsa, eger ol heniz hem şeýle pýan bolsa, pyçak dagy onuň ýadyna-da düşmez, düşäýende-de ony almaga gonamçylyga ýeke özi gelip bilmez, onuň ýüregi edil towşanyň ýüregi ýalydyr — diýip hümürdedi.

Iki ýa üç minut çemeleri geçensoň, öldürilen doktora, ýorgandaky maslyga, gapaksyz tabyda, açylan gabra aýdan başga hiç kim syn etmedi. Ýene-de ümsümlik aralaşdy.

## X bap

### GAÇMAKLYK

Oglanlaryň ikiside gorkularyndan haşlaşyp, aýak aldyklaryna şähere eňdiler. Wagtal-wagtal edil kowgudan gorkýan ýaly, olar eginleriniň üsti aşyry töwereklerine garanjaklaşdylar. Garaňkyň içinde öňlerinden çykýan her bir töňňäni olar adam diýip, duşman diýip hasap etdiler we gorkudan ýaňa doňan ýaly bolup durdular, şäheriň golaýyndaky selçeň oturan tamjagazlaryň gapdalyndan ylgap gelýärkäler, garawulçylyk çekýän itleriň batly sesleri olaryň aýaklaryna ganat biten ýaly etdi.

— Köne gön zawodyna ýetäýsekdik — diýip, Tom seslendi, her sözi aýdanda ol üzlem-saplam dem aldy. — Men mundan artyk çydamok!

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

Jogap ýerine Geklberri diňe gaty haşlady we oglanlaryň ikiside ähli güýçlerini toplap, arzyly ýerden gözlerini aýyrman, şoňa tarap ylgaşyp gitdiler. Ol ýer gitdikçe ýakynlaşýardy we ahyrsoňy olar egin-egne berip, açyk gapa kürsäp urdular we begenişip, haşlaşyp, halas ediji kölegä ýykyldylar. Dura-bara olar demlerini dürsediler, ýürekleri kadaly urup başlady we Tom:

— Geklberri, seniň pikiriňçe, munuň yzy näme bilen gutararka? — diýip pyşyrdady.

— Eger doktor Robinson öläýse, onda dar agajy bilen gutarar.

— Sen şeýle bor öýdýärmiň?

— Bu ýerde pikir edip oturasy iş ýok. Bilýän-dä.

Tom dymdy we ýene-de sorady:

— Kim şugullar, ikimizmi?

— Näme, dälirediňmi? Bolup biljek zat azmy näme… Birden hindi Jony asman duruberseler? Ol bizi öldürer, häzir öldürmese-de, soň öldürer, edil däliden dogry habar.

— Meniň özümem şeýle pikir etdim.

— Eger şugullamaly bolsa, goý, iň gowusy, Mef Potter şugullasyn, özem diri samsyk. Üstesine-de pýankeşem, pýankeşe näme dünýäni sil alsa topugyndan.

Tom hiç jogap bermedi — ol içini gepledýärdi. Soňra:

— Gek, Mef Potter hiç zatdan habarsyz. Ol nädip şugullarka? — diýip hümürdedi. — Näme üçin onuň hiç zatdan habary ýokmuş?

— Sebäbi, Jo pyçak aýlanda, ol ölen ýaly bolup ýykyldy. Ol zat görendir diýip, heý, pikir edýärmiň? Onuň bu zatlardan habary bardyr öýdýärmiň?

— Hudaý ursun, Tom, şu andýanyň-a dogry!

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana
— Bilýärmiň, ýene näme bar? Tagta bilen urlansoň, belki ol hem aýagyny uzadyp ýatandyr?
— Ýok, munyň gumana, Tom. Ol içgilidi — bildirip durdy. Onuň aslynda içgisiz wagty ýok. Meniň kakamy mysal alaly: keýpini köklän wagty ony jaň bilen ur-da dur, eger-eger zat boljak gümany ýok. Onuň özem şeý diýýär. Mef Potter hem edil şonuň ýaly, düşnükli zat-la. Eger ol içgisiz bolan bolsady, onda şeýle urgudan soň, aýagyny uzatsa-da uzadardy, ýöne entek onda-da belli däl.

Täzeden oýlanandan soň Tom:

— Gek, sen agzyňdan sypdyraýmarsyň-a? — diýdi.

— Tom, bilşiň ýaly, biz hiç agzymyzdan sypdyryp bilmeris. Eger ol melguny asmasalar, bizi pişik çagasy ýaly edip suwa gark edäýmegi mümkin. Sypdyrjak bolup synanyp gör-dä. Başga ýol ýok.

— Nätjek-dä, men razy. Gel, gowusy, eli-ele berip kasam edeli…

— Ýok, beýtmek bolmaz. Bu bir biderejik zatlar üçin, aýratyn hem gyzlar bilen iş salşaňda gowy. Olar hemişe gybat edýärler, eger çemine gelse, ähli eşidenlerini aýdýarlar, bu ýerde bolsa iş möhümräk, diýmek, ýazmak gerek. Özünem hökman gan bilen ýazmak gerek.

Bu pikiri Tom tüýs ýürekden gutlady. Syrly, düşnüksiz we aýylganç boljak; gije çagty, bu waka töweregiňi gurşap alan ýagdaý —ýöne bir-birine sepleşip barýar. Ol sosna agajynyň aýyň ýagtysyna ýaldyrap ýatan ýonuşgajygyny alyp, kisesinden hem bir bölek mämişi mata çykardy, edip oturan işine ýagty düşer ýaly edip ornaşdy we ýogyn çyzyklaryny çekende dilini dişläp, inçe çyzyklaryny çekende dilini çykaryp şu sözleri zordan çyrşaşdyrdy: Gek Fin bilen Tom

Soýer bu barada agyzlaryny

açmajakdyklaryna

kasam edýärler eger biz
kimdir birine aýdaýsak ýa

iň bolmanda ýekeje söz

ýazaýsak, goý, biz duran

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

ýerimizde öläýeli.

Tomuň bulary şeýle aňsat ýazyşyna, onuň diline Gek tüýs ýürekden haýran galdy. Ol haýal etmän penjeginiň ýakasyndaky iňňebagjygy alyp, barmagyny sançjak bolanda Tom:

— Dur, gerek däl. Iňňebagjygyň misden ýaly-la. Belki ol zäherli ýarmedýankadyr — diýdi.

— Ol nähili ýar-medýanka?

— Zäherli-dä, nähili bolar öýdýärsiň? Ýekeje damjajygyny sorup gör, onsoň bilersiň.

Tom iňňeleriniň biriniň sapagyny aýyrdy we oglanlar başam barmaklaryna sanjyp, hersi sykyp bir damjadan gan çykardylar. Esli wagtlap barmagynyň ganyny zor bilen sykyp jan edenden soň, Tom mekirlik edip, külbikejigini pero ýaly edip, öz adynyň ilkinji harplaryny ýazdy. Soňra ol Geklberrä G. bilen F-iň nähili ýazylyşyny görkezdi we iş tamamlandy. Olar ähli syrly yrymlar edip, dogalar okap, sosna agajynyň ýonuşgasyny edil diwaryň düýbünde gömdüler, şundan soň olary dilleri baglanan, kiltleri gulplanan, açary bolsa daşa bir ýere zyňlan hasap etmelidi.

Şol wagt bir göwre ýykylyp-ýumrulan jaýyň beýleki tarapyndan deşige sümüp gitdi, emma oglanlar muny görmediler.

— Tom, bu biziň agzymyzy ýarman gezmegimize hemişe kömek edermikä? — diýip, Geklberri pyşyrdady.

— Elbetde, kömek eder. Bary bir näme bolsa-da, sesiňi çykarmaly däl. Ýogsam bolmasa biz şol ýeriň özünde öleris, şuňa-da akylyň ýetenokmy?

— Hawa, men hem şeýle pikir edýärin.

Tom onuň gulagyna esli salymlap nämedir bir zatlary çawuş çakdy. Birden edil gapdallaryndan, on ädimlik ýanlaryndan bir it süýkdürip we gaharjaň uwlap goýberdi. Oglanlar gorkuşyp bir-birine gysmyljyradylar.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

— Bu kime uwlaýarka? — diýip, Gek zordan demini alyp aýtdy.

— Bilemok, yşdan jyklap gör! Basymrak!

— Ýok, iň gowusy, sen jykla, Tom!

— Başaramok, hiç başaramok, Gek.

— Jyklaýsana-aýt. Ýene uwlaýar.

— Ine, hudaýa şükür — diýip, Tom pyşyrdady. — Men onuň sesinden tanadym: ol Harbisonyň iti eken.

— Gowy bolaýdy! Ýogsam, bilýärmiň, Tom, ol guduzlan it bolaýsa diýip, men öler ýaly gorkdum.

It ýene-de uwlady. Oglanlar ýene-de galpylda düşüp başladylar.

— Waý, bu däl. Seret, Tom — diýip, Geklberri pyşyrdady.

Gorkudan ýaňa durşy bilen sandyrap, Tom, bu gezek eglişik etdi, gözüni yşa tutdy we çala pyşyrdap:

— Waý, Gek, bu ygyp ýören it-le! —diýdi.

— Çaltrak, Tom, çaltrak! Bu kime üýrýärkä?

— Biziň ikimize bora çemeli. Sebäbi, biz edil onuň ýanjagazynda ahyryn.

— Işimiz pyrryk diýsene, Tom, pal atyp oturasy iş ýok, nirä düşjegim görnüp dur. Günämem diýseň köp.

— Içigar galmyş! Ine, mekdepden gaçgaklap, etme diýlen zady etseň. Eger jan eden bolsam, men özümi Sidçe alyp baryp bilerdim, ýöne islemedim-dä. Ýöne şu gezek sypaýsam bolýar, ýekşenbe mekdebinden çykman oturaryn — diýip, Tom ýuwaşja horkuldap başlady.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

— Sen özümi erbet alyp bardym diýýärsiň! — diýip, Geklberri hem ýuwaşja horkuldady. — Sen dagy, Tom Soýer, meniň ýanymda duran bir akguş. Eý, taňrym, menem, iň bolmanda, seniň ýaryň ýaly bir oňat bolsamdym.

Tom birden burnuny çekmesini goýup:

— Seret, Gek! Ol bize ýeňsesini öwrüp otyr — diýip pyşyrdady.
Gek seredip begendi:

— Şeýle-dä, hudaý ursun, ýeňsesini öwrüp otyr! A öň nädip otyrdy?

— Öň hem şeýdip otyrdy. Men samsygyň bolsa kellesine-de gelenok. Ýaşa, munuň beýle jüpüne düşäýşini, düşünýärmiň! Ýöne welin bu kime üýrýärkä janym?

— Uwwuldy ýatdy. Tom gulagyny üşertdi.

— Üş-ş! Bu näme? — diýip, ol çawuş çakdy.

— Göwnüme bolmasa… doňuz horkuldaýan ýaly. Ýok, Tom, bu kimem bolsa biriniň horkuldysy.

— Hawa-da, horkuldaýar. Ýöne ol nirede, Gek?

— Meniň pikirimçe, hotaýda, gutaran ýerinde. Iň bolmanda şol ýerde bar ýaly bolup dur. Kakam käte o ýerde doňuzlary-zatlary bilen ýatyp gaýdardy. Ýöne alla garaşyk etsin. Onuň horruldysy tamy dagy göçürjek. Ýogsa-da ol gaýdyp biziň şähere gelmez diýip pikir edýärin.

Gören-eşidenleri oglanlaryň ikisini-de täzeden gozgalaňa saldy.

— Gek, gorkmaýan bolsaň, ýör ser salaly.

— Näme üçindir gidesim gelenok, Tom. Belki, bu birden hindi Jo bolaýsa?

Tom gorkaklyk etdi. Emma basym bilesigelijilik üstün çykdy we oglanlar her niçikde bolsa hor çekme galdygy yzymyza garaman gaçarys diýip, baryp görmegi ýüreklerine düwdüler. Şeýdip olar: Tom öňden, Gek bolsa yzdan daraklygyna basyp ýöräp ugradylar. Bäş ädim töwerekleri galypdy, birden Tom bir taýagyň üstünden basdy, ol hem şatyrdap döwüldi. Uklap ýatan adam iňňildeýärdi, eýlesine-beýlesine agdarynýardy we aýyň şöhlesi ýüzüne düşüp durdy. Bu Mef

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana
Potterdi. Ol gozganjyranda oglanlaryň zähresi ýaryldy we olar bar umytlaryny üzdüler, emma şol wagt olaryň gorkulary göz açyp-ýumasy salymda zym uçan ýaly boldy. Olar daraklygyna basyp gädik-gädik aýlawyň aňyrsyna çykdylar we uzak gitmän aýak çekdiler, hoşlaşykdan öň bir-iki agyz gürleşmek islediler. Şol wagt ýene-de uzyn, zaryn uwwuldy çykdy. Olar ýalta yzlaryna öwrüldiler we Mef Potteriň ýatan ýerinden birnäçe ädimlikde bir gaýyňyň burnuny göge tutup uwlap oturanyny gördüler.

— Aý, taňrym-eý! Bu oňa üýrýän eken — diýip, oglanlaryň ikiside birden seslendiler.

— Gulak goý, Tom, ykmanda it iki hepde mundan owal, ýarym gijeler Jonni Milleriň öýleriniň ýanynda uwlapdyr, şol gijäniň özünde-de geçiguş eýwanyň aýlamçasyna gonup saýrapdyr diýýärler, ýöne welin häzire çenli-hä olardan ölýän ýok.

— Wah, men bilýän-le. Ölmände näme! A Gresi Milleriň şol şenbe güni kuhnýadaky ojaga ýykylyp, erbet çürşendigi ýadyňda barmy?

— Her näme diýseňem ölmedile. Onuň işi gaýdan-la, öňi-soňy basym öler, Mef Potter hem öler. Negrler şeý diýýärler, olar bolsa bular ýaly işden oňat baş çykarýarlar, Gek.

Şondan soň olar içlerini gepledişip aýrylyşdylar. Tom ýatylýan otagyň äpişgesinden girende gije eýýäm aýaklap barýardy. Ol, mümkin boldugyça, usullyk bilen çykaryndy we aýlanyp gelenini hiç kimiň bilmeýänligi bilen öz-özüni gutlap, uka batdy.

Ýuwaşja hor çekip ýatan Sidiň ýarym sagat bäri oýa ýatanlygyny ol güman hem etmedi.

Tom oýananda, Sid eýýäm geýnip çykyp gitdi. Günüň otagy ýagtylandyrmasyndan wagtyň häzir ir däldigi görnüp durdy; bu howadan hem bildirýärdi. Tom geň galdy. Näme üçin ony hemişekileri ýaly oýatmadylarka we iňirdemedilerkä? Bu pikir onda diýseň erbet müňkürlik döretdi. Bäş minut geçipgeçmänkä, ol, geýnip çykdy, onuň endamjany owranyp durdy, ukusyny almandy. Ähli maşgala stoluň başynda otyrdy, emma ertirlik edinmeklerini gutaran eken. Hiç kim oňa gyjyt berip durmady, emma hemmeler oňa seredenlerinden seretmänlerini kem görmeýärdiler. Stoluň başynda dymyşlyk höküm sürýärdi, nähilidir bir kine duýulýardy, beýle kineden günäkäriň ini jümşüldäp gitdi. Ol

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana
şadyýan bolan kişi bolup, öz ýerine geçip oturdy; emma bu dagdan daş çekenden ýeňil däldi: hiç kim hä bermeýärdi, ýylgyrmaýardy, onuň özüniň hem dili damagyna giden ýaly boldy, galpylda düşdi.

Ertirlik edinenden soň, ony daýzasy ýanyna çagyrdy, Tom bolsa diňe saýgylar goýberer diýip begendi, emma beterden-beteri çykdy. Daýzasy onuň ýanynda durup aglady, garry ýüregi beýle-de horlamak bolarmy diýip sorady; ahyrsoňy hem ol mundan beýläk-de bileniňden galma, goý, özüňi heläkleseň heläkläber, garry daýzaňy hem şeýdip göre dyk — diýdi. Indi sen maňa başartjak däl, azara galyp oturasyda iş ýok — diýdi. Munuň özi her hili saýgylanmakdan hem beter boldy, Tomuň ýüregi teninden beter awady. Ol aglady, ötünç sorady, düzelerin diýip ýüz gezek dagy wada etdi we ahyry ol günäňi doly geçemzok, ynanmasyna-da saňa doly ynanamzok diýlip goýberildi.

Ol Polli daýzanyň ýanyndan özüni şeýle bir sus duýup gaýtdy, hatda Sidden aryny hem alasy gelmedi; Sidiň yzky gapydap howlukmaç gaçyp gitmekligem düýbünden artykmaç bolup çykdy. Tom mekdebe sus we tutuk keýpli barýardy, öňinçäsi sapakdan gaçany üçin-de Jo Garper ikisine temmi berlipdi. Ol urgulary agyr hesrete batan, ýöne-möne zatlara baş galdyrmaýan adamyň mert durşy ýaly, mert durup çekdi. Şundan soň öz ýerine tarap ugrady, tirsegini parta berip, eňegini eliniň aýasyna goýup oturdy we çeken jebri-jepalary asyr çägine ýeten, mundan artyk çydam edip bilmejek jepakeşiň seredişi ýaly, tutuk halda diwara seretdi. Ol tirseginiň aşagynda bir gaty zadyň barlygyny duýdy. Uludan demini alyp, ýagdaýy ýuwaşlyk bilen üýtgedýänçä we şol gaty zady eline alynça birnemeräk wagt geçdi. Gaty zat kagyza dolangy eken. Tom kagyzyň arasyny açdy. Yzy bilen süýkdürip, uludan demini — aldy onuň ýüregi pagyş-para boldy. Bu şol mis ýumrusydy.

Soňky tüýkülik sakgal ezmez diýipdirler.

## XI b a p

### HALK SUDY

Günortanlar bütin şäheri oslagsyz bir täzelik tolgundyrdy. Şol wagtlar arzuw hem edilmeýän telegraf-da zerur bolmady: habar bütin şähere ýaýrady, agyzdan-agza, bir topardan başga bir topara, jaýdan-jaýa geçdi. Elbetde, mugallym hem

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana
sapaklaryň ýary geçmänkä okuwçylara jogap berdi; eger şeýtmedik bolsa, ähli adamlar muňa geň galardylar.

Öldürileniň ýanyndan gana boýalan pyçak tapylypdyr. Aýtmaklaryna görä, kimdir biri hem onuň Mef Potteriň ýanyna göterýän pyçagydygyny tanapdyr. Mef Potteriň gije sagat ikilerde çeşmeden ýuwnup duranlygyny gijä galan şäherlileriň görenleri bar diýýärler. Muny duýup, Mef derrew ökjäni göteripmiş. Bu aýratynam Potteriň hiç wagt etmeýän zady — ýuwunmasy şübheli görnüpdir. Bütin şäheri gözläp, ganhory tapmandyrlar diýip gurrüň edýärler (obywateller kän delilleriň yzyna düşmegi gowy görmeýärler we şo bada höküm çykarýarlar). Atly poliseýler çar tarapa gönderilipdir, ganhoryň garaňky düşmänkä tutuljagyna şerif ynanýarmyş.

Bütin şäher gonamçylyga barýardy. Tom hem öz hesretini unudyp, ýörişe goşuldy; ol muny gonamçylyga gidesi gelýänligi üçin däl-de — başga bir ýere gidenini ol müň esse gowy görerdi — eýsem özüni nämedir bir zadyň şol ýere güýçli we aňşyrawsyz çekip duranlygy üçin etdi. Gorkuly ýere ýeteninde ol märekäniň arasyndan sümlüp geçip, gaýgyly bir zada gözi düşdi. Onuň göwnüne bolmasa, bu ýere gelip-gidenine ýüz ýyl geçen ýalydy. Kimdir biri onuň elinden çümmükledi. Ol yzyna seretdi we Geklberrä gözi düşdi. Olaryň ikiside birden seredişenlerini biri göräýmesin diýip, bir-birlerinden ýüzlerini sowdular. Emma aýylganç suratdan gözlerini aýyrman, hemmeler gürrüň edişip durdular.

— Biçäre! Biçäre ýigit! Indiden beýläk mazar talaýanlara sapak bolar. Tutaýsalar Mef Potteri asarlar.

Ynha märeke şeý diýýärdi; pastor bolsa:

— Bu hudaýyň işidir, onuň gaharly jezasydyr — diýýärdi.

Birden Tom kellesinden tä aýagyna çenli titräp gitdi: onuň gözi hindi Jonuň äwmezek ýüzüne düşdi. Şol wagt märeke gozgalaňa düşdi, iteleşik başlandy we:

— Bu — ol! Bu — ol! Onuň özem gelýär — diýen sesler ýaňlandy.

— Kim? Kim? — diýip, ýigrimi ses dagy birden sorady.

— Mef Potter.

— Eý, ol durdyla! Serediň, ol yzyna öwrülýär. Ony sypdyraýmaň.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

Tomuň ýokarsynda, agajyň üstünde oturan tomaşaçylar onuň gaçmaga meýil etmeýänligini, onuň diňe özüni ýitirip, gyzarandygyny habar berdiler.

— Çensiz bihaýalyk! — diýip, gapdalda duranlaryň biri seslendi. — Eden işini synlasy gelýändir. Bu taýda halk bardyr öýdüp pikir hem edýän däldir!

Märeke birneme çekildi, onuň arasy bilen şerif Potteriň elinden tutup dabaraly suratda alyp geçdi. Pahyryň duluklary içi-içine gidipdir, gorkudan ýaňa özüni ýitirenligi gözünden görnüp durdy. Ony getirip, öliniň öňünde durzanlarynda ol ysmaz daran adam ýaly galpyldap, elini ýüzüne tutdy we möňňürip başlady.

— Bu işi men edemok, dostlar — diýip, ol agynyň arasynda aýtdy. — Çynym bilen aýdýaryn, edemok.

— Sen edipsiň diýýän barmy? — diýip, kimdir biri gygyrdy. Ok, görnüşi ýaly, tüýs nyşana degdi. Potter elini ýüzünden aýryp, umytsyz garaýyş bilen töweregine garanjaklady. Hindi Jony görüp:

— Ah, Jo, sen wada edipdiň ahyryn…

— Bu siziň pyçagyňyzmy? — diýip, şerif pyçagy onuň öňünde goýdy.

Eger tutup, ýere ýuwaşja goýbermedik bolsalar, Potter gürpüldäp gaýdýardy.

Soňra ol:

— Nämedir bir zat maňa eger gaýdyp baryp tapmasaň… — Ol sandyraýardy; soňra ýeňlenini boýun alýan ýaly, ýuwaşja elini salgady we: — Jo, aýt, aýt bulara, indi dymanyňdan näme peýda — diýdi.

Şol wagt Gek bilen Tom gorkularyndan ýaňa saň-gaty bolup, gözlerini mölerdip, kezzabyň ähli gören zatlary bara-da äwmän gürrüň berýänligini eşitdiler. Olar onuň üstüne hä diýmän gök gübürdäp, asmandan ýyldyrym iner diýip garaşýardylar we

şunça köp wagtlap gök gübürdisiniň-de, ýyldyrymyň-da gelmeýänligine geň galdylar.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

Jo gürrüňini kesende we öňküsi ýaly diri we şikessiz galanda kasamy bozup, hindi Jonuň töhmet atýan biçäresini boşatmak barada eden gorka islegleri hem gaçyp zym-zyýat boldy: bu näkesiň jyn-arwahlara satylandygy olara aýan boldy, bu nejis güýjüň işine goşulyşmak hem öz-özüňi gutarnykly heläk etmeklikdi.

— Sen näme üçin gaçmadyň? Näme üçin bu ýere geldiň? — diýip, biri sorady.

— Başarmadym… Hiç başarmadym — diýip, Potter möňňürdi. — Men gaçjak hem boldum, ýöne bu ýere aýaklarymyň özi getiräýdi. — Ol ýene-de möňňürdi.

Birnäçe minutdan soň, Jo soragda-da öňküsi ýaly kasam edip, görkezenlerini äwmän aýtdy; oglanlar bolsa gök gübürdisiniň-de, ýyldyrymyň-da heniz hem ýoklugyny görüp, onuň alarwahlaryň sözüne gidenligine ykjam göz ýetirdiler. Indi olar üçin Jo dünýäde iň gorkunç we gyzykly adam boldy, olaryň ikiside ondan jadylanan gözlerini aýryp bilmediler.

Onuň aýylganç göwresine iň bolmanda ýekeje ýola syn etmekligi umyt edip, olar gijelerine çemesine getirip, yzyna düşmekligi karar etdiler.

Jo öldürileniň meýdini göterip, araba salmaga kömek etdi; märekäniň arasynda gorkularyndan sandyraşyp, pyşyrdaşyp, ýaradan gan gelýän ýaly-la diýşip gürrüň etdiler.

Oglanlar bu bagtly ýagdaý şübhäni dogry ýola ugrukdyrar diýip pikir edipdiler, şonuň üçin şäherlileriň käbiriniň;

— Gan görnende, meýit Mef Potterden üç ädimlik beýlededi — diýmeklerinden laplary keç boldy.

Aýylganç syr, ynsap jebri Tomy şol wakadan soň bir hepdeläp arkaýyn ýatyrmady. Bir gezek ir bilen, ertirlik edinip otyrkalar Sid:

— Tom, düýşüňde şeýle bir basyrganyp samraýarsyň welin, meni gijäň ýarysyna golaý ýatyrmadyň — diýdi.

— Ýaman alamat — diýip, Polli daýza gaharly aýtdy. — Seniň göwnüňdäki näme, Tom?

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

— Hiç zat… üýtgeşik zat däl. Emma onuň eli, şeýle bir sandyraýardy welin, ol kofesini dökän-saçan edip otyrdy.
— Onsoňam, şeýle bir samsyk zatlary aýdýarsyň — diýip, Sid sözledi. — Öten agşam sen: "Bu gan, bu gan, ynha, bu näme!" diýip gygyrdyň. Zol bir zady gaýtaladyň durduň. Soňra bolsa: "Meni horlamaň, men hemmesini aýdyp bereýin" diýdiň. Nämäni aýtjak? Sen näme barada beýle pikir edýäň?

Tomuň göz öňünden ähli zat hatar-hatar bolup geçdi. Munuň näme bilen gutarjakdygy belli däldi, şonda bagtyna Polli daýzanyň ýüzünden aladalylyk alamaty aýryldy we ol özünden bihabar Toma kömege ýetişdi. Ol:

— Elbetde! Bularyň hemmesi elhenç ganhorlykdan. Meniň özümem ony her gije diýen ýaly düýşümde görýärin. Käte ony özüm öldüren ýaly bolup hem düýş görýän.

Özüne-de şeýle täsir edenligini Meri aýtdy. Sid ynjalan ýaly boldy. Tom onuň ýanyndan mümkin boldugyça basym aýrylasy geldi we şondan soň uzynly hepdeläp dişim agyrýar diýip zeýrendi hem-de dişini gijesine daňyp ýatdy. Sidiň gijelerine ýatman yzarlaýanlygyndan, käte sargysyny aýryp, tirsegine galyp ep-esli salym diňşirgeýänliginden, şondan soň sargyny ýene ýerine goýýanlygyndan Tomuň habary ýokdy. Tom birneme ynjaldy, diş agyrysy onuň ýüregine düşdi, ol ony bes etdi. Eger Tomuň üzlem-saplam samramalaryndan düşen zady bolaýsa-da, Sid ony öz ýanynda galdyrdy.

Tomuň göwnüne bolmasa, okuwçy ýoldaşlary öli pişik baradaky sud derňewlerini hiç wagt goýmajak ýaly, özüni horlaýan zady ömür ýadyndan çykartmajak ýaly bolup görünýärdi. Öň ähli täze oýunlarda öz üstüne ýolbaşçynyň roluny almaga endik edinse-de, Tomuň hiç wagt sülçi bolup oýnamaýanlygyna Sidiň gözi ýetdi. Mundan başga-da, ol Tomuň sülçiniň rolundan gaça durýanlygyny hem aňşyrdy, bu bolsa geňdi. Şeýle derňewlere Tomuň ýigrenç bilen garaýanlygy-da, mümkin bolan ýerinde oňa gatnaşmakdan gaça durýanlygy-da Sidiň nazaryndan sypmady. Sid geň galýardy, emma sesini çykarmaýardy. Ahyrsoňy bujagaz derňewler hem modadan çykdy we Tomuň wyždanyny horlamagyny bes etdi.

Bu gowgaly wagtyň bütin dowamynda günde ýa günaşa Tom, amatly wagt tapyp, türmäniň kiçijik gözeneklije penjiresiniň ýanyna gatnaýardy we ondan "ganhora" oduk-buduk uzadýardy. Türme bolup şäheriň çetindäki batgalykda ýerleşen kiçeňräk kerpiç jaý hyzmat edýärdi. Onuň garawuly ýokdy, onsoňam türmäniň dolýan wagty-da seýrek bolýardy. Bu zatlar bolsa Tomuň janyna aram berýärdi.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

Meýdi ogurlany üçin şäherlileriň Jony garaýaga bulaslary, ýelegiň içinde oýkalaslary we galtaga mündürip süresleri gelýärdi; emma ondan şeýle bir gorkýardylar welin, hiç öňüni başlan tapylmady, şeýdip bu pikiri hem goýbolsun etmeli boldy. Jo örän ätiýaçlydy we özüniň iki gezekki beren maglumatlaryny-da uruşdan başlady, uruşdan öňki mazaryň talananlygyny ýatlamady. Onsoň entejik suda çekmezlik dogry bolar diýen netijä geldiler.

## XII b a p

### TOM DERMAN IÇÝÄR

Tom özüniň syrly howsalalaryny unutdy, sebäbi, olary başga, has möhüm alada gysyp çykardy: Bekki Tetçer mekdebe gatnamasyny kesdi. Tom bassyr birnäçe günläp özüniň ulumsylygy bilen göreş alyp bardy, Bekkini unutjak boldy we ahyrsoňy çydamady. Ol agşamlaryna Bekkileriň tamlarynyň töwereginde köw-söw edip başlady, özüni bagtsyz saýdy. Bekki kesselläpdir. Eger birden ol öläýse nätjek! Bu pikir ony oda-köze düşürýärdi. Ol gaýdyp uruş bilen-de, garakçylar bilen-de gyzyklanmady. Onuň göwnüne durmuşyň ähli lezzeti gaçyp, diňe gaýgy-hesret galan ýalydy. Ol gurşawyny taýagy-zady bilen zyňyp goýberdi. Olardan ol indi hiç hili maza tapmaýardy.

Polli daýza howsala düşdi. Ol oňa ähli dermanlary içirip gördi. Ol dürli-dürli dermanlar bilen, saglygy goramagyň dürli-dürli tärleri bilen gyzyklanýan adamlardandy. Bu ugurdan täze bir zat çykaýdygy, garry ol serişdäni derrew synap görermen bolýardy; onsoňam özi üçin däl-de, eýsem golasty adamlaryna içirip görýärdi, sebäbi, ol hiç haçan dümewlemeýärdi.

Suw bilen bejermek şol wagt ýaňy ugrugyp başlapdy we Tomuň ýadaw görnüşi Polli daýza üçin ullakan tapyndydy. Her gün ol ony daň saz beriberende oýarýardy, agaç saraýa eltýärdi we üstüne yzyny üzmän buzly suw eňterýärdi; soňra ony törpi ýaly polotense bilen süpürýärdi; onsoň çygly prostyna dolaýardy we ýorganyň aşagyna salyp, gara dere batyrýardy, Tomuň aýtmagyna görä “jany sary tegmiller ýaly bolup der öýjüklerinden çykyp barýardy”.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

Emma muňa garamazdan oglan horlanýardy, reňki öçýärdi, birjik-de keýpi göterilmeýärdi. Ol indi gyzgyn wanna-da, aýak wannasyny-da, duş-da suw serpinme-de girizdi. Oglan katafalk ýaly suslugyna galdy. Kempir suw bilen bejermeklige süle bulamagyndan bolan berhiz bilen we ýara plastyry bilen kömek edip başlady. Hamala Tom küýze ýaly, onuň içini ölçäp, kempir her gün ony gerkgäbe bolýança bir zatlardan-bir zatlardan doldurýardy.

Bu horluklara Tom indi düýpden perwaýsyz garaýardy. Bu perwaýsyzlyk Polli daýzany gorkuzdy. Ony her edip, hesip edip ýaşar ýaly etmelidi. Edil şol wagtyň özünde, ol ilkinji sapar “agyraýryjy” barada eşitdi. Ol bu dermandan häziriň özünde özüne ep-esli iberilmegini sorap ýazdy. Kempir dermany dadyp görüp, köp hoşal boldy: bu durşy bilen ýanyp duran suwuk otdy. Ol suw bilen bejermäni-de, beýlekileri-de taşlap, ähli umydyny “agyraýryja” baglady. Ol Toma çaý çemçesini berip, netijesine garaşyp, uly howsala düşüp syn edýärdi. Ahyrsoňy kempiriň jany aram tapdy: Tomuň perwaýsyzlygy el bilen aýrylan ýaly boldy. Eger aşagyndan ot bereňde-de ol mundan beter çalasyn galyp biljek däldi.

Tom indi turar wagtyň bolanlygyny duýdy; beýle durmuş, belki, göwnüçökgün adamlar üçin oňaýly bolsa-da bolýandyr, ýöne onda duýgy üçin iýmit ýeterliksizdi we surnukdyryjy dürlülikler çendenaşa köpdi. Ol mundan sypmaklygyň birnäçe planyny düzdi we ahyrsoňy “agyraýryjynyň” özüne örän ýaraýanlygy barada jögülik etdi. Ol dermany şeýle bir ýygy-ýygydan dileýärdi welin, bu daýzasynyň ýüregine-bagryna düşdi we ahyrsoňy ol maňa azar berme-de, dermany özüň alyber diýdi. Eger bu Sid bolan bolsady, onda kempiriň şatlygyny hiç zat bozup bilmezdi, emma bu Tom bolansoň, ol ýuwaşlyk bilen çüýşäni gözastyna alyp ugrady. Görse, derman dogrudan hem azalýan eken, emma Tomuň “agyraýryjy” bilen myhmanhananyň polunyň deşigini suwarýanlygy daýzasynyň kellesine-de gelmeýärdi.

Bir gezek Tom bu deşige bir çemçe derman emlejek bolup durka, otaga daýzasynyň pişigi myrlap girdi we maňa-da dadyr diýýän ýaly çemçä seretdi. Tom oňa:

— Eger içesiň gelmeýän bolsa, Piter, diläp hem oturma — diýdi.

Piter içesiniň gelýänligini duýdurdy.

— Ýalňyşmanjyk seret!

Piter özüniň ýalňyşmaýanlygyna ynanýardy.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

— Näme, diläp dursaň beräýerin. Men gysganç däldirin. Ýöne bilip goý, eger bu saňa ýaramasa, özüňden görersiň, men-dä günä ýokdur.

Piter muňa kaýyldy. Tom onuň agzyny açyp, içine bir çemçe derman guýdy. Piter iki ädimlik beýläk böküp düşdi, çirkin ses etdi we otagyň içinde tozan turuzdy, mebelleriň üstüne bökdi, gülli garşoklary agdaryşdyrdy, alazenzele turuzdy. Soňra ol art aýaklarynyň üstüne galdy we başyny aşak salyp, gykylygy bilen çäksiz şatlyk bildirip otagyň töwereginde şadyýan böküp başlady. Soňra ol jaýyň içi bilen ýazzyny berdi, gidip barýarka bolsa zatlary bulam-bujar edişdirdi, döwüşdirdi. Polli daýza tüýs diýen wagty girdi we Piteriň yzly-yzyna aşyr atyp ýörşüni, “ura” diýip batly ses edişini, abat galan gülli garşoklary süýräp açyk derejäň üstüne böküşini gördi. Polli daýza aňk bolup, äýneginiň üstaşyry Toma seretdi. Tom bolsa gülküden ýaňa içi üzülip, poluň üstünde togalanyp ýatyrdy.

— Tom, Pitere näme boldy?

— Bilmedim, daýza — diýip, oglan çalaja sesleydi.

— Ömrümde beýle zat görmändim. Muňa näme bolduka?

— Dogrusy, bilemok, Polli daýza. Keýpleri kökkä pişikler hemişe şeýdýärler.

— Şeý diýsene? Aý, goýa? — Onuň sesinde Tomy ätiýaçly bolmaga mejbur eden nämedir bir zat bardy.

— Hawa, daýza, ýagny men şeýle pikir edýärin.

— Sen şeýledir öýdýärmiň?

— Hawa, daýza.

— Kempir egildi, Tom bolsa oňa hezil edip syn etdi, gyzyklandygyça ünjüsi artdy. Ol onuň pirimine örän giç düşündi. Içigar galmyş, çemçäniň sapy krowatyň aşagyndan çykyp durdy. Polli daýza ony alyp, Toma görkezdi. Ol gözüni gyrpgyrp etdi-de, nazaryny beýläk sowdy. Polli daýza endik edişi ýaly, onuň gulagyndan tutdy-da, ýüzügi bilen kellesine ykjamja ýelmedi. Ýeri, han, biçäre janawary horlamak saňa nämä gerek boldy?

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

— Meniň oňa nebsim agyrdy: sebäbi, onuň daýzasy ýok ahyryn.

— Daýzasy ýok! Haý, samsyk diýsäni! Bu ýere daýza nireden gelýär?

— Nireden? Eger onuň daýzasy bolan bolsa, daýzasynyň özi hem onuň içaşyny ýakyp çykardy! Ol onuň ähli içegesini çürüşdirerdi, oglan däl-de, pişikdigine-de baş galdyrmazdy.

Polli daýza birden ýüzüniň gyzaryp başlaýanlygyny duýdy. Bu bolsa ähli zada täzeden göz aýlatdyrdy, pişige bolan birehimlik, oglana bolan birehimlik hem bolaýmagy mümkindi. Kempir ýumşap, Toma haýpy gelip ugrady. Onuň gözlerine ýaş doldy, ol elini oglanyň kellesiniň üstünde goýup, mylaýymlyk bilen:

— Men saňa ýagşylyk etjek boldum, Tom. Sebäbi, bu saňa peýdaly ahyryn.
Tom oňa gözlerini galdyryp seretdi, onuň gözlerinde agraslyk bilen birlikde gülki uçgunjygy-da ýylpyldap görünýärdi.

— Maňa ýagşylyk etjek bolanyňyzy men bilýän, Polli daýza, sebäbi, menem Pitere ýagşylyk etjek boldum. Bu oňa-da peýdaly boldy. Onuň beýle çalasyn gopuşyny men ömrümde görmändim.

— Jähennem bol, Tom, ýogsam men ýene gaharlanaryn. Onsoňam ömrüňde, iň bolmanda, ýekeje gezek bir özüňi idiliräk alyp barmaga jan et. Indi sen hiç hili derman içmeseň-de bolar.

Tom mekdebe jaň kakylmanka geldi. Bu geň zadyň soňky wagtlarda her gün diýen ýaly gaýtalanýanlygyny hemmeler gördüler. Häzir hem hemişekisi ýaly, ol ýoldaşlary bilen oýnamagyň deregine, mekdep howlusynyň ýanynda sömelip durdy. Ol olara keseldirin diýdi, dogrudan hem ol keselli görünýärdi. Ol her ýerik seretse-de, häzirki seredip duran ýerine — ýola seretmediksirän bolýardy. Basym bu ýolda Jef Tetçer göründi. Tomuň ýüzi ýagtylyp gitdi; ol bir minut ýaly şol tarapa seredip durdy-da, soňra tukat ýüzüni sowdy.

Jef mekdep howlusynda peýda bolanda, Tom onuň ýanyna baryp, assyrynlyk bilen Bekki barada gürrüň açdy, ol aňkaw bolsa Tomuň nirä kakdyrýanlygyna-da düşünmedi. Tom şol bir durşuna ýola seredip durdy, her gezek pasyrdaýan köýnejige gözi düşende, ol inçe tama bilen oda-köze düşýärdi, her gezek şol köýnejigiň eýesiniň Bekki däldigine gözi ýetende bolsa, onuň eýesine ýigrenç bilen

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana
bakýardy. Ahyrda ol düýpden ruhdan düşdi; adamsyz mekdebe girdi we sessizüýnsüz hesret çekmek üçin ýerine geçip oturdy.

Ynha, derwezäniň agzynda ýene bir köýnejik ykjap göründi we Tomuň ýüregi şatlykdan ýaňa bökdi. Şol salymyň özünde ol howla çykdy we hindi oglanjygy ýaly gorsandy: gygyrdy, jak-jak edip güldi, oglanlaryň yzyndan kowalady, aýagymy ýa kellämi agyrdaryn diýmän haýatdan bökdi, iki eliniň üstünde ýöredi, aşyr atdy — bir söz bilen, elinden gelenini etdi, özi bolsa görýämikä-görenokmyka diýip, göz astyndan Bekki Tetçere seretdi. Gyz bolsa hiç zat görmedik ýalydy we ýekeje gezekde oňa tarap seretmeýärdi. Be, ol munuň şu ýerdedigini bilmedimikä? Ol öz edermenliklerini onuň golaýragynda görkezmäge başlady; onuň töwereginden çirkin ses edip geçdi, bir oglanjygyň telpegini alyp, tamyň üstüne zyňdy, üýşüp duran oglanlaryň arasyna kürsäp urdy, olary gyran-jyran etdi we edil Bekkiniň öň ýanyna baryp ýere ýazyldy, şonda ol tas Bekkini ýykypdy, Bekki bolsa burunjygyny jaýtardyp, ondan ýüzüni sowdy we Tom onuň:

— Püf! Käbirleri eljiränem bolýarlar-a, gyzyklanýan adam bardyr öýdýärler! — diýenini eşitdi.
Tomuň duluklary lowlap gitdi. Ol ýerinden galdy-da, elem-ebtat bolup, ruhdan düşüp öz ugruna gitdi.

## XIII b a p

### ÜÇ GARAKÇY

Tom ahyrsoňy ýürek etdi. Onuň keýpi susdy we ol her bir zada taýýardy. Onuň dostlary ýokdy, hemmeler ony taşlapdylar, ony hiç kim söýmeýärdi. Biçäre oglany nähili günlere salandyklaryny görseler-hä, belki nebisleri agyrsa-da agyrardy. Ol oňat oglan boljak bolup gördi, jan etdi, emma muňa ýol bermediler. Bir gerek zatlary ondan dynmak bolsa, goý dynsynlar. Elbetde, ol olaryň ýanynda günälem bolar, pismidanam, goý, bolubersin! Eýsem ähli adamlar tarapyndan jyňlan oglanyň zeýrenmäge haky barmy? Ahyrsoňy muna uwnukdyrdylaram dyndylaram — nätjek-dä, erbet zatlara baş goşup ýaşabermeli bolar-da. Başga-ha çykalga ýok.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

Şol wagt ol eýýäm Medouleýniň ortasyndady we onuň gulagyna arakesmäniň gutaranlygyny habar berýän mekdep jaňynyň çala çykýan sesi gelip durdy. Bu sesi gaýdyp hiç haçan eşitmejekdigi barada pikir edende, onuň bokurdagy doldy. Her näçe agyr bolsa-da, nätjek, ony muňa mejbur etdiler ahyryn. Eger ony dünýä keşt etmäge kowýan bolsalar, gitmeli bolar, ýöne welin, ol hemmeleriň günäsini geçýär. Horkuldama has ýygjamlap we güýjäp başlady.

Şol wagt oňa onuň ýegre dosty Jo Garper duşdy — Jo aglap-aglap gözüni çymgyzyl edipdir, ol hem ähli zada taýýardy. Bir pikir bilen ýaşaýan iki göwräniň duşanlygy görnüp durdy. Tom ýeňi bilen gözüni süpürip, öýden gaçmakçy bolýanlygyny, sebäbi, hemmeleriň oňa erbet deprenişýänligini, özüni hiç kimiň gowy görmeýänligini; gowusy, özüniň älem-jahana keşt etjekdigini we gaýdyp öýlerine dolanyp gelmejekdigini gürrüň berip başlady. Sözüniň soňunda bolsa Jonuň ony unutmajakdygyna ynam bildirdi.

Emma Jo hem öz dostunyň ýanyna hut şu barada soramaga, hut şu maksat bilen gelen eken. Ejesi ony gaýmagy iýipsiň diýip uran bolara çemeli, ol bolsa gaýmaga elinide degirmändir, onuň garasyny-da görmändir. Elbetde, ol ondan iripdir, indem ondan dynjak bolýar; ine, şeýle bolsa, öýden gidäýmese oňa başga alaç ýok. Onsuz ejesine gowy bolsa-da bolar, jebir çeksin we ölsün diýip biçäre ogluny älem-jahana, keseki adamlaryň arasyna ykmaga kowanlygyna, belki, ejesiniň hiç wagt nebsi-de agyrmaz.

Öz gaýgylaryny bölüşip, oglanlaryň ikiside ýola rowana boldular we ýolda birekbirege doganlarça kömek etmeli, tä ölinçäk, horluk-jepalaryň soňuna çykynçak birek-birekden aýrylyşmaly däl diýip äht etdiler. Soňra olar indiki etmeli işlerini maslahatlaşdylar. Jo terkidünýä bolup, gowaklarda gury gabyklar iýip ýaşamakçy, ahyrsoňy hem sowukdan, hesretden we mätäçlikden ölüp-ýitip gitmekçi bolýan eken; emma Tomuň diýýänlerine gulak salyp, ol jenaýatçylaryň durmuşynda görnetin artykmaçlyklaryň bardygy bilen razylaşdy we garakçy bolmaklygy ýüregine düwdi.

Sent-Pitersburgdan üç millik aşakda, Missisipi derýasynyň bir milden sähelçe giňräk ýerinde uzyn, darajyk, ýokarsy ullakan çäge çökündili, tokaýa direlip oturan bir ada otyr. Olar şol ýere göçüp gelmeli diýen netijä geldiler. Ada ýaşalmaýan adady; ol beýleki kenara ýakyndy we gür hem-de adamsyz tokaýyň garşysyndady. Şonuň üçinem olar Jekson adasyny saýlap alypdylar. Ol ýerde kimi talajakdyklaryny olar hatda oýlanmandyrlaram. Şondan soň olar Geklberri Finni gözläp başladylar, ol hem şol bada bulara goşuldy, sebäbi, oňa näme bilen güýmenenininiň parhy ýokdy: bu tarapyna ol zordy. Basym olar derýa kenarynyň

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana
çolaja ýerinde, şäherjigiň ýokary ýanynda özleriniň gowy görýän wagtlary, ýagny ýarym gijeler duşuşaly diýşip aýrylyşdylar. Olaryň hersi balyk tutulýan garmak, çeňňek we garakçylaryň edişi ýaly syrly we aýlawly edip, iýer ýaly zat ogurlap getirmelidi. Entek iňrik garalmanka olar şähere “ýakyn sagatlarda täsin zatlar eşidersiňiz” diýip habar ýaýratdylar. Bu dumanly kakdyrmanyň gönükdirilen adamlary dilleriňizi içiňizde saklap, garaşyp ýatmaly diýen duýduryş hem aldylar.

Ýary gijeler, ýany gaýnadylan doňuz etli ýene-de gör nämeli Tom geldi we sömelip oturan depäniň gyrymsy agaçlarynyň arasynda, duşuşmaly diýlen ýerden azrak ýokarda çökdi. Gije ýyldyzlar patrak ýaly bolşup durdular we asudalykdy. Kuwwatly derýa olaryň öňünde ýelsiz wagtdaky okean ýaly uzalyp ýatyrdy. Tom bir sellem diňşirgendi, emma ümsümligi ýekeje ses-de pozmady. Soňra ol çalaja, emma süýkdürip sygyrdy. Dagyň eteginden oňa özüniňki ýaly edip jogap berdiler. Tom ýene iki gezek dagy sygyrdy — bu signallara-da hä berdiler. Soňra ätiýaçly ses:

— Kim gelýär? — diýip sorady.

— Tom Soýer, Ispan Deňizleriniň Gara Aralyjysy. Öz atlaryňyzy aýdyň.

— Gek Finni, Ganly El we Jo Garper, Okeanlaryň Piri. Tom bu batly lakamlary öz söýgüli kitaplaryndan okap görüpdi.

— Ýagşy. Parolyňyzy aýdyň. Gijäniň tüm ýaly garaňkylygynda iki sany boguk ses pyşyrdap, şol aýylganç manyly bir sözi aýtdy:

— Gan!

Şondan soň Tom dagdan doňuz etini togalap, yzy bilen hem özi typyp gaýtdy, onda-da balagy we teni zaýalandy. Dagyň düýbünden, kenaryň ýakasyny syryp, amatly we tekiz ýodajyk geçýärdi, emma olarda garakçylaryň söýýän zady päsgelçilik we howplulyk ýokdy. Okeanlaryň Piri doňzuň döş etinden bir bölek getirdi, özem şeýle bir uly welin, getiren adam ony zordan göterip getirdi. Ganly El, Finni nirdendir bir ýerden gazan we entek gurap ýetişmedik ýaprakly temmäki, ondan başga-da turba ýasanar ýaly birnäçe maýsa baldagyny alyp geldi. Özünden başga garakçylaryň hiç biri çilim çekmeýärdi we temmäki çeýnemeýärdi. Ispan Deňizleriniň Gara Aralyjysy ýola çykyljak bolsa, ot zapasyny edinmeli diýdi.

Bu pikir akyl pikirdi: ol wagtlar otluçöp ýok diýen ýalydy. Derýanyň ýüz ädimlik ýokary tarapynda olaryň gözi ullakan salyň üstünde tüsseläp ýanýan oda düşdi, onuň ýanyna bukdaklap bardylar we otly kesindini sogrup aldylar. Muny bolsa tutuş

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana
bir hadysa öwürdiler: birden-ä bir-birlerine “şş” edişdiler, birdenem aýak çekip, barmaklaryny dodaklaryna ýetirdiler; birden olar ýok hanjarlarynyň sapyna ýapyşdylar; birdenem eger “duşman” gymyldaýsa, hanjary sapyna gelýänçä döşünden sümdürmeli, sebäbi, “Ölüler syryňy açjak gümany ýok” diýip çalaja pyşyrdaşyşyp buýruk berdiler. Salçylaryň häzir şäherdedigi, dükandan-dükana barýandyklary ýa-da ygyp ýörendikleri oglanlara diýseň oňat mälimdi, emma her niçik-de bolsa olar özlerini garakçylar ýaly alyp barmasalar, bu aklara delil boljak däldi. Basym olar ýüzüp ugradylar: Tom komanda berýärdi, Gek gäminiň yz tarapyndaky küregiň ýanynda, Jo bolsa burun tarapda durdy. Tom elini gowşuryp we özüni çytyp salyň ortasynda durdy we ýuwaşja, agras pyşyrdap buýruk berýärdi:

— Ýele tarap we ýagdaý bilen hereket etmeli!

— Bolýar, bolýar, ser!

— Ine, şeýleräk gitmeli!

— Bolýar, ser!

— Ýarym rumba öwrüm bermeli!

— Bolýar, ser!

Oglanlar saly derýanyň ortarasyna çykaryp, ony göni we ýuwaşja sürüp baransoňlar bu buýruklaryň diňe “gelşiklilik üçin” berilýänligi we aýratyn bir ähmiýetiniň ýoklugy öz-özünden düşnüklidi.

— Haýsy ýelkenler galdyryldy?

— Aşakylar, marselýa bilen bomkliwer, ser!

— Triselýany-da galdyrmaly! Eý, size diýýärin! Men diýen ýigitleriň onusyny for-staksellere ibermeli! Janlyrak!

— Bolýar, bolýar, ser!

— Grot-bramseli aşak goýbermeli! Şkotlary bilen brasy-da bermeli! Oglanlar, janlyrak boluň!

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

— Bolýar, ser!

— Ýele baka tutduryň — çeperäk! Abordaž etmäge taýynlanmaly. Çepe, ýene-de çepe! Hany, oglanlar! Jan edeliň! Ine, şeýle gidibermeli!

— Şeýle gideris, ser!

Sal derýanyň ortasyndan geçdi, oglanlar ony suwuň akýan ugruna sowdular we kürege gyşardylar. Derýadaky suwuň derejesi o diýen ýokary däldi, akyşynyň tizligi-de iki-üç milden köp däldi.

Üç çärýek ýa bir sagat töwerekleri wagt geçdi. Şonça wagtlap oglanlar gepleşmän diýen ýaly gitdiler. Indi sal Sent-Pitersburgyň gapdaly bilen barýardy we ýüzi dumanlap hem-de ýyldyz şöhlejikleri düşüp duran derýanyň ýokary tarapynda nähili möhüm zatlar edilýänliginden bihabar, parahat irkilip oturan şäher tarapdan iki-üç sany ýylpyldy göründi. Gara Aralyjy heniz hem elini gowşuryp, bir wagtlar bagtly bolup, soň hem horluk çeken şäherine “iň soňky nazaryny salyp” durdy. Onuň howpdan, ölümden heder etmän, öz ölümini ajymtyk ýylgyryş bilen mübärekläp harasatly tolkunlaryň arasy bilen gidip barşyny “şol gyzyň” görmegini göwni isleýärdi. Jekson adasyny şäherden görünmez ýaly edip beýleräk süýşürmek üçin onçakly uly tagalla etmegi gerek bolmady. Ynha, ol ýüregi awap, ýüregi böküp öz mähriban “şäherine iň soňky nazaryny salýar”. Beýleki garakçylar-da “iň soňky nazarlaryny salýardylar”, olaryň hemmesi şeýle bir köp seredip durdular welin, akym tas saly adanyň düýbüne eltip taşlapdy. Emma olar öz ýalňyşlyklaryny wagtynda duýdular we düzetmegi oňardylar.

Ertir sagat ikilerde adanyň iki ýüz ýardlyk ýokary tarapynda sal saýa çykdy we oglanlar suwuň saý ýerinden ýöräp, özleriniň ähli emläklerini kenara daşadylar. Kiçijik saljagazyň köneje ýelkeni bar eken, olar ony telär ýaly edip agaçlaryň üstüne bürediler we şeýdip öz azyk önümlerini örtdüler; özleri bolsa garakçylaryň edişi ýaly açyk meýdanda ýatmakçy boldular. Olar sümme tokaýlygyň ýigrimiotuz ädimligindäki ýykyk agajyň ýanynda ot ýakdylar, agşam şamlygy üçin doňzuň döşünden bir sajy dolduryp gowurdylar, ýanlary bilen alan zagaralarynyň ýarysyny iýdiler. Olaryň göwnüne bolmasa, gür tokaýlygyň içinde, ýaşalmaýan we derňelmedik adada, adamlaryň ýaşaýan ýerlerinden uzakda toý edip, keýp çekmek örän hezillik bolup görünýärdi, olar şähere gaýdyp barmazlygy karar etdiler. Oduň diň asmana göterilýän ýalny olaryň ýüzlerini ýagtylandyrýardy, tokaý ybadathanasynyň jümmüşine siňip oturan bir topar sütünlere, lak çalnan ýaly ýalpyldaýan ýapraklara, üzüm şahalaryna gyzyl şöhle çaýýardy.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

Gowrulan döşüň iň soňky dogramçasy bilen, zagaranyň iň soňky döwümi gutaranda oglanlar garny dok, göwünleri hoş bolup otuň üstüne süýndüler. Has salkynjak ýer hem tapsa boljakdy, ýöne olar ýöriş odunyň ýanynda gyşaryp, çoýunmak keýpinden ýüz dönderesleri gelenokdy.

— Dogrudan hem hezillik, ä? — diýip, Jo aýtdy.

— Diýseň! — diýip, Tom seslendi. — Bizi göräýseler, biziň oglanlarymyz dagy näme diýerlerkä?

— Näme diýerdiler! Biziň ýerimize düşmek üçin dünýäň zadyndan geçerdiler. Dogry dälmi, Gek?

— Men hem şeýle pikir edýärin— diýip, Gek aýtdy.— Men-ä hoşal-la, meniň üçin bu tüýs bolýan zat-la. Maňa mundan gowy zat gerek däl. Dogrusyny aýtsam, men hemişe doýa garna-da iýip bilemok. Onsoňam bu ýerde seniň bilen hiç kimiň işi ýok, hiç kim iňirdänok.

— Bular ýaly durmuş maňa-da ýaraýar — diýip, Tom aýtdy. Ir bilenem turmaly däl, mekdebe-de gitmeli däl, ýuwunmalam däl, aý, şunuň ýaly gowy taraplary azmy näme? Düşünýärmiň, Jo, eger sen garakçy bolýan bolsaň, kenardakaň hiç zat etmek gerek däl; ýöne, ynha, derwüş bolsaň, hemişe çokunmaly, onsaňam hemişe ýeke bolmak onçakly hezil däl bolsa gerek.

— Munyň-a dogry — diýip, Jo aýtdy — derwüşleriň indi hatyrasy ýok — öňki wagtlardakydan indi oba göçdi. Emma garakçylary welin häzir hem hormatlaýarlar. Derwüş bolsa, çem gelen ýerinde ýatyp-turup, jinde geýip, oraza tutup ýörmeli, ýagyşda buýup durmaly we…

— Näme üçin jinde geýip, oraza tutmaly — diýip, Gek sorady.

— Bilmedim. Etmelisi şeýle-dä. Ähli derwüşler şeýdýärler. Eger derwüş bolan bolsaň, senem şeýtmeli bolardyň.

— Ýeri-ýeri, munyň-a ýalan-la! — diýip, Gek aýtdy.

— A sen bolsaň näderdiň?

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

— Bilmedim. Ýöne beýle-hä etmezdim.

— Etmeli-hä bolardy. Munsuz bolmaz ahyryn?

— Ýok, men-ä çydamazdym. Alagetdin gaçardym.

— Gaçardym diýsene! Oňat derwüş-ä boljak ekeniň! Duran bir masgaraçylyk!

Ganly El jogap bermedi, çünki ol has gyzykly güýmenje tapyndy. Ol mekgejöwen agajyndan ýaňy kesip turba ýasanypdy, indi bolsa oňa oýmajyk etdi, ony temmäki ýapragyndan dolduryp, ýokarsyndan kömür saldy we burum-burum, ysly tüsse goýberdi. Näçe diýseň lezzeti bardy. Beýleki garakçylaryň bu täsin zada diňe gözleri gitdi we öz ýanlaryndan haýal etmän, muny öwrenmekligi karar etdiler. Birden Geklberri:

— Umuman, garakçylar näme edýärler-ä? — diýip sorady.

Tom jogap berdi:

— Bow, olar örän şadyýan ýaşaýarlar: olar gämileri basyp alýarlar, olary otlaýarlar, pullary bolsa özleri alyp, öz adalarynyň jadylanan ýerinde gömüp goýýarlar, muny olar özlerini dürli-dürli ruhlar goldasynlar diýip edýärler, gämidäki adamlary bolsa öldürip, tagtadan deňze oklaýarlar.

— Aýallary bolsa adalaryna alyp gidýärler, olar aýallary öldürmeýärler — diýip, Jo aýtdy.

— Hawa — diýip, Tom tassyklady.— Aýallary olar öldürmeýärler — olar rehimli bolýarlar. Aýallar bolsa hemişe owadan bolýarlar.

— Olar nähili geýinýärler diýsene! Halalyň bolsun! Ýöne altyn, kümüş, brilliant bolup durlar! — diýip, Jo täsin galyjylyk bilen aýtdy.

— Kim? — diýip, Gek sorady.

— Kim bolar öýdýäň, garakçylar-da.

Gek öz kostýumyndan göwni geçip seretdi.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

— Meniň pikirimçe, men garakçylyga ýaramok, geýnişim bolanok. Başga bolsa geýimim ýok — diýip, ol zeýrenjiräp aýtdy.

Emma hadysadan doly durmuşa başlarys welin, gymmat bahaly kostýumlar özözleri-de tapylyberer — diýip, oglanlar oňa göwünlik berdiler. Barly garakçylar işe birneme geýim zapaslaryny edinip girişýän hem bolsalar, saňa şu geýimleriň hem häzirlikçe bolýar diýdiler.

Kem-kemden gürrüňler ýatyşyp, kiçijik gaçgaklaryň gözleri süzülip ugrady. Ganly El elindäki şybygyny gaçyryp, ýadaw we päk göwünli adamlaryň ukusy ýaly süýji uka gitdi, Okeanlaryň Piri we Ispan Deňizleriniň Gara Aralyjysy uka onçakly basym gitmediler. Olar ýatyp içlerinden doga okadylar, olary dogany çöklerine düşüp, sesli okamaga mejbur edýän adam hem ýokdy; dogrusyny aýtsaň, olar doga okamany düýpden taşlajak hem boldular, emma ýene onçakly öte düşmekden gorkdular, hudaýtagala gahar atyna atlanyp, bizi öz huzyryna alaýmasyn diýdiler. Birden ähli zat bulaşyp gitdi we olar süýji uka gitmäge taýýardylar, emma şol wagt çagyrylmadyk we kowup bolmajak bir myhman geldi. Bu bolsa wyždandy. Ilkibada olaryň ýüreklerine öýden gaçmak bilen erbet iş eden bolaýmalyň diýen gorky aralaşyp başlady; ogurlyk doňuz eti ýatlaryna düşende dagy bolsa, olar hakykatdan-da ejir çekip başladylar. Olar öz wyždanlaryndan sypjak boldular, oňa set müň gezek konfet we alma ogurlandyklaryny ýatlatdylar. Emma wyždan göze dürtülip duran beýle mekirliklere gitmedi. Teý ahyr özözünden şeýle netije çykyp ugrady we onuň duşundan aýlanyp geçmek mümkin däldi: bir süýjüräk zady ýuwaşja aldyňmy — bu “çilmek” bolýar, ýa bir bölek döş, doňuz eti, ýa başga bir zat aldyňmy — hut “ogurlamak” bolýar, bu barada bolsa töwratda-da wesýet bar. Şeýdip, olar garakçy ogurlyk diýen zat bilen atlaryna gara getirmezligi karar etdiler. Şonda wyždan hem ynjaldy we ýaraşyk yglan etdi, şondan soň ykrarsyz garakçylar süýji uka gitdiler.

## XIV bap

### GARK BOLANLARYŇ GÖZLENIŞI

Ir bilen turanda, Tom özüniň nirdedigine bada-bat düşünmedi. Ol oturyp gözüni owkalady we töwereklerine garanjaklady. Diňe şonda özüne geldi. Säher çagy howa salkyn we çalymtyk boldy, tokaýdaky dymdyrslyk parahatçylygyň we

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana
asudalygyň duýgusy bilep gurşaldy. Çöp başy gymyldamaýardy, pikir laýyna gark bolup ýatan tebigatyň ümsümligini hiç bir ses bozup bilmeýärdi. Ýapraklaryň otlaryň ýüzündäki çyglar bulduraşyp durdy. Odun gyralarynda kül çym-ak bolup ýatyrdy we tüsse gögümtil dil ýaly bolup dik asmana göterilýordi. Jo bilen Gek entek ýatyrdy.

Ynha, tokaýyň jümmüşinde bir ýerde bir guşjagaz jürküldedi; oňa başga biri jogap berdi; edil şol wagt daşdeşeniň hem jükgüldisi eşidildi. Dura-bara salkyn säheriň çalymtyk reňki agaryp ugrady, şonuň ýaly guşlaryň sesi-de köpelip başlady we ähli zat gözüň alnynda janlandy. Oglan tebigatyň janlanyp, işe girişine pikir edip syn edýärdi. Kiçijik ýaşylja gurçuk çygjaryp duran ýapragyň ýüzünden süýşüp barýardy, wagtal-wagtal göwresiniň üçden ikisini diýen ýaly galdyrýardy, ys alýan ýaly bolup, soň ýoluny dowam etdirýärdi. “Bu onuň ýapragy ölçeýşidir” diýip, Tom içini gepletdi. Tomuň ýanyna gurçugyň özi süýşüp ugranda Tom duran ýerinde gatap galdy, gurçuk ýakynlaberende begendi, gurçuk yzyma dolansammykam-dolanmassammykam diýip ikirjiňlenende bolsa howsala düşdi. Ahyrsoňy gurçuk bir salym böwrüni diňläp, göwresini jaýtardyp galdyranda, soň bolsa Tomuň aýagyna tarap ýürek edip süýşüp ugranda we aýagyna syýahat edip başlanda, oglanjygyň begenjinden ýaňa ýüregi bökdi: bu onuň täze kostýumynyň boljaklygynyň alamatydy, şeýle bolansoň, elbetde, garakçynyň zerlenen mundiri hem bolar. Ýöne welin nirdendir bir ýerden öz işleri bilen syýahat edip ýören garynjalar gaýda-gaýmalaşyk bolup geldiler. Olaryň biri ýegşerip, özünden bäş esse ullakan öli möýi süýräp agaja dyrmaşyp barýar. Menek-menek bolup duran goňur süýtgazan otlara dyrmaşyp, allowarralara çykdy. Tom onuň üstüne eglip:

Okaraňy getir süýt bereýin,

Okaraňy getir süýt bereýin —

diýdi.

Ol diýen etdi-de, şo bada uçup gitdi. Tom bolsa birjik-de geň galmady, süýtgazanyň ynanjaň bolýanlygyny ol öňräkden bärem bilýärdi we olaryň sadalygyndan peýdalanyp, olary telim ýola aldapdy. Soňra elinde baryny edip öňündäki tory togalap barýan tomzak çykdy, Tom tomzaga elini degirdi, onuň ölen ýaly bolup aýajyklaryny ýygryşyny görmek isledi. Onýança guşlar saýraşyp ugrady. Jokjoky gelip, edil Tomuň ýokarsyndaky agaja gondy we jok-jok edip,

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana
goňşularynyň ýüregine düşdi. Soňra al-ýaşyl bolup gykylykçy hüwi aşak eňdi we edil Tomuň elýetim ýanjagazynda gondy, öwrülip bulara teşnelik bilen seredip başlady. Çal belka, ondan ulurak tilki şekilli bir haýwanjyk gapdalyňdan ylgap geçýärdi, käte ylgap barşyna sakga saklanýardy we oglanlara hemleli seredýärdi; bu tokaýdaky haýwanlar şu çaka çenli adam garasyny görmedik bolara çemeli, şonuň üçin olar adamdan gorkmalydygyny-da, gorkmasyzdygyny-da bilmeýärdiler.
Ähli janly-jandar oýanyp herekete gelip başlapdy: gün hanjarlary gür ýapraklardan parran geçişip durdy, iki-üç sany kebelek towsuşyp, bir-birleriniň yzyndan kowalaýardylar.

Tom beýleki garakçylary-da oýatdy, olaryň hemmesi alagalmagal bolşup, aýaklaryny tarpyldadyşyp, derýa tarap ylgap gitdiler, ol ýerde bolsa derrew geýimlerini çykaryp ýüzüşmäge, suwuň pessejik we dury ýerinde durup, birbirleriniň üstlerinden aşyr atyp böküşmäge başladylar. Uzakda ägirt suw düzlüginiň ýokarsynda irkilip ýatan kiçijik şäherjige indi olaryň gidesleri gelmeýärdi. Sal suwuň ugruna akyp gidipdir, emma bu oglanlar üçin bähbitli boldy, sebäbi, ol olar bilen şäher ýaşaýşynyň arasyndaky ýeke-täk ilteşigi-de üzdi.

Olar lagere kelleleri açylyp, şadyýan we aç surnugyp geldiler we şol salymyň özünde ýene-de ýöriş kostýory burugsap ugrady. Gek ýakynjak bir ýerde sowuk suwly çeşmäniň üstünden barypdyr, oglanlar dub we hoz agaçlarynyň ýasy ýapraklaryndan özlerine jam ýasandylar we tokaý ýakymlylygyndan şerbetlenen suw kofäniň ýerini tutar diýen netijä geldiler. Jo ertirlik naharyna doňuz etini dograşdyryp başlady, emma Tomdur Gek oňa bir salym garaş diýdiler: olar kenarda ymsyndyryjy bir ýer gözläp tapypdyrlar, çeňňek atypdyrlar we şol pursatyň özünde çeken zähmetleri ýerine gowşupdyr. Jonuň entek ýüregi gysyp başlamanka, olar ep-esli lin, iki sany okun we bir sanam lakga balygyny alyp geldiler — şunça balyk tutuş bir maşgala-da ýetjekdi. Olar balygy döş eti bilen bile gowurdylar we haýran galdylar — balyk agyzlaryna hiç haçan beýle ýakymly degmändi. Olar derýa balygynyň oda näçe çalt düşdügiçe şonça süýji bolýanlygyndan bihabardylar, mundan başga-da açyk howada ýatmaklygyň, öz erkiňe oýnap ýörmegiň, suwa düşmegiň we ajykmagyň işdäňi nähili açýanlygy-da olaryň kellesine gelmeýärdi.

Ertirlik edinenlerinden soň, olar kölegede süýndüler we Gek şybygyny sordy, soňra bolsa olar tokaýyň içi bilen barlaga çykdylar. Olar ýel ýykan çüýrük agaçlar bilen maýdajyk gül agaçlaryň çür depesinden tä ýere çenli hyrawa biten üzümiň plaşşyny geýnen ullakan daragtlaryň arasyndan geçip, tokaýyň içi bilen şadyýan ýöräp gitdiler. Kä o ýerde, kä bu ýerde ot halylary, al-ýaşyl güller bilen bezelen oňaýly-oňaýly burçjagazlar duş gelýärdi.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

Olar özlerini begendirip biläýjek bir topar zat tapdylar, emma şol tapylan zatlaryň arasynda täsin galarlyk hiç zat ýokdy. Görüp otursalar, ada üç mil töwerekleri uzap gidýär eken, ini bolsa bary-ýogy dört mil eken, iň ýakyndaky kenardan ol baryýogy ini iki ýüz ýard bolan goşant bilen aýrylýar eken. Olar her sagatdan bir gezek suwa düşýärdiler we lagere gaýdyp gelenlerinde eýýäm gün günortadan agypdy. Oglanlar örän ajygypdylar, sebäbi, balyk tutmaga-da olaryň wagty ýokdy; oňa derek olar sowujak doňuz etinden birkemsiz naharlandylar, soňra bolsa kölegede gürrüňe süýndüler. Emma olaryň gürrüňi näme üçindir alşyp gitmedi we basym düýpden kesildi. Ümsümlik, tokaýyň dabaraly dymdyrslygy, ýekelik duýgusy oglanlaryň keýpine täsir etmän durmady. Olar oturyp, içlerini gepletdiler. Düşnüksiz bir gaýgy olaryň üstünden indi. Basym bu gaýgylar has kesgitli görnüşe girip başladylar, bu öý baradaky edilýän gaýgynyň başlangyjydy. Hatda Ganly El diýilýän Fini diýjeksiň, şol hem boş çelekler, keseki kölegeleri barada arzuw edýärdi. Emma olaryň hemmesi öz gowşaklyklaryndan utanýardylar we hiç kim syryny daşyna çykarmaga ýürek edip bilmeýärdi.

Oglanlaryň gulagyna öňräkden bäri bir geň ses eşidilýärdi, emma olar oňa edil sagadyň jykgyldysyna baş galdyrylmaýşy ýaly, baş galdyrmaýardylar, emma bu täsin ses indi has güýjäp, olaryň ünsüni çekip başlady. Oglanlar galpyldap gitdiler, bir-birleriniň ýüzlerine seredişdiler we dykgat bilen diň saldylar. Uzak wagtlyk, diýseň ýürege düşgünç dymyşlyk aralaşdy; soňra olaryň gulagyna daşdan güňleç, gazaply galmagal eşidildi.

— Bu nämekä? — diýip, Jo ýuwaşja sorady.

— Ýogsa-da? — diýip, Tom pyşyrdady.

— Bu gök gürlemesi-hä däl — diýip, Geklberri sandyrawuk sesi bilen aýtdy — sebäbi, gök gürlände…

— Ýuwaş! Sabyr ediň. Kän lakgyldaşmaň — diýip, Tom seslendi.

Olar birnäçe minutlap garaşdylar, olar üçin şol garaşylan minutlaryň yzy gelmeýän ýaly bolup göründi, soňra bu dymdyrslygy ýene-de güňleç gök gürlemesi bozdy.

— Ýörüň, syn edeliň.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

Olaryň üçüsi-de laňňa ýerlerinden galdylar we şäher görünýän ýere — kenara aýak aldyklaryna ylgaşyp gitdiler. Olar suwuň ýüzündäki agaçjyklary süýşürişdirip, derýa seredip başladylar. Kiçijik gämijik derýanyň ortasy bilen, şäherden bir millik aşak tarapdan gidip barýardy. Giň paluba adamlardan ýaňa hyryn-dykyndy. Gaýyklar parohodjygyň gapdaly bilen derýadan aşak tarapa gidip barýardy. Emma oglanlar gaýykdaky adamlaryň näme işleýändiklerini uzakdan saýgaryp bilmediler. Birden ullakan ak tüsse parohoddan arany açdy, tüsse ýokary galyp, kem-kemden bulutjyklara bölünip dagap gidende — oglanlaryň gulagyna ýene şol öňki güňleç ses eşidildi.

— Indi düşünýän — diýip, Tom gürledi. — Kimem bolsa biri suwa gark bolan bolsa gerek.

— Dogry! — diýip, Gek tassyklady. — Öten ýyl Bill Terner gark bolanda-da şeýtdiler. Gark bolan adam suwuň ýüzüne çykanda, suwuň ýüzünden top atýarlar. Onsoňam bir tegelek çörek alyp, onuň içine simap salýarlar we suwa goýberýärler, gark bolan adam nirde bolsa, çörek hem şol ýere ýüzüp barýar we şol ýeriň özünde saklanýar.
— Hawa, muny men hem eşitdim — diýip, Jo aýtdy. — Men ýöne çöregiň näme üçin durýanlygyny bilemok.

— Meniň pikirimçe, bu ýerde diňe çöregiň özi däl, eýsem dürli sözler-de hereket edýärlermikä diýýän. Olar çöregi suwa atanlarynda bir zat-bir zatlar diýişdirýärler — diýip, Tom gepledi.

— Gör-de duruber, hiç zat aýdýan däldirler. Hiç zat aýtmaýanlaryny hut özüm gördüm ahyryn — diýip, Gek aýtdy.

— Aý, ýog-a, bu gaty geň bolýa-la, belki, içlerinden aýdýandyrlar? Elbetde, içlerindendir-le. Özüňem aňarsyň-la! — diýip, Tom aýtdy.

Beýlekiler aýdylýandyrla diýip, Tom bilen razylaşdylar. Beýle möhüm işi edýärkä bir bölek dilsiz-agyzsyz çörek, bir zat okalmasa, beýle oýlanyşykly hereket edip bilmez diýip, Tom dogry aýdýar.

— Wah, eý görmüş, meniň hem o tarapyna geçesim gelýär — diýip, Tom seslendi.

— Meniň hem — diýip, Gek alyp göterdi. — Kimiň gark bolanyny bilmek üçin, men dünýe malyndan geçerdim.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

Oglanlar şol diňläp duruşlaryna seredýärdiler. Birden Tomuň ýadyna düşdi.

— Oglanlar, kimiň gark bolanyny men bilýän: olar biz!

Bir salymlap olar özlerini gahryman saýdylar. Ynha, bu hakyky dabara boldy: olary gözleýärler, olary gaýgy edýärler, olaryň üstünde ölüşýärler, göz ýaş dökýärler; ýitip, ýok bolup giden neresse çagajyklara nähak azar beripdiris diýşip örän ökünýärler, puşman edýärler, öz-özlerinden utanýarlar; iň gowy tarapy şäherde diňe gark bolanlar barada gürrüň edilýänligi, ähli oglanlaryň olara, ýagny olaryň haýran galdyryjy şöhratyna höwes edişleri. Oňat zada oňat diýmeli. Şundan soň garakçy bolsaň, bolanyňa degýärem.

Iňrik garalyp ugrandan parahodjyk ýene-de bir kenardan beýleki kenara gatnap ugrady, gaýyklaram zym-zyýat boldy. Garakçylar lagerlerine gaýdyp geldiler. Olary men-menlik alarladyp başlady, olar özleriniň täze at-abraýlaryna, ähli şähere iş bolanlyklaryna guwanýardylar. Olar balyk tutýardylar, agşam şamlyk taýynlaýardylar, iýip-içýärdiler we soňra özleri barada şäherde näme gürrüň edilýänligini çak edip biljek bolýardylar; bu ýerden olara ählumumy hesrete syn etmek örän hezil görünýärdi. Emma garaňky gatlyşan dessine olar gürrüňlerini kem-kemden kesip başladylar we oda çüýjerilip geplemän otyrdylar, pikirleri bolsa allowarralarda gezip ýördi. Tolgunma ýatyşdy, Jo bilen Tom öz garyndaşlaryny, bu oýunlar barada olara o ýerde pikir etmek bu ýerde pikir eden ýaly şatlykly däldigini ýatlaryna salyp başladylar, biderek aňşyrmalar peýda boldy; oglanlar ruhdan düşdüler, howsala düşüp başladylar we bildirmänräk bir-iki gezek uludan demlerini aldylar. Teý ahyry Jo göwnüni bire baglap, şu wagt bolmasa-da bir wagt öýlerine gaýtmak barada beýlekiler näme pikir edýärkäler diýdi…

Tom onuň üstünden rehimsiz güldi. Entek hiç aýyp iş etmedik Gek Toma goşuldy, dönük şol ýeriň özünde özüni aklap başlady we diňe ýaýdanjaň we öý barada
ýüregi gysýar diýdirip beladan aňsatja gutulanyna diýseň begenýärdi. Topalaň wagtlaýynça ýatyryldy.

Garaňky bir kemsiz düşende Gek irkilip-irkilip gitdi we basym hor çekip ugrady. Onuň yz ýany bilen Jo hem uklady. Birnäçe wagtlap Tom tirsegine söýenip, bularyň ikisine-de taýly gezek seredip, sarsman ýatdy. Soňra ol ýuwaşlyk bilen çöküne düşdi we ýöriş kostýorynyň odunyň ýylpyldan ýeri bolan otlugyň içini dörüp başlady. Ol çynaryň turbajyga oralan ullakan ak gabyklaryny galdyryp ýekeýekeden syn edip başlady we iň gowularynyň iki sanysyny saýlady. Ol oduň

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana
öňünde dyzyna çöküp, gabygyň iki böleginiň hem ýüzünden zor bilen bir zat çyzdy, olaryň bir bölegini ýene turbajygyň içine salyp, jübüsine dykdy, beýlekisini bolsa, Jonuň kellesindäki telpegine atdy. Mundan başga-da, ol her bir okuwçynyň ýanynda-da biderek görünýän hazynyny, şol sanda bir bölek heki, rezin pökgini, üç sany balyk tutulýan çeňňegi, “hakyky hrustal” diýlip at berilýän şarjagazlaryň birini hem şu telpege atdy. Şondan soň ol tä arany açýança, ädim sesleri ýatyp galýança, daraklygyna basyp, ýuwaş-ýuwaşdan agaçlaryň üstüne çykdy we suwuň ýalpak ýerine tarap ylgap gitdi.

## XV bap

TOM ÖZLERINIŇKILERIŇ HALYNDAN

HABAR ALMAGA GELÝÄR

Birnäçe minut geçip-geçmänkä Tom Illinoýs kenaryna geçmek üçin, suwuň pessejik ýerinden ýöräp barýardy. Suw onuň guşaklygyna ýetýänçä ol ýoluň gylla ýaryndan hem gowragyny geçipdi. Güýçli akym indi suwuň saýa ýerinden ýöremäge mümkinçilik bermänsoň, ol galanja ýüz ýardy alaryn tamasy bilen ynamly ýüzmäge başlady. Ol ýanynlap, akymyň garşysyna ýüzýärdi, emma suw ony çak edişinden hem beter yza tesdirýärdi. Her hal bolsa-da, ol ahyrsoňy kenara ýetdi, amatlyrak ýer tapyp, suwuň daşyna çykdy. Elini penjeginiň jübüsine sokup, gabygyň bir böleginiň sagaman galanlygyna gözüni ýetirdi we kenaryň boýuny syryp tokaý bilen ýöräp ugrady. Suw şirläp akýardy. Tokaýdan açyk ýere çykanynda heniz sagat on hem bolmandy, ol şäherjigiň edil garşysynda, beýik kenaryň aşagynda, agaçlaryň kölegesinde parohodjygyň duranlygyny gördi. Ýylpyldap duran ýyldyzlaryň aşagyndaky ähli zat parahat otyrdy. Ol daştöweregini synlap, kertden düşüp ugrady, suwa girdi, parohodjygyň ýanyna ýüzüp geldi, parohodyň yz tarapynda duran kiçijik gaýyga dyrmaşyp mündi we lawkanyň aşagyna girip garaşyp başlady.

Basym çat açan jaýyň sesi çykdy we kimdir biri ýüzüp ugramaklyga komanda berdi. Bir-iki minutdan gaýyjagyň burny parohodjygyň turzan tolkunynyň ýüzünde gaýdy we syýahat başlandy. Tom bolsa özüniňkiniň şowuna düşenine begenýärdi, sebäbi, ol bu gezegiň parohodjygyň iň soňky reýsidigini bilýärdi. Uzaga çeken on iki ýa-da on bäş minut hem geçdi, tigirler durdy we Tom bortdan böküp,

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana
garaňkylygyň içi bilen kenara ýüzüp başlady. Ol ýolagçylara duş gelmez ýaly, suwdan parohodjygyň elli ädimlik beýle ýanyna çykdy.

Tom adamsyz köçe bilen eňip gitdi we basym Polli daýzanyň ýeňsä tarap garap duran haýatynyň öňünde peýda boldy. Ol haýatdan dyrmaşyp geçip, gapdaldan salnan jaýyň ýanyna bardy we daýzasynyň yşyk çykyp duran äpişgesine seretdi. Ol ýerde Polli daýza, Sid, Meri we Jo Garperiň ejesi dagy gürleşip otyrdylar. Olar krowatyň ýanynda otyrdylar, krowat bolsa olar bilen gapynyň aralygyndady. Tom assyrynlyk bilen gapynyň ýanyna geldi we kildi ýuwaşja galdyryp ugrady, soňra ony aşak goýberdi, gapy çalarak açyldy; ol gapyny yzly-yzyna itiberdi we her gezek jygyldanda ini dyglap gitdi, teý ahyr gapy ol emedekläp girer ýaly giňlikde açyldy; şonda ol şol aradan kellesini sokup ýuwaşlyk bilen süýşüp ugrady.

— Bu näme üçin, çyra şemal düşýär-le? — diýip, Polli daýza gepledi (Tom çaltçalt süýşdi). — Işik dagy açylan bolmasyn. Hawa, şeýle-dä. Bizde bolýan zatlary ýöne hudaý bilsin! Bar, Sid, gapyny ýap.

Tom tüýs wagtynda krowatyň aşagyna sümüldi. Ol bir salymlap demini alman diýen ýaly ýatdy, soň bolsa süýşüp, Polli daýzanyň aýagynyň golaýyna geldi.

— Meniň ýaňky aýdyşym ýaly, onuň erbet tarapy ýokdy. Diňe garagoldy. Onsoňam bilseňiz kellesi ýeňilräkdi, aljyraňňyrakdy. Ondan haýyş edip oturasyda iş ýokdy, taýçanakdan haýyş eden ýalydy. Onuň adama ýamanlygy ýokdy, gyzyla barabar ýüregi bardy… — şeý diýdi-de, Polli daýza aglamaga durdy.

— Ynha, meniň Jonum hem şoň ýaly: hemişe bir zat edişdirýändir, bar bilenibiteni-de garagolluk, ýöne welin oňatdy, mylakatlydy. Men guraýyn: aldymda, şol garalylaryň üstünde ýenjäýdim, iň beteri-de, huşumdan uçsa nätjek, men olary zaýalanansoň özüm zyňypdym ahyryn. Indi men ol neresse çagajygymy gaýdyp hiç haçan, hiç haçan görmerin — diýdi-de, Garper hanym hem ýüregi agzyndan çykyp barýan ýaly bolup aglady.

— Meniň pikirimçe, Tom üçin häzirki ýeri has oňatmyka diýýärin — diýip, Sid gürrüňe goşuldy — her niçigem bolsa, ol özüni azrak oňat alyp baran bolsa…

— Sid! (Tom germese-de, Polli daýzasynyň gözüniň gazaply ýanýandygyny syzdy.) Sem bol-da, Tom bilen işiň bolmasyn. Sebäbi, indi ol bu ýagty jahanda ýok ahyryn. Ol häzir allanyň huzyrynda, şonuň üçinem, jigijik, biderek ynjalyksyzlanýarsyňyz! Wah, Garper hanym, muňa nähili çydam etjegimi bilýän

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana
däldirin! Hiç bilýän däldirin! Sebäbi, men garrynyň gaharyny getirse-de, ol meniň bar mydarymdy…

— Allanyň özi berdi, özi-de aldy. Onuň edenine şükür diýäýmeli! Ýöne weli agyr degýär. Wah, agyr degýä-le! Geçen ýekşenbe güni meniň Jonum pistonyny edil alkymymyň aşagynda tarkyldatsa nätjek, men bolsa onuň dulugyna şapbat bilen urup goýberdim, neressejigim ýere ýazyldy ýatyberdi. Beýle basym nemeder öýdüp kimiň kellesine gelýär… Eger ol muny indi etsedi, men ony gujaklapgujaklap ogşardym.

— Hawa-la, size düşünýän-le, Garper hanym, düşünýän-le! Hut düýn günortanlar meniň Tomum alypdyr-da, pişige derman içiripdir — turdy bir topalaň, men-ä pişik öýüň içindäki ähli zatlary döwük-ýenjik eder öýtdüm. Men hem aldymda, günämi geçewer, alla! Oýmagym bilen Tomuň kellesine uraýypdyryn. Neressejigim! Indi ol gaýdyp geljek gümany ýok! Ýöne welin indi onuň beren azaplary gutardy. Ondan iň soňky eşidenim gyjalat…

Ýöne Polli daýza bu ýatlama döz gelip bilmedi we gözlerinden boýur-boýur ýaş akdyrdy. Tomuň özi-de indi hamsygyp başlady, özi-de başga kişä däl-de, öz-özüne nebsi agyryp hamsykdy. Ol Tom barada oňat bir zat aýtmak üçin, käte gürrüňe goşulýan Meriniň aglaýandygyny gördi. Indi onuň özi-de özi barada uly pikirdedi. Emma her niçik-de bolsa, Polli daýzanyň çekýän gussasy onuň ýüregini şeýle bir paralady welin, ol krowatyň aşagyndan çykagetdin onuň amanyny-zamanyny bermän boýnuna bökesi geldi; emma ýüregi näçe böküp dursa-da. Tom muňa berilmedi we sarsman ýatdy.

Gürrüňiň yzyna gulak salmak bilen, Tom ondan ilkibada oglanlary suwa düşüp ýörkä gark bolandyr öýdendiklerini, soňra kiçijik sal tapandyklaryny eşidenliklerini bildi; mundan soň ýiten oglanlar gürrüňiň arasynda öz ýoldaşlaryna basym biz barada ähli şäher biler diýenmişler. Şonda akylly adamlar pikir edip, aý, oglanlar sal bilen ýüzüp gidendirler we basym derýanyň aýagyndaky ýakyn şäherleriň birinden çykarlar diýen netijä gelipdirler. Emma günortanlar saly Missuriýsk kenarynyň ýanyndan, şäherjikden bäş ýa alty millik aşakdan tapypdyrlar, onsoň bar umytlar puç bolupdyr. Diýmek, olar gark bolandyr, bolmasa olary açlyk agşama galman getirerdi diýipdirler. Olar oglanlar derýanyň ortasynda gark bolandyr, tapylmaýanlyklaram şonuň üçindir öýdüpdirler. Ýogsam olara kenara ýetmek kyn düşmezdi, sebäbi, olar oňat ýüzüp barýar ekenler ahyryn. Bu çarşenbe agşamsy bolupdyr. Eger maslyklary ýekşenbä çenli tapylmasa, ähli tamany üzüp, ýekşenbe güni ir bilen patasyny alybermeli diýen netijä gelipdirler, Tom titräp gitdi.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

Garper hanym hamsygyp ähli oturanlara gijeleriniň haýyrly bolmagyny diledi we gitmekçi boldy. Bir arzuw bilen dem alýan, ýetim galan bu iki aýal gujaklaşdy we aglama keýpinden çykyp aýrylyşdylar.

Polli daýza Siddir Merini ýatyrjak bolanda öňkülere garaňda has mylakatlydy. Sid ýuwaşja sümügini çekýärdi. Meri bolsa çyny bilen möňňürip aglaýardy. Soňra Polli daýza dyzyna çökdi we Tom diýip şeýle bir ýürek gyýyjy, şeýle bir mähirli, şeýle bir sandyrawuk sesini edip, çäksiz söýgi bilen doga okamaga durdy we şeýle bir sözler tapdy welin, Tom krowatyň aşagynda daýzasynyň dogasyny diňläp ýatan ýerinden göz ýaş edip aglady.

Polli daýza ýerine girip ýatandan soň hem Tom esli wagtlap gozganman ýatmaly boldy, sebäbi, daýzasy zol agdarynýardy, mahal-mahal gaýgyly bir zatlary hümürdeýärdi we uludan demini alýardy, bir o ýana, bir bu ýana ynjalyksyz urunýardy. Ahyrsoňy ol ýuwaşady we diňe ukynyň arasynda samrady. Şonda oglan krowatyň aşagyndan çykdy we eli bilen ýanyp duran şemi gabsalap, ýatan daýzasyna syn etdi. Daýzasyna onuň ýüregi näçe diýseň awaýardy. Ol jübüsinden bir bölek gabyk aldy-da, ony şemiň ýanynda goýdy, emma birden onuň kellesine bir täze pikir geldi we ol içini gepledip sägindi. Onuň ýüzi açyldy we görnüşi ýaly, öz ýanyndan bir zatlar-bir zatlar tapyp, gabygy yzyna, jübüsine saldy. Soňra egildi, ýygyrt-ýygyrt bolup giden dodaklary ogşady we bir minutjykda säginmän daraklygyna basyp, kildi ýerine ötürip, otagdan çykyp gitdi.

Ol yzyna geçelgä tarap tutduryp ugrady, şo wagt ol ýerde janly-jemende ýokdy, şonuň üçin o ýerde garawuldan başga hiç kimiň ýoklugyna, bolaýanda-da onuň rubka gidýänligine ýa öli ýaly bolup ýatýanlygyna göz ýetirip, parohodjygyň bortuna batyrgaý çykdy. Ol gäminiň yz tarapyndan gaýyjagy boşatdy-da, oňa mündi we suwuň akýan ugrunyň tersine seresaply ýüzüp başlady. Şäherden birneme ýokarrakda ol bar güýjüni edip garşydaky kenara tarap ýüzüp ugrady. Ol edil pristanyň üstünden düşdi, sebäbi, bu onuň ýanynda endik edilen işdi. Tom gaýyjagy basyp alasy geldi, sebäbi, ony gämi diýip, diýmek, garakçylaryň kanuny oljasy diýip hasap etmek boljakdy, emma ol gäminiň ähli ýerde gözlegine çykyljakdygyny, şonda garakçylara duş geläýmekleriniň hem mümkindigini ol bilýärdi. Kenara çykandan soň, ol tokaýa girip gitdi. Ol ýerde ol otuň üstüne çökdi we uka döz geljek bolup esli dynjyny aldy, soňra bolsa garakçylaryň lagerine ugrady. Gije geçip barýardy. Ýalpak ýere ýetmänkä, eýýäm daň agardy. Gün ýokary galyp özüniň altyn şöhleleri bilen derýany birgeňsi bezeýänçä ol dynjyny aldy we diňe şondan soň suwdan çykdy. Bir azrak wagtdan soň, ol lageriň serhetinde süllümbaý bolup durdy we Jonuň Geke:

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

— Ol gaçmaz. Ýok, Tom, aldamaz, ol hökman geler, Gek. Munuň garakçy üçin masgaraçylykdygyna ol düşünýär ahyryn, iň bolmanda ol özüniň guwanjy üçin-de o ýerde galmaz. Ol hökman bir zada başyny goşandyr. Onuň näme pikir edýänligini bilsediň — diýip duranlygyny eşitdi.

— Ýeri, bolýar-da, iň bolmanda indi zatlara özümiziňki bolar-da?

— Şeýleräk, ýöne onçakly hem däl, Gek. Ýazgyda Tom ertirlik naharyna gaýdyp gelmese, onda zatlar biziňki bolýar diýlip ýazylypdyr.

— Ol bolsa gaýdyp geldi! — diýip, Tom gygyrdy we bu sahnajygy birkemsiz oýnap, dabaraly suratda lagere gadam urdy.

Basym oňat ertirlik — döş bilen balyk berildi we oglanlar iýmäge başlan dessine Tom öz başdan geçirenlerini diýseň owadanlap gürrüň bermäge oturdy. Muny diňläp, oglanlarda tumşujaklaryny galdyryşyp, näme bolsaň şol bol diýşip öwünmäge başladylar. Şundan soň Tom özüne saýaly burç gözläp tapdy-da, ol ýerde tä günortana çenli ýatdy, beýleki garakçylar bolsa balyk tutmaga, adany barlamaga gitdiler.

## XVI bap

### GARAKÇYLARYŇ LAGERINDE

Günorta naharyndan soň, toparlary bilen ýalpak ýere, pyşdyl ýumurtgasyny çöplemäge gitdiler. Oglanlar ýalpak ýerden, taýajyklaryny çägä sümdürişip barýardylar, ýumşagrak ýer çyksa dyzlaryna çöküp, çägäni elleri bilen dörüp görýärdiler. Käte olar bir çukurdan elliläp, altmyşlap ýumurtga tapýardylar. Ýumurtgalar togalakdylar, akjadylar, hozdan sähelçe kiçidiler. Şol agşam oglanlar dabaraly toý tutdular, doýýançalar ýumurtga iýdiler, anna guni ir bilen hem şeýtdiler.

Ertirlik nahar edinip bolanlaryndan soň, olar ýalpak ýer bilen bir öňe, bir yza ylgaşdylar. Bir-birlerini kowalaşyp, tä ýalaňaç galýançalar ylgap baryşlaryna eşiklerini çykaryp zyňdylar, soňra suwuň saý ýeri bilen esli ýere ylgap gitdiler.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana
Suwuň çasly akymy olary zol-zol entrekledýärdi, emma muňa olaryň göhleri gelýärdi. Olar kä eglişip, bir-birlerine şallak atyşýardylar, şonda dem alar ýaly ýüzlerini kese sowýardylar, kä bolsa göreşip başlaýardylar we tä ýeňen oglan beýleki oglanlaryň kellesini suwa sokýança ýakalaşýardylar, birden hem hemmesi ak ellerini we aýaklaryny güne ýaldyradyp çümüp gidýärdiler. Soňra bolsa pyşgyryşyp, tüýkürinişip, gülşüp, demigişip, suwuň ýüzüne çykýardylar.

Ylgaşlamadan ýaňa halys ysgynlary gaçyp, olar kenara çykdylar, gurak ot ýaly çägäniň üstünde süýndüler we oňa gömüldiler, soňra bolsa ýene suwa tarap ylgaşyp gitdiler. Ýaňky oýunlaryň baryny täzeden başladylar, birden olaryň kellelerine öz hamymyz hem ten reňkli trikonyň ornuny tutarla diýen pikir geldi, olar çägäniň üstünde arenanyň suratyny çekdiler we sirk gurdular, özi-de üç klounly sirk, sebäbi, bu hormatly wezipäni hiç kimiň elden sypdyrasy gelmedi.

Soňra olar şarjagazlar tapyp, olary oýnap başladylar, tä oýnamak ýürege düşýänçä oýnadylar. Şondan soň Jo bilen Gek ýene-de suwa düşmäge gitdi, Tomuň bolsa gidesi gelmedi, sebäbi, balagyny çykaryp taşlasa, çekreýän ýylanyň aýagyna daňlan halkany hem zyňdygy bolýar diýip hasaplady: bu keramatly dogasyz özüni şu çaka çenli ysytma tutmandygyna ol durup-durup haýran galýardy. Ol halkany täzeden tapýança suwa düşmäge ýürek etmedi, onýança bolsa Jo bilen Gek ýadap, dynç almaga çykdylar. Olar bir azrak eýläk-beýläk gezmelediler, gaýga batdylar we kiçijik şäherjigiň güneşde irkilip ýatan ýerine — giň derýanyň aňyrsyna ýürekleri gysyp seretdiler. Tom birden aýagynyň başam barmagy bilen çägäniň ýüzünde “Bekki” diýip ýazyp oturanyny ýadyna saldy; ýazylany süpürdi we beýle gowşaklygy üçin öz-özüne kejikdi. Emma ol çydap bilmedi we ýene-de şony ýazdy. Soňra ýene aýagy bilen ol sözi pozup, beýleki garakçylary-da ýygnamak üçin bu ýerden arany açdy.

Emma Jo düýpden ruhdan düşüpdi we onuň keýpini açmaklyk häzir mümkin däl diýen ýalydy. Onuň öýleri ýadyna düşüp şeýle bir ýüregi gysýardy welin, gussadan ýaňa nirä girjegini bilmeýärdi. Göz ýaşlar dyňzap, geljek-geljek bolup durdy. Gekiň boýny burukdy. Tomuň hem içini it ýyrtýardy, emma muny bildirmejek bolup, ol elinde baryny edýärdi. Onuň entek gürrüň beresi gelmeýän bir syry bardy; emma weli bu şum ýürekgysma aýrylmasa, onda bu syry açmaly boljakdy. Ol, mümkin boldugyça, şadyýan kişi bolan bolup:

— Ýogsa-da, bu adada bizden öň hem garakçylar ýaşan bolsa gerek! Biz ony ýene-de barlarys, bu ýerde bir ýerde hum gömlüp goýlan bolmagy mümkin. Siziň altyndan we kümüşden püre-pür bolup duran posly sandyk gazyp alasyňyz gelýärmi? Ä? — diýdi.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

Emma bu diňe gowşajyk ýyrşarma döretdi, o-da netijesiz ýitip gitdi. Tom ýene-de käbir zatlary ulanyp gördi, olar-da netije bermedi, bu biderek azara galmakdy. Jo taýagy bilen gum dörüp örän tutuk otyrdy. Ahyrsoňy ol:

— Bulary taşlamarysmy indi? Meniň-ä öýe gaýdasym gelýär! Bu ýer örän ýürek gysgynç! — diýdi.

— Aý ýok, Jo, häzir bolmasa-da, soňrak hezil bolar, sen ýene pikir edip gör, bu ýeriň balygy dagysy nähili köp! — diýip, Tom aýtdy.

— Meniň balyk tutasym gelenok. Meniň öýe gidesim gelýär.

— Suwa düşer ýaly beýle suwy sen hiç ýerden tapmarsyň.

— Suwy nädeýin! Hiç kim gadagan etmese, suwa düşeniň hem gyzygy ýok. Ýok, meniň öýe gidesim gelýär.

— Süzüber! Agzyndan süýt ysy gitmedik çaga! Ejeň ýanyna gidesiň geldimi?

— Hawa, ejemiň ýanyna gidesim geldi. Seniň hem ejeň ýanyna gidesiň gelerdi, emma seniň ejeň ýok. Onsoň hem men agzyndan süýt ysy gitmedik çaga däl, senden kem ýerim ýok — diýip, Jo burnuny çekdi.

— Ýeri bolýar-da, geliň, bu izzigi öýlerine, ejesiniň ýanyna goýbereliň — şeýle dälmi, Gek? Neressejigiň ejesini göresi gelenmiş! Keýpi kellesinde, gidibersin. Saňa-ha bu ýer ýaraýandyr, Gek! Ikimiz-ä bu ýerde galarys?

Gek “Hä-ä-ä” diýdi, emma muny keýpli aýtmady.

— Mundan beýläk men seniň bilen gepleşjek hem däl. Ynha, bolany — diýip, Jo çogäniň üstünden galyp aýtdy.

Ol ýüzüni sallap, olardan çete çykdy we geýnip başlady.

— Bolduň meň başyma hondan bärsi! — diýip, Tom hüňürdedi. — Seniň bilen ýaňkalaşyp oturmaga elimiz degenok! Gidiber gitseň, goý, üstüňden birneme gülsünler. Seniň garakçy bolaýşyňy! Ýok, biziň Gek ikimiz sen ýaly izzik däl.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana
Ikimiz galarys dälmi, Gek? Gidesi gelýän bolsa, goý, gidibersin. Onsuz hem bir zady bolar.

Emma welin Tom ynjalykdan gaçdy. Geýimlerini geýnen-de Jonuň ýüzüniň juda tutukdygyny görüp, ol aljyrady munuň üstesine-de Gekiň Jonuň geýimlerini geýnişine sesini çykarman seredip durşy-da janyna ýaramady. Bir minutdan soň Jo hoşlaşman-zat etmän Illinoýs kenaryna tutduryp ugrady. Tomuň ýüregi awady. Ol Gekiň ýüzüne seretdi. Ol bolsa onuň nazaryna döz gelmän, ýüzüni beýläk sowdy. Soňra bolsa:

— Meniň hem öýe gidesim gelýär, Tom. Bu ýer örän ýürekgysgynç ýer, indi-hä has hem erbet bolar. Gel, bizem gaýdaly-la — diýdi.

— Gaýtjak däl! Gidesiňiz gelse, hemmäň gidiberiň! Men galýan!

— Tom, iň gowusy, men gideýin!

— Gidiber. Kim seni saklaýar?

Gek çägäniň üstünde çaşyşyp ýatan köýneklerini ýygnaşdyrdy we:

— Tom, senem biziň bilen gitseň oňat bolardy. Göwnüňe geňeş. Biz saňa o kenarda garaşarys — diýdi.

— Irýänçäňiz garaşyň oturyň.

Gek ýüzüni sallap ýola düşdi, Tom bolsa bar zady jähennemä urup gidibersem diýip, onuň yzyndan seredip durdy. Ol oglanlar aýak çekerler öýtdi, emma olar suwuň saý ýeri bilen şol ýöräp gidişlerine gitdiler. Olarsyz nähili kyn boljakdygyny Tom derrew aňdy. Ýöne az salymdan onuň ýeli gaçdy we:

— Duruň! Men size bir zat aýtjak! — diýip gygyryp, dostlarynyň yzyndan eňdi.

Olar şo bada aýak çekdiler we Toma tarap bardylar. Olaryň ýanyna ylgap baryp, ol dessine öz syryny gürrüň berip başlady, olar bolsa nämäň nämedigine düşünýänçäler ýüzlerini çytyp diňläp durdular, düşünensoňlar bolsa, olar “Bä, oňarypsyň”, öňden aýdan bolsaň asyl gaýtmazdyk diýip, begenişip gygyryşdylar.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

Tom bir bahana bilen özüni aklady, ýogsa welin bu syrymam bulary uzak saklamaz diýip, muny aýtmakdan çekinip ýördi we ony ätiýaç üçin aýdypdy.

Olar ada şadyýan gaýdyp geldiler we Tomuň oýlap tapan täsin zady barada jagylda-jugul bolşup, onuň muny tapyşyna haýran galyşyp ýene-de oýnap başladylar. Heýgenek bilen balykdan edilen oňat nahardan soň, Tom indi çilimem öwrenäýmeli eken diýdi. Jona hem bu pikir ýarady we meniň hem sorup göresim gelýär diýdi. Gek olara şybyk edip berip, içini temmäkiden doldurdy. Öwrenjeleriň ikiside şoňa çenli diliňi gijedýän üzüm ýapragyndan başga hiç zat çekip görmändiler, olam bolsa hakyky çilim çekildigi däldi.

Olar tirseklerine söýenip, gyşardylar we örän seresaplylyk we ätiýaçlylyk bilen şybygy sorup başladylar. Tüsse ýakymsyz tagamlydy we bokurdagyňa ýelmeşýärdi, emma Tom:

— Bu örän aňsat ogşuýan! Eger munuň beýle aňsatdygyny bilen bolsam, bir eýýäm öwrenerdim — diýdi.

— Men hem — diýip, Jo tassyklady — kyn zady ýok ekeni.
— Başga adamlaryň çilim çekýändigini näçe gezekler gördüm, men şonda “menem çekäýsem” diýdim. Ýöne oňarmazmykam öýtdüm — diýip, Tom dillendi.

— Menem edil seniň ýaly. Şeýle dälmi, Gek? Men saňa bu barada näçe gezekler aýtdym, sen eşitdiň ahyryn, Gek? Ynha, aýdanymy-aýtmanymy Gek aýdaýsyn.

— Hawa-la, onda-da birnäçe gezek — diýip, Gek tassyklady.

— Menem şeýle — diýip, Tom söze başlady, — müň gezek dagy aýdandyryn. Bir gezeg-ä gassaphananyň ýanynda aýtdym. Ýadyňa düşýärmi, Gek? Şol wagt ýanymyzda Bob Tenner, Jonni Miller we Jef Tetçer dagy hem bardy. Meniň şol gezek aýdanym seniň ýadyňda bar ahyryn, Gek?

— Ýogsam näme — diýip, Gek jogap berdi. — Bu meniň akja şarymy ýitiren günümdi. Ýok, ol gün däl how, onun öň ýanyndaky gündi.

— Aha, men saňa aýtmadymmy! — diýip, Tom aýtdy. Ynha, Gekiň hem ýadyna düşýär eken.

— Men uzynly günläp çilim çekip biläýjek ýaly, birjigem ýüregim bulananok — diýip, Jo aýtdy.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

— Meniň ýüregim hem bulananok — diýip, Tom aýtdy. — Men uzynly günläp çilim çekip bilerdim. Emma, ynha, Jef Tetçer, ähtimal, muny oňarmazdy.

— Jef Tetçermi! Wah, ol iki gezek sordugy ýykylar-la. Goý, bir gezek synanyşyp göräýsin. Başarmaz!

— Elbetde! Jonni Miller hem başarmaz, onuň çekişini bir görseňdiň.

— Başarmaz! — diýip, Jo gygyrdy. — Seniň Jonni Milleriň nämäň alnyndan? Ol bir gezek sordugy entirekläp gider.

— Ýogsam näme, entirekläp giderle. Şu wagt bir bizi oglanlar görsediler.

— Menem şony diýýän-dä.

— Näme diýseňizläň, dostlar, biz hiç kime hiç zat aýtmarys, olaryň hemmesi ýygnanarlar welin, men seniň ýanyňa gelip: “Jo, şybyg-a ýanyňdadyr? Çilim çekesimiz gelip gidipdir” diýerin. Sen bolsa perwaýyňa-da däl ýaly bolup: “Hawa, köne şybygym-a bar, zapasy hem bar, ýöne temmäkiniň ugry ýok” diýip jogap berersiň. Men “Aý, onuň aýyby ýok, ýöne güýçlüsi bolsa bor” diýerin, sen bolsaň iki şybygy-da jübiňden çykararsyň we biz hiç zatdan habarsyz ýaly bolan bolup, çilim çekeris. Şonda olar aňk bolaýsalar gerek!

— Hudaý ursun, bu oňat bolardy. Ýöne, haýp olar häzir bizi görenoklar-da.

— Ýogsam haýp bolmazmy! Çilim çekmäni garakçy bolanymyzda öwrendik diýsek dagy, olar biz bilen gaýtmanlaryna ökünip, yzyndan ýetip bilmezler.

— Elbetde, ökünerler! Özem ýöne-möne-de ökünmezler.

Gürrüň dowam etdi. Emma basym ol ýuwaşap, üzlem-saplam bolup başlady. Arasy uzady, çilimkeşler ýygy-ýygydan tüýkürinişip başladylar. Owurtlarynda fontan döräp, dilleriniň aşagyny sil alan ýalydy; tüýkürip ýetişseň, gelip ýetişýärdi, oglanlar näçe jan etseler-de, tüýkülik bokurdaklaryna dolup, ýürekleri bulanyp ugrady. Oglanlaryň ikiside ak esgi ýaly boldular, olaryň ýüzlerine sereder dagy eder ýaly bolmady. Şybyk Jo Garperiň barmaklarynyň arasyndan sypyp gaçdy. Tomuňky hem şeýle boldy. Fontanlaryň ikiside aýak aldygyna işleýärdi, nasoslar çykaryp ýetişip bilmeýärdiler. Jo gowşajyk ses bilen:

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

— Men çakgymy ýitirdim. Gidip gözlesemmikäm…— diýdi.

Tom sakawlap, dodaklaryny sandyradyp, zordan:

— Men saňa kömekleşäýerin. Sen, halha, şol tarapa git, men bolsa çeşmäniň ýanyndan gözläýin. Ýok, sen biziň bilen gitme, Gek, biz sensiz hem taparys — diýdi.

Gek ýene-de aşak oturdy we bir sagat dagy garaşdy. Soňra ýüregi gysdy-da, dostlaryny gözlemäge gitdi. Ol olary tokaýyň içinde bir-birlerinden örän uzakda tapdy. Olaryň ikiside ýüzlerini ak tam ýaly edişip, süýji uklap ýatyr ekenler. Emma ol olara bir zat bolaýan hem bolsa, indi gutulandyrlar diýip oýlady.

Şol agşam agşam şamlygyny edinip otyrkalar, olar kän geplemediler. Olar düýpden ýuwaşapdyrlar, agşam naharyndan soň, Gek öz şybygyny temmäkiden dolduryp, olaryňka-da saljak bolanda, olaryň ikisi iki ýerden gerek däl, ugrumyz ýok, belki günortanky nahardan artykmaç iýendiris, şondandyr diýişdiler. Ýarym gijeler Jo oýandy we beýlekileri-de turuzdy. Howada ýürekgysgynç agyrlyk duýulýardy; onda oňlulygyň alamaty ýokdy. Dymyklykdan ýaňa demiňi alyp bolmaýan bolsa-da, oglanlar myhmansöýer oda tarap barha ileri süýşýärdiler. Olar seslerini-üýnlerini çykarman, garaşyp otyrdylar. Elhenç ümsümlik bolsa şol uzaga çekip gidip otyrdy. Oduň ýagtyldyp bilmeýän ähli zadyny tüm garaňkylyk gaplap alypdy. Birden titrewük ýylpyldy göz açyp-ýumasy salymda ýapraklary ýagtyldyp öçüp gitdi. Onuň yz ýanyndan başga bir, birneme ýitiräk ýylpyldy peýda boldy. Soň ýene-de biri çykdy. Soňra agaçlaryň depesi bir tüýsli uludan demini alyp iňňildän ýaly boldy. Oglanlaryň duluklaryna biriniň demi düşen ýaly boldy we bu gije ruhunyň demidir — diýip, oýlanyp titräp gitdiler. Ähli zat suw sepilen ýaly boldy. Birden üýtgeşik bir ýiti ýylpyldy gijäni gündize öwürdi, hatda olaryň aýaklarynyň astyndaky iň bir kiçijik otlar-da göründi, oglanlaryň ýüzleri gorkudan ýaňa duw-ak bolup ýagtyldy. Gök gübürdäp, gümmürdi bütin asmanyň ýüzüne, ýokardan aşaga çenli ýaýrady we uzakda bir ýerde ýitip gitdi. Sowuk howanyň akymy oglanlaryň ýüzüni ýalady, ýapraklary titiretdi we kostýoryň töweregindäki ýeri bütin kül edip taşlady. Ýyldyrymyň ýene-de bir güýçli ýylpyldysy bütin tokaýy ýagtyldyp gitdi we daş-töwerekde şeýle bir zenzele turdy welin, göýä diýersiň, agaçlaryň depeleri oglanlaryň ýokarsynda bölek-bölek bolana meňzedi. Olar tüm garaňkynyň içinde gorkularyna bir-birlerine gysmyljyradylar. Ýagşyň ilkinji iri damjalary ýapraklaryň üstüne şybyrdap düşüp başlady.

— Oglanlar çaltrak bassyrmanyň aşagyna ýetiň — diýip, Tom gygyrdy.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

Olaryň üçüsi-de ýerlerinden turdy, garaňkylykda agaçlaryň köklerine büdreşip, hyrawa biten üzüm agajyna çolaşyp, dürli tarapa ylgaşyp gitdiler. Ýyldyrym gözüňi gamaşdyryp gelýärdi, gök yzyny üzmän gübürdeýärdi. Birden jala gelip başlady we turan tupanyň derdinden ýagyş bedreden guýulýan ýaly guýdy. Oglanlar bir-birlerine bir zatlar diýşip gygyryşdylar, emma ýeliň şuwwuldysy, gök gübürdisi olaryň seslerini düýpden diýen ýaly basdy. Teý ahyry olar ýeke-ýekeden bassyrma ýetdiler we buýuşyp, gorkuşyp we öl-myžžyk bolşup bassyrmanyň aşagyna girdiler, olaryň barynyň birden heläk bolup barýan ýaly görünmegine-de olar şükür etdiler. Köne ýelken şeýle bir janygyp pasyrdaýardy welin, ähli galmagallary ýeňip geçip, ses-üýn alşaýanlarynda-da olar gürleşip biljek däldiler.

Tupan gitdikçe güýjeýärdi, birden ýelken sypdy-da, ony şemal öz ugruna alyp gitdi. Oglanlar bir-birleriniň ellerinden tutuşyp kä büdräp, kä ýüz-gözlerini çişirişip, derýanyň kenaryndaky uly dubuň aşagyna ylgap gitdiler. Indi tupanyň tüýs möwjän çagydy. Asmanda çakýan ýyldyrymlaryň dyngysyz ýylpyldylaryna ýeriň ýüzündäki ähli zat: yranýan agaçlar, derýanyň tolkunlary, tolkunlaryň örküçleri, syçraşyp gidýän köpürjikler we çapyp barýan bulutlaryň hem-de garalyp ýagýan ýagşyň arasyndan o kenardan çala salgym bolup görünýän beýik-beýik gaýalar mese-mälim, açyk we kölegesiz bolup görünýärdi.

Ullakan agaçlaryň minutsaýyn biri şata çydap bilmän, ses edip gaýdýardy, ýüzüniň ugruna hem ýaş nahallary döwüşdirýärdi. Gögüň dyngysyz gübürdisi bolsa şeýle bir güýçli, şeýle bir güwwüldili, şeýle bir gorkunç ses edýärdi welin, aýdar-diýer ýaly däldi. Tupan şeýle bir güýçli turupdy welin, adany hä diýmän dyrpytrak edäýjek, ony ýakyp-ýandyraýjak, agaçlaryň depelerine barýança suw bilen basaýjak, ondaky ähli janly-jandary ýel alyp gidäýjek, gulagyňy kamata getiräýjek ýaly, özi-de bu zatlary göz açyp-ýumasy salymda edäýjek ýaly bolup görünýärdi. Bular ýaly gije açyk meýdanda galaýmak howpludy.

Emma ahyrsoňy söweş tamamlandy, goşunlar haýbatly hüňürdeşip we alaşakyrdy bolşup yza çekildiler, ýerde ýene-de asudalyk höküm sürdi.

Oglanlar lagere öler ýaly gorkuşyp geldiler. Aşagynda penalanan ýerleri bolan ullakan çynar ýyldyrym urup çym-pytrak bolan eken. Agaç ýykylanynda onuň aşagynda bolmandyklaryna oglanlar begendiler.

Lagerdäki ähli zady we ody suw basan eken, sebäbi, olaryň çaga geleňsizligi sebäpli, oduň üstüni bir zat bilen örtmek oglanlaryň ýatlaryna-sorlaryna-da düşmändir. Neneň gaýgy-gama batmajak, olar şeýle bir buýupdylar, şeýle bir

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana
üşäpdiler ahyryn. Olaryň gussalydygy ýüz-gözlerinden hem mesaňa mälimdi, emma basym oduň ullakan töňňäniň ýerden aýrylýan ýerine ýetip, şol taýda eliň aýasy ýaly ýeriniň ýagyş degmän tüsseläp duranyny gördüler. Oglanlar ody howlukman tutaşdyrýardylar we ýagşy tutaşýança çyg düşmedik töňňeleriň aşagyndan ýonuşgadyr gabyk alyp, oduň üstüne oklaýardylar. Şonda olar ýokardan ýogyn şahalary omurdylar, ýalyn körükden çykýan ýaly dik asmana göterildi, oglanlaryň ýene-de keýpleri göterildi. Olar gaýnadylan doňuz etini kakatdylar we doýýançalar iýdiler, soňra bolsa oduň öňünde oturyp agşamky bolup geçen zatlar barada daňdana çenli öwnüşip, üstüne goşuşyp gürrüň etdiler, şeýdäýmeseler barybir ýatar ýaly ýer ýokdy, birjik-de gury galan ýer galman ekeni.

Şahalaryň arasyndan günüň ilkinji şöhleleri görnüp ugranda, oglanlar bürlüşip başladylar; olar derýanyň gyrasyna baryp, şol ýerde gyşardylar. Gün birneme gyzdyryp başlady, emma olaryň turasy we ertirlik nahar taýýarlaslary gelmeýärdi. Nahardan soň olar ýene-de ýüzlerini saldylar, çala gymyldadylar we olaryň ýenede öýlerine gaýdaslary geldi.

Tom muny bilip, elinden gelenini edip, garakçylary güýmemäge başlady. Emma olary şarjagazlar-da, sirk-de, suwa düşme-de — dünýäde hiç zat gyzyklandyrmaýardy. Ol olara möhüm syr barada ýatlady, bu bolsa kiçiräk şatlyk uçgunjygyny döretdi. Bu uçgunjyk sönmänkä, Tom olary täze bir oýlap tapan zady bilen gyzykdyrdy. Olar häzirlikçe garakçy bolup oýnamaklaryny bes edip, wagtlaýynça hindi bolmaklygy ýüreklerine düwdüler. Bu pikir olara ýarady we olar haýal etmän, ähli geýimlerini çykardylar-da, edil zebralar ýaly, aýaklaryndan başlap, tä kellelerine çenli zol-zol edip palçyk çyrşadylar. Iňlis gelmişekleriniň üstüne çozmak üçin, tokaýa ylgaşyp gitdiler. Elbetde, olaryň hemmejesi-de serdardy.

Soňra olar üç sany žet taýpa bölünişdiler we alagopgun turzuşyp bukudan çykyp, bir-birleriniň üstlerine çozdular, bir-birlerini öldürdiler. Bu gün örän gan döküşikli, diýmek, örän şowly boldy.

Olar agşam naharyna — lagere aç we şadyýan gaýdyp geldiler, emma bu ýerde bir kynçylyk döredi: bir-birine duşmançylykly bolan taýpalar ýaraşyk barada şertnama baglaşmazdan, bir-birini myhmançylyga çagyryp bilmeýärdiler, şertnamany bolsa ýaraşyk şybygyny sormazdan baglaşmak mümkin däldi. Olar başga bir ýoluň barlygyny hiç bilmeýärdiler. Hindileriň ikisi-hä garakçy bolup galmanlyklaryna-da gynandylar.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

Emma dagy-da alaç ýokdy, şonuň üçinem çilim ýaraýan kişi bolup, olar şybyk talap etdiler we kada bolşy ýaly, ony bir-birlerine berşip, nobatyna sordular.

Netijede, olar hindiler bolanlyklaryna begendilerem, sebäbi bu olara oduk-buduk öwredipdi. Görüp otursaň, olar çilimi, ýiten çakgyny gözlemäge gitmezden, azazdan sorup çekip-de bilýär ekenler; olaryň ýüregi indi onçakly güýçli bulanmaýardy we iş gelşiksizligiň üstünden eltmeýärdi. Olaryň bu ajaýyp mümkinçiligi ellerinden gideresleri gelmeýärdi. Ýok, agşam naharyndan soň, olar ýene çilim çekmekçi boldular, özi-de örän şowly boldy. Sebäbi, agşam diýseň ýakymly geçdi.

## XVII bap

GARAKÇYLARYŇ JAÝLANYŞY

Muňa derek bu asuda şenbe agşamsy bütin şäherde ýekeje adam-da keýp çekmedi. Polli daýzanyň maşgalasy bilen ähli Garperler agyr gaýgydan ýaňa göz ýaş edip, ýas geýimine giripdiler. Şäher üýtgeşik bir ümsümlikdi, dogrusyny aýtsaň, onda hemişe asudalyk bolýar. Şäherliler aljyraňňy görnüşde öz işleri bilen gümradylar we birek-birek bilen gürleşmeýärdiler diýen ýalydy, emma muňa derek örän ýygy ah çekýärdiler. Şenbe günki dynç almak çagalar üçin agyr ýük bolup görünýärdi. Olaryň düýpden oýnaslary, hezil edinesleri gelmeýärdi we şonuň üçin dürli-dürli oýunlar kem-kemden galyp başlady. Günüň ahyryna Bekki Tetçer mekdebiň boş galan howlusynda gaýgydan ýaňa näderini bilmän aýlanyp ýördi, emma ol o ýerden özüne teselli berip biljek hiç zat tapmady. Ol öz-özi bilen gürleşip başlady:

— Ah, mende şu wagt şol mis gazanjyk bir bar bolsa bolmaýarmy! Emma mende ondan hiç hili ýadygär galmady! — diýip, ol dyňzap gelen göz ýaşy ýuwutdy.

Soňra durup, öz-özüne:

— Bu edil şujagaz ýerde bolupdy. Eger geçenleriň hemmesi täzeden gaýtalanýan bolsa, onda men oňa beýle diýmezdim. Eger-eger diýmezdim. Emma indi ol ýok! Men ony indi hiç haçan görüp bilmerin… — diýdi.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

Bu pikir Bekkini has hem horlady we ol gözýaş edip turup ugrady. Soňra Tomuň we Jonuň ýoldaşlary bolan bir topar oglan-gyzjagazlar geldi; olar haýatyň ýanynda aýak çekdiler we howla syn edip başladylar, Tomy soňky gezek nirede görendikleri barada, onuň şonda pylan zat-pylan zatlar edendigi, Jonuň (ähmiýetsiz, emma betbagtçylygy duýduryan, indi bolsa hemmeleriň gözi ýeten zady) pylan zatpylan zatlar diýendigi barada pyşyrda-pyşyr bolşup gürrüň etdiler. Hersi hem şol wagt öliniň nirede duranlygyny görkezýärdi we… "…Men bolsa, ynha, şu ýerde durupdym, ol bolsa edil gapdaljygymda — seniň duran ýeriňde durdy; ol, ynha, şeýle bir gorkunç ýylgyryp goýberdi welin, meniň inim jümşülläp gitdi. Men ol wagt bu zatlaryň näme üçindigine düşünmezdim, indi bolsa düşünýärin!" — diýen ýaly bir zatlar-bir zatlar toslaşdyrdylar.

Soňra oglanlary iň soňky gezek kimiň diri görenligi barada jedel etdiler, köpler bu biderek artykmaçlyk üçin ýaryşa goşuldylar we delil görkezdiler, emma şaýatlar ol delilleri şol bada ýalana çykardylar. Ölenleri kimiň soň görenligi we gürrüň edenligi doly mälim edilende, bu bagtyçüwenler diýseň tumşuklaryny ýokary tutdular, galanlaryň bolsa olara gözleri gidip syn etdiler. Bir neressejik öwnere zady bolmansoň:

— Meni bolsa Tom Soýer bir gezek ykjam ýençdi — diýip, guwanç bilen ýatlady.

Emma bu öwünmäniň eden täsiri bolmady. Oglanlaryň her birisi hem öz içinden hut şeý diýip biljekdi, şonuň üçinem bu deliliň hiç kime hiç hili peýdasy ýokdy. Wepat bolan gahrymanlar barada hormat goýujylyk bilen ýatlaşyp, oglanlar dagaşdylar.

Ertesi ir bilen, ýekşenbe mekdebindäki okuwlar gutaranda jaň sesi çykdy, emma ol hemişekileri ýaly şadyýan däl-de, ýuwaşja we gaýgylydy. Ýekşenbe güni örän ümsümlik boldy we jaňyň hesretli sesi tebigaty gurşap oturan tukatlyk keýpine çalym edýärdi. Şäherliler metjide ýygnanyşyp ugradylar, ýolda bolsa gaýgyly ýagdaý barada gürrüňleşmek üçin wagtal-wagtal aýak çekdiler. Emma metjidiň içinde pyşyrdaşýan ýokdy; ümsümligi diňe öz ýerlerine geçip barýan aýallaryň köýnekleriniň gamly pasyrdysy pozýardy. Kiçijik metjidiň beýle bolýanlygy hiç kimiň ýadyna düşmeýärdi. Ahyrsoňy garaşmaklyk, dartgynly ümsümlik başlandy, şol wagt bolsa Siddir Meri bilen Polli daýza girdi, olaryň yzy bilen bolsa ýas geýiminde Garperleriň maşgalalary girdiler; gelenleriň ählisi, hatda wagyznesihatçynyň özi-de, ýerlerinden turup hormat goýşup, olaryň öňünden çykdy we tä wepat bolanlaryň kowum-garyndaşlary baryp öňdäki oturgyçda oturýançalar dik durdular. Ýene-de dymdyrslyk başlandy, bu dymyşlygyň arasy wagtal-wagtal möňňürme bilen kesildi, soňra bolsa keşiş elini öňe serip, doga okamaga durdy.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

Soňra öwüt-ündewçi wepat bolan oglanlaryň laýykatlyklary, täsin häsiýetleri we seýrek duş gelýän zehinleri barada şeýle bir owadanlap gürrüň berip başlady welin, gelenleriň her biri oglanlaryň suratyna seredip öz-özlerinden utandylar neresse çagajyklara hemişe biderek azar berenlikleri we hemişe olaryň diňe aýyply we kemçilik taraplaryny görendikleri barada ýatlap ökündiler. Mundan başga-da ündewçi wepat bolanlaryň durmuşynyň olaryň ümsüm we asylly häsiýetleriniň ähli oňat tarapyny görkezýän birnäçe tolgundyryjy zatlary gürrüň berdi; şonda hemmeler munuň nähili täsin we mert etmişlikdigine göz ýetirdiler, bu etmişlikleriň şol wagtlar ähli adamlar tarapyndan gözçykgynç garagolluk diýlip hasap edilendigini gynanç bilen ýatladylar. Keşiş şeýle bir zarynlap gepleýärdi welin, gelenleriň ýüregi gitdikçe ezelenýärdi; ahyrsoňy duranlaryň hemmesi çydap bilmän, möňňürip ses edip duran kowum-garyndaşlaryňka goşuldylar, hatda ündewçiniň özi-de saklanyp bilmän, kafedrada duran ýerinde gözünden ýaş dökdi.

Agynyň arasynda bir galmagal eşidildi, emma hiç kim oňa gulak gabartmady; bir minutdan soň girilýän işik jygyldap gitdi. Ündewçi öl-suw bolan gözünden ýaglygyny aýyrdy we edil duran ýerinde doňan ýaly bolup durdy! Ündewçiň nazary ilki bir jübüt, soňra ikinji jübüt göze düşdi, şol wagt gelenleriň hemmesi bir adam ýaly bolup, gämili gelýän üç sany gark bolana aňkaryp laňňa ýerlerinden galdylar: Tom öňden gelýärdi, Jo yzyndan, iň yzdan bolsa gorkýan ýaly bolup üstibaşy sal-sal Gek gelýärdi. Olar boş hora gizlenip, tabyt öňündäkileriň özleri barada aýdýan sözlerini diňlediler.
Polli daýza, Meri we ähli Garperler öz halas bolanlaryny bagyrlaryna basdylar we hudaýa müňde bir şükür edip, olary taýly gezek ogşadylar. Gek neressejik bolsa aljyrap, özüni ýitirip durdy we ýakymsyz nazarlardan ýaňa nirä gaçyp gitjekdigini, näme etjegini bilmän, özüni bir hili gowuşgynsyz duýdy. Ol göwünli-göwünsiz ädimläp çykyp gaçaryn diýen niýet bilen gapa tarap ýöneldi, emma Tom onuň elinden tutup:

— Polli daýza, munyňyz gowy däl! Gekiň gelenine-de begenen adam bolsun ahyryn — diýdi.

— Elbetde, belli zat. Men o neressejigiň gelenine şat-la!

Eger Geke şu çaka çenli gören görgülerinden-de erbet bolup görünýän bir zat bolsa, onda ol diňe Polli daýzanyň özüne mähir bilen seredip başlanlygydyr.

Birden ündewçi çasly ses bilen:

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

— Ähli eşretleriň gözbaşy taňra şükür edeliň. Gygyryň, tüýs ýürekden aýdym edip gygyryň — diýip gygyrdy. Gelenleriň ählisi aýdyma gygyrdylar. Köne psalom metjidiň gümmezini titredip dabaraly ýaňlandy, garakçy Tom Soýer bolsa özlerine göwni gidip seredýän oglanlary görüp, bu wagtyň öz ömrüniň iň oňat pursatydygyny boýun alman durup bilmedi. Topar-topar bolşup metjitden çykyp barýarkalar “aldawa düşüp” gelenler köne mähirli gimniň şeýle zaryn aýdylyşyny eşitmek üçin, özleriniň ýene-de aldanylmagyna kaýyldyklaryny aýtdylar. Polli daýzanyň keýpi zerarly şol günki ýeňsesine kakylyşy, ogşalyşy ýaly, Tomuň bütin bir ýylda-da ýeňsesine kakylmandy we ogşalmandy; daýzasynyň özüne bolan söýgüsiniň ýeňsä kakmasynda köpdügini-de, ogşamasynda köpdügini-de Tom bilip bilmeýärdi.

## XVIII bap

### TÄSIN DÜÝŞ

Tomuň gaty gizlin syry ine şudy — ol garakçy doganlary bilen öýe gaýdyp gelip, öz gonamçylyklarynda bolup görmekligi göwnüne düwen eken. Şenbe güni, iňrik garalanda olar pürse münüp, Missuriýa kenaryna tarap ýüzüp ugradylar, şäheriň bäş-alty millik aşak ýanyndaky gury ýere çykdylar, gijäni tokaýda geçirdiler, daň saz berende bolsa, öwrüm ýol bilen, pereuloklardan metjide ýetdiler we döwükýenjik skameýkalaryň arasynda horuň sesine meýmiräp ýene uka gitdiler.

Duşenbe güni ir bilen, ertirlik naharyň başynda Polli daýza-da, Meri-de Tom bilen mähirli gürleşdiler, ýetişibildiklerinden oňa hyzmat etdiler. Gürrüňiň yzy gutarmady. Gürrüňiň ortasynda Polli daýza:

— Ýagşy, Tom, bar adamyny tas bir hepdeläp diýen ýaly horlamak, siziň üçin hezil bolsa bolandyr, muňa düşünýän. Ýöne oýun etjek bolup meni-de horlamaga neneň ýüregiň etdi? Eger pürse münüp özüňiň jaýlanmagyňa gelip bilýän bolsaň onda özüňiň ölmän, ýöne öýden gaçanlygyňy bildirer ýaly iň bolmanda-da syzdyryp bir bilerdiň ahyryn.

— Hawa, Tom, şeýdib-ä bilerdiň. Ýöne ýadyňdan çykaraýansyň-da, ýogsam sen hut şeýle hem ederdiň — diýip, Meri aýtdy.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

— Şeýlemi, Tom? — diýip, Polli daýza sorady we onuň ýüzüne umyt alamaty çaýyldy. — Hany, maňa aýt: eger ýadyňdan çykarmadyk bolsaň, sen muny şeýdermidiň?

— Men… dogrusy, bilmedim. Bu ählisini bulaşdyrardy.

— Tom, sen meni iň bolmanda azajyk bir söýýärmikäň öýdýärdim — diýip, Polli daýza şeýle bir gatyrgandy welin, Tom aljyrady duruberdi. — Iň bolmanda, meni ýadyňa bir salan bolsadyň, bu-da ýokdan oňadrak bolardy.

— Ýeri, daýza, bu ýerde näme erbet zat bar! Ol muny aljyransoň unudaýandyr. Ol hemişe nirädir bir ýaňa alňasaýar şonuň üçinem zat ýadyna düşenok — diýip, Meri Tomuň arkasyny tutdy.

— Beýle bolsa bolanok-da. Ynha Sid bolan bolsa, ol ýatlardy. Gelerdi-de maňa ýagdaýlary aýdardy. Seret, Tom, pikir edip biläýjek mahalyň, men hakda öz pikirlenenligiň ýadyňa düşüp, soň ökünersiň, emma giç bolar!

— Daýza, meniň sizi oňat görýänligimi siz bilýäňiz ahyryn.

— Eger iň bolmanda bir zatjagaz bilen subut edenem bolsaň, men ynanardym.

— Bu barada pikir etmänligime indi puşman edýän — diýip, Tom ökünçli aýtdy — ýöne muňa derek men sizi düýşümde gördüm. Her näme-de diýseň, bu-da bir hasap, şeýle dälmi?

— Nämedigini hudaý bilsin, düýşi näme, pişigem görüp bilýär, emma her niçigem bolsa bu-da ýokdan ýagşy. Düýşüňe näme girdi?

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

Ynha, çarşenbe gijesi siz meniň düýşüme, ine, şu ýerde, krowatyň ýanynda oturan bolup girdiňiz, Sid bolsa odunly ýaşşigiň ýanyndamyş diýýärin, gapdalynda-da Meri durmuş diýýärin.

— Dogry biz şeýdip otyrdygam-da. Biz hemişe şeýdip oturýarys. Biz hakda, iň bolmanda, düýşüňde pikir edenligiňe-de men örän şat.

— Jo Garperiň ejesem şonda şu ýerde oturanmyş diýýärin!

— Dogry olam şonda bardy. Ýeri, onsoň näme gördüň?

— Aý bir topar bar… Ýöne häzir bulaşyp dur.

— Hany, ýadyňa saljak bolup jan et, neneň ýadyňa düşenok!?

— Göwnüme şemalam… şemalam ýelpedip… ýelpedip durmuka diýýärin.

— Hany, oýlan. Tom! Şemal bir zady-ha ýelpedipdi. Ýeri? Tom barmagyny howsalaly görnüşde maňlaýyna tutup, salym geçmänkä:

— Indi ýadyma düşdi, indi ýadyma düşdi! Şemal şemi ýelpän ekeni! — diýdi.

— Toba-tagsyr! Onsoň, Tom, onsoň!

— Onsoň, göwnüme bolmasa, siz: “Meniň göwnüme gapy… diýen ýaly bolduňyz.

— Onsoň, Tom!

— Maňa pikir etmäge ýekeje minut maý beriň — ýekeje minut. Wiý, hawa-da, siz, göwnüme bolmasa, gapy açylan ýaly boldy diýdiňiz.

— Dogry, edil şu wagtky şu ýerde oturyşym ýaly! Meniň şeý diýenim hak ahyryn, Meri, dogry dälmi. Onsoň?

— Onsoň bolsa, onsoň bolsa… ýadyma düşenok öýdýän, emma welin siz Sidi bir ýere iberip, bir zat tabşyrdyňyzmykaňyz diýýärin.

— Ýeri? Ýeri? Men oňa näme tabşyrdym, Tom? Men oňa näme tabşyrdym?

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

— Näme tabşyrdyňyzkaňyz, wiý, siz oňa gapyny ýapmaklygy tabşyrdyňyz-ow.

— Hudaý bar, beýle zatlary ömrümde hiç haçan eşitmändim. Şundan soňam düýşüň netijesi ýok diýýärsiňiz! Edil şu wagtyň özünde muny Sirini Garpere gürrüň bermek gerek. Köne düşünje diýip näçe samrabersin, indi onuň sypasy ýok… Soňra, Tom!

— Indi hemmejesi änigine-şänigine çenli ýadyma düşdi. Onsoň siz Tom şeýle erbedem däl, ýöne garagol hem aljyraňňy, menden haýyş edenden… ýadyma düşenok, tapdanmy-nämemi haýyş eden oňat diýdiňiz.

— Şeýle-de bolupdy-da! Ah, taňrym-eý, onsoň, Tom!

— Onsoň bolsa siz agladyňyz.

— Hawa-hawa, agladym! Özem birinji gezegem däl. Onsoň?

— Onsoň missis Garper hem aglady, onuň hem Josy şeýlemiş, ýöne ol öz zyňan garalymy alany üçin ýenjenime öküňýän diýdi…

— Tom! Saňa perişde medet beripdir. Sen aýan düýş görüpsiň, ynha, saňa näme bolan eken. Ýeri, onsoň näme boldy, Tom?

— Onsoň Sid şeý diýdi… Ol şeý diýdi…

— Men hiç zat diýmedimmikäm diýýärin — diýip, Sid garşy çykdy.

— Ýok, sen Sid diýipdiň ahyry — diýip, Meri aýtdy.

— Siz sem bolsaňyzlaň, goý, Tomuň özi aýtsyn!.. Ol näme diýdi, Tom?

— Ol şeý diýdi… göwnüme bolmasa, ol Toma o ýer bu ýerden oňatdyr, eger Tom özüni başgarak alyp baran bolsady.. diýdi öýdýän.

— Eşidýäňizmi, näme diýýär? Bu sözleri ol aýdypdy!

— Siz bolsa oňa goý diýdiňiz.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

— Hawa-da, goý diýdim! Biziň otagymyzda allanyň perişdesiniň bolanlygy hak! Bu ýerde bir ýerde perişde bolandyr.

— Missis Garper bolsa özüni Jonuň piston bilen gorkuzyşyny gürrüň berdi, siz bolsa pişik bilen derman barada gürrüň berdiňiz…

— Hakyt dogry-da!

— Soňra bolsa bizi derýadan gözlejek bolýandyklary, jaýlamanyň ýekşenbe güni geçiriljekdigi barada köp gürrüň boldy, siz bolsaňyz missis Garper bilen gujaklaşdyňyz we aglaşdyňyz, soň ol çykyp gitdi.

Aýdyşyň ýaly boldy! Aýdyşyň ýaly boldy — bu edil meniň şu ýerde oturyşymyň dogrulygy ýaly dogry! Tom, sen bulary öz gözüň bilen gören bolsaň hem mundan oňat edip aýdyp bilmezdiň. Onsoň näme? Ýeri, Tom?

— Soň siz men barada doga okap başladyňyz, siziň doga okaýşyňyzy men gözüm bilen görüp, onuň her bir sözüni gulagym bilen eşitdim. Soň bolsa siz ýeriňize girip ýatdyňyz, meniň hem size nebsim agyryp, agajyň gabygyna: “Biz gark bolamzok, biz diňe garakçylara öwrüldik” diýip ýazdym we ol gabygy stoluň üstündäki şemiň gapdalynda goýdum; soň bolsa siz uka gitdiňiz we ukyň arasynda özüňiz şeýle bir mähirli eken welin, men, göwnüme bolmasa, ýanyňyza barýan-da, eglip dodagyňyzdan ogşaýarmykam diýýärin.

— Goýsana, Tom, şeýdäýdiňmikäň! Şeýle bolsa men seniň ähli günäňi geçerdim! — diýip, ol oglanyň egninden tutdy-da, ony bagryna basdy, şonda oglan özüni näkesleriň näkesi hasap etdi.

— Diňe düýş-de bolsa, bu onuň örän oňat iş etdigi — diýip, Sid çalaja pyşyrdady.

— Kes sesiňi, Sid! Adam özüni ukuda-da edil oýalykdakysy ýaly alyp barýar… Tom, ynha, saňa almanyň iň ulusy men ony ätiýaçdan seniň geleriňe diýip sakladym. Indi bolsa mekdebe ugra. Seni maňa gowşurany üçin, özüne ynanylyp özüniň wesýetleri saklanylýana, merhemetine mynasyp bolmasam-da maňa sabyrlylyk we rehim şepagatlylyk edýäni üçin, hudaýa köp-köp şükür. Eger kyn pursatlarda onuň merhemetinden we kömeginden diňe mynasyp adamlar peýdalanýan bolsadylar, onda ýerdäki şatlygyň we asmandaky müdimilik rahatlygyň nämedigini bilenler az-az bolardy… Indi bolsa, Sid, Meri, Tom, siz şu ýerden basymrak ugraň. Halys ýüregime düşdüňiz!

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

Çagalar mekdebe gitdiler, Polli daýza bolsa missis Garperiň zada ynanmaýanlygyny Tomuň täsin düýşi bilen ýeňjek bolup, onuň ýanyna ugrady. Emma welin öýden çykyp barýarka, Sid kellesine gelen pikiri çekinip aýtmady. Onuň kellesine şeýle bir pikir gelipdi: “Şeýle uzyn düýş görüp, bir ýerini-de ýalňyşmaýşy-ha örän gümürtik!”

Tom özüni nähili gahryman saýdy diýseňizläň! Ol ylgamadam, bökmedem, diňe ähli märekäniň nazarynyň özüne gönükdirilenligini bilýän garakçynyň edişi ýaly, öz gadyr-gymmatyny bilip, howlukman çykyş etdi. Dogrudanam, ähli adamlar şoňa seredişýärdiler. Tom özüne seredilýänliginden, geçip barýarka özi barada aýdylýan gürrüňlerden bihabar kişi boljak bolup jan etdi, ýöne ol muňa keýp edýärdi. Oglanlar ylgaşyp onuň yzyndan galmaýardylar we özleriniň onuň ýanynda görünýänliklerine, onuň bolsa olary kowmaýandygyna monça bolýardylar. Olar üçin Tom dabaraly ýörişiň başyn tutujy deprekçi ýa-da şähere gelýän haýwanlaryň öňüni çekip gelýän pil ýaly bolup göründi. Onuň deň-duşlary onuň gaçyp gidenligini bilmeýän kişi boldular, emma her näme diýseňizem bahyllyk olary öz ugruna goýmaýardy. Olar şeýle güne garalmak, şeýle haýbatly şöhrat üçin dünýäň ýüzündäki zatlaryny bermäge taýýardylar, Tom bolsa muňa derek sirkiň hojaýyny bol diýselerem bularyň hiç birinden aýrylmak islemezdi.

Mekdepdäki çagalaryň hemmesi onuň we Jo Garperiň yzyna düşüşip, olara şeýle bir haýran galyşyp seredip başladylar welin, gahrymanlaryň ikiside basym hondan bärsi bolşup, tumşuklaryny dik ýokary tutdular. Olar bilesigelijilikden ýaňa perwaz urýan diňleýjilere öz başdan geçirenleri barada gürrüň bermäge başladylar, emma diňe başladylar: üznüksiz hyýal bulara näçe diýseň täze material berip durka, bu — gürrüň berip gutarar ýaly zat däldi. Tom bilen Jo şybyklaryny çykaryp arkaýyn kükedip başlanlarynda, olaryň şöhraty elýetmez derejä ýetdi.

Tom indi Bekki Tetçere baş galdyrmasaň-da, onsuz oňsa-da bolar diýen netijä geldi. Oňa şöhratyň özi-de ýeterlikdi. Ol şöhrat üçin ýaşar. Indi onuň tapawutlanan wagty Bekkiniň onuň bilen ýaraşasy-da geläýmegi mümkin. Bolýar-da, Tomuň hem käbir adamlaryň edişi ýaly, perwaýsyz bolup bilýänligini, goý, ol görsün. Basym Bekkiniň özi-de geldi. Tom ony görmediksirän boldy. Ol üýşüşip duran oglan-gyzlaryň ýanyna gelip, olar bilen gürrüň açdy. Ol Bekkiniň çym-gyzyl bolup gelýänligini, gözlerini ýylpyldadyp, joralaryny gözleýän kişi bolup öňe-yza ok kesdirme geçýänligini, birini tutup biläýse dagy begenip gygyrýandygyny gördi. Emma ol Bekkiniň tutýan adamsynyň hemişe öz ýanyndan bolup çykýanlygyny, eger tutaýsa onuň derrew Toma göz astyndan seredýänligini aňdy. Bu bolsa Tomuň gopbamlygyny has hem artdyrdy, şonuň üçin ol ýaraşmagyň ýerine öňküdenem beter höçjetlik etdi. Ol Bekkiniň niýetini aňyp, oňa birjik-de eglişik

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana
etmezligi ýüregine düwdi. Indi Bekki ylgamasyny kesdi we ikirjiňläp golaýgoltumda gezmeläp başlady, gamly nazar bilen ogrynça Toma tarap seretdi, hatda bir-iki gezek uludan demini hem aldy. Soňra ol Tomuň Emi Lourens bilen hemmelerden içgin gürleşýänligini gördi. Onuň ýüregi gyýlyp gitdi, ol howsala düşdi, özüni bir tüýsli gowuşgynsyz duýdy. Onuň çeträk çekilesi geldi, emma diýen etmeýän aýaklary ony kem-kemden Tomuň duran üýşmegine ýakyn alyp bardy. Ol Tomuň gapdalynda duran gyzjagaz bilen gürrüň açdy:

— Ah, Meri Ostin! Ýüzi gurmuş, näme üçin sen ýekşenbe mekdebinde bolmadyň?

— Men-ä boldum. O nädip sen meni görmänsiň?

— Eýsem sen bolduňmy näme? Nirede oturdyň?

— Miss Pittersiň klasynda, hemişeki oturýan ýerimde oturdym. Men-ä seni gördüm.

— Aý go-ýa? Meniň seni görmişim geň! Meniň seniň bilen gezelenç barada gürleşesim gelýär.

— Gowy-da! Kim ony guraýan?

Meniň ejem.

— Munuň gowudygyny! A ol meni çagyrarmyka?

— Elbetde, çagyrar. Sebäbi, gezelenji meniň üçin guraýar ahyryn. Ol meniň çagyr diýenlerimiň hemmesini çagyrar, sen-ä men hökman çagyraryn.

— Meniň begenäýşimi!. A ol haçan boljak?

— Basym. Belki kanikul wagtynda.

— Baý, hezil bor-ow! Sen oglan-gyzlaryň ählisini çagyrarmyň?

— Hawa, men dostlarymyň ählisini ýa-da meniň bilen dost boljaklaryň hemmesini çagyrjak — diýip, ol ogrynça Toma göz aýlap goýberdi, emma Tom şol wagt Emi Lourense adadaky gök gübürdisi we üç ädimlik gapdalyndaky ullakan agajy ýyldyrymyň bölek-bölek edişi barada gürrüň berip durdy.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

— Menem barsam bormuka? — diýip, Gresi Miller sorady.

— Hawa.

— A men? — diýip, Salli Rojers sorady.

— Hawa.

— Maňa-da mümkinmi? Jona-da mümkinmi? — diýip. Sýuzi Garper sorady.

— Hawa.

Tom bilen Emiden başga ähli kişi begençlerinden ellerini çarpyşyp, çakylyga monça boldular. Şol wagt Tom Bekkä arkaýyn ýeňsesini öwrüp, gürleşip, Emi Lourensi alyp ugrady. Bekkiniň dodaklary tirpildäp, gözlerine ýaş aýlandy; ol şadyýan bolan kişi bolup muny gizlejek boldy, öňküsi ýaly aýaklaryny hallanlatdy, emma onuň üçin dünýädäki bar zatlar ýaly, gezelenjiň hem gyzygy gaçdy; ol mundan basymrak gitmäge jan etdi we aglap keýpden çykar ýaly gizlendi. Ol göwnüne deglenini bildirmejek bolup, tä jaň kakylýança ýekeje özi oturdy. Soňra ýerinden turdy, uzyn saçyny silkişdirdi we gözlerini aralyjy çüýjerdip, öz-özüne näme etmelidigini bilýänligini aýtdy.

Arakesmede Tom şadyýan we özünden göwnühoş bolup Emi bilen tirkeşmesini dowam etdirdi. Emma, aýyn bolmasa, ol bildirmän Bekkiniň golaýragyna barmaga we öz bolşy bilen onuň ýüregine zarba urmaga jan etdi. Ahyrsoňy ol Bekkini gördi we ähli keýpi şo bada kellesinden uçdy. Bekki mekdep jaýynyň ýeňsesindäki oňaýlyja burçda Alfred Templ bilen bir skameýkada otyrdy, olar kellelerini degşirip, kitabyň suratlaryna seredişip otyrdylar. Olaryň ikiside muňa şeýle bir gümra bolşup, dünýädäki bolup geçýän zatlardan bihabar ýalydylar. Tomuň gabanjaňlygy ýüzüne urdy. Bekki ýaraşjak bolanda ýaraşmanlygy üçin, Tom özözüne kejikdi. Ol özüne akmak diýip käýindi, özüne agzyna gelenini diýdi. Ol ýüregi gysyp, tas aglapdy. Emi begenjinden kellesi göçüp, eňegine jaň dakylan ýaly ýaňraýardy, Tomuň bolsa dili bokurdagyna giden ýalydy. Ol Eminiň diýýänlerini eşitmeýärdi, Emi jogap aljak bolup ýüzüne seredende bolsa, Tom hudaý bilsin, gör, nämeler samraşdyrdy, köplenç deger-degmez zatlar diýişdirdi. Bu gözçykgynçlyk ýürek-bagryny paralap barýan bolsa-da, ol mekdep jaýynyň ýeňsesine gitsem diýdi durdy. Ahyrym ol çydap bilmedi. Bekkiniň Tomuň dünýäde barlygyny-da bilmeýänligi ony oda-köze düşürýärdi. Emma Bekki

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana
ählisini görýärdi, ýeňşiň öz tarapyndadygyna gözi ykjam ýetikdi, özüniň horlanyşy ýaly, indi Tomuň hem horlanýanlygyna içi gülýärdi.

Eminiň şadyýan ýaňramasy, Tomuň ýüregine düşdi. Ol oňa möhüm bir işiniň barlygyny, şonuň üçin alňasamalydygyny syzdyrdy. Emma mundan netije

çykmady — gyzjagaz öňküsi ýaly ýaňramasyny dowam etdirdi. Tom: “Ah, bu gurasyn! Heý indi mundan sypyp bolmazmyka?” diýip içini gepletdi. Ahyrsoňy ol oňa işim bar, gitjek diýip, gönümel aýtdy, Emi bolsa okuw gutaransoň “Şu ýerlerde garaşaýaryn” diýip, perwaýsyz jogap berdi. Munuň üçin ony öňküdenem beter ýigrenäýmäýin diýip, Tom aýak aldygyna ylgap gitdi.

“Kim bolsa bolsun weli, bu oglanjyk bolmasyn” diýip, Tom dişini gyjap pikir etdi.

— Şäherden her kim bolsa bolsun welin, sent-luili şu frant bir bolmasyn! Onsoňam iňňeden çykma geýimleri geýeni üçin, özüni aristokratdyryn öýdýär! Duruber bakaly, han ogul, ilkinji günem ýenjipdim welin, ýene-de ýenjerin. Ýanyna baraýsam bolar! Alarynda, şeýdip…

Şeý diýip, Tom hyýalyndaky duşmanyny saýgylamaga başlady, ýumrugyny aýlady, aýagy bilen depdi.

“Ger, seniň boluşjagazyňy? Häziriň özünde medet dile! Ynha, seniň almytyň, indikiňe sapak bolsun!”.

Hyýalyndaky urşy, onuň doly ýeňmegi bilen tamamlandy.

Uly arakesmede Tom öýlerine gaçyp gitdi. Eminiň perwaýsyz şatlygyna mundan artyk seredip durmaga onuň wyždany çatmaýardy, gabanjaňlyk bolsa çydar dagy eder ýaly bolmady. Bekki ýene-de oturyp, Alfred bilen surat görüp başlady, emma wagt geçip duransoň, Tom hem gaýdyp gara bermänsoň, horlar ýaly hiç kim bolmandan soň, onuň dabarasy ýatyşyp, gyzygy gaçyp ugrady, aljyraňňylyk, ýürek

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana
gysma soňam bolsa gussa aralaşyp başlady. Bir-iki gezek dagy ol ädim sesine gulagyny gabartdy, emma bu biderek umyt bolup çykdy: Tomuň şol gelmeýşidi. Ahyrsoňy Emi ýüzüni saldy, suwy seňrikden agdyrany üçin, ökünip başlady. Alfred neresse bolsa onuň bilen oturmagyň gyzygynyň ýoklugyny bilse-de, näme üçindigini-de aňşyrman, şol yňdarylyp gidip oturyşydy: “Görseňizläň, surat bolaýyşjygyny! Ynha, buýa hasam gowy!” Ahyrsoňy Bekki çydamady: “Ah, goýsaňyzlaň! Maňa siziň suratlaryňyz derkar däl!” diýip, ol möňňürdi we ýerinden böküp turup, onuň ýanyndan gaçyp gitdi.

Alfred onuň yzy bilen mytdyllap ugrady we köşeşdirmäge synanyşdy, emma gyz oňa:

— Ýok bolsaňyzlaň bir, meni öz ugruma goýuň! Meniň siziň özüňizi göresim gelenok! — diýdi.

Oglan aljyrap aýak çekdi, beýle näme iş edendigine düşünmän, aňk boldy. Uly arakesmäniň hemmesini onuň bilen surat görüp geçireris diýip gyzyň özi aýtdy ahyryn, indi bolsa ondan göz ýaşyny sarkdyryp gaçýar. Alfred näme pikir etjeginide bilmän, yzyna, mekdebe tarap mytdyllap gaýtdy. Ol gaharlandy we gatyrgandy. Hakykatyna göz ýetirmek kyn zat däldi. Tom Soýeriň gaharyny getirjek bolup, Bekki Alfredi peýdalanaýan eken. Onuň bildirmän Tomy duzlasy geldi. Onuň gözüne Tomuň okuw kitaby kaklyşdy. Ýagdaý diýseň amatlydy. Ol kitabyň öýe işi berlen ýerini açdy-da, şol ýere syýa dökdi.

Şol wagt Bekki äpişgeden jyklap, onuň näme iş edýänligini gördi, emma oňa bir agyzam söz diýmän gapdalyndan geçip gitdi. Ol öýlerine ugrady. Onuň Tomy gözläp tapasy we ählisini gürrüň beresi geldi. Tom, elbetde, oňa minnetdar bolar we olar ýaraşarlar. Emma ýolda gelýärkä ol öz pikirini üýtgetdi. Onuň ýadyna gezelenç barada gürrüň berýärkä, Tomuň ýeňsesine öwrülendigi düşdi we utanjyna ot basylan ýaly boldy. Ol Toma ýagşylyk etmezligi we tä ölinçä ony ýigrenmekligi ýüregine düwdi. Goý, zaýalanan okuw kitaby üçin, onuň suwuna degsinler!

## XIX bap

### TOM PUŞMAN EDÝÄR

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

Tom öýlerine örän tutuk görnüşde gaýdyp geldi, emma daýzasynyň ilkinji sözlerinden ol özüniň gaýgy-hesretleriniň ýerliksizdigini aňlady.

— Tom, seni ykjam ýençmelimikä diýýärin!

— Daýza, men beýle näme iş edipmişim?

— Seniň eden işleriň az däldir. Men, garry akmak, Sirini Garperiň ýanyna-da ylgap gidýärin-ä, seniň samsyk düýşüňe ynanar öýdýärin. Ine indi, al gerek bolsa! Ol şol gije seniň gelip, biziň ähli eden gürrüňlerimizi eşidip gidenligiňi Jodan eşiden eken. Özüni şeýle alyp barýan oglandan näme çykjakdygyny men-ä bilýän däldirin! Missis Garperiň ýanyna gidip, samsyk bir zat otaryp gaýtdyrmaga neneň seniň bognuň ysýar, bu barada ýatlasam ýüregim bulanýar, ýekeje söz dagam aýtmadyň.

Indi ähli zat bulaşdy. Şoňa çenli irki toslamasy Toma örän ýeser, diýseň tapylgysyz zat ýaly bolup göründi. Indi bolsa ol örän gelşiksiz we utanç bolup göründi. Tom boýnuny burdy we özüni aklara näme diýjegini bilmän, bir sellem durdy. Soňra:

— Daýza, beýdenime örän nebsim agyrýar, pikirem etmändirin.

— Ah, han oguljyk, sen hiç haçan pikir edeňok. Sen özüňden başga hiç zat barada hiç haçan pikir edeňok. Sen, ynha, adadan gije ýüzüp gelip, biziň hesretimiziň üstünden gülmegem pikir etmänsiň, bu düýşi toslap tapyp, meni masgara etmegem pikir etmänsiň, bize haýpyň gelip, bizi artykmaç göz ýaşdan halas etmek bolsa, seniň kelläňe-de gelmändir.

Daýza, munuň oňat bolmandygyny häzir özümem bilýän, ýöne muny men bilgeşleýin etmedim ahyryn. Garaçynym, men beýtmek islemändim. Onsoňam men öýe düýpden siziň üstüňizden gülmäge gelmändim.

— Onda näme üçin gelipdiň?

— Meniň size biz barada aladalanmaň, biz gark bolamzok diýip aýdasym geldi.

— Ah, Tom, Tom, eger seniň şeýle oňat niýetiň bolanlygyna men ynanyp bilýän bolsam, hudaýa ýüzde müň şükür ederdim, ýöne welin, munuň beýle däldigini seniň özüň hem bilip dursuň, menem bilýärin, Tom.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

— Dogrym, daýza, bolupdy, eger bolmadyk bolsa, duran ýerimde takga janym çykaýsyn.

— Ah, Tom, özüňden tapyşdyrmasana, munuň geregi ýok. Diňe ýüz esse dagy bujurygy artýar.

— Özümden tapamok, daýza, çypbakaý çynym, men size gaýgy etmäň diýmäge geldim.
— Men muňa ynanmak üçin, dünýädäki barymdan geçerdim. Şonuň bilen birlikde, ähli günäni hem geçse bolardy, Tom. Hatda seniň gaçyp gidip, özüňi juda erbet alyp baranlygyňy-da bagyşlasa bolardy. Ýöne welin, hiç ynanar ýaly däl. Ýeri, sen näme üçin maňa şeý diýip aýtmadyň, ä?

— Bilýäňizmi, daýza, jaýlama barada gürrüň açanyňyzda meniň juda metjide gidip, gizlenesim geldi! Ählisini bulaşdyrmaga nebsim agyrdy. Men gabygy yzyna — jübä saldym we hiç zat aýtmadym.

— Haýsy gabygy?

— Ýüzüne "Biz garakçylyga çykdyk" diýip ýazan gabygymy. Haýp, siz ogşamda oýanmadyňyz, haýp dälmi!

Polli daýzanyň ýüzündäki gazaply ýygyrtlar tekizleşdi-de, gözleri mähirli ýylpyldady.

— Dogrudanam, sen meni ogşadyňmy, Tom?

— Ýogsam näme!

— Çynyňmy, Tom?

— Ýogsam näme, daýza, elbetde, çynym!

— Sen meni näme üçin ogşadyň, Tom?

— Sebäbi, men sizi örän oňat görýärin, siz bolsa ukuda basyrganyp agladyňyz, ýüregim awady.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

Bu çyna meňzeýärdi. Polli daýza sesini titredip:

— Meni ýene-de bir gezek ogşa, Tom! Indi bolsa mekdebe ugra-da, maňa azar berme — diýdi.

Ol giden dessine kempir ambarjyga girip, Tomuň geýip gaçyp giden penjegini aldy. Soňra penjegi elinde tutup, öz-özüne:

— Ýok, elim baranok. Neressejik diýsänim, belki, ol ýalan sözlemese-de sözlemezdi, bu mukaddes çypdyrma hem jezadan gutulmak üçin tapylan çypdyrmadyr, ol meni şeýle bir begendirdi. Allanyň özi garaşyk etsin-dä… Hawa, allanyň garaşyk etjekdigine gözüm ýetip dur, sebäbi, bu zatlary ýüreginiň päkligi zerarly toslap tapypdyr ahyryn. Emma aldan bolsa welin, göz ýetiresimem gelenok, seredesimem.

Ol penjegi bir sellem goýup, içini gepletdi. Ol penjege iki gezek dagy elini uzadyp, iki gezek dagy elini çekdi. Üçünji gezek şu aşakdakylary oýlanyp, göwnüni bire baglady. “Bu jezadan gutulmak üçin tapylan çypdyrmadyr, mukaddes çypdyrmadyr, onuň üçin hapa bolup oturjak däl” diýip, ol elini jübüsine sokdy. Bir minutdan soň bolsa, ol gabyk bölejiginiň ýüzündäki sypjyrylyp ýazylanlary okap, göz ýaş döküp: “Indi men onuň ähli günäsini geçerin, million günäsi bolsa-da, näme eden bolsa-da geçerin” diýdi.

## XXII bap

### TOMA GYZAMYK ÇYKÝAR

Tom spirtli içgileri içmeýän ýaşlaryň ajaýyp müňdürli täze jemgyýetine girdi. Ol şu jemgyýetden gidýänçä çilim çekmezlige, nas atmazlyga, paýyş sözleri agzyna almazlyga söz berdi. Şol ýeriň özünde-de täze bir açyşlyk etdi, ol bolsa şundan ybaratdy: nämedir bir zady etmezlige söz berdigiň bes, derrew şol zady edesiň gelýärdi. Basym Tomuň erbet çilim çekesi, sögünesi geldi; bulary göwni şeýle bir küýseýärdi welin, şarf dakynyp, märekäň öňünden geçmek umydy ony spirtli içgiler içmeýän ýaşlaryň jemgyýetinden gidermän saklap durdy: 4-nji iýul hem ýetip gelýärdi. Emma äht zynjyryny bary-ýogy iki günjük goýberip, ol bu baýrama bil baglamasyny goýdy. Indi ol bar umydyny ölüm ýassygynda ýatan garry sudýa Frezere baglady. Ol şeýle uly wezipede işlänsoň, ony örän dabaraly jaýlajakdyklary görnüp durdy. Tom üç günläp sudýa Frezerniň saglygy bilen

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana
gyzygyp gezdi we ol hakdaky her bir myş-myşy nebsewürlik bilen diňledi. Käte sudýa umyt bermän hem duranokdy—özem şeýle bir umyt berýärdi welin, Tom özüniň ähli tapawutlandyryş nyşanjyklaryňy alyp, aýnaň öňünde peýda bolýardy. Emma welin sudýa bilen baglamak düýpden mümkin däldi ol kä bäri gaýdyp, käde beterleýärdi. Ahyrsoňam, ol bäri gaýdyp ugrady diýdiler, soňrajyk hem sudýa gutulyp gelýär diýdiler. Tom diýseň nadyl bolup, gatyrganyp, şo bada jemgyýetden çykdy, sudýa bolsa ertesi gije ýene gaýra üzüldi-de, öldi oturyberdi. Tom indikide hiç haçan, hiç kime ynanmazlygy göwnüne düwdi.

Jaýlama örän oňat geçdi «Ýaş içmeýänler» jaýlama şeýle bir dabaraly gatnaşdylar welin, jemgyýetiň öňki çleniniň gözi gidip tas ölüpdi. Her näme-de diýseň, Tom ýene-de erkindi we mundan onuň göwni aram tapýady. Ol ýene-de çilim çekeýin diýse çekip, sögeýin diýse sögüp bilýärdi, emma onuň haýran galmagyna görä, ol bularyň hiçisini-de islemedi. Diňe edeýin diýen zadyny edip bilýänligi baradaky pikirden onuň ähli höwesi, ähli arzuw islegi gaçdy.

Birden oslagsyz ýerden Tom arzuw edip ýören zady bolan kanikulyň özüne agyr düşüp, wagt şol uzap gidip barýan ýaly duýdy.
Ol gündelik ýöredip başlady, emma üç günüň içinde bolup geçen zat bolmady we gündeligi taşlamaly boldy.

Şähere ilkinji gezek negrleriň orkestri geldi we ol ähli adamlarda uly täsir galdyrdy. Tom bilen Jo Garper hem özlerine sazandalardan komanda düzüp, iki günläp keýp çekdiler.

Hatda şöhratly 4-nji iýul hem şowly bolmady, sebäbi, ýagyş bedreden guýýan ýaly guýup duransoň, ol geçirilmedi.

Sirk geldi. Şundan soň oglanlar ýyrtyk halylardan çadyr edinişip, üç günläp sirksirk oýnadylar. Gireni üçin olar her oglandan üç iňňebagjyk, her gyzdan bolsa iki iňňebagjyk aldylar, soňra sirki hem taşladylar.

Oglan-gyzlaryň birnäçe gezek agşamlary boldy, emma olar juda seýrek bolansoň, bir keýp çekilenden soň, bir agşamdan ikinji agşama çenli aralygy aňsat geçip bolmaýardy.

Bekki Tetçer kanikulda enesi-atasy bilen Konstantinopola gidipdi, şondan bäri durmuşda hiç hili hezillik ýokdy.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

Ganhorlyk baradaky elhenç syr Tomuň üstüne agyr labyr taşlap ýatyrdy. Ol, edil içagyrysy ýaly, uzak wagtlap Tomy horlady.

Soňra ol gyzamyk keseli bilen keselledi.

Iki hepdeläp Tom dünýäden we ondaky bolup geçýän zatlardan bihabar ýatdy. Ol gatyja ýatdy, hiç zat bilen höwesi bolmady. Ahyrsoňy aýaga galyp, gymyldamaga mejaly ýetende, ol şäheriň merkezine gezmäge gitdi, oňa ähli zat üýtgän ýaly göründi. Şäherde diňe bir ulular däl, eýsem kiçijik oglan-gyzlar hem hudaýa ynanýardylar.

Iň bolmanda ýekeje aýyply adam-ha taparyn-da diýip, Tom köçede köp gezdi, emma ähli ýerde lapykeç boldy. Jo Garperiň ýanyna ol töwrat okap oturan mahaly bardy we bu ýagdaýy görüp, melul halda yzyna öwrüldi. Onuň Ben Rojerse gözi kaklyşdy, görüp otursa, ol sebedini göwünlik beriji kitapdan dolduryp, garyppukaralaryň ýanyna gatnaýar eken. Ep-esli salymlap gözläni Jim Hollis oňa gyzamyk duýduryş hökmünde ýokardan alla tarapyn iberilen zatdyr diýdi.

Her bir duş gelen oglany Tomuň öňki derdiniň üstüne dert goşdy. Jan howluna Geklberri Finniň gözlegine çykanda bolsa, ol dini kitapdan getirilen tekst bilen garşylandy we ol düýpden ruhdan düşüp, öýlerine gaýtdy we ömürlik azap çekmeklik şäher boýunça diňe meniň maňlaýyma ýazylypdyr diýip, ýorganyna girdi.

Gije bolsa aýylganç tupan turup, jara geldi, elhenç gök gübürdedi we gözüňi gamaşdyryp ýyldyrym çakdy. Tom başyna ýorgany çekdi we gorkusyndan doňan ýaly bolup, öz ölümine garaşyp başlady. Bu başagaýlygyň hemmesiniň özi zerarly bolýanlygyna ol birjik-de şübhelenmeýärdi. Ol allatagalanyň sabyr käsesini pürepür doldurdym hasap etdi, bu bolsa şonuň netijesidir diýdi. Siňege munça tupan we däri sarp edip, top atyp oturasy iş ýokdugyna ol akyl ýetirse ýetirip bilerdi, emma welin, özi ýaly ujypsyzja möjegi öldürmek üçin, tupan ýaly gymmat bahaly zadyň herekete getirilendiginde üýtgeşik bir zat bar diýip hasap etmedi.

Kem-kemden ähli zat ýuwaşap gitdi we tupan hem öz maksadyna ýetip bilmän sowuldy. Tomuň kellesine birinji gelen zat hudaýa şükür edip, haýal etmän düzelmek boldy. Ikinji gelen zat bolsa, belki, indi hiç haçan tupan turmaz, şonuň üçin garaşaýmak gerek diýdi.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

Ertesi gün ýene-de doktory çagyrdylar: Tom gaýra üzülip başlady. Bu gezekki ýatan üç aýy oňa ömürlik ýaly bolup duýuldy. Ahyrsoňy öýden çykanda hem ol dostsuz-ýoldaşsyz, ýalňyz galandyryn öýdüp, diri galanlygyna ýekeje-de begenmedi. Ol köçe bilen ýuwaşja ýöräp gitdi we Jim Hollisis beýleki oglanlar bilen birlikde pida bolan guşuň gatnaşmagynda pişigi ganhorlygy üçin sud edýändiklerini gördi. Aňyrrakda ol Jo Garper bilen Gek Finne duşdy — olar ogurlan gawunlaryny iýip otyrdylar. Neressejikler! Olar hem Tom ýaly gaýra üzülip başlapdyrlar.

## XXIII bap

### TOM MEF POTTERI HALAS EDÝÄR

Ýata suw ahyrym gozgalaňa düşüp ugrady, özü-de joşgun bilen welin, heý goýaý:
sudda ganhorlygy derňäp başladylar. Şäheriň ähli gürrüňi şu hakda boldy. Tom mundan nähili gaçyp gutulgjagyny bilmedi. Ganhorlyk barada her gezek syzdyrylanynda, onuň ini jümşüldäp gidýärdi. Aýyply ynsap, gorky oňa; bu zatlaryň hemmesi seni synap görmek üçin bilgeşleýin aýdylýar diýip nygtaýardy. Ol özüniň ganhorlyk barada bilmeýändigini güman ederlik zadyň ýoklugyna düşünse-de, bu gürrüňleri eşidende, howsala düşmän durup bilmeýärdi. Onuň göwresi hemişe galpyldap durdy. Ol ikiçäk oturyp gürrüň etmek üçin, Geki gizlinräk ýere çagyrdy. Eger, iň bolmanda, az salymlyk bir dil ýaryp bolsa, öz dertdeşi bilen derdiňi paýlaşyp bilse, onuň ýüki birneme ýeňlän ýaly boljakdy. Mundan başga-da onuň Gekis lakgyldap birine aýdanlygyny-aýtmanlygyny barlasy gelýärdi.

— Gek, sen adama gürrüň beripmidiň?

— Nämäni?

— Nämedigini özüň bilýänsiň.

— Bilemok, näme?

— Hiç zady bileňokmy?

— Ýekeje zadam bilemok, hudaý ursun! Näme üçin soraýarsyň?

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

— Aý, gorkamsoň, soraýdym.- — Wah, Tom Soýer, eger ony daşymyza çykarjak bolsak, biz seň bilen iki günem ýaşap bilmezdik. Özüň bilýänsiň.

Tomuň ýüki birneme ýeňlän ýaly boldy. Birneme dymandan soň ol:

— Diliňden sypdyrmaga seni hiç kim mejbur edip bilmez, şeýle dälmi, Gek? — diýdi.

— Dilimden sypdyrmagamy? Eger meni şol hindi adamsy pişik ýaly edip suwa gark ediberse aýdaýmasam, başga wagt-ha aýtmazmykam diýýärin.

— Onda bolýa-la. Sesimizi çykarman ýörsek, bize el degren bolmaz. Ýöne welin, gel, ýene-de bir gezek kasam edeli, her niçik.-de bolsa ygtybarlyrak bolar.

- Bolýar,

Şeýdip, olar ýene bir gezek iň bir dabaraly we berk suratda kasam etdiler.

— Indi näme diýýärlerkä, Gek? Meniň gulagyma-ha dürli-dürli zatlar degýär?

— Näme diýýändirler öýdýäň? Şol bir zat hakdadyr-da, ýöne Mef Potterde, Mef Potter bolup durandyr, başga gürrüň ýokdur. Kişini hemişe der basyp gidýär, başyňy alyp gaçaýasyň, gizlenäýesiň gelýär.

— Meniňki hem şeýle-de. Onuň işi pyrryk diýsene! A seniň oňa nebsiň agyrmaýarmy?

— Neneň nebsiň agyrmasyn! Onuň adamlygynyň-ha, dogrusy, ugry ýok, ýöne welin, ol kişi göwnüne degen däldir. Balyk tutar-da, satyp birneme pul ediner, içip keýpden çykar, soňra bolsa işsiz ygyp ýörendir. Aý, biziň hemmämiz şeýle, ýok, şol öwüt-nesihatçylar we başgalar diýmeseň, örän köp adam şeýle. Ol erbet adam däl — bir gezek ol maňa özüne ýeterlik bolmasa-da, ýarty balyk berdi we meniňkiniň ugruna bolmadyk gezekleri maňa örän köp kömek berdi.

Hawa, ol meniň batböregimide bejerip berdi, ýüpümiň ujuna çeňňek hem dakyp berdi. Dadyna ýetişiläýse-hä oňat bolardy.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

— Goýsana, biz nädip dadyna ýetişeli. Onsoň hem peýdasy näme? Barybir ýenede tutarlar.

— Tutjaklaryna-ha söz ýokdur. Ýöne oňa agyzlaryna gelenini diýýändiklerini eşidip dursaň, ýüregiň gyýylýar, ol bolsa günälem däl.

— Meniň hem eşitsem ýeňsämden tutulýar, Tom. Eý hudaý—eý, bularyň tapýan zatlaryny: ol ýurtda ýok jenaýatçymyş, ony bir eýýäm asmalymyş, ýene-de şuňa meňzeşlermiş…

— Hawa-da, hemişe şol bir gürrüňleri. Men mundan başga-da Mefi türmeden sypdyrsalar, ony Linç suduna sezewar ederler diýip eşitdim.

— Muny olar suw içer salymda edip bilerler. Oglanlar uzak wagtlap gürrüň edip oturdylar, emma bu olary az köşeşdirdi. Garaňky gatlyşyp ugranyndan olar boşlukda ýerleşýän kiçijik türmäniň golaýynda gezmeläp başladylar. Olar, belkem, bir ýol bilen ähli peägelçilikleri ýeňip geçip bolaýady diýip aşaklykdan umyt eden bola-ra çemeli. Emma beýle bolmady. Görnüşi ýaly, ne perişdeler, ne-de periler — hiç kim bagtygara bendiniň ykbaly bilen gyzyklanmaýan bolara çemeli.

Oglanlar öň hem telim ýola edişleri ýaly, ýene-de gözenekden Pottere temmäkidir otluçöp uzatdylar. Ol aşaky etaž-da otyrdy we oňa garawulçylyk edýän ýokdy.

Getirilen sowgat üçin Potter minnetdarlyk bildirip başlanda, olar utançlaryndan ýaňa ýygrylyşýardylar.

Bu gezek olaryň utanyşlary hemişekileriniň dagy hem çeni bolmady. Potter aşakdakylary aýdanda bolsa, olar özleriniň bir nalajedeýin züwwetdinler, dönükler diýip hasap etdiler:

— Siz oglanlar, maňa örän gadyrly bolup çykdyňyz — şäherdäkileriň hemmesinden gadyrly bolduňyz. Men hem muny ýatdan çykarman, ýok. «Ähli oglanlaryň batböregini we başga zatlaryny bejerip berýämikäm, balygy nirede oňat tutsa bolýandygyny görkezýärmikäm, olar bilen dostmukam diýýärdim welin, olar garry Mefi ýowuz günde ýeke goýdular oturyberdiler — diňe Gek bilen Tom ýeke goýmadylar. Men öz ýanymdan, olar meni ýatdan çykarmadylar welin, menem-ä olary unutmaryn diýýärin» diýip, öz-özüme näçe gezekler aýtdym. Hawa, oglanlar, men edip bilenimi edipdirin! Şol wagt piýan ekenim, kelläm güwläp duran bora çemeli, ýogsa beýle boljak gümany barmy, indi bolsa munuň üçin

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana
merkimi berseler gerek, bu şeýle bolmaly-da. Belki munuň bähbide ýazaýmagam mümkin, ýagny men öz ýanymdan şeýle tama edýärin. Aý, sakyrdap oturyp nätjek? Siziň
ýüregiňizi gyýasym gelenok, sebäbi, siz meniň bilen dost ahyryn. Men ýöne size bir zat aýtmak isleýärin: oglanlar, gözenege düşmejek bolsaňyz, hiç haçan içiji bolmaň… Azrak gaýra çekiliň, ine boldy. Adamyň başyna iş düşende şeýle didarlary görmek, gör nähili hezillik! Sebäbi, sizden başga meniň ýanyma gelýän ýok… Gadyrly güler ýüzler, gadyrly, ga-yrly ýüzler… Bir-biriňiziň arkaňyza çykyň, men sizi elläp bir göreýin. Ine, boldy. Meniň elimi gysyň, siziňki-hä gözenekden sygsa gerek, meňki has ulurak gelýär. Kiçijik we ysgynsyzja ellerem bolsa, bular Mef Pottere näçe kömekler berdi. Eger ellerinden gelýän bolsa, bular has hem köp iş ederdiler,

Tom öýlerine örän tukat görnüşde gaýdyp geldi we şol gije aýylganç-aýylganç düýşleri gördi. Ertesi güni ol suduň jaýynyň töwereginden aýrylmady, onuň dälize giresi geldi durdy we girmän zordanjyk saklandy. Gekiň hem ýagdaýy şeýledi. Olar jan edip bir-birlerinden gaçalak atýardylar. Olaryň ikiside käte uzaga aralalyşyp gidýärdi, emma nähilidir bir gara güýç olary ýene yzyna alyp gelýär-di. Dälizden aňkawrak biri çykaýsa, Tom derrew gulagyny gabardýardy, emma her gezek diňe erbet habarlar eşidýärdi, biçäre Potterin boýnundaky halka gitdikçe dartylýardy. Ikinji günüň ahyrragy bütin şäheriň gürrüňi hindi Jonuň öz depen ýerini depip duranlygy, şonuň üçinem sud maslahatçylarynyň jeza berjekdigi hakda ikirjiňläp oturasy iş ýoklugy barada gitdi.

Şol gün agşam Tom öýlerine örän giç geldi we äpişgeden dyrmaşyp girdi. Ol diýseň tolgunýardy. Ol uka gidinçä birneçe sagat geçdi. Ertesi ir bilen bütin şäher suduň jaýynyň öňüne ýygnandy. Däliz hyryn-dykyn bolupdy. Erkekler-de, aýallarda köpdi. Örän köp garaşmaly boldy. Teý ahyry tirkeşip, sud maslahatdaşlary girdiler we öz ýerlerine geçip oturdylar. Şondan soň basym ýüzi duw-ak bolup gökden, jebir baryny çeken Potteri gandally zatly alyp geldiler we giresi gelen adam girer ýaly edip oturtdylar. Hemişe giň göwün hindi Jo hem ähli ýerden görünýärdi. Ýene-de dymyşlyk başlandy, soňra bolsa sudýa gelip, mejlisiň açylýanlygyny yglan etdi. Hemişe bolşy ýaly, aklawçylar öz bir-birleri bilen pyşyrdaşyp we kagyzlaryny ýygnaşdyryp başladylar. Bu ownuk düşek zatlar bilen gümra bolýançalar, garaşmadan we dabaralylykdan ýaňa dos-doly bolan dymyşlyk aralaşdy.

Ganhorlygyň üsti açylan güni Mef Potteriň çeşmäniň başynda ýuwnup duranlygyny we şo bada gaçyp gidenligini gördüm diýen şaýady çagyrdylar. Ýenede birnäçe sorag bereninden soň, prokuror aklawça:

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

— Şaýatdan soraň — diýdi.

Jenaýatçy bir minutlap gabagyny galdyryp durdy, soňra aklawçy:

— Mende sorag ýok— diýeninde, ol gabagyny ýene aşak goýberdi.

Ikinji şaýat pyçagyň maslygyň ýanyndan tapylanlygyny görkezdi. Prokuror:

— Şaýatdan soraň — diýip gaýtalady.

— Mende sorag ýok — diýeninde, ol gabagyny ýene aşak goýberdi.

Üçünji şaýat ant içip, şol pyçagy telim gezek Potterde görenligini aýtdy.
— Şaýatdan soraň.

Potteriň aklawçysynyň ýene-de şaýatdan sorag edesi gelmedi. Märekäniň ýüzüne tukatlyk alamaty çaýyldy. Öz aklaýan adamsynyň ömrüni halas etmek üçin, aklawçy heý jan etmezmikä?

Hadysanyň bolan ýerine eltilende Potteriň özüni gümürtik alyp baranlygyna hem bir topar şaýat çykdy. Olary hem garşylyklaýyn soragsyz goýberdiler. Oturanlaryň ýadyndan çykmajak şol säher çagynda mazarystanlykda bolup geçen ähli zat ygtybarly şaýatlar tarapyndan ähli jikme-jiklikleri bilen aýdyldy, bu bolsa Potteriň işini agyrlaşdyrdy, emma aklawçy şaýatlaryň hiç birinden sorag etmedi: märeke aňk-taňk boldy, sessiz-üýnsüz närazayyk bilen öz nägileliklerini bildirdiler we munuň üçin sudýa-dan käýinç aldylar. Şondan soň sudýa şeýle diýdi:

— Şaýatlaryň kasam bilen beren betgüman bolunmajak görkezmeleriniň esasynda, biz bu aýylganç jenaýatyň günäkär stulunda oturan şu biçäre tarapyndan edilendigini ýüze çykardyk. Biz bu aýyplamany subut edilen diýip hasap edýäris.

Biçäre Potter horkuldap başlady, ellerini ýüzüne tutup, ol bütin zalyň agyr dymyşlygynyň arasynda öňe-yza hallanlap gitdi. Hatda erkekleriň-de bokurdagy doldy, aýallar bolsa bozulyp aglaşdylar. Şonda aklawçy ýerinden turup:

— Siziň hormatlyňyz, mejlisiň başynda biz aklanyjymyz bu aýylganç işi içgi keseli zerarly piýanlykda özüni bilmän edipdir diýip subut etmekçidik. Indi bolsa

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

biz öz pikirimizi üýtgetdik we muňa salgylanmakçy däldiris — diýdi-de, hyzmatkäre ýüzlenip: — Tom Soýeri çagyryň — diýdi.

Hatda Pottere çenli ähli adamlaryň ýüzünde çenden haýran galmaklyk peýda boldy. Hemmeleriň gözi ýerinden turup, şaýatlar stuluna baryp oturan Toma gönükdi. Opuň ýüzi al-yraňňy görnüşdedi, sebäbi, ol gorkusyndan ýaňa ölüp barýardy. Ony kasam etdirmäge getirdiler.

— Tomas Soýer, on ýedinji iýuna geçilýän gije, ýarym gijeler, siz nirede bolduňyz?

Tom hindi Jonuň tutuk ýüzüne seretdi we dili tutuldy.

Oturanlar demlerini alman gulak saldylar. Tom ýekeje agyz hem gepläp bilenokdy. Emma bir salymdan soň, ol güýjüni toplap şeýle bir çalaja ses bilen gepläp başlady welin, ony zalyň ilkinji hatarynda oturanlar hem zordan eşitdiler.

— Mazarystanlykda…

— Gatyrak aýdaweriň! Gorkmaň. Diýmek, siz bolupsyňyz..,

— Mazarystanlykda bolduk.

Hindi Jonuň ýüzünde ajymtyk ýylgyrma peýda boldy.

— Siz Wilýamsyň mazaryndan uzakda bolduňyzmy?

— Hawa, ser.

— Aýdyberiň. Ýöne gatyrak aýdyp bolmazmyka?

— Mazardan näçeräk aralykda bolduňyz?

— Siz bilen aramyzyň bolşy ýalyrak.

— Siz nirededir bir ýerde gizlendiňizmi ýa ýok?

— Hawa, men gizlendim.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

— Nirede?

— Mazaryň ýanyndaky wýazlaryň arasynda. Hindi Jo çalarak tisginip gitdi.

— Siziň ýanyňyzda başga adam barmydy?

— Hawa, ser. Men ol ýere…

— Duruň, duruň entek. Ýoldaşyňyzyň adyny aýtjak bolup azara galmaň. Wagty gelende, biz ony-da çagyrarys. Siz ýanyňyz bilen bir zat alyp bardyňyzmy? Tom ikirjiňledi we aljyrady.

— Aýdybernň, aýdyberiň, oglum, utanmaň. Hakykat hemişe hormatlanýar. Siz ýanyňyz bilen näme alyp barşdyňyz?

— Diňe… bir öli pişigi.

Zalyň içine gülki tolkun ýaly bolup ýaýrap gitdi, emma sudýa bu şatlygy ýatyrdy.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

Biz bu pişigiň skeletini getirp görkezeris. Indi bolsa, oglum, başardygyňça, hiç zat goýman hemmejesini bolşy ýaly edip bize jikme-jik gürrüň ber.

Tom gürrüň berip başlady. Ilkibada ol yzly-yzyna sakyndy, emma gitdikçe dogumlanyp, onuň sözleri ýöne akyp başlady. Bir salymdan soň, zalda onuň sesinden beýleki ähli zat ýuwaşady. Ähli göreçler oňa dikildi, diňleýjiler aýylganç hekaýata aňk bolup, agyzlaryny açyp, demlerini alman onuň her bir sözüni nebsewürlik bilen diňlediler. Tom şu aşakdaky sözleri aýdanda, oturanlaryň sessizüýnsüz tolgunmalary ähli çäginden geçdi.

— …doktor Mef Potteri tagta bilen uranynda, ol hem ýykylanynda, hindi Jo pyçagyny aýlap goýberdi welin…

Şark! Hindi ýyldyrym çaltlygy bilen äpişgä okduryldy we özüni tutjak bolanlary urup-ýykyşdyryp, gözden gaýyp boldy.

## XXIV bap

### BETBAGT GAHRYMAN

Ululara teselli, ýoldaşlaryna bolsa göz edip, Tom ýene-de gahrymanyň ajaýyp ornuny eýeledi. Onuň ady metbugatda ebedileşdirildi, sebäbi şäher gazeti ony öwüp arşa çykardy. Käbirleri şoňa çenli asaýmasalar, munuň bir wagt prezident bolaýmagam ahmal diýişdiler.

Hemişe hem bolşy ýaly, agyp-dönüp duran ynanjaň märeke indi Mef Potteri bagryna basdy, bir wagtlar sögünji gysganmaýşy ýaly, bu gezek ony gysganman mähir bilen ýylytdy. Emma beýtmeklik märekä diňe hormat goýmaklykdy, şonuň üçinem beýtdiň diýip, ony ýazgaryp oturmaklyk ýagşy däldi.

Tom gününi şadyýan we keýpi kök geçirdi, muňa derek ol gijelerine gorkusyna ölüp barýardy. Düýşüne girýän bar zat hindi Jody, ol oňa hemişe tutuk we haýbatly garaýardy. Garaňky düşenden soň her zat etseň-de Tomy öýden çykaryp bolanokdy.

Garamaňlaý Gek hem gorkusyndan ýaňa çala mydar edip gezip ýördi, sebäbi Tom sud bolmazynyň öňüsyrasy agşam ähli bolanlary aklawça gürrüň edip berdi, onsoň Gek bu işde özüniň hem barlygynyň ýüze çykmasyndan bijaý gorkýardy,

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana
ýogsa Jonuň gaçmagy ony sudda görkezme bermek ýaly iç gysgynç borçdan hem halas edipdi.

Aklawçy o neressä ähli işi gizlin saklarynam diýipdi welin, heý muňa bil baglap bolarmyka? Utanç jebirleriniň Tomy aklawçynyň öýüne alyp geleninden, onuň dilinden tutuk we eýmendiriji kasam bilen berkidilen aýylganç syry çekip alanyndan soň, Gekiň adamzada bolan ynamy ep-esli gowşady.

Her gün Mef Potteriň sag boluny eşidip, Tom özüniň dogrusyny aýdanyna begenýärdi, gijesine bolsa ol dilimi agzymda saklap bilmedim-ow diýip gynanýardy.

Wagtynyň ýarysyny Tom Jo tutar gorkusy bilen geçirýärdi, galan ýarysyny bolsa, ol tutup bilmez diýip geçirýärdi. Ol özüniň diňe şol adam öleninden, onuň meýdini öz gözi bilen göreninden soň, erkin dem alyp biljekdigine ynanýardy.

Jony tapana baýrak bellenipdi, bütin okrugy döküp çykdylar, emma hiç Jony tapmadylar. Sent-Luisden ähli zady bilýän, täsin zatlar elinden gelýän adamlaryň hor matyny gazanyp bilýän bir adam — polisiýanyň gizlin agenti geldi; geldi-de, döküşdirip başlady, kellesini ýaýkady, içini gepledýän ýaly, ýüzüni bürüşdirdi we onuň kärindäki adamlaryň edişi ýaly, ajaýyp üstünlik gazandym diýdi. Gepiň gerdişine görä aýdasda, ol «yzyň üstünden barypdyr». Emma welin «yzy» ganhorlyk üçin dara asjak gümanyň ýok; gizlin agent birneme bolup gidenden soň, Tomuň ýagdaýy öňküsinden çigit ýalyjak-da üýtgemedi: ol özüni şol öňküligi ýaly howply ýagdaýda duýdy.

Günler haýal geçýärdi, oglanlar bolsa öz üstlerine abanan howpy kem-kemden ýatlaryndan çykarýardylar,

## XXV b a p

### HUM GÖZLEGI

Her bir hakyky oglanjygyň durmuşynda gömlüp goýlan humy tapmak arzuwynyň möwç urýan wagty bolup geçýär. Günleriň birinde şeýle arzuw Tomy-da gurşap aldy. Ol Jo Garperiň gözlegine çykdy, emma bu netije bermedi. Ol Ben Rojersiň ýanyna diýip gitdi, emma Ben hem balyk tutmaga giden eken. Oňa tötänden Gek Finn, Ganly El duşdy. Gekiň hem gerek ýeri bardy. Tom ony çolarak ýere çekdi-de,

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana
öz çyzan planyny aýdyp berdi. Gek garşy çykmady. Gek keýpliräk bolaýjak we pul talap etmeýän her bir oýna gatnaşmaga taýýardy, sebäbi, wagt — puldur diýilse-de, ol wagtyny nätjegini bilmeýärdi.

— Biz niräni gazarkak — diýip, Gek sorady.

— Çem gelen ýerini.

— 0 nähili, hum, näme, çem gelen ýerde gömülýärmi?

Gep hem şonuň çem gelen ýerde gömülmeýänligindedä. Ol çola ýerlerde — käte adada, käte gurap giden agajyň düýbünde çüýrän sandykda gömülýär, käte bolsa eýeli köne tam-aryň polunyň aşagynda gömülýär.

— Olary gömýän kim?

— Garakçylar gömýärler, düşdüňmi? A sen kimdir öýtdüň? Ýekşenbe mekdebiniň mugallymlarydyr öýtdüňmi?

— Men näbileýin! Eger hum meniňki bolsa, men-ä ony gömjek bolmazdym-da, ýetişibildigimden sowup, mes ýaşardym.

— Menem. Diňe garakçylar beýtmeýärler. Hemişe hum gömýärler-de, goýup gidýärler.

— Näme, onsoň ony gelip alyp gidenoklarmy?

— Alyp gideli, alyp gideli hem diýişýärler-de, ýene eden belliklerini ýatlaryndan çykarýarlar ýa-da ölüp gidýärler. Onsoň hum ep-esli ýatyp poslaýar, soňrak hem biri köne, saralyp giden bellikli kagyzlaryň üstünden barýar we şol kagyzy bütin hepdeläp derňeýär sebäbi onuň ýüzi ýöne bellijekler we iýeroglifler bolup dur.

— Iro… näme?

— Iýeroglifler — suratjyklar we dürli gaňyrçajyklar bolýarlar, göräýmäge hiç zadam däl ýaly.

— A seniň olar ýaly kagyzyň barmy, Tom? Ýok.

— Onda sen bellikleri nädip tapjak?

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

— Bellik nämäme derkar? Humy hemişe köne jaýyň düýbünde ýa-da adada, ýada ýeke şahaly gury agajyň düýbünde gömýärler. Biz eýýäm Jekson adasynda gazmaga synanyşyp gördük, ýene-de synanyşaýsak bolar. Ýogsa-da, derýanyň aňyrsynda köne tam hem bar, gury agaçlara sanardan hem kän. Käbir halklarda, mysal üçin, gadymy müsürlilerde harp ýerina guşlary, haýwanlary we ş. m-leri aňladýan figuraly bellijekler bolupdyr. Adamlar hat ýüzi bilen şol bellikler esasynda düşünişipdirler. Şeýle belliklere iýeroglifler diýilýär, olar Hytaýda we Ýaponiýada häzir hem bar.

— Her agajyň düýbünde-de hum bar, ä?

— Nädäýdiň-aýt! Elbetde, hemme agajyň düýbünde däl.

— Haýsynyň düýbüni köwlemelidigini sen nädip biljek?

— Gezegine hemmesiniň düýbüni gazyp göreris.

— Beýdip bütin tomsy hem geçiräýmegimiz mümkin.

— Ýogsam näme? Belki, sen içi ýüzläp-ýüzläp dollarly poslap giden mis gazan tapaýdyň-da, ýa-da içi brilliantdan doly çagşan sandyk tapaýdyň-da, şonda näme?

Gekiň gözleri ýylpyldap gitdi.

— Bäý, hezillik bolardy-ow! Muňa ýetesi näme bar? Sen maňa ýüz dollar beräý, brilliantlaryň geregem däl.

— Bolýar! Brilliantlary hem ýele-yga sowrup ýörmelidir öýtme. Şeýle bir brilliantlar bar weli, hersi ýigrimi dollara degýär, bir dollardan arzany-ha düýpden bolanok.

— Aý goýsana! Mümkin däl!
— Muny kimden sorasaň soraý. Näme, Gek, sen ömrüňde brilliant görmänmidiň ?

— Hiç ýadyma düşenok.

— Patyşalaryň küde-küde brilliantlary bar.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

— Meniň tanýan patyşamam ýok.

— Eger sen Ýewropa gitseň, olar her ädimden atlaryny çapyşyp öňüňden çykarlar.

— Olar nä at çapýarlarmy näme?

— Baý, senem-ä! Ýokla-aýt.

— Onda näme sen at çapyşyp ýörendirler diýýäň?

— Barsana, walla, men-ä ýöne aýdaýdym. Näme üçin olar at çapsynlar? Meniň beý diýmämiň sebäbi, o ýerde olar köplük. Tüýküren tüýküligiň patyşanyň üstüne düşýär, ol küýki Riçarda çalym edip durandyr.

— Riçarda? Familiýasy näme?

— Onuň hiç hili familiýasy ýok… Umuman, patyşalarda hiç haçan familiýa bolanok.

— Aýýog-a!
Ynanaýgyn!

— Aý, özlerine ýaraýan bolsa, goý familiýasyz bolsunlar. Negrleriňki ýaly familiýasyz boljak bolsa, men patyşa bolmany höwes hem etjek däl. Hany, sen şuny aýtsana: ilki niräni köwüp başlajak?

— Entek bilemok. Gel, ilki derýanyň aňyrsyndaky depäniň üstünde oturan gury agajyň düýbüni köwüp başlaly.

— Gel.

Olar poslap giden kätmendir pil tapyp, derýadan üç metr aralykdaky agaja tarap ugradylar. Olar o ýeri gyzyp, haşlap bardylar we gür kölegeli wýazyň düýbünde dynç almaga we çilim çekmäge süýndüler.

— Ýaşaýyş, diýip, ine, şuňa diýäýseň — diýip, Tom dillendi.

— Ýogsam näme!

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

— Gek diýýän-ä, eger hum tapaýsak, sen öz paýyňy nädersiň?

— Aý, her gün köke bilen bir stakan sodaly suw satyn alaryn, her gezek sirk gelende sirke giderin. Sen onuň aladasyny etme, örän mes ýaşaryn.

— A sen pul ýygnamakçy dälmi näme?

— ýygnamakçy dälmi? Onuň nämä geregi bar?

— Eýsem näme, başyňa iş düşende taýýar pul bolar-da.

— Ynha, munyň geregi ýok. Kakam gelerde, sowup gutarmadyk bolsam pullaryma penjäni urar, onsoň müň dadyperýadyndan-da netije bolmaz. A sen öz paýyňy nätmekçi, Tom?

— Men täze deprek, hakyky gylyç, gyzyl galstuk, buldoga gürjüsini satyn aljak, soň hem öýlenjek.

— Öýlenjek?

— Hawa.

— Tom, görýän welin, seniň ugruň gaçypdyr.

— Görde duruber.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

Goýsana, mundan beter samsyklygy gözläp-de tapyp bilmersiň! Ynha, meniň kakam bilen ejemi alyp gör, olaryň işleri-pişeleri uruşmak bolardy. Men muny örän oňat bilýärin.

— Munyň dagy hiç. Meniň öýlenjek gyzym uruşmaz.

— Tom, olaryň hemmesi birmeňzeş bolýar. Olar uruş tapsa, başga zady küýsänoklaram. Sen entek birneme oýlanyşyp gör. Çynym bilen aýdýaryn, oýlanyşyp gör.

A ol kiçijik gyzjagazyň ady näme?

— Ol indi kiçijik gyzjagaz däl-de, gyzjagaz.

— Meniň bilşime görä, munuň tapawudy ýok: kim kiçijik gyzjagaz diýýär, kim gyzjagaz diýýär. Eýle näme, beýle näme — barybir. Ýeri, onsoň, Tom, onuň ady kim?

— Aýdaýyn welin, şu wagt däl.

— Bolýar-da, keýpiň kelläňde. Ýöne welin, sen öýlenäýseň, meniň ýekeje özüm galaryn.

— ÝOK, galmarsyň. Sen meniň ýanymda ýaşabererersiň. Indi bolsa bessir eplenip ýatman, ýer gazyp ugraly.

Olar gara dere batyp, ýarym sagat dagy işlediler. Ýene ýarym sagat işlediler, emma netije bolmady. Şonda-da laplary keç bolmady. Gek:

— Olar humy hemişe şeýle çuň gömýärlermikä? — diýdi.

— Gömýärler welin, hemişe çuň edip gömenoklar. Her gezek däl. Göwnüme bolmasa, biz gazmasyz ýeri gazyp duran ýaly.

Olar başga ýere geçdiler we täzeden gazyp başladylar. Iş indi haýalrak gidiärdi, ýöne her hili hem bolsa önýärdi. Käwagt olar seslerini çykarman gazýardylar. Ahyrym Gek piline söýenip, maňlaýyndaky derini süpürip goýberdi we:

— Şundan soň sen niräni gazmakçy? — diýip sorady.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

— Gel, Kardif dagyndaky, dul aýal Duglasyň tamynyň ýeňsesindäki goja daragtyň düýbüni gazyp göreli.

— Bolýar-da, gazyp görsek göräýeli. Ýöne dul aýal tapan humumyzy elimizden-ä alaýmaz-da? Çünki daragt olaryň ýerinde ahyryn.

-— Alaýşyny! Aljak bolup bir görsün. Humly ýeri kim tapsa, hum hem şonuňky bolýar. Onuň haýsy ýerdediginiň parhy ýok.

Gekiň jany aram tapdy. Iş dowam etdi. Bir salymdan soň, Gek:

— Wah, içigara galmyş-eý, ýene biz gazmaly ýeri gazamzok mykak diýýärin. Seniň pikiriňçe, nähili?— diýdi.

— Öz-ä göni-ow, Gek. Düşýän däldirin. Albassylaryň hem bulaşdyraýmasy bardyr. Ähli iş şunda-ha däldir diýýärin.

— Aý ýog-a, gündizem bir albassy bolarmy? Gündizine olaryň edip bilýän zady bolmaz.

— Öz-ä dogry. Meniň hakydama-da gelmändir. A-ha, nämedendigini indi bilýärin. Baý, ikimizem pekge-ow! Ilki bilen şahaň kölegesiniň ýarym gijeler nirä düşýänini bilmeli ahyryn, onsoň şol ýeri hem gazyp başlamaly.
— Diýmek, biz samsyklyk edipdiris-dä, uzynly günläp biderek gazypdyrys-da. Ýagdaýyňa seret, öz-ä ýene-de bu ýere gije gelmelidir. Daşlygy dagy nähili! A sen öýüňden sypyp bilermiň?

— Gürrüňi näme! Öňi-soňy şu gije gazmaly bolar, eger bu çukurlary biri göräýse, derrew aňar-da, özi gazyp başlar.

— Bolýar-da, «gije men saňa myýaw» diýerin.

— Bolýar. Gel, pilleri otlaryň arasynda gizläp goýaly. Gije, bellenen wagty, oglanlar ýene-de agajyň aşagyna geldiler. Olar kölegede dyzlaryny epişip, garaşmaga başladylar. Ýer çolady, wagt giçdi. Ýapraklaryň çygşyldysyna ruhlaryň sesleri eşidilnerdi, eýeler garaňky burçlarda gizlenýärdiler, nirededir uzakdan it ýognas sesi bilen üýrýärdi, baýguş bolsa eýmenç gukguldap, itleriň sesini alyp

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana
göterýärdi. Oglanlar az gürleşýärdiler. Olara gijäniň syrly çagy täsir eden bolara çemeli.

Basym olar eýýäm ýary gije düşdi hasap etdiler; kölegäniň nirä düşýänini bellediler we şol ýerini gazyp başladylar. Olar umyt edýärdiler. Gitdikçe işe gyzygýardylar, şonuň bilen birlikde, janypkeşliklerem artýardy. Çukur barha çuňlaşýardy, emma pil her gezek bir zada degende, olaryň dine laplary keç bolýardy.

Ahyrsony Tom:

— Biz biderek jan edýäris, Gek! Gazýan ýerimiziň ugry ýok — diýdi.
O nähili ugry ýok bolýar! Kölege edil şu ýeriň özüne düşdi ahyryn.

— Düşenini bilýärin, ýöne gep onda däl. I

— Onda nämede?

— Biz wagtyny anyk kesgitläp bilmändiris. Ýa gaty gijä galypdyrys, ýa-da gaty ir başlapdyrys. Gek pilini gaçyrdy:

— Şeýle diýsene. Belanyň körügi şondadyr-la. Bu çukury hem taşlamaly bolarmyka diýýärin. Dogry wagty biljek gümanyň ýok, onsoň hem diýseň hatarly, albassydyr eýeler aýagyny basan ýerinden çykýarlar. Men hemişe arkamda biri duran ýaly görýärin, öwrülmäge bolsa gorkýaryn, belki öňde-de biri durup, şeýle pursata garaşýandyr! Bu ýere gelelimiz bäri, men galpyldap uçaýjak bolýaryn.

— Meniň hem halym seniňkiden gowy däl, Gek. Bilýärmiň näme, puly gömenlerinde hemişe ony saklar ýaly üstünden öli gömýärler.

— Hudaý-eý!

— Hawa-hawa. Muny men köp gezek eşitdim.

— Tom, ýeliniň bar ýerinde çukur gazýanlygymyz maňa ýaranok. Biler bolsaň, olar bilen oýun etmek örän hatarly.

— Olara meniň hem o diýen degesim gelenok. Birden çukurdan kelle çykyp, bir zatlar-bir zatlar diýäýse nätjek.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

— Goýsana, Tom! Öň hem gorkup durun.

— Gorkmajak gümanyň barmy, Gek. Bütin göwräň jümşüldäp gidýär.

— Bilseň, Tom, gel, bu ýeri goýaly-da, başga ýerden gazyp göreli.

— Gel, şeýtseň oňadrak bolar.

— Ýöne niräni gazarkak? Tom bir salym böwrüni diňledi-de:

— Şol hapa köne jaýyň içi bar-a, ana şol ýeri gazaly — diýdi.

— Aý, gabra gitsinle, olar ýaly jaýy men halamok. Ol öliňdenem erbet bolar. Ölihä, näme, eýle-beýle diýerde galar, kepenli yzyňa düşüp, egniň üstaşyry synlap ýörmez, eýe ýaly biderek ýere dişlerini gyjyrdatmaz. Muňa men çydam edip bilmerin, Tom, hiç kimem çydap bilmez.

— Munyň-a dogry. Ýöne eýe hemişe gijelerine gezýär. Gündiz olar bize gazmaga päsgel bermezler.

— Gel, şeýle-de bolsun. Ýöne sen bu jaýyň töwereginden gündiz-gije hiç kimiň geçmeýänligini bilýärmiň?

— Ol ýerde birini öldüren ekenler, şonuň üçinem şol jaýyň ýanyndan geçmäni halanoklar, ondan başga bu ýerde, gijesine bolaýmasa, üýtgeşik zat bar diýýän ýok, gijesine görünýän hem hakyky eýe bolman, äpişgäniň aşagynda tans edişýän gök otlarmyş.

— Eger gök otlar tans edişýän bolsa, eýe-de ondan daşda däldir. Düşnükli-le! Gök otlaryň eýelerden başga gerek adamsy barmy näme!

— Munyň-a dogry. Ýöne welin, olar gündüzine görnenoklarmyş, şonuň üçin hem gorkar ýaly zat ýok. Ýeri bolýar-da. Isleýän bolsaň, gel, köne jaýyň içini hem gazyp göräýeli, ýäne edýän töwekgelçiligimiz-ä kiçi däl-dir.

Şol bada olar dagdan düşdiler. Aşakda, aýyň şöhlesi düşüp duran depesiniň ortasynda haýatsyz-zatsyz, syrkyn basyp giden, ýykyk turbaly garalyp giden äpişgeli, bir tarapynyň üçegi gaýdan «Eýeli tam» ýalňyz otyrdy. Oglanlar gök ot ýylpyldaýmazmyka diýip, äpişgä seredip köp durdular; soňra wagtyň we ýeriň

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana
talap edişi ýaly ýuwaşja gepleşip, köne jaýyň esli daşyndan aklanyp geçmek üçin, saga öwrüldiler we öýlerine Kardif dagynyň beýle tarapyndan, tokaýyň içi bilen gaýdyp geldiler.

## XXVI bap

### ÝENE-DE HINDI JO

Ertesi günortanlar oglanlar gury agajyň ýanyna gaýdyp geldiler — olar kätmen bilen pil almalydylar. Tom Soýeriň eýeli tama basymrak barasy gelýärdi. Şol ýere onçakly döwtalap bolup barmaýan Gek birden:

— Gulak goý, Tom, bu günüň haýsy gündügini bilýärmiň?

— diýip sorady.

Tom derrew hepdäniň günlerini hakydasyna getirdi we gorka gözleri bilen Geke seretdi.

— Bäh, meniň kelläme-de gelmändir-ow, Gek!
Meniň hem kelläme gelmändir, ynha, şu günüň annadygy birden ýadyma düşäýdi.

— Haý içigar galmyşeý, indi nädip saklanjak diýsene? Anna güni beýle işe baş goşan bolsak, birneme görjek ekenig-ow!

— Görerdik! Gowusy, gördük diýsene. Belki bagtly günler bolýandyr, ýöne weli anna güni däldir.

— Her bir samsygam bilýär. Muny ilkinji oýlap tapan sen däl.

— Nä men men diýdimmi? Onsoňsam anna güni bolanynda näme? Men bu gün myrtar düýş görüpdirin: düýşüme alakalar giripdir.

— Aý ýog-a. Bu hökman betbagtlygyň alamatydyr. Olar uruşdylarammy?
— ÝOK.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

— Aý, eýle bolsa bolýala. Gek. Eger olar uruşsalar, bu eýgiligiň üstünden eltmeýär. Biz ýöne ätiýajy elden bermän, bela-beterden seresap bolmaly. Bu gün indi ýer gazasymyz ýok, oýun oýnarys. Sen Robin Gud diýip eşidipmidiň?

— Ýok. Robin Gud diýýäniň kim?

— Nätdiň-aýt, ol bütin Angliýada iň ajapyp, iň uly adam bolupdyr. Özem garakçy eken.

— Bä, zor eken-ow! Menem şolar ýaly bolsamdym! A ol kimi talaýar eken?

— Aý, dürli baýlary, patyşalary, şerifleri we ýepiskoplary talaýar eken. Garyplara bolsa ol hiç haçan el gatmandyr. Ol olary oňat görüpdir. Ol tapanyny hemişe şolar bilen deňje paýlaşar eken.

— Bä, edermen ýigit ekeni!

— Eýsem näme! Ol dünýädäki ähli adamlardan rehimli bolupdyr, Gek. Saňa diýsem, beýle adamlar indi ýok. Ol ýekeje eli bilen Angliýada islän adamsyny urup ýykýar eken we tis ýaýy bilen mil ýarymdan on sentlyk puly urýan eken.

— Tis ýaýy diýýäniň näme?

— Bilemok. Öz-ä bir üýtgeşik ýaýmyş. Eger puluň ortasyndan urup bilmän, gyrasyndan uraýsa, onda oturyp aglar ekeni, hatda öz-özüne käýiner hem eken. Ine, biz iň asylly oýun bolan şu oýny, ýagny Robin Gud bolup oýnaly. Men saňa öwrederin.
. — Gel bäri.

Şeýlelikde, olar uzynly günläp Robin Gud bolup oýnadylar, käte bolsa eýeli tama tarap tukat seredişdiler, ol ýerde ertir näme işlejekleri barada bir-biri bilen degişdiler. Gün günbatara syrygyp ugran dessine, olar agaçlaryň uzyn kölegeleriniň üsti bilen öýlerine ugradylar we basym Kardif dagyndaky tokaýyň içinde gözden ýitdiler.

Şenbe güni, günortanyň yzysüre oglanlar ýene-de gury agajyň ýanyna geldiler. Olar agajyň kölegesinde çilim çekişip, gürleşip oturdylar we soňra hasaba görä, iň soňky çukurlaryndan birneme gazdylar, özleri-de aýratyn bir tama edip däl-de, diňe Tom adamlar käte bary-ýogy alty dýuýma ýaly gazman goýýarlarda, humy

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana
taşlap gidýärler, onsoň yz ýanlaryndan başga biri gelip gazýar weli, hum çykaýýar diýeni üçin gazdylar. Emma bu gezek hem olaryňky şowuna düşmedi we olar pillerini eginlerine atyşyp, işi sowuk—sala däl-de, hum gözleýjileriň edişleri ýaly, ähli etmeli zatlary ak ýürek bilen edendiklerine göz ýetirişip, yzlaryna gaýtdylar.

Olar köne tamyň ýanyna gelenlerinde çürüşdirp barýan günüň aşagyndaky ýürek gysgynç ümsümlik olara şeýle bir geň, şeýle bir howsalaly ýaly, ol ýeriň özi bolsa bir idegsiz galdyrylan şeýle bir adamsyz ýaly bolup göründi welin, oglanlar tama girmäge bir bada ýürek etmediler. Olar daraklyklaryna basyşyp, gapynyň ýanyna baryp, jaýyň içine gorka-gorka seretdiler. Olar haşal otlar basyp giden, polsuzzatsyz, suwagy gaçan otagy, köneje ojagy, garalan äpişgeleri, çagşan merdiwany gördüler: dumly-duşda çaň basyp düşdüş kerepleri sallanyşyp durdy. Olar ýüreklerini bükgüldedişip, pyşyrdaşyp, iň bir ujypsyz çyg-şyldylara gulak gabardyşyp, Eger birden yza çekiläýmeli bolsa, gerek bor diýip, muskullaryny gataldyşyp, ýuwaşlja basyşyp girdiler.

Bir salymdan soň, olar öwrenişip gitdiler. Indi olaryň gorky-ürküleri gaçyşdy. Olar daş-töwereklerindäki ähli zada geň galyjylyk we ynamsyzlyk bilen seretdiler, öz batyrlyklaryna haýran galdylar. Soňra olaryň ýokarda näme barlygyny göresleri geldi. Bu yza gaýtmany kynlaşdyrdy, emma olar bir-birlerine göwünlik berdiler we ahyr-soňy, garaşylyşy ýaly pillerini burça taşlap, merdiwana dyrmaşyp ugradylar. Ýokary hem bulam-bujarlyk eken. Bir burçdan olar göräýmäge gyzykdyryjy we syrly anbar tapdylar. Emma olaryň tamasy çykmady: anbarda hiç zat ýokdy. Indi olar has-da dogumlanyp, merdiwandan düşüp, işe başlaly diýip durkalar birden… Tom:

— Ş-ş — diýdi.

Näme?— diýip, gorkusyndan ýaňa reňki öçen Gek sorady.

Ş-ş! Ynha ol! Eşidýärmii? Hm!.. Waý, basymrajyk gaçaly la!

Ýuwaş! Butnama! Geni gapa tarap gelýärler. Oglanlar uzyn düşüp ýatdylar we agaçlaryň tegelek deşiklerinden jyklap, gorkudan ýaňa saň gaty bolup garaşyp ugradylar.

— Durdular… Ýok, gelýärler… Ynha olar! Pyşyrdamany kessene, Gek. Hudaýym, bu basymrak gutaraýbilsedir!

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

Tama iki sany adam girdi. Oglanlar: «Bu lal garry biziň şäherimizde iki gezek dagy bolan şol ispan, beýlekisini bolsa hiç haçan görmändik» diýşip pikir etdiler.

— «Beýlekisi» saçy daralmadyk, şalha-şalha geýimli, çyrşak ýüzli, hyrsyz bir adamdy. Ispan plaşa dolanypdyr; onuň gür we ak sakgalsapy, ýaşyl äýnegi bardy; uzyn çal saçy sombreronyň aşagyndan çykyşyp, egnine düşüp ýatyrdy. Olar öýe girende, «beýlekisi» ispana ýuwaşja ses bilen nämedir bir zat diýdi. Olar ýüzlerini gapa tutup, arkalaryny diwara berip oturdylar we birinjisi hem, «beýlekisi» hem şol bir zat barada gürrüň etdiler. Ol indi o diýen ätiýaç saklamaýardy — olaryň edýän gürrüňleri oglanlaryň gulagyna birkemsiz eşidilip durdy. Ýok, men bu barada oýlanyp gördüm, emma bu maňa ýaranok. Örän hatarly — diýip, ol aýtdy.

— Hatarly! — diýip, «lal» hüňňürdedi, muňa oglanlar aňk-tank boldular — züwwetdin!

Bu sesi eşiden oglanlar galpylda düşüp otyrdylar: ol ses hindi Jonuň sesidi. Aşakda birneme dymdylar. Soňra Jo:

— Soňky iş, gör, nähili hatarlydy, emma şolam geçdi — diýdi.

— Ol ýerdäki düýpden başga işdi. Ol derýanyň ugrundan has ýokardady we golaý-goltumda ýekeje-de jaý ýokdy. Rast hiç zat çykmadyk bolsa, biziň ol ýerde elimiziň barlygyny hiç kimem bilmez. Ýeri bolýar-da, bu ýere gündiz gelmek has hem howply. Bizi gören her kim bir zadyň barlygyny aňar.

— Muny bilýärin-le. Gizlener ýaly başga ýer tapylmady ahyryn. Şonda-da men bu sarandan gitsemmikäm diýýärin. Düýn gideýin diýdim, ýöne gitjek bolup synanyşym hem bolmady — bu äteňenälet oglanlar dagyň töwereginden aýrylmadylar, o ýerden bolsa bu tapy oňat görünýär. Bulary eşidip «Äteňenälet oglanlar» gorkularyndan ýaňa galpyldap başladylar we anna gündügi ýatlaryna düşüp, bir gün garaşmagy ýüreklerine düwenliklerini ullakan bagtlylyk eken diýip oýladylar. Öz ýanlaryndan bolsa arly ýyl garaşmandyklaryna nebisleri agyrdy.

Aşakda ikisi nämedir bir iýer ýaly zat çykaryp garbanmaga oturdylar. Uzak wagtlap dymyp oturanlaryndan soň, Jo:

- Näme diýsene, gardaş: sen derýaň boýuny syr-da, gelen ýeriiňe ugra. Özüm habar edinçäm

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

garaşarsyň. Men bolsa töwekgellik edip, şähere aýlanaýyn, syn edip bir galaýyn ahyryn. Ol howply işe bolsa jikme-jigine ýetemsoň we näme etmelidigini ykjam oýlananymdan soň girişeris.

OnsonňTehasa gidibersek hem bolar. Bileje jyrarys — diýdi,

Şeý diýip hem netijä geldiler. Şundan soň olaryň ikiside pallap başlady, şonda Jo:

— Ölemen ýatasym gelýär! Garawulçylyk etmek indi seniň gezegiň — diýdi.

Ol syrkynyň içinde gyşardy we basym hor çekip başlady. Ýoldaşy ony iki gezek dagy yralady we hindi köşeşdi. Soňra garawul hem irkilip-irkilip gitdi: kellesi bara-bara ýere egildi we basym olaryň ikiside hor çekişip ugradylar.

Oglanlaryň jany ara girip, uludan bir dem aldylar. Tom:

— Hany, tüýs wagty, gideli — diýip pyşyrdady. Gek:
— Başarman! Oýanaýsalar, men şol ýeriň özünde ýüregim ýarylyp ölerin — diýip jogap berdi.

Tom bir depen ýerini depdi, Gek götinjekledi. Ahyrsoňy Tom aýak üstüne galdy; ýuwaşja we seresaplylyk bilen onuň ýeke özi ýöräp ugrady. Emma welin ilkinji ädimini ädende, poluň jaýrylan tagtasy şeýle bir aýylganç jygyldady welin, Tom gorkusyndan ýaňa çalajan halda pola ýykyldy. Ikinji gezek ätlejek bolup ol synanyşmady hem ogla-lar wagty bilen geçmeýän minutlaryny sanap tä wagt bir ýerde gatap galaýdy öýdýän diýişýänçäler ýatdylar, emma şonda olar günüň ýerine girip ugranyny görüp hezil edindiler.

Ahyrym ykmandalaryň biri hor çekmesini kesdi. Hindi Jo ýerinden turup, töweregine garanjaklady, kellesini dyzyna goýup ýatan ýoldaşyna seredip ajymtyk ýylgyrdy, ony aýagy bilen dürtgüledi we:

— Ine gördüňmi! Oňat garawullygyňa söz ýok. Hiç zat bolmanlygam gowy zat — diýdi.

— Wiý, men irkiläýipmidirin?

— Hawa, şeýleräk ýaly. Hany, dost, gymyldap ugraly. Galan pullary nöderkäk?

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

— Bilmedim. Belki, hemişeki edişimiz ýaly, şu ýerde goýup gideris? Günbatara ugraýançak olary ýanymyza alyp oturmagyň geregi ýok. Alty ýüz dollar kümüş puly göterjek bolsaň, eliň hem gurap gider. Ýeri bolýada, bu ýere ýene bir gezek gelenimiz bilen bize bolan zat bolmaz.

Diöe, meniň pikirimçe, bu ýere, öňki edişimiz ýaly, gije gelmek gerek — şeýtsek, gowy bolar.

— Munyň dogry welin, ýöne bir zat bar. Bu işi ugrukdyrmagyň maňa o diýen tiz başartmazlygy mümkin. Päsgelçilik azmy näme? Ýer şeýle bir amatly däl. Gel, ykjamrak we çuňrak edip gömeli.

— Dogry aýdýas! — diýip, onuň ýoldaşy alyp göterdi we otagyň törüne geçip, ojagyň düýbündäki plitalaryň birini -galdyryp içinde ýakymly bir zat seslenen haltajyk çykardy.

Ol öz ýanyna ýigrimi-otuz sanysyny, hindi üçin hem şonçaragygy aldy, soňra haltajygy oňa berdi, ol bolsa şol wagt burçda dyzyna çöküp, çakgy bilen ýer köwýärdi.

"'Oglanlar şol bada özleriniň ähli gorkularyny we şowsuzlyklaryny ýatlaryndan çykardylar. Olar gözlerini ýylpyldadyp, hindiniň her bir hereketlerini synladylar. Ine, boldy duruberdi! Beýle bagt ýada bir düşýärmidi. Alty ýüz dollar "— bu bir üýşmek pulla, on oglan dagy baýap biljek. Ine, saňa hum, onsoň hem ähli zadyň ugruna bolaýşyny diýsene.— Haýsy ýerden çukur gazmalydygy barada kelle çişirip oturyp nätjek? Olar bir-birlerini minutsaýyn tirsekleri bilen symsyklaýardylar. Bu symsyklamalar manyly we örän düşnükli symsyklamadylar. Özüniň-de: «Bu ýerdedigimize sen şat dälmi?» diýen manysy bardy. Hindiniň çakgysy nämedir bir zada degdi we ol:

— O-ho! — diýdi.

— Näme bar? — diýip, onuň ýoldaşy sorady.

— Çüýrän tagta. Ýok, ýaşşik ýalyla. Hany, kömekleş, şunuň içinde näme barlygyny häziriň özünde bileli. Ýok, geregem däl, men çakgym bilen deşik etdim.

Ol ýaşşige elini sokdy we ony ol ýerden çykaryp:

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

— Seretle: iul! — diýdi. Olar iki bolup pul üýşmegine syn edip başladylar. Bu altyndy. Ýokardaky oglanlar hem ykmandalaryň begenişi, ykmandalaryň tolgunyşy ýaly begenişýärdiler we tolgunyşýardylar.

Hindi Jonuň ýoldaşy:

— Biz munuň hötdesinden örän basym geleris. Hany, ýasy burçda, bir ýerde, ojagyň aňyrsynda posly kätmen ýatan ýalydyla, men ony ýaňy gören ýalydym-la — diýdi.

Ol ylgap gidip pildir kätmeni getirdi. Hindi Jo kätmeni aldy-da, göwnüne güman gidip, ony birlaý synlady, kellesini ýaýkady, öz ýanyndan hüňürdedi we ýer köwüp başlady. Basym sandyjak çykdy. Ol uly däldi, daşyna demir kakylandy we görnüşi ýaly örän berkdi, ol heniz mizemändir hem. Ykmandalar esli salym dymşyp, sandyga hezil edişip seredip durdular.

— Neneň görýän, dost, munda müň dollar dagy barmyka

diýýän—diýip, hindi Jo aýtdy. . -

. — Bu ýerlerde bir tomus Merreliň nökerleri köwlenýärdi diýýärdilerle — diýip, ikinjisi gepledi.

— Muny menem eşidipdim-ow — diýip, hindi Jo aýtdy — şolaryň işine meňzeýer.

Indi sen şol diýen işimizi etmeseň hem bolar. Hindi gaşyny çytdy we:

— Sen meni tanaňok. Ýagny ol iş barada ugurly zat bileňok. Bu ýerde diňe bir talaňçylygam däl, eýsem ar almaklyk hem bar — diýdi we onuň gözlerinde gahar ody uçganaklady. — Maňa seniň kömegiň gerek. Şony bir ýüzli etdigimiz hem Tehasa gideris. Bar, Nensiňiň we çagalaryň ýanyna gitde, habar edinçäm garaşyber.

— Bolýar, keýpiň kelläňde A bulary nädeli? Ýene-de gömsekmikäk?

— Hawa (Ýokarda diýseň begenilýär). ÝOK, ata-babalarymyň adyndan ant içýän (Ýokarda diýseň gynanylýar). Men tas ýadymdan çykarypdym — kätmeniň ýüzünde täze gum bar eken. (Oglanlar gorkularyna tas ölüpdiler). Bu pildir kätmen nireden çykdy? Olaryň ýüzündäki täze gum nireden peýda boldy? Olary kim

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana
getirip, nirä ýitirim bolduka? Heý, eşiden zadyň barmy? Heý, göreniň-bileniň barmy? Bu nähili beýle bolýar — pullary ýene gömsek, olar hem gelip gömlen ýeri görseler! Aý, ýok, bu-ýa bolmaz. Olary meniň sürenime äkideli.

— Ynha, munyň dogry. Neneň öňräkden huşuma gelmedikä? Seniň pikiriňçe, birinji nomeremi?

— ÝOK. Ikinji nomere — hajyň aşagyna. Birinjksi ýaramaz, adamsy juda köp. Ýeri bolýar. Basym iňrik garalar, gidere-de wagt boldy.

Jo aýak üstüne galdy we seresaplylyk bilen daşaryk seredip, derejeden-derejä süýşdi. Soňra bolsa:

— Bu ýere kätmen bilen pili kim getirdikä? Nähili diýip pikir edýärsiň, olar belki henizem ýokardadyr?— diýdi.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

Oglanlar ýene-de gorkularyna tas ölüpdiler. Jo pyçagyna ýapyşdy, bir salym aýgyt edip bilmän durdy, soň merdiwana tarap ugrady. Tom bilen Gekiň ýadyna anbar düşdi, emma gymyldamaga olaryň mejaly ýokdy. Basgançaklar jygyldaşyp gitdi, ýagdaý diýseň erbetleşdi, oglanlar derrew sütüniň ýanyndan zym uçan ýaly boldular, olar anbara gir-mekçi bolup durkalar, birden çüýrük agaç şatyr-şatyr etdide, Jo döwlen merdiwan-zat bilen birlikde aşaklygyna gaýyp gaýtdy. Ol agzyna gelenini gargynyp, ýerinden turdy, onuň ýoldaşy bolsa:

—- Ýeri, o ýere näme diýip çykýaň? Ýokarda oturan adam bolaýanda-da goý otursyn — bize näme! Eger böküp, aýaklaryny döwdürmek isleseler, goý böküp aýaklaryny döwdürsinler, biziň näme işimiz! Ýene çärýek sagatdan garaňky düşer — şonda isleseler, goý yzymyzdan kowubersinler. Janlary sag bolsun. Meniň pikirimçe, bu pilleri bu ýere getiren adam; bizi alarwah ýa göze görünýän zat diýip hasap edendir. Ol heniz hem yzyna seredibilmän gaçyp barýandyr.
Jo birneme hüňurdänden soň, dostunyň wagtdan peýdalanyp, garaňky düşmänkä ýola çykmaly diýeni bilen razylaşdy. Basym olar öýden çykyp, alagaraňkylygyň arasy bilen ýöräp ugradylar we gymmat bahaly sandyklaryny derýanyň boýuna eltdiler.

Tom bilen Gek zordan aýak üstüne galdylar, muňa derek olaryň ýükleri ýeňlän ýaly boldy we agaç diwarlaryň arasyndaky yşlardan ykmandalara seredip başladylar. Olaryň yzyndan ylgamalymy? Aý, ýok. Oglanlar boýunlaryny oňurtman, aşak düşenlerine-de kaýyldylar. Olar dagyň içnidäki beýleki ýol bilen yzlaryna, şähere gaýtdylar. Olar az gürleşýärdiler, sebäbi kätmen bilen pili şol ýere eltmek barada ters pikir edendikleri üçin, häzir öz-özlerine käýinýärdiler. Eger bu hindi Jo bir zadyň barlygyny duýmadyk dagy bolsady. Ol kümşi altyn-zat bilen birlikde gömjekdi we «aryny alynça» şo ýerde goýjakdy, soňra bol-sa pullara, nebsimiz agyrsa-da, ýiten pullar boljakdy. Henizem gowy sypypdyrlar, erbedrägi bolaýar ýaly eken. Ýeri ol ýere pil eltmek nämäňize gerek diýsene!

Olar «ar almak üçin» şähere geläýse, ispandan gözlerini aýyrmazlygy we niredede bolsa «ikinji nomere çenli» yzarlamagy ýüreklerine düwdüler. Birden Tomuň kellesinde erbet bir pikir peýda boldy:

— Ar almak? Eger ol biz hakda bolaýsa näderis, Gek?

— Waý, goýsana — diýip, Gek ýalbardy we onuň aýagy gyşaryp gitdi.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

Olar bu hakda tä şähere ýetýänçäler gürrüň etdiler we belki hindi başga birini göz öňünde tutandyr, belki hem diňe Tomy göz öňünde tutandyr, sebäbi, sutda ol barada diňe Tom görkezme berdi ahyryn diýen netijä geldiler.

Howpuň diňe öz üstüne abanýanlygy Tomy juda az köşeşdirdi. «Köpçüligiň arasynda her niçik hem bolsa, gowy bolardy» diýip, ol içini gepletdi.

## XXVII bap

YZARLAMA

Şol günüň wakasy Tomy düýşünde-de horlady. Ol dört gezek dagy elini uzatdy we hum dört gezek dagy elden sypyp, biderek zada öwrüldi. Onuň gözünden uky gaçdy, oýalyk bilen birlikde ajy hakykat we bela-beter baradaky pikir onuň ýadyna düşdi. Ertir ir bilen ýorganda ýatan ýerinden düýnki başdan geçirenlerini jikme-jik ýatlap, ol bu zatlaryň özünden arany açandygyny we göýä bolmasa olaryň başga bir dünýäde we bir eýýäm bolup geçen ýaly, dumana örtülendigini geň galyp ýatlady. Şonda onuň kellesine, eger şeýle bolýan bolsa, şol başdan geçirenlerim düýş bolaýmasyn diýen pikir geldi. Munuň peýdasyna bir sany örän ynandy ryjylykly bahana bardy: düýnki gören kümüş we altyn üýşmegi ýaly üýşmegiň oýalykda bolmagy hiç mümkin däl. Şondan öň ol birbada elli dollary-da görmändi we özi ýaly deň-duş, özi ýaly ýeter-ýetmezlikde ýaşaýan beýleki oglanlaryň çak edişi kimin «ýüz» we «müň» baradaky gürrüňler gepiň gelşikliligi üçin aýdylýandyr, hakykatda bolsa beýle pullar ýokdur diýip çak edýärdi. Ol jübüsinde nagt ýüz dollary bolan adam bardyr diýip, hiç haçan pikir etmeýärdi. Eger ondan humy nähili göz öňüne getirýäň diýip sorasaň, bu onuň üçin bir üýşmejik kümüş apbasylary we jadyly, ýaldyrap duran, elden typyp barýan dollarlaryň doly bir ölçegi bolup çykar.

Emma weli näçe pikir etdigiçe, başdan geçirmeleriň jikme-jiklikleri şonça aýdyň, şonça mese-mälim görünýärdi we ol basym bu görenim belki düýş däldir diýen pikire gelip ugrady. Petikden bir çykalga-ha gerekdi. Ol çalt-çalt nahar edindi-de, Geki gözlemäge çykdy. Gek dünki ýasy gaýygyň bortunda aýagyny suwuň içine sallap otyrdy, onuň ýüzi tutukdy. Tom düýnki zat barada ilki Geki gepletmegi ýüregine düwdi. Eger ol gürrüň açmasa, diýmek, bu Tomuň düýşüne girendir.

— Salam, Gek!

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

— Salam.

Bir minutlyk dymyşlyk.

— Tom, eger biz eýesiz galmyş pili gury agajyň düýbünde goýup giden bolsak, pullar bize galjak ekeni. Haý bolmada.

— Diýmek, bu düýş däl-dä! Men bolsa düýş bolaýsa kem göremokdym. Dogrudan hem düýş bolsa oňat bolardy, Gek! . :— O nähili düýş?

— Aý, şol düýnki-dä. Men eýýäm düýşdür öýdüp başlapdym.

— Düýş! Eger merdiwan döwülmedik bolsa, sen düýşdügini düýş däldigini ýagşyja bilerdiň! Men hem uzynly gije düýş görüp çykdym. Ýer çeken çaşy ispan şol meni kowalady ýördi.

— Ýek, näme üçin ony ýer çeksin. Ynha, ony tapaýsaň! Pullaryň nirededigini aňtamaly.

, — Tom, biz ony hiç haçan tapmarys. Beýle pul adamyň ebedilik ömründe bir gezek gelýändir. Ony hem biz elden sypdyrdyk. Men-ä ony görsem, ýene aýak üstünde durup bilmezmikäm diýýärin,

— Mep hem şeýle-dä, ýöne her niçik-de bolsa meniň ony göresim we tä ikinji nomere çenli yzyna düşesim gelýär.

— Ikinji nomer? Ynha, ähli iş hem şuny tapmakda-da. Men eýýäm bu barada oýlandym.- Emma näme üçindir hiç düşünemok. Seniň pikiriňçe, bu näme boldugy bolýar?

— Bilmedim. Gümürtik iş. Gulak goý, Gek, belki bu jaýyň nomeridir?

— Ýogsam nämäniňki bolsun! Ýek, Tom, beýle däldir. Ýöne biziň şäherimizdehä däldir. Bu ýerde nomer barmy näme!

— Hawa, munyň-a dogry. Hany, pikir edip göräýiň. Belki bu bir traktiris otagynyň nomeridir?

— Ynha tapsak, hut özüdir. Bizde traktirler hem bary-ýogy iki sany. Derrew taparys.

— Men gelýänçäm sen şu ýerde otur, Gek.

Tom dessine gözden ýitdi. Ol Gek bilen bile köçede görlenini halanokdy.

Ýarym sagatdan soň, ol dolanyp geldi. Görüp otursa, ikinji nomerli traktiris oňadragynda öňräkden bärýi ýaş aklawçy ýaşaýar eken, ol häzir hem şol ýerde ýaşaýar. Ikinji nomer traktirleriň beýlekisinde, erbediräginde nätanyş Genri bolýar eken. Hožakynyň ogly bu nomer hemişe gulply, gije bolaýmasa, oňa girilipçykylýanlygyny bir gezegem göremok diýipdir. Ol munuň näme üçin beýle bolýandygyny-da bilmeýär eken, göräýmeşäge aýratyn bir sebäbi hem ýok ýaly welin görnüp dur. Bu oňa o diýen gyzykly bolmasa-da, gyzykly bolup görnüpdir, şonuň üçimem ol bu otagyň bir «syry» bardyr diýip pikir edipdir. Garaňky düşmeziniň öň ýakyn-da ol şo ýerde çyranyň ýananlygyny görüpdir.

— Ynha, bilen zadym, Gek. Ol şol bize gerek iknji nomermikä diýýärin.

— Menä şeýle pikir edýärin, Tom. Indi biz näme iş ederkäk?

— Hany pikir edeýin.

Tom esli salymlap pikir etdi. Soňra dil ýaryp başlady:

— Näme diýsene. Bu nomeriň syrtky gapysy alaka tutulýana meňzeş köne kerpiç saklady welin traktriň aralygyndaky kiçijik pereuloga çykýar. Sen tapan-tupak açarlaryny alyşdyr, men hem olaryň ähli açarlaryny alyşdyraýryn we ilkinji garaňky gijede ol ýere gideris we olaryň haýsysynyň gabat geljegini barlap görezsek. Hawa, göz-gulak bolup dur, hindi geläýmesin, ol şäherde bolmakçy we ar almaga amatly pursat tapmak üçin ýeke bir gezek aýlanyp görmekçidi. Eger görsek, yzyna düşüber; eger ol bu iknnji nomere gitmese, diýmek, ol onuňky däldir.

— Öwlüýa ursun, okuň yzyndan ýeke özüm gidesim gelenok.

— Bu gije bolar ahyryn! Ol belki- ýene görmez, göreýen diýsede üýtgeşik zat bardyr diýip oýlanmaz.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

— Eger juda garaňky bolup dursa, men yzyňdan gitsem hem gidäýerin. Bilmedim-dä… Synanyşyp göreýin.

— Eger gije garaňky bolsa, onuň yzyna özümiň düşjegime bil baglaý. Sen nä bilýäň, belki ar alyp bolmajagyna gözi ýetse, puly getirmäge gidäýmeginiň mümkindigine sen derrew göz ýetirersiň.

— Dogry, Tom, dogry! Men ouň yzyndan giderin, gara çynym giderin.

— Ynha, munyň akyl iş! Ýöne welin seret-dä. Gek, ýüňsakgal edäýme, men-ä beýtmen.

## XXVIII bap

AÇYŞLYK

Şol agşam Tom bilen Gek ählisine taparlyk gördüler. Olar sagat dokuza çenli traktriň ýanynda köw-söw etdiler, olaryň biri çeträkde durup, pereulogy saklaýardy, beýleksi bolsa traktiriň gapysyna gözegçilik edýärin. Girýän-de, çykýan-da ýokdy, traktire-de ispana meňzeş giren bolmady. Gije aý aýdyňrak bolaýjak ýaly etdi we Tom juda garaňky bolsa geldi, myýawlap, onsoň men äpişgeden girip, açarlary saýlaşdyrmaga synanyşaýyn diýip, Gek bilen gürleşdi we öýlerine ugrady. Emma gije şol aý aýdyňlygyna durdy. Gek sagat on ikä çenli garawulçylyk çekdi-de, gantdan boşan boş çelegiň üstünde gyşardy.

Sişenbe güni oglanlaryňky ýene-de ugruna bolmady. Çarşenbe güni hem şeýle boldy. Muňa derek penşenbe güni g ije örän garaňky boldy. Tom Polli daýzasynyň demir çyrasyny we yşygy ýapaýjak inli polotensaniy alyp äpişgä mündi. Ol çyrasyny Gekiň ýatan ýeri bolan gantdan boşan çelegiň içinde gizledi we sakçylyk etmäge durdy. Ýarym gijä bir sagat galanda traktir ýapyldy we onuň ähli yşyklary söndi, golaý-goltumda başga yşyk ýokdy. Ispan hiç gara bermeýärdi. Pereuloga gelýän-gidýän ýokdy. Ähli zat oňat ugrugyp barýardy. Göze dürtme garaňkylykdy, ümsümlikk käte bir uzakdan eşidilýän gök gürlemesi bilen pozulýardy.

Tom çyrasyny alyp, ony çelegiň içinde otlaly we daşyna bir geňsi edip polotense orady, şeýdip başdan ge-çirme gözleýänleriň ikiside garaňkynyň içinde bukdaklan, traktire tarap ugradylar. Gek sakçylyk postuny eýeledi, Tom bolsa sermenip, öwrüme çykdy. Soňra Gekin üstünden dag ýaly bolup basan howsalaly garaşma

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana
başlandy we uzaga çekdi. Ol öňünde çyranyň ýanyp duranyny isledi: ol, elbetde, gorkardy, emma welin Tomuň entek diridigini-hä bilerdi. Tom garaňkyň içinde gözden ýitip gideli bäri bir topar sagat geçen ýalydy. Belki ol beýhuş bolup ýykylandyr, belki ölendir, belki hem gorkudan we tolgunmadan ýaňa ýüregi ýarylandyr. Howsala düşen Gek öz-özünden bihabar pereuloga barha beter ýakynlaşdy: ähli elhençlikler onuň gözüniň öňüne geldi we ol minutsaýyn: bir bolmasy iş bolup, gorkusyndan jany çykaýjak ýaly bolup garaşýardy. Ol demini zordanjyk alýardy, ýüregi hem minutsaýyn doňan ýaly bolýardy, häzir bolmasaň duralmagy-da ahmaldy. Birden yşyk peýda boldy we Tom ok ýaly bolup Gekiň gapdalyndan zyrmyrylyp geçdi.

— Gaç, gaç basymrak — diýip, ol gygyrdy.

Oňa gaýtalamaly bolmady, bir gezek aýdylany hem ýeterlik boldy. Gek güýjünde baryny edip ökjäni göterdi. Oglanlar tä şäheriň beýle çetindäki gassaphananyň ýanyndaky bassyrma ýetýänçäler ylgawlaryny ýazmadylar. Olar özlerini bassyrma atan batlaryna gök gübürdäp, jala gelip ugrady. Tom zordan demini alyp:

— Gek, baý howply boldy-ow! Men başardygymça ýuwaşjadan açarlary barlap başladym. Ikinjisinem synap gördüm we şeýle bir galmagal turuzdym welin, tas gorkymdan ölüpdim, şeýle erbet gorkdum. Emma gulpuň içinde olar barybir towlanmaýardylar. Men onsoň näme edýänimi özüm-de bilmedim we tutawaçdan çekdim welin, gapy açyldy duruberdi. Ol gulplangam däl eken. Men polotensäni aýryp, otaga sümüldim we… Ýeri onson? Näme gördüň, Tom?

— Gek, men tas hindi Jonuň elini basan ekenim.

— Aý ýog-a!

— Hawa! Ýerde elini serip, ölen ýaly bolup ýatyr, gözüniň üstündäki plastyry heniz hem bar eken.

— Eý, hudaý-eý! Sen nätdiň? Ol oýandymy?

— Ýok, gymyldanogam. Pýan öýdýän. Polotensäni alandyryn-da, eňäýendirin.

— Be, men bolsam polotenke ýadymada düşmezdi!

— Beýle bir bolmawersin, eger ony ýitiräýsem, Polli daýzadan oňatja şarpyk dadaryn.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

— Gulak goý, Tom, sen sandygy gördüňmi?

— Gek, men esewan hem etmedim. Sandygy göremok. Hajy hem göremok. Poluň üstünde ýatan çüýşe bilen demir kürüşgeden başga hiç zat göremok, otagda men iki çelejik biýaýen bir topar çüýşede gördüm. O ýeriniň näme üçin «arassa däldigini» ine, indi gördüňmi? O näme üçin?

— Arak saklaýarlar, şonuň üçinem «hapysa» bolýar! Belki kelle durulyk jemgyýetiniň ähli traktirlerinde arak saklanýan şeýle otaglar bardyr, sen nähili pikir edýärsiň?

— Şeýle bolsa-da ahmal. Kimiň kellesine gelýär! Bilýärmiň, Tom, Jo lül bolup ýatan bolsa, sandygy ogurlamaga häzirkiden amatly pursat bolmaz.

— Aý, goý-la! Kesesinden synanyp bir gör! Gek tisginip gitdi.

— Waý, olar ýaly bolsa gerek däl!

— Menem gerek dälmikä diýýän. Jonuň gapdalynda ýatan bir çüýşe örän az bolýar. Üç dagy bolaýan bolsa, onda mesele başgaça bolardy, men hem synanyşsam synanyşardym.

Olar ep-esli dymşyp pikir etdiler. Ahyrsoňy Tom:

— Gulak goý, Gek, Jonuň gidenligine açyk göz ýetirýänçäk, gel indi muňa synanyşmaly. Bu örän hatarly zat. Eger biz her gije garawulçylyk çeksek, haçanam bolsa bir gün onuň gidýänligini göreris we derrew sandygy alyp çykarys.

— Nätjek, bolýar-da. Eger galanyny sen etseň, men şu gün uzynly gijeläp garawulçylyk çekjek.

— Bolýar, edeýin, ýöne sen Guperstritden bir kwartal ýaly ylgap gitmeli we myýawlamaly bolarsyň, eger irkiläýsem, äpişgä bir gysym gum zyňsaň, men oýanaryn.

— Bolýar, şeýdäýerin!

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

— Näme diýsene Gek, gök gübürdisi-hä, ýatdy, men hem öýe gaýtjak. Iki sagatdan bolsa jahan ýagtylar. Sen bolsaň o ýere bar-da häzirlikçe garawulçylyk çek.

— Garawulçylyk çekerin diýdim, çekerin. Bir ýyllap köçede durmalam bolsa duraryn. Gündiz ýatyp,gije serederin.

— Ine, munyň bolýar. A sen nirede ýatjak?

— Ben Rojersleriň bede basylýan jaýynda ýataýjak. Ol meni oňa goýberýär, olarda işleýän negr Jek agada goýberýär. Gerek bolan çagty men oňa suw getirip berýän, ol bolsa maňa soran wagtym tapsa, iýer ýaly zat berýär. Ol örän oňat negr. Ol meni negrleriň öňünde tumşugymy galdyryp ýörmeýänim üçin gowy görýär. Käte men onuň bilen bile oturyp, nahar hem edinýän. Ýöne sen hiç kime aýtma. Başga wagt ýadyňa düşmese-de, açlygyň etdirmeýän zady barmy näme! Ýeri, eger gündiz gerek ýeriň bolmasa, janyň sag bolsun, ýatyber. Biderek ýere oýatmaň, Eger gije bir zat göräý seň, derrew meň ýapyma gelip myýawlagyn.

## XXIX bap

### GEK BAKDITLERI YZARLAÝaR

Anna güni Tomuň ir bilen eşiden zady şatlykly habar boldy: sudýa Tetçeriň maşgalasy düýn şähere gaýdyp gelipdir. Hum hem, hindi Jo hem ikimji plana girip, onuň kellesinde esasy orny Bekki eýeledi. Tom onuň ýanyna eňdi we özüniň klasdaşlary bilen birlikde, ol tä ýykylýança «al-da, gaç» we başga oýunlary oýnady. Gün örän şowly we şatlykly geçdi. Bekki ahyrsoňy ejesinden ertir sähra çykyp gezelenç etmekligi guramagy sorady, ejesi bolsa razylyk berdi. Gyzjagazyň begenjinden ýaňa ernlernine ýetmedi. Tom hem ondan az begenmedi. Çagyryşnama agşam düşmänkä iberildi we şäherdäki ähli çagajyklar hezil edinişip Gezelenje gyssanmaç taýýarlanyp başladylar. Tolgunmadan ýaňa Tom ýary gijä çenli ýatyp bilmedi; ol Gek myýawlar öýdüp gaty garaşypdy we ertesi gezelençde humy görkezip Bekkini we onuň myhmanlaryny geň galdyraryn öýdüpdi, emma onuň lapy keç bolmaly boldy. Şol gije duýduryş bolmady.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

Ahyrsoňy gün dogdy we sagat onlara onbirlere çagalar alagowurdy bolşup, şol ýerden hem ýola düşmek üçin, sudýa Tetçerleriň öýüne ýygnandylar. Ol wagtlar gartaşan adamlar soňra gezelenje çykyp, çagalaryň keýplerini pozmaýardylar. Ikiüç sany on sekiz ýaşly gyzlaryň we birneme ulurak ýaş ýigitleriň göz-gulak bolmagynda çagalar howpsuzlykda bolýar diýip hasap edýärdiler. Munuň üçin köneje parohodjygy hakyna tutdular we basym şadyýan mähelle, boş köçe bilen azykly sebetlerini süýreşip ýola düşdi. Sid ýoňlapdy, şonuň üçin hem bu keýpden saklanmaly boldy. Meri oňa seretmek üçin öýde galdy. Hoşlaşyk üçin missis Tetçer Bekkä:

— Siz örän giç gaýdyp gelermikäňiz öýdýän. Belki sen pristanyň Golaýynda ýaşaýan gyzlaryň biriniň öýünde ýatyp gaýtsaň oňat bolar — diýdi.

— Sýuza Garperlerde ýataýsam bolarmy?

. — Örän oňat. Ýöne seret, özüňi oňatja alyp bargyn, akylly bolgun. Olar köçe bilen ýöräp barýarkalar, Tom Bekkä:

— Bilýärmiň, Bekki, näme edeli. Biz Jo Garperlere gitmäli-de, daga çykyp, dul aýal Duglaslara gideli. Olarda gaýmak gatançly moroženoýe bolýar. Her gün diýen ýaly bolýar, özüniň-de porsiýasy diýseň uly. Barsak, ol begener, görde duruber — diýdi.

— Bä, hezil bolar-ow! — diýip, Bekki bir minutlykça içini gepletdi we soňra:

— A ejem näme diýer? — diýip sorady.

— Ol nirden bilsin?

Gyzjagaz ýene-de içini gepletdi we ikirjiňlenip:

— Her niçik-de bolsa bu, meniň pikirimçe, oňat däl — diýdi.

- Ýeri, «Her niçik-de bolsa» nämä gerek? Seniň ejeň bilmezem, onsoňam bu ýerde näme erbet zat bar? Iň esasy saňa hiç zat bolmasa bolýar-da, oňa başga zat gerek däl. Meniň pikirimçe, ýadyňa düşen bolsa, onuň özünde saňa rugsat bererdi. Elbetde, rugsat bererdi.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

Dul aýal Duglasyň myhmansöýerligi gyzyklandyryjy aldawaç boldy, Tomus yrmalary-da basym peýda edip başlady. Bu agşamky planlary barada hiç kime hiç zat aýtmaly dol diýen netijä geldiler. Birden Tomuň kellesine bu gije Gek gelip signal beräýmegi mümkin diýen pikir geldi. Bu pikir tas onuň geljekki ähli keýpini gaçyrypdy. Her niçik-de bolsa, ol dul aýal Duglasyňkyda keýp çekmekden saklanyp bilmedi. Onsoňam näme üçin geçeýin diýip, ol delile getirdi: eger öten agşam gije signal bolmadyk bolsa, ol näme üçiň hökman şu gün bolmalymyşyn? Hezil boljakdygynyň ujy iki däl, humuňky bolsa entek belli däl. Oglanjyklar-da hemişe bolşy ýaly, bu gezek hem ýüreginiň has köp telwas edýän tarapy agdyklyk etdi: şol gün ol pully sandyk barada gaýdyp pikir etmezligi ýüregine düwdi.

Şäherden üç millik aşak tarapda, tokaýly deräniň öňünde parohodjagaz hoduny peseltdi we kenara tutduryp ugrady. Mähelle kenara döküldi. Ýere basym tokaýyň hem-de ” dagyň uçut gerişleriniň ähli ýerinde galmagal gülki sesi eşidildi.

Ähli oýunlara degip geçmek bilen, güýçden gaçan we gyzyşan garagollar ýürekleri syrylyşyp ýene lagere ýygnanyşdylar we dürli-dürli tagamly zatlara topuldylar. Baýram çylykdan soň olar ýaýrap oturan dub agajynyň kölegesinde dynç almaga oturdylar. Basym kimdir biri:

— Kimiň gowaga gidesi gelýär? — diýip gygyrdy.

Hemmeleriň gidesi gelýän eken. Bir gap şem aldylar-da, öň barmaşak edişip, daga dyrmaşyp ugradylar. Gowagyň agzy diýseň ýokarda, dag eňňidinde bolup, «A» harpyna meňzäp durdy. Agyr dub gapy hiç haçan gulplanmaýardy. Içinde çaklaňja, ýerzemin ýaly sowujak, tebigat tarapyndan galdyrylan we sowujak der ýaly çyg damjalary siňip duran berk hek daşyndan edileň diwarly gowak bardy. Bu ýerde gözedürtme garaňkylykda durup gün şöhlesi düşýän ýaşyl derä syn etmek şeýle bir gyzykly, şeýle bir syrlydy. Emma basym ilkinji täsirler dargaşdy we ýene-de ylgaw başlandy. Biri şem ýakaýdygy, hemmesi uly gowur bolşup, onuň üstüne eňýärdi. Onsoň ol gelenlerden näçe goransaň-da, şemi basym eliňden kakdyrýardy ýa-da söndürýärdi, şonda ýene-de şadyýan galmagal, gülki we howur dik asmana galýardy. Emma dünýädäki ähli zat uzagyndan gutaryp ýok bolýar. Oglanlar tirkeşip baş galereýanyň eňňidi bilen kem-kemden aşak düşüp başladylar we bir topar yşyjaklar altmyş futluk ýokarda tapyşýan gümmeze çenli ýetip duran beýik daş diwarlary öçügsi ýagtylandyrýardy. Baş galereýa sekiz-on futdan giň däldi. Her ädimde, iki tarapyňda täze uzyn jaýryklar açylyşyp durdy, olar baş galereýadan has insizdiler.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

Mak Dugala gowagy özara kesişýän egrem-bugram koridorlaryň bulam-bujar ýeridi, şol koridorlardan bolsa hiç çykalga ýokdy. Jaýryklaryň we ýykykýumruklaryň bulam-bujar bolup duran ýeri bilen gowakdan çykalga tapman, uzyn günläp we gijeläp azaşsa bolýar diýip gürrüň edýärler; kem—kemden aşak, hut ýeriň içine düşüp bolýarmyş we ol ýerde şol bir gören zadyň bulam-bujarlyk üstüne bulam-bujarlyk barmyş, bu şol tükenmän gidip oturanmyş. Gowagyň ähli ýerini bilýän ýokdy, bu akyla sygjak zat däldi. Ýaş ýigitleriň köpüsi gowagyň diňe bir bölegini bilýärdi we şol belli böleginden aňryk geçýän ýokdy. Tom Soýer hem gowaga benlekilerden idnli belet däldi.

Oglanlar miliň dörtden üçüsine golaýyny baş galereýa bilen geçdiler, soňra bolsa aýry-aýry toparlar we ikibir barýanlar gapdaldaky koridorlara sowlup, garaňky geçelgelerden ylgaşyp, çatryklarda duýdansyz böküp çykyp bir-birlerini gorkuzyp başladylar, hatda gowagyň hemmelere belli böleginde-de birek-biregi ýarym sagatlap dagy gözden ýitirse bolýar eken.

Kem-kemden toparlar haşlaşyp çykalga tarap ylgap gitdiler, hemmesi-de şadyýandy, aýaklaryndan tä kellelerine deňiç ýaga bulaşyp, üstlerini palçyk eden ekenler, gowakdaky geçiren günlerinden hem arman galmandyr. Ynha, şon-da wagtyň beýle duýdansyz geçişine, garaňky gatlyşar wagty bolşuna ählisi haýran galdylar. Parohod jaňynyň kakylanyna ýarym sagat dagy bolupdy. Başdan geçirmelerden doly bolan günlerini şeýle şahyrana geçirişlerinden hemmeler hoşaldy. Parohod derýanyň ortasyna ýüzüp baranda, kapitandan başga hiç kim ýitiren wagtlaryna gynanmady.

Parohodyň yşyklary pristanyň ýanynda ýylpyldap görnende, Gek eýýäm öz postunda durdy. Ol parohodyň bortunda hiç hili ses eşitmedi, sebäbi, ýaman ýadan adamlarda bolşy ýaly ýaşlar dymyşýardylar. Gek ilkibada bu nähili parohodka we näme üçin pristanda durmadyka diýip haýran galdy, soňra bolsa ol barada pikir etmesini goýup, öz işi bilen boldy. Gije gitdikçe garaňkyraýardy we bulutlaşýardy. Sagat on boldy. Tigir yslary ýatyşdy, onda-munda görünýän yşyklar göz gypyşyp sönmäge başladylar, köçede indi adam garasy görnenokdy. Kiçijik garawuly ümsümlik hem-de eýe bilen ikiçäk goýup, şäher uka batdy. Sagat on biriň jaňy jyňlady we traktirdäki yşyklar öçüşdi. Ähli zady garaňkylyk örtdi. Gek, göwnüme bolmasa, örän köp garaşan ýaly boldy. Emma bolan zat bolmady. Ol ikirjiňläp başlady. Garaşmadan nä netije bar? Netije irde-giçde bir bolarmykan? Ýa-da ähli zady başdan aýlap urup, ýataýsaň näderke?

Birden onuň gulagyna galmagal sesi eşidildi we ol derrew h üşerildi. Pereulok tarapdaky gapy ýuwaşja ýapyldy. Gek özüni kerpiç skladynyň burçuna atdy.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana
Şondan bir minut gijiräk onuň gapdalyndan tas bolmanda süýkenip iki sany adam geçip gitdi; olaryň biriniň goltugynda nämedir bir zat bardy. Sandyk bolara çemeli! Diýmek, olar humuň ýerini üýtgetmekçi-dä? Tomy çagyrsammykam? Bu samsyklyk bolaýmasa: olaryň sandyklaryny alyp atsyz-dereksiz ýitil gidäýmekleri mümkin! Gowusy, olaryň yzyndan galmaly däd, olary yzarlamaly, garaňkylygyň içinde olaryň muny göresleri-de ýok. Öz-özi bilen gümra bolup Gek burçdan böküp çykdy we pişik ýaly ýapyrylyp ykmandalaryň yzy bilen ýöräp başlady. Ol aýak sesiniň çykmazlygy üçin, aýak ýalaňaç gidip barýardy, olar bilen arasy bolsa gara görnümdi.

Wallisli — Welikobritaniýanyň günorta-günbatarynda, Wallno-Da Uýelsde doglan adam.

Olar derýanyň boýy bilen ýöräp, köçoniň üç kwartalyny geçdiler, soňra bolsa çepe sowuldylar. Ilkibada olar göni ýöräp gitdiler, soň Kardif daglaryna barýan ýodajyga düşün şonuň bilen ýöräp ugradylar. Olar wallisin garrynyň dagyň gerşinde oturan tamynyň gapdaly bilen aýak çekmän geç ip gitdiler we barha ýokaryk dyrmaşdylar. «Duruber bakaly, diýmek, bular sandygy köne daş köwülýen ýerde gömjekler» diýip, Gek içini gepletdi. Emma welin olar o ýerde aýak-da çekmediler. Olar aňyrlygyna, depe tarap ýöräp gitdiler. Uzyn sumah agaçlarynyň arasyndaky darajyk ýoda çykyp, olar şo bada garaňkylygyň içinde ýitip gitdiler. Gek ädimini çaltlandyryp, olary kowup başlady, sebäbi, olap ony görüp biljek däldiler. Ilkibada ol ylgady, soň olara Pete-pet geläýmäýin diýip gorkup, ädimini haýallatdy; ýene—de bir azrak ýöräp aýak çekdi, diňşirgendi, ses-üýn çykmady, diňe ýüreginiň urşy eşidilýärdi. Onuň gulagyna dagdan huwi sesi eşidildi, bu bolsa erbet yrym! Emma welin aýak sesi eşidilmedi. «Be, ähli zat puja çykmaly bolaýarmy-ka!» Ol ýeňsämi el ýaly ederin diýip durka, birden dört ädimlik beýle ýanynda biri ardynjyrady. Gekiň tas ýüregi ýarylypdy, ýöne ol, her niçik-de bolsa, gorkusyna döz gelip, duran ýerinde butnaman durdy. Ol ýere giräýjek bolýardy. Gek indi özüniň nirededigini bilýärdi: ol dul aýal Duglasyň mülküni gurşap oturan aýmançanyň ýanynda, daş gapynyň bäş ädimlik ýanynda durdy. «Bolýar-da, goý, bu ýerde gömseler gömübersinler. Tapmasy kyn bolmaz» diýip, ol içini gepledýärdi.Örän ýuwaşja ses çykdy: hindi Jo gepleýärdi:

— Jyn kakmyş! Onuň myhmany bar bolaýmasyn. Çyrasy-ha tä giç agşama çenli ýanyp dur.

— Görýän zadym ýokdur.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

Indi köne tamly şol sal-sal eşikli ykmanda gepleýärdi. Gekiň ýüregi sowap, tarsyldamaga başlady. Gör, Jo aryny kimden almakçy bolýan eken! Gekiň kellesine gelen ilkinji zat gaçmaklykdy. Emma şol wagt onuň ýadyna dul aýal Duglasyň ony hemişe gowy görenligi düşdi, bu adamlar bolsa belki şony öldürjek bolýandyrlar? Dul aýala duýdurar ýaly batyrlyk edip bilmejegine onuň nebsi agyrdy; muöa ýürek etmejekdigini ol oňat bilýärdi— ony görüp tutaýmaklary mümkindi. Bularyň bary, ýeke bular hem däl, onuň kellesinde Jo bilen ykmandanyň arasynda bolup geçen gysgajyk gürrüňiň dowamynda peýda boldy.

— Sapa agaçlar päsgel berýer. Hany, bärik seret, indi görmermiň?

— Hawa. Elbetde, onuň myhmany bar. Sen, gardaş, bu işiňi goýbolsun et.

— Nädip goýbolsun edeýin, men bu ýerden hemişelik gidýän ahyryn! Goýbolsun eder ýaly käşgä zol işiň düşüp duran bolsa-da. Men saňa ýene-de aýdýaryn, ön hem köp gezek aýdypdym: maňa onuň puly derkar däl, olary sen özüňe alyp bilersis. Ýöne onuň adamsy maňa köp süýkeňipdi, sudýaka ol meni ykmanda hökmünde basypdam. Bu-da entek bary däl. Ýogsam näme! Ol meni gamçy bilen saýgylamaga, bütin şäher görer ýaly, türmäniň öňündäki keçede, saklamaga häkim beripdi. Özi-de gamçy bilen! Sen muňa düşünermkäň? Ol maňa al salyp öldi. Ýöne muňa derek maňa aýaly jogap berer. Sen bolsaň, dost, maňa kömekleşersiň. Şonuň üçinem men ýanyma seni aldym, ýeke özüme başartjak gümanym ýok. Sapalak atjak boldugyň welin, öldürerin. Düşdüňmi?

— Nätjek-dä, munsuz bolmaýan bolsa, ýör bakaly. Näçe çalt boldugyça, şonça-da gowy, şonsuz hem meniň galpyldym ýatanok.

— Häzirmi? A myhmanlary nätjek? Mundan nämäniň ysy gelýänligine sen düşünýärmiň beri? Ýok, çyra sönýänçä garaşarys. Howlugýan ýerimiz bolsa ýok.

Şondan soň dymyşlyk aralaşjakdygyna, özi hem ganhorlyk baradaky bujagaz gürrüňleriň ählisinden aýylganç dymyşlyk aralaşjakdygyna Gek düşündi we demini dartman çalasynlyk bilen yzyna tesdi, saga ýa çepe ýykylaýjak-ýykylaýjak ýaly edip, ep-esli wagtlap bir aýagynyň üstünde durdy we ahyrsoňy ýuwaşlyk bilen beýleki aýagyna-da basdy we iki aýagynyň üstünde sarsman durdy. Ol seresaplylyk we töwekgellik edip ýene bir ädim yza tesdi, son ýene we ýene bir ädim yza tesdi we birden aýagynyň astyndaky bir şaha şatyrdap döwlüp gitdi. Ol dem almasyny kesip diňşirgenmäge durdy. Eger-eger ýekeje-de ses-üýn ýokdy, dymdyrslykdy. Gekiň şatlygy içine sygmady. Ol agaç diwarlarynyň arasynda, gämini öwrüşleri ýaly, ýuwaşlyk bilen öwrülip, çalt-çalt we howatyrly ýöräp gitdi.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana
Daş köwülýän ýeriň öňündäki ýola çykyp, Gek özüni howpsuz ýagdanda duýdy we elinde baryny edip, ökjäni göterdi. Ol dagyň etegine tarap barha çalt ylgap barýardy, ol ahyrym wallisliniň fermasyna ýetdi.

Gek olaryň işigini şeýle bir ýumruklap başlady welin, äpişgeden derrew goja bilen iki sany basdaş ogullarynyň kelleleri göründi.

— Galmagal nämedir? Gapyny kakýan kim? Näme gerek?

— Basymrak açyň! Men hemmesini gürrüň edip bereýin!

— A sen kim bolarsyň?

— Geklberri Finn! Basymrak açaweriň.

— Şeý diýsene, Geklberri Finn! Günde ähli gapylar seriler durar ýaly, bu beýle atlardan däl ýaly-la. Her niçik-de bolsa, oglanlar, siz muny öýe goýberiň: hany, o ýerde nähili harasat gopanlygyny dilýäris.

— Ýöne welin allanyň haky üçin, muny meniň aýdanlygymy hiç kime eşitdirmän! — diýip, Gek ýene salan batlaryna pyşyrdap aýtdy.— Allanyň haky üçin, ýogsam meni öldürerler, sebäbi dul aýalyň hemişe maňa nebsi agyrardy, eger üstümi açmasaňyz, men hemmejesini aýdyp bereýin, hökman aýdyp bereýin.

— Hudaý bar, bu ýerde bir zat-ha bar, bu bulary ýönelige aýdýan däldir — diýip, goja seslendi. — Ýeri, aýdyber, Ýigit, seni hiç kim ýamanlasy ýok.

Üç minutdan soň, goja we ogullary ykjam ýaraglanyp, daga dyrmaşyp ugradylar we sumah agaçlarynyň arasyndaky ýoluň alkymynda elleri pistoletli peýda boldular. Gek mundan beýläk olaryň yzyna düşmedi. Ol ullakan daşyň ýeňsesinde gizlenip, diňşirgäp başlady. Howsalaly dymyşlyk uzaga çekdi, soňra bolsa birden tüpeň sesi we gykylyk çykdy.

Gek garaşyp durmady. Ol daşyň gapdalyndan turdy-da, ýüregi ýarylan ýaly bolup, dagdan aşaklygyna tarap ökjäni göterdi.

## XXX b a p

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

GEKIŇ HEKAÝATY

Ýekşenbe güni ir bilen, daň saz beriberende, Gek gizlin ýerlerden ýöräp daga çykdy we gelip ýuwaşlyk bilen, wallisli gojanyň gapysyny kakdy. Öýdäkileriň hemmesi ýatyrdy, emma öten agşamky tolgunmalardan ýaňa olaryň ukusy howsalalyrakdy. Äpişgeden oňa:

— Kimsiň? — diýip gygyrdylar.

Gekis sandyrawuk sesi zordan diýen ýaly çykdy;

— Girizeweriň! Bu men, Gek Finndirin.

— Bu adyň öňünde meniň gapym gije-de bolsa, gündiz-de bolsa, elmydam açykdyr. Gir, ezizim, özüňi edil öýüňde ýaly bilgin.

Öýsüz-öwzarsyz çaga beýle sözleri ilkinji gezek eşidýärin. Ömründe bir gezek hem oňa şeýle ýakymly zat aýtmandyrlar; özüňi edil öýüňde ýaly bilgin diýlip çagyrylanlygy onuň ýadyna düşmeýärdi.

— Gapyny derrew açdylar, ol hem öýe girdi. Geki oturgyçda oturtdylar, goja bolsa ýigit çykan ogullary ýaly howul-hara geýnip ugrady. Ýeri, ogul, sen ykjamja ajykdyňmykaň diýýärin, bize ertir naharyny diňe gün dogandan soň bererler. Arkaýyn bolaý. Biz bolsak oglanlar bilen düýn gelip ýatyp gidäýermikäň öýdüp garaşdyk.

— Men örän gorkdum-da, gaçyp gitdim — diýip, Gek aýtdy.— Ylgap ugradym welin, pistolet sesi çykdy, şondan soň üç mil dagy ylgawymy ýazdyrmadym. Indn bolsa, niçik-de bolsa, işi näme bilen gutaranlygyny bileýin diýip geldim; daň atmanka gelenligýmiň sebäbi, olar öldürilen hem bolsa, ol şeýtanlaryň üstünden geläýmäýin diýip gorkdum.

— Ah, neressejigeý! Bu gije sen kemsiz ýadansyň, ynha krowat, ertirlik edineniňden soň ýat-da, ukyňy al. ÝOK, olary öldürip bolmady, ynha, şoňa nebsim agyrýar! Bilýärmiň näme, seniň aýdyşyňa görä, biz olary nireden gizlemelidigiin bildik we daraklygymyza basyp, olaryň on ädimlik ýanlarynda saklandyk, ýoluň üsti bolsa ýerzemiiiň içi ýaly tüm garaňky. Birden meniň asgyrasym geldi. Ine, saňa gerek bolsa! Saklanjak bolýaryn, bolanok. Wah, häzir asgyraryn-ow diýýerin, edil aýdyşym ýaly asgyrdymam. Men ýenede pistoletimi tutup tapyp bolup durdum, asgyrdym welni, ol näkesler alaşakyrdy bolşup agaçlyga urup gitdiler,

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana
men bolsam: «Ot açys, oglanlar!» — diýip gygyrýaryn, özümem bolsa ses çykan tarapa atyp ýatyryp. Oglanlarym hem atýar. Her niçigem bolsa, ol näkesler sumat boldular, biz bolsa tokaýyň içi bilen olaryň sebügine düşdük. Gewnüme bolmasa, biziň okumyz olaryň hiç haýsysyna degmedimikä diýýärin. Olaryň hem hers bir ok atdylar, oklar hem degmän geçdi. Aýak sesi ýatanyndan soň biz kowgymyzy bes etdik. Dagdan düşdük-de, polisenleri oýardyk. Olar otrýad topladylar-da, derýanyň kenary bilen öňlerini gabatlap gitdiler. Daň saz berende bolsa şerif öz adamlary bilen bütin tokaýyň içini döküp çykar. Meniň ogullarym hem olar bilen giderler. Ol näkesleriň nähili adamdyklaryny bir gärseň, bu bize ep-esll kömek ederdi. Sen olary garaňkylygyň içinde o diýen synlan hem dälsiň,

— Ýok, men olary şäherdekä görüp, yzlaryna düşüp ugradym. ……

Polli daýzanyň ýüzünden onuň örän tolgunýanlygy görnüp durdy.

— Jo Garper, şu gün ir bilen sen meniň Tomumy gördüňmi? Ýok, göremok.

— Sen ony iň soňky gezek haçan gördüň?

Jo ýadyna saljak bolup synanyşdy. Emma anyk hiç zat aýdyp bilmedi. Gelenler çykalga ýetmän durdular. Märeke pyşyrdaşyp başlady, hemmeler ynjalykdan düşdi. Çagalardan hem, ýaş mugallymlardan hem sorap-idäp başladylar. Şähere gaýdanlarynda Tom bilen Bekkiniň parohotda bolanyny-bolmanyny gören bolmandyr. Garaňky gatlyşansoň hemme çagalaryň ýerbe-ýerligini soramaklyk hiç kimiň kellesine gelnokdyr. Tek ahyry ýaş ýigitleriň biri olar gowakda galan bolaýmasynlar diýip howatyrlandy. Missis Tetçer özünkden gidip ýykyldy. Polli daýza aglap, elini döwaýjek boldy.

Howsalaly habar agyzdan-agza, üýşmeleňden-üýşmeleňe, köçeden-köçe geçdi we bäş minutdan soň janlar zaryk ýaňlanyp, bütin şäher aýaga galdy. Kardif dagyndaky bolan wakanyň ähmiýeti gaçdy, ogrulary hemmeler ýatdan çykardylar. Atlara atlandylar, gaýyklara mündüler we parohod buguny goýberip, ýörişe pikirlendi, ýarym sagat geçip-geçmänkä uly ýol we dere bilen iki ýüz adam gowaga tarap süýüp ugrady. Uzynly günläp şäher ynsjyz boşap galdy. Aýallar Pollk daýza bilen missis Tetçere göwünlik bermek üçin, ýalaryka gakyp uçradylar.

Olar bile oturyp aglaşdylar. Ulular bolsa göwünlik berenden has gowy boldy. Uzynly gijeläp şäher habara garaşdy. Emma welin daň agandan soň şeýle sargyt gowuşdy. «Ýene-de şem we iýer-içer ýaly zat iberiň». Missis Tetçýor tas dällräpdi.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

Polli daýzanyň haly harandy. Sudýa Tetçer gowzkdan ruhlandyryjy, göwünlik beriji hatlar berýärdi, emma olar hiç kimi begendirmeýärdi.

Wallisli goja öýlerine daşdan gorkyp geldi. Okuň üstp-başy şem ýaglaryndan ýaňa tegmil-tegmildi, palçykdy, gojanyň çala jany bardy. Gek heniz hem ýorganly ýatyrdy, ony dükg ýatyrydylar, ol samraýardy we gyzgynyň derdinden iki ýapa urukýardy. Doktorlaryň hemmesi gowakdady, şonuň üçin näsaga seretmäge dul aýal Duglas geldi. Ol oňa elinden gelen kömegi berjegini aýtdy, sebäbi, ol her näçe oňat, her näçe erbet oglan bolsa-da ýa-da ol bularyň hiç birisi bolmasa-da, ol her niçikde bolsa taňrynyň bendesi, şonuň üçin hem onuň ýeke özüni taşlap gidip bolmaz ahyry diýdik.

Ýary gije bolup-bolmanka horlanyň süllümbaý bolan adamlar şähere dökülip ugradylar. Azda-köpde ysgyny bolanlar bolsa gözlegi dowam etdirdiler. Gowagyň adam aýagy düşmedik iň çetki burçlarynyň barlananlygy, bir burçy-da bir jaňynygy-da sypdyrman barlajakdyklary, başly-barat koridorlaryň kä ol ýerinde, kä bu ýerlerinde yşygyň ýylpyldaýandygy we garaňky geçelgelerde ondan-mundan galmagal We pistowet sesleriniň eşidilýänligi hakyndaky habarlar yzly-yzyna gelip durdy. Olar adatça turistleriň baryny gören ýerlerinden uzakda bir ýerde gerşiň ýüzünde garagurum bilen ýazylan: «Bekki we Tom» diýlen ýazga duşupdyrlar. Aňyrrakda bolsa aňyn şem ýagy bolup duran lentajygy tapypdyrlar. Missks Teztçer lentajygy tanap, göz ýaş döküp aglapdyr. Şeýle aýylganç ölüm bilen ölmezinden öň, janly Bekkiniň ömrüniň ahyryna çenli baslan bu lektajygy ýaly eý gören zadynyň bolmamlygyny, munuň biçäre gyzjagazdan galan iň soňky ýadygärlikdigini ol gürrüň berdi. Käte gowagyň düýbünde ak nokadyň görnenligi, 20 adam dagy bolup begenişip şol geçelgelere tarap okdurylandyklary, emma mundan soň olaryň laplarynyň keç bolandygy, sebäbi, şol ak nokadys öz adamlaryndan biri bolup çykandygy barada käbirleri gürrüň berýärdiler.

Şeýdip üç gije-gündiz geçdi. Howatyrly we gam-gussaly sagatlaryň yzy gelmeýärdi we ahyrsoňy bütin şäherjik umydyny üzüp, hemmeleriň eli sowaşdy. Eger-de tötänden baknaçlylyk jemgyýetiniň traktirinde aşaklyk bilen arak satylýar diýilse, bu waka her näçe geň bolsa-da şäherde hiç kimi haýran galdyrmaýardy. Gyzdyrmadan soň gözüni aç, Gek gowşajyk sesi bilen traktir barada gürrüň açdy we ge-piň gerdiişne göre, beterinden-beteri bolaýmasyn diýip gorkup, men ýatyrkam Paýhaslylyk jemgyýetiniň traktirynden bir zat tapan-a dälsiňiz? — diýşip sorady.

— Hawa tapdyk — diýip, dul aýal jogap berdi. Gek gözüni ýalpa açyp, ýorgandan böküp turdy.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

— Näme? Näme tapdylar?

— Arak tapdylar, indi bolsa traktiri ýapdylar ýat, ezizim, ýat, ýogsam meni gorkuzýaň!

— Maňa diňe bir zady, diňe bir zady aýtsaňyzlan! Kim tapdy, Tom Sonsrmy?

Dul aýalyň gözüne ýaş aýlandy.

— Ýuwaş, ezizim, ýuwaş, saňa geplemek bolmaýanlygyny sen bilýärsiň ahyry! Sen gatylsa ýatyrsyň ahyryn!

Hä, diýmek, arakdan başga hiç zat tapmandyrlar-da! Eger altyn tapaýan bolsalar, bütin şähere wagyr raardy. Diýmek, hum hemişelik elden gidipdir-dä! Her niçik-de bolsa, bu näme üçin aglaýarka? Be, geň galmaly zat, aglar ýaly muňa näme bolduka?

Bu pikirler Gekiň kellesinde duman bolup aýlandy we pikir edip ýadap, uka gitdi. Dul aýal öz-özüne:

— Ine, neressejigim ahyrym ýatdy. «Tom Soker tapdy Ynha, munyň bolýar! Sen onda bize olaryň doly keşbini çekip ber, oglum.

— Biri-hä eleşan poslan, ony şäherde iki gezek dagy gö rüpdirler, beýlekisi bolsa üsti-başy sal-sal ykmanda, ýüzi-gözi hem aýylganç hyrsyz…

— Boldy, ezizim, boldy, bulary biz bilnäris! Men bir gezek özümem olara dul aýal Duglasyň jaýynyň ýeňsesinde pete-pet geldim, olar menden hem gaçyp sumat boldular. Hany agras, oglanlar, bularyň barjasyny-da birine gürrüň beriň, ertirligiňizi bolsa ýene bir gezek edinseňiz-de bolar.

Wallisliniň ogullary şol bada çykyp gitdiler. Gek ýerinden böküp turdy-da, olaryň yzy bilen gapa tarap ylgady:

— Waý, allanyň, haky üçin muny meniň gürrüň berenligimiň hiç kime aýtman Allanyň haky üçin!

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

— Bolýar, Gek. Ýöne ýene bu seniň at-abraýyňy-ha galdyrardy.

— Wah, ýok, ýok! Allanyň haky üçin gerek däl. Ýaş ýigitler çykyp ugranda wallisli garry:

—- Olar adam ogluna aňtamazlar, men hem aýtman. A sen näme üçin muny başga adamlaryň bilenini isläňok? — diýdi.

Gekiň düşündirip oturasy gelmedi, welin diňe bu ykmandllaryň biri barada özüniň şeýle-de bir topar zat bilýänligini we bu barada ykmandanyň bir zat bilmegini islemeýänligini, bolmasa onuň ony öldüräýmeginiň, hökman öldürülmeginýň mümkipdigini aýtdy.

Goja ýene bir gezek aýtmajagyna söz berdi we:
— Ýogsa-da, sen näme üçin olaryň yzyna düşüp gitdiň? Olardan ýaňa göwnüňe muňkürlik gitdiňmi, hä?—diýip sorady.

Gek has aýlawlyrak jogap gözleýän ýaly dymdy. Soňra bolsa söze başlady:

— Size näme diýsemkäm… Meniň özümem ykmanda ýaly, hemmeler maňa şeý diýýärler, men bolsa munuň üçin gadyr goýamok. Käte şol sebäpli ýatman çykýan gijelerim hem bolýar, nädip başgarak ýaşap başlap borka diýip, şol içimi gepläp ýatyryn. Näme üçindir menň ukym tutmaýardy, onsoň şol köçeleri gezmeläýin diýip köçä çykdym we şol içimi hüimledim ýöredim Paýhaslylyk jemgyýeti traktiriniň gapdalyndaky köne kerpiçiň ýanyna ýetenimde bolsa ykjam pikirleneýli-le diýip arkamy diwana söýäp durdum. Edil şol wagt hem gapdaljygymdan şol ikisi geçip barýar, goltuklarynda bolsa nämedir bir zat bar, haý ogurlyk bolaýmasa diýýärin. Olaryň biri çilim çekýär, beýlekisi bolsa ot soraýar. Olar edil meniň öz ýanymda aýak çekdiler, sigarlary olaryň ýüzlerini ýagtyltdy, men olaryň uzynynyň, gözüniň öli plastyrlygynyň we çal bakenbardlysynyň lal şandygyny, beýlekisiniň bolsa üsti-başy sal-sal bolup duran şol adamdygyny şol bada saýgardym.

— Näme sen sigaryň ýagtysyna eşiklerini hem synladyňmy?

Gek bir minutlyk aljyrady. Soňra:

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

— Nähilidigini, dogrusy, bilemok welin, her niçik hem bolsa synlapdyryn — diýdi.

— Soňra olar ýoluny dowam etdirip, sen hem yzlaryna düşüp ugradyň, ä?

— Hawa, men hem yzlaryna düşüp ugradym. Dogrym. Olaryň näme edýänligini göresim geldi, sebäbi, olar ogry ýaly örän gorka ýaltaklaşýardylar. Men olaryň yzy bilen ýöräp, dul aýalyň howlusyna çenli gitdim, garaňkylykda gizlendim we ykmandanyň dul aýalyň tarapyny çalýanlygyny, ispanyň bolsa ony öldürerin diýip ant içýänligini eşitdim. Men bulary size gürrüň berdim ahyryn…

— O nähili? Lal bularyň hemmesini şeý diýip aýtdymy? Gek ýene-de ýere düşenligini aňdy! Ispakyň kimdigini garra aňdyrmajak bolup, ol her näçe jan etsede, ahyrym dili diýen etmedi. Ol sapalak atjak boldy, emma goja ondan gözüni aýyrmady we Gek gitdikçe çypdyryp ugrady. Ahyr-soňy goja:

— Sen menden çekinme, ezizim. Meniň saňa ýamanlyk edesim ýok. Gaýtam, tersine, seniň arkaňy çalaryn, hawa, arkaňy çalaryn. Ol ispanyň lal däldigini atanlykda özüň hem diliňden sypdyrdyň, öýdýän ony gözläp bilmersiň. Sen bu ispan barada bir zat bilip, onam gizlejek bolýaň. Maňa ynanman nähak edýärsiň, näme boldy, aýdaý, üstüni açasym ýok — diýdi.

Gek bir salym gojanyň dogruçyl gözüne seredip durdy, soňra onuň üstüne eglip, gulagyna:

— Ol düýpden ispan däl, ol hindi Jo! — diýdi. Wallislin stuldan laňňa galdy, bir sellem dymandan soň:

— Indi hemmesi düşnükli — diýdi.

Goja ertirlik naharynyň başynda gürrüňini dowam etdirip, gepiň gerdişine görä, ýezüniň agşam ýatmazyndan öň fonaryny alyp ogullary bilen birlikde aýmança ýada onuň töwereklerine gan daman bolmasyn, göreliň diýip, çykyp gidendigini gürrüň berdi. Olar gan-a görmändirler welin, muňa derek ullakan düwünçek tapypdyrlar, içinde hem…

— Näme bar eken?

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

Eger sözler ýyldyrym bolaýanda-da olar GekIiň reňk-petiň gaçan dodaklaryndan mundan çalt çykmazdy. Ol gözlerini petretdi we jogaba garaşyp, demini alman diýen ýaly durdy. Wallisli haýran galyp, oňa çüýjerilip seretdi üç sekund, bäş sekund, on sekund garaşdy, soň bolsa jogap berdi:

— Içinde ogry şaýlary bar eken. Saňa näme bolaýdy-la birden?

Gek zordan demini alyp, içinden welin gaty begenip, stula arkasyny berdi. Wallisli oňa üns berip bilesigeliji lik bilen seretdi, soňra bolsa:

— Hawa, ogry şaýlary bar ekei. Göwnüme bolmasa, mun dan janyň aram tapandyr öýdýän? Sen näme üçin beýle howsala düşdüň? Seniň pikiriňçe, biz näme tapandyrys öýtdüň?

Gek burça gabaldy. Gojanyň soragly nazary ony alasladyp başlady. Amatly bir jogap tapsa, ol dünýä malyndan geçjekdi. Kellesine bolsa gelýän zat ýokdy. Soragly nazar ýigdekçä ýegşerýärdi. Diliň ujuna manysyz-manysyz zatlar gelýärdi. Birkemsiz oýlanmaga wagt ýokdy, şonuň üçin hem ol zordan diýen ýaly pyşyrdap bagta-bagt:

— Ýekşenbe mekdebi üçin okuw kitaplarymyka diýipdirin — diýip goýberdi.

Biçäre Gekis keýpi başyndan uçdy, ol indi ýylgyryp hem bilmeýärdi, oňa derek goja batly we şadyýan hahahaýlap güldi welpi, onuň daýaw göwresi kellesinden ökjesine çenli sandyrap giden we ahyrym: «Sagat gülki, jübsündäki puldan erbet bolmaýar, sebäbi, ol doktora çykdajy çykarmakdan dyndarýar» diýdi. Soňra:

— Ah, neressejigeý! Derrew ak tam ýaly bolup, süllerdi duruberdi. Akylyň ýerinde däldigine geň galyp oturasy iş ýok. Ýeri bolýar-da, buda geçer-dä. Demdynjyňy alarsyň, ýatyp turarsyň we bularyň hemmesi bolmadyk ýaly bolar.

Özüňi samsyk ýaly alyp baranlygy we göwnüňe güman getirenligi üçin, Gek özözüne kejikdi, sebäbi, ol aýmançanyň ýanyndaky edilen gürrüni eşidip hem düwünçekdäki humdan tamasyny üzüpdi. Emma diňe şeýle pikir etse-de, alnan düwünçek baradaky gürrüňiň özüne näme üçin tolgundyrandygyna ol birjik-de düşünmeýärdi. Ýöne welin bu biderek zada ol begenmän hem duranokdy indi bolsa düwünçegiň ol düwünçek däldigine gözi ýetip, jany aram tapdy. Göwnüňe bolmasa ähli zat gülala-güllük bolup barýardy. Hum heniz hem şol ikinji nomerde ýatandyr, ykmandalary bolsa indi tutup turma basarlar, ol bolsa Tom bilen gidip, şol gijäň özünde altyny kynçylyksyz-zatsyz, hiç zatdan howatyrlanmazdan alarlar.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

Olar ertirlik naharyny iýip gutarmankalar gapy kakyldy. Gek ýerinden böküp turup gizlenmäge gitdi, agşamky wakalara özüniň dahyly barlygy barada başga adamlaryň bilmegini ol islemeýärdi. Wallisli gapyny açdy, bular bir topar näzeninler we jentlmenlerdi, aralarynda bolsa dul aýal Duglas bardy, Gek bir topar şäherliniň hadysanyň bolup geçen ýerine syn etmek üçin, daga dyrmaşyp barýanlygyny gördi. Diýmek, täzelik bütin şähere ýaýran bolara çemeli. Gijeki bolan zatlaryň ählisini wallisli gelip gidenlere gürrüň etmeli bolupdyr. Dul aýal özüniň ölümden halas edilenligi üçin oňa minnetdar boldy.

— Bu barada agzysyzdan bir söz hem sypdyraýman, hanym! Siziň menden we meniň ogullarymdan hem köp minnetdar bolmaly ýene bir adamyňyz bar, emma onuň öz adyny beresi gelenok. Eger ol bolmadyk bolsa, ol ýere biziň aýagymyz hem düşjek däl eken.

Elbetde, bu şeýle bir bilesigelijilik döretdi welin, iň esasy zat barada tas unudypdylar, emma wallisli öz sy-ryndan aýra düşmezlik üçin, men myhmamlarymy, olaryň üsti bilen bolsa bütin şäheri gyjyndyrýardy. Myhmanlar ähli jikme-jiklikleri eşidenlerinden soň, dul aýal:

— Men ýorganyň içinde kitap okap ýatyşyma uklap galypdyryn we hiç zat eşitmändirin. Siz näme üçin gelip men turuzmadyňyz? — diýdi.

Aý, turzup oturmaly diýdik. Ykmandalar indi gaýdyp gelmeseler gerek, barybir şaýsyz-guralsyz olaryň bitiren goşlary bolmaz. Ine, şonuň üçin hem sizi turzup gorkuzmak nämä gerek diýdik? Meniň üç sany negrim siziň tamyňyzy tä ertire çenli sakladylar. Olar, ynha, ýaňyja gapdym geldiler. Ýene-de adamlar geldi, wallisli bolsa iki sagatlap diýen ýaly ähli bolup geçen zatlary başdan-aýak gaýtalap-gaýtalap gürrüň berdim. Kanikul bolansoň ýekşenbe mekdebinde okuw ýokdy, emma welin şäherlileriň hemmesi pir bilen metjide ýygnanypdylar. Şäheri howsala salan waka ähli taraplaýyn ara alnyp maslahatlaşylýardy. Jenaýatçylaryň birjik-de yzyny çalyp bolmandyr diýşip gürrüň edýärdiler. Wagyz-nesihatdan soň, sudýa Tetçeriň aýaly märeke bilen çykalga tarap barýan missis Garperiň yzyndan kowup ýetdi we oňa gep atdy:

— Eýsem meniň Bekkim uzynly günläp sarsman ýataýarmy-ka? Onuň ýadap ysgyndan gaçjakdygyny men öňündenem bilýärdim-le.

— Siziň Bekkiňizmi?

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

— Hawa. Ol öten agşam sizde ýatmadymy näme?

— Ýok-la!

Missis Tetçeriň ýüzi ak tam ýaly boldy, ol Polli daýzanyň öz jorasy bilen gyzygyp gürrüň edip barýan wagty özüni skameýkanyň üstüne goýberdi. Polli daýza:

— Ir ýagşy, missis Tetçer! Ir ýagşy, missis Garper! Meniň oglum bir ýaňa ýitirim bolupdyr. Men ol düýn sizem biriňiziň öýünde ýatandyr-da indi bolsa metjide gitmäge gorkýandyr diýip çak edýärin. Onuň ýagşyja emini ýetirmeli bormuka diýýärin—diýdi.

Missis Tetçeriň ýüzi has-da agardy. Ol ýöne kellesimi çalaja ýaýkaýdy.

— O bizde-de ýatmady — Diýil, misses Gariýer howsala düşüp ugradymy?» Tom Soýer tapdyraýsa-ha ne ýagşy! Wah, ýöne ony taparys diýip umyt edýän, ony gözlemäge ysgyny galan adam indi az-az -da — diýdi.

## XXXI b a p

### GOWAKDA AZAŞDYLAR

Geliň, indi Tom bilen Bekkiden habar alalyň ,we olaryň gezelençde näme işler edendigini göreliň.

Olar hemmeler bilen birlikde, gowagyň eýýäm belli täsinliklerini «Myhman jaý», «Ybadathana», «Aleddiniň köşgi» diýen we şuňa meňzeş diýseň han-haýly atly täsinlikleri synlap, garaňky koridorlardan ýöräp barýardylar. Basym gyzykly gizlenpeçek oýnalyp başlady. Tom bilen Bekkide bu oýna gyzyşdylar we birneme ýadaýançalar oýnadylar. Soňra olar şemleri kelleleriniň ýokarsynda tutup, daş diwarlara garagurum bilen ýazylan atlaryň, günleriň, ardesleriň, atalar sözleriniň bulam-bujar düwünlerini seljerişdirip, egrem-bugram galareýa bilen aşak düşüp ugradylar. Şeýdip, olar barha uzaklaşdylar we gürrüňe gyzyşyp, eýýäm gowagyň hiç hili ýazgysy bolmadyk ýerine ýetendiklerini-de duýman galdylar. Olar hem gowagyň öňe çykyp duran ýerine gurum bilen atlaryny ýazdylar we ýollaryny dowam etdirdiler. Basym olar kiçijik çeşmejigiň gaýadan inip we az-azdan hek çökündilerini ýygnap, ýüz ýyl-lyklaryň dowamynda ýalpyldawuk we berk daşlardan tutuş bir kružäwaly Niagarany döreden ýerine ýetdiler. Tom özüniň

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana
arryjak göwresi bilen ol ýere sümüldi we Bekki hezil edip sereder ýaly, şemi bilen şaglawugy ýagtylandyrdy. Şaglawugyň aňry ýanynda iki diwaryň darajyk gysby ýerinde ol dik gaýdýan tebigy merdiwana duşdy we ony derrew agaçlyga bolan hyžuw gurşap aldy. Ol Bekkini çagyrdy we azaşmaz ýaly gurum bilen bellik edip, soňra barlaga çykdylar. Olar bu “koridoryň ugry bilen ep-esli wagtlap ýörediler, kä saga”, kä çepe sowuldylar, gitdikçe ýerin içine, gowagyň gizlin ýerine aralaşdylar, ýene-de bir bellik edip, ýokarda gürrüň beräýer ýaly täze we görlüp-eşidilmedik zat gözleginde gapdala öwrüldiler. Olar bir ýerde diwardan adam aýagynyň ýogynlygynda asyl-asyl bolup duran bir topar sta-laktitliň giň gowagyň üstünden bardylar. Tom bilen Bekki gowagyň daşyna aýlanyp çykdylar, ah çekdiler we bir topar gapdal koridorlaryň birine çykdylar. Şol koridor bilen olar basym edil gyraw ýaly ýylpyldaýan kristal düşelen ajaýyp çeşmäniň üstünden bardylar, bu çeşme gowagyň ortarasyndady, onuň diwarlaryny asyrlar boýy dynman akyp ýatan suw zerarly birleşen stalaktitler we stalagmitlerden emele gelen köp sanly täsin sütünler saklap durdy, gowagyň gümmezleriniň aşagynda gomak-ýumak bolşup, ýaryganatlar asylyşyp durdular, her ýumakda bolsa müňläp-müňläp ýaryganat bardy; ýagty düşüp biynjalyk edilen ýüzlerçe ýaryganat aşak gaýtdy we pyşşyldaşyp, şeme tarap gaharly topulyp başladylar.

Tom ýaryganatlaryň häsiýetine beletdi, olaryň howpludygyny-da bilýärdi. Ol Bekkiniň elinden tutdy-da, ony ilkinji duş gelen koridora alyp bardy. Bu edil diýen wagty boldy, sebäbi, Bekki gowakdan çykyp ugranja pursatynda ýaryganat ganaty bilen onuň şemini söndüripdi, ýaryganatlar çagalaryň yzyndan köp kowaladylar, emma gaçgaklar bir koridordan çyksalar, derrew başga bir koridora sümüldiler we ahyrsoňy bu howply mahluklardan dyndylar. Basym Tom, öçügsi ýylpyldap uzap ýatan kölün üstünden bardy, garaňkylygyň içinde onuň garasy mese-mälim görünmeýärdi. Onuň kölüň kenarlaryny barlap çykasy geldi, emma ýene ilkibada birneme oturyp dynç alsaň gowurak bolar diýen netijä geldi. Şonda gowagyň dymdyrslygy ilkinji gezek olaryň eginlerinden basyp başlady.

— Men ilkibadalar duýmandyrynam, ýene biz baryp bir eýýämden bäri adam sesini eşitmeýän ýaly.

— Özüň pikir edip gär, Bekki, biz olardan iňňän aşakda ahyryn, onsoňam biz, ähtimal, olardan demirgazyklygyna ýa günortalygyna ýa-da gündogarlygyna hasap edenimizde has uzakdadyrys. Biz bu ýerden olaryň sesini eşidip bilmeris.Bekki ynjalykdan gaçdy:

— Biz aşakda köp boldukmy, Tom? Gaýdaýsak gowy bolmazmyka?

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

— Hawa, elbetde, gaýtsak gowy bolar. Dogrudanam, şeýtsek gowy bolar.

— A sen ýoluňy taparmyň. Tom? Bu ýol ýöne bulam-bujarlyk, meniň ýadymda galan zat ýok.

— Eger ýaryganatlar bolmasa, ýolumy-ha tapjak. Olar ikimiziň hem şemimizi söndüräýmäbilseler ýagşydyr, söndüräýdikleri-hä işimiz gapjar. Gel, şolaryň ýanyndan geçmez ýaly başga ýol bilen gaýdaly.

— Bolýar. Belki azaşaýmabilsek ýagşydyr. Baý, gorkýan-ow! — diýip, gyzjagaz şeýle bolaýmagynyň mümkindigini göz öňüne getirip titräp gitdi.

Olar bir koridora tarap sowuldylar we ýeňlerinden çykan her bir geçelgä tanyş geçelge bolaýsady diýip, umyt bilen seredip, sessiz-üýnsüz ýöräp gitdiler emma bu ýerdäki ähli zat deldi. Her gezek Tom täze ýoly birden geçirende, Bekki janyna aram gözläp, iki gözüni aşak ýatyrmaýardy, ol bolsa:

— Aýyby ýok, ählisi ýerbe-ýer. Bu ol-a däl, ýöne basym oňa-da ýeteris! — diýip, şadyýanja aýdýardy.

Emma her gezekki şowsuzlykdan soň, ol barha ruhdan düşýärdi we basym gözleýän galereýasyny taparyn öýdüp, çak bilen çem gelen tarapa sowlup ugrady. Ol öňküsi ýaly «Ählisi ýerbe-ýer» diýip gaýtalaýardy, emma gorky gurşun ýaly bolup, onuň egninden basdy we onuň sesi göýä bolmasa «Ähli iş pyrryk» diýýän ýalydy. Bekki öli ýaly gorkup, Toma gysmyljyrady, içinde baryny edip, öz ýaşyny saklajak boldy, emma göz ýaş şol akdy durdy. Ahyrsoňy ol:

— Goý, ýaryganatlar bolsa bolsun, biz, iň gowusy, öňki ýolumyz bilen gideli. Bolmasa biz öňküden-de beter azaşarys —diýdi. Tom aýak çekdi.

— Gulak as! — diýip, ol aýtdy.

Dymdyrslyk, şeýle bir ümsümlik bolup, olaryň dem alyşlary-da eşidilip dur… Tom gygyryp goýberdi. Ses ýaňlanyp gitdi, boş koridorlardan geçip, ol kemkemden ýitdi, biriniň ýaňsa alyjy gülküsine meňzeş ýuwaşja gopguna öwrüldi.

— Waý, goýsana, Tom! Öňem örän gorkýaryn ahyryn— diýip, Bekki aýtdy.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

— Gorksaňam gygyrmaly-da, Bekki, belki olar biziň sesimizi eşiderler — diýip, ol ýene gygyrdy.

Bu «belki» salgym ýaly bolup duran ýaňky gopgundan hem beter eýmençdi ol ähli umydyň soňuna suw çaýkalandygyny aňladýardy. Çagalar ep-esli wagtlap diňşirgenişip durdular, emma hiç kimden ses çykmady. Şondan soň Tom pyrra yzyna öwrüldi-de, ädimini gataldyp ugrady. Onçakly wagt geçip-geçmänkä Bekki onuň ikirjiňli ýörişinden ýene bir belanyň barlygyny, onuň yzyny tanamaýanlygyny aňdy.

— Wah, Tom, näme üçin sen bellik edip gitmediň!

— Bekki, men samsyklyk edpidirin! Şeýle bir samsyklyk edipdirin! Men yzymyza gaýtmaly bolarys öýdüp dagy pikir hem edemok. Ýok, yzymy tapyp bilemok, halys ýolumy urdurdym.

— Tom, Tom, biz azaşandyrys! Biz azaşandyrys! Bu elhenç gowakdan bize hiç wagt çykma ýokdur. Ah, näme üçin beýlekilerden aýryldyk diýsene!

Ol ýerde oturyp şeýle bir zaryn aglap başlady welin, Tom ol öläýse ýa däldiräýse diýip gorkup jany galmady. Ol onuň gapdalynda oturyp, ony gujaklady Bekki ýüzüni onuň döşüne gondy, gorkusyndan we gynanjyndan ýaňa oňa gysmyljyrady, uzakdan ýaňlanyp çykan ses bolsa, onuň sözlerini ýaňsa alyjy gülkä öwürdi. Tom ony ruhdan düşüp, umydyny üzmezlige boýun etjek boldy, emma Bekki muny başar-maýanlygyny aýtdy. Ol Bekki şeýle günlere salany üçin ýer-ýüzüne kejigip käýýäp başlady, bu hem kömek etdi. Bekki ýerimden turjak bolup göreýin, turup bilsem nirä gitmeli bolsa gideýin, ýöne özüňe käýinmeseň bolar. Bu ýerde seň hem günäň meniňkiden köp däl — diýdi.

Şeýdip, olar çak bilen kelleleriniň ugruna ýollaryna rowana boldular. Olara durman gidenden gowusy bolmady. Ýene-de az salymlyk umyt oýandy, ol umyt ederlik zat bolany üçin däl-de, ýaş çagty we şowsuzlyklara düşüp görmedik wagty adamda umydyň oýangyç bolanlygy üçin oýandy.

Tom Bekkiniň elindäki şemi alyp, ony söndürdi. Beýle tygşytlylygyň uly manysy bardy. Ony düşündirip oturmaklygyň geregi ýokdy. Bekki munuň manysyna şo bada düşdi we ýene ruhdan gaçdy. Ol Tomuň jübüsinde tutuş bir şemiň, ýene-de üç-dört sany galyndy şemiň barlygyny bilýärdi, emma şonda-da olary tygşytly tutmalydy.Basym ýadawlyk hem bildirip ugrady. Çagalar ony bilmedik boldular, her bir minut altyna barabarka oturmak barada pikir etmeklik olara iňňän erbet

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana
degýärdi. Niräk hem bolsa bir ýaňa gymyldanylsa-da gowudy, munuň halas edäýmegi-de mümkindi, oturmaklyk bolsa ajala el bulamak ýa-da ölümiňi tizleşdirmeklikden başga zat däldi. Teý ahyry Bekkiniň ejizje aýaklary diýen etmedi. Ol dynç almak üçin dyzyny epdi. TRM hem onuň gapdalynda oturdy we olar öz dogan-garyndaşlaryny, dost-ýarlary, oňaýly düşegi, iň esasysy hem ýagty jahany ýatlap başladylar! Bekki aglady, Tom hem göwünlik berere zat gözledi, emma ol bir gaýtalan zadyny telim gezek dagy gaýtalady. Şonuň üçin aýdan zatlarynyň eden täsiri bolmady, gaýtam ýaňsylaýan ýaly boldy. Bekki şeýle bir lapykeç boldy welin, hut irkilip uka gitdi. Tom muňa begenýärdi. Ol onuň owurtlary içine gidip duran ýüzjagazyna seredip otyrdy we süýji ukudan onuň ýüzüniň edil öňküsi ýaly parahat bolup barýandygyny görýärdi. Bekkiniň dodaklary ýyrşaryp gitdi. Onuň ýüzüniň parahat keşbi Tomuň janyna teselli boldy we özüne gelmegine kömek etdi. Ol geçenlerini ýatlap, pikir derýasyna gark boldy.Şeýle pikir edip Tom köp oturdy. Birden Bekki ýuwaşja, emma şadyýanja gülüp oýandy, emma onuň gülküsi şo bada kesilip, zaryn hyklama bilen çalyşdy.

— Neneň ýataýdymkam! Gaýdyp oýanman geçsem bolmaýamy! Ýek-ýok, men gaýdyp beýtmen, Tom! Maňa beýle bir seretmäweri! Men gaýdyp beýdiýmäýin!

— Uklap bileniňe men-ä begenýän, Bekki, indi sen dynjyňy aldyň we biz seniň bilen çykalganyň ýoluny taparys.

— Synanyp göreli, Tom ýöne men düýşümde şeýle bir ajap ýurt gördüm welin… Göwnüme bolmasa, basym biz şol ýere ýetäýjek ýaly.

— Belkem ýeteris, belkem ýetmeris. Hany, göwnüňi giňräk tut, Bekki, çykalgany gözlemäge gideli!

Olar ýerlerinden turup, bir-birleriniň ellerinden tutuşyp ugradylar. Emma umytlary üzükdi. Olar özleriniň näçe wagtdan bäri gowakdadyklaryny hasaplajak boldular. Olaryň göwnüne tutuş hepde geçen ýaly boldy, emma munuň beýle bolmagy mümkin däldi, sebäbi, heniz şemleri gutarmandy. Ep-esli wagt geçdi, anyk näçe geçenini olar bilmeýärdiler, Tom ýuwaş ýöräp we golaý-goltumda suw damýanlygyny-dammaýanlygyny diňşirgäp gitmeli diýdi olara çeşme gerekdi. Olaryň ikiside halys ýadapdylar, emma Bekki ýene bir azrak ýöräp biljek diýdi. Muňa bolsa Tomuň razy bolmanlygyna geň galdy. Ol munuň sebäbine düşünmedi. Olar oturdylar we Tom şemi laý bilen diwara tutdurdy.

Olaryň ikiside içlerini gepledip, esli salym oturdylar. Soňra Bekki söz açdy:

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

-— Men-ä gaty ajygýan!

Tom jübüsinden nämedir bir zat çykardy,

— Ýadyňdamy? — diýip, ol sorady. Bekki zor bilen ýylgyrdy:

— Bu biziň toý somsajygymyz, Tom.

— Wah, onuň tigir ýaly uly bolmanlygyna nebsim agyrýar. Sebäbi, biziň başga zadymyz ýok ahyryn!

— Men ony ulularyň toý somsajygyny edişleri ýaly edip, ýassygyň aşagyna salyp goýmak üçin gizläpdim, emma bu biziň üçin…

Ol sözuniň yzyny ýetirmedi. Tom ony iki döwdi we Bekki öz paýyny hezil edip iýdi, Tom bolsa diňe bir gezek dişläp aldy. Sowuk suw diýeniň näçe diýseň bardy, çörek bilen owurtlap içer ýaly zat tapyldy.Bir salymdan soň, Bekki ugramaly diýip teklip girizdi, Tom bir minut ýaly sesini çykarman durdy-da:

— Bekki, bir zat diýsem, maňa gulak asarmyň? — diýdi. Bekkiniň ýüzi boz-ýaz boldy, emma ol gulak salaryn diýdi.

— Näme diýsene, Bekki biziň suw içer ýaly şu ýerde galmagymyz gerek. Bujagaz galyndy şemiň soňkymyz.Bekki göz ýaşyny paýradyp goýberdi, Tom oňa başardygyça göwünlik berýärdi, emma bu idili peýda berenokdy. Ahyrsoňy Bekki:

— Tom — diýdi.

— Näme, Bekki?

— Biziň ýoklugymyzy bilseler, gözläp başlarlar.

— Elbetde. Hökman gözlärler.

— Belkem, olar eýýäm gözläp ýörendirler, Tom?

— Megerem, eýýem gezleýän bolsalar gerek. Şeýle bolany-ha gowy zat.

— Biziň ýoklugymyzy olar haçan bilerkä, Tom?

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

— Parohoda gaýdyp baranlarynda bilerler, ondan irä bilmezler.

— Tom, soňra garaňkam-a düşer. Biziň ýoklugymyzy olar görerlermi näme?

— Bilmedim. Iň bolmanda hemmeler öýlerine gaýdyp baranlarynda, seniň ýoklugyňy ejeňä bilerdi.

Bekkiniň allaniçigsi bolan ýüzüne seredip, Tom özüniňöte düşenligini bildi. Şol agşam Bekkä öýlerinde garaşmaýardylar! Çagalar dymşyp, içlerini gepletdiler. Bir minutdan soň, Bekki ýene-de möňňürip ugrady, Tom bolsa onuň kellesine-de öz kellesine gelen pikir ýaly pikiriň gelenligine düşündi Bekkiniň missis Garperlerde ýatmanlygyny missis Tetçer bilýençä tutuş bir ýekşenbe säheri geçjekdi.Ujypsyzja şem galyndysyndan gözlerini aýyrman, ça galar onuň ýuwaşja, emma rehimsizlik bilen ýanýanlygyna syn etdiler, ynha ahyrsoňy onuň diňe ýarym guýmajyk peltesi galdy, öçügsi şöhle kä galýardy, kä bolsa zowwamja tüsse goýberip sönenkirleýärdi, şöhle peltäpiň skarsynda bir sekunt ýaly sägindi… soňra bolsa gözedürtme garaňky düşdi.Tomuň gujagynda aglap ýatanyny Bekki aňmazyndan öň näçe wagtyň geçenligini olaryň biri-de aýdyp biljek däl-di. Olaryň ikiside diňe ukynyň humarynda örän köp wagtlap bolandyklaryny, soňra bolsa özlerini has hem betbagt duýup oýanandyklaryny bildiler. Tom häzir ýekşenbe bolmaly, belki duşenbede bolsa bardyr diýdi. Ol Bekkini gürrüňe çekjek bolup jan etdi, emma Bekki gaýgy-hesrete şeýle bir batyrdy welin, hiç zat barada umyt etmeýärdi. Tom indi biziň ýoklugymyzy bilip öňräkden bäri gözläp başlandyrlar diýdi. Ol gygyraýyn, belki gykylyga gelen bolar diýdi. Emma garaňkylygyň içinde uzakdan eşidilen ses şekle bir gorkunç çykdy welin, Tom gygyrjak bolup synanyşsa-da, derrew goýbolsun etdi.

Sagat yzyndan sagat geçdi ws açlyk ýene-de ýesirleriň ýüreklerine-bagyrlaryna düşüp başlady. Tomuň öz paýyndan galan bir döwüm somsajygy bardy: olar ony paýlaşyp iýdiler; emma öňküdenem beter ajykdylar — bir döwümjik somsa olaryň diňe aňyrlaryna habar berdi.

Birden Tom:

— Ş-ş! Eşitdiňmi? — diýdi.

Ikiside dem-düýtlerini alman diňşirgendiler. Olaryň gulagyna daşdan gelýän ysgynsyz galmagala meňzeş bir ses eşidildi. Tom şo bada hä berip, Bekkiniň elinden tutdy we eli bilen sermeläp koridor bilen ses çykan tarapa ugrady. Az

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana
salymdan soň, ol ýene diňe diň saldy; şol galmagal ýene çykdy, emma bu gezek birneme ýakynda çykan ýaly boldy.

— Bu — olar! — diýip, Tom aýtdy.— Olar gelýärler, Basymrak, Bekki, indi hemmesi gülala güllük bolar!

Çagalar begençlerinden ýaňa tas däriräpdiler. Emma alňasamaly däldi, sebäbi, her ädimde diýen ýaly çukur bardy, olardan seresap bolmalydy. Basym olar şeýle çukurlaryň birine ýetdiler we aýak çekmeli boldular. Onuň çuňlugy üç fut, belki-de ýüz fut dagy hem bardy, her hili bolsa-da onuň gapdalyndan sowlup geçip boljak däldi. Tom ýüzin ýatyp, bar güýji bilen elini aşak sallady. Ol onuň düýbüne elini ýetirip bilmedi. Bu ýerde galyp, tä yzlaryndan gelinçäler garaşmalydy. Olar diňşirgendiler. Daşdan eşi-dilýän sesler gitdikçe arany açýan ýaly bolup göründi. Bir minut, iki minutdan soň, ol sesler tarpa kesildi. Gyýylmadan ýaňa ýürek ýarylara gelýärdi. Tom tä bokurdagy gyrylýança gygyrdy, emma peýdasy degmedi. Ol Bekkä ýalbaryp, göwünlýk berip gördi, emma olar howsalaly ýagdaýda näçe garaşsalar-da, gaýdyp gykylyk sesini eşitmediler.

Çagalar elleri bilen sermeleşdirip, çeşmä gidýän ýaly tapdylar. Wagt geçmeýärdi. Olar ýene-de uka gitdiler we oýananlarynda aç, gaýga batyp oýandylar. Tom indi duşenbedir öýtdi.Birden ol allaniçigsi boldy. Edil golaýynda ol bir topar gapdal koridorlarynyň barlygyny gördi. Munça wagtlap işsiz we gaýgy-gussada ýatandan, barlaga çykan gowy dälmi. Ol jübüsindsn batböregiň ýüzüni çykardy we ony gaýanyň çykyp duran ýerine daňdy we olar Bekki ikisi ýola düşdüler. Tom eli bilen sermeläp we ýüpi çöşläp öňden barýardy. Ýokarky ädimden soň koridor uçuta alyp bardy, soňra başardygyça aňryk, burça uzatdy we ýene birneme saga süýşeliň diýip durka, birden gaýanyň aňyrsynda, bary-ýogy ýigrimi ädimlikde, kimiňdir biriniň şemli eli göründi! Tom begenjinden gygyrdy. Ine, birden ol eliň yzyndan… hindi Jonuň bütin göwresi göründi! Tom duran ýerinde gatap galdyr ol ýerinden butnap hem bilmedi. Bir minut geçip-geçmänkä «ispan» ökjäni göterdi-de, gözden ýitdi, Tomuň ýüki ýeňlän ýaly boldy. Öz sesini Jonuň tanamanlygyna, sudda şaýatlyk edeni üçin, onuň ony öldürmänligine Tom geň-taň galdy, Belki onuň sesini daşda ýaňlanan ses üýtgedendir? Elbetde, hut şunuň özi — diýip, Tom içini gepletdi. Gorkusyndan ýaňa onuň ysgyn-mydary galmady we eger yzyma, çeşmä ýetip biläýsem ýene Jona pete-pet geläýmez ýaly, hiç ýere gymyldamalyň diýip söz berdi. Özüňkiň hindini görenligini Tom Bekkiden gizledi we «ätiýaçdan» gygyraýdym diýdi.Emma açlyk we görgi gorkudan güýçli çykdy. Çeşmäniň başynda oturyp, ýürege düşgünç garaşmadan ýaňa olar ýeke süýji uka batdylar we olaryň keýpi birneme üýtgedi. Çagalar açlygyň derdinden oýandylar. Tomuň göwnüne bolmasa, eýýäm çarşenbe, belki hem penşenbe ýa-da belki anna, ýa-da

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana
hatda şenbe güni bolan ýaly we olary gözlemeklik bes edilen ýaly bolup göründi. Ol ýene bir koridory gözden geçirmegi göwnüne düwdi. Ol indi özüini Jodan hem, başga howplardan hem gorkmajak ýaly duýdy. Emma welin Bekkiniň hiç ysgyn— mydary galmady. Gyzjagazy gaýgydyr-gussa gurşap aldy, ony indi butnatjak gümanyň ýokdy. Ol şu ýerde galaryn hem, şu ýerde ölerin hem, indi muňa köp garaşmaly däl diýdi. Ol, eger isleýän bolsa, Toma ýüpi alyp, koridory görüp gelmäge rugsat etdi; emma welin onuň çaltrak dolanyp gelip, özi bilen ýygyryp gürrüňdeş bolmagyny sorady; mundan başga-da ol Toma iň howply pursat başa düşse-de, senden bir minutlyk hem aýrylyşman we tä ahyryna çenli eliňden tutup oturaryn diýip, söz berdi.

Tom bokurdagy dolup, Bekkini öpdi we gowakdan çykalga taparyn diýip, ony ynandyrdy. Soňra ol ýüpjagazy eline alyp, koridorlaryň biri bölen açlygyndan ýaňa çalajai halda ýakyn ölümini duýup emedekläp ugrady.

## XXXII b a p

## HALAS EDILDILER

Sişenbe günüdi, eýýäm iňrik garalypdy. Sant-Petersburg heniz hem ýitip giden çagalaryň ýasyny tutýardy. Çagalar hiç tapylmaýardy. Olar üçin metjitde tutuş bir jemgyýet bolup ybadat etdiler, köpler öýlerinde-de başlary aman-sag bolsun diýip, jany-teni bilen dileg etdiler, emma şu çaka çenli gowakdan hoş habar gelmeýärdi. Şäherlileriň bir topary gözleglerini bes edip, öz işlerine dolanyp geldiler, görýäs welin, çagalary tapyp boljak däl öýdýän diýişdiler. Missis Tetçer agyr keseldi we hemişe diýen ýaly samrap ýatyrdy. Onuň kellesini galdyryp gyzym diýip gygyryşyny we esli salymlap diňşirgeýşini, soň hem iňňildäp kellesini ýassyga goýşuny diňläniňde ýüregiň awaýar diýip gürrüň edýärler. Polli daýza gaýgy-gama batdy we onuň çalaryp başlan saçy çuw-ak boldy. Sişenbe gününiň agşamsy şäherjik gaýga batyp, hiç zada umyt baglaman, uka gitdi.

Birden gijäniň bir mahaly jaňlaryň sesi dik asmana göterildi we şol pursatyň özünde köçeler ýarym-ýalta geýnen, şadyýan adamlardan doldy, ol adamlar bolsa «Çykaweriň! Çykaweriň! Olar tapylypmyş! Olar tapylypmyş!» diýşip gygyryşýardylar. Jaňlary urýardylar, sajlara kakýardylar, tüýdük çalýardylar we bütin şäher açyk paýtuna mündürilip alnyp gelinen Tom bilen Bekkiniň öňünden çykmak üçip, derýa tarap döküldi. Olaryň daşyny aldylar we baş köçe bilen, kesişmeýän ugry bilen dabaraly suratda öýlerine ugratdylar.Şäherjikde yşyk ýandy, indi hiç kim ýatmaýardy. Bu şäherlileriň durmuşyndaky iň dabaraly gijedi. Ilkinji

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana
ýarym sagatda adamlar yzly-yzyna sudýa Tetçeriň öýüne gelip ugradylar, halas edilenleri bagyrlaryna basdylar we ogşadylar, missis Tetçeriň elini gysdylar, nämedir bir zat diýjek boldular, emma ýene-de diýşip bilmän, ýolda göz ýaşlaryny süpürişip yzlaryna gaýtdylar.

Polli daýzanyň göhi gelýärdi, missis Tetçer hem şeýledi. Onuň bir ýetmeýän zady bardy, ol hem gowaga iberilen çapar bu şatlykly habary adamsyna ýetirse diýýärdi. Tom daşyna dykgat berip diňleýän diňleýjileri üýşürip, diwanyň üstünde ýatyrdy we tasa gelmejek toslamalar bilen owadanlaşdyryp, özleriniň başdan geçirenleri barada gürrüň berýärdi. Ahyrsoňy ol Bekkini goýup, çykalgany gözlemäge gidişini; ýüpüniň ýeten ýeri bolan iki galereýany geçişini; ýüpi ahyryna çenli çöşläp, üçünji galeriýa öwrülişini we yza gaýdaýyn diýip durka, öňde gündiz şöhlesine meňzeş bir zadyň ýylpyldanlygyny gürrüň berdi. Ol ýüpüni taşlap, şol ýere emedekläp ugradym we kellämi hem egnimi daşyna çykaryp, öňümde geň Missisipiniň towlanyp akyp ýatanlygyny gördüm diýdi. Eger şol wagt gije bolan bolsa, ol onda gündiz şöhlesiniň bu ýylpyldysyny görjek däl eken we koridor bilen aňyrlygyna gitjek däl eken… Bekkiniň ýanyna gaýdyp barşyny, oňa şatlykly täzeligi habar berşini, onuň bolsa beýle biderek zatlar bilen meni horlama diýip haýyş edişiniň, sebäbi, onuň hiç ysgyn-mydarynyň bolmanlygyny we özüniň basym öljekdigini, asyl ölesiniň hem gelýändigini aýdanyny gürrüň berdi. Ol özüniň oňa ýalbaryşyny we göwünlik berşini, mawy ýylpyldynyň görnen ýerine gelenlerinde we onuň begenjine tas ölenligini, özüniň ol ýere çykyşyny we Bekkiniň çykmagyna hem kömekleşişini, kenarda oturyp begençlerine aglaşandyklaryny; gapdallaryndan elleri ýumakly adamlaryň geçip başlandyklaryny we Tomuň olara gygyryp, özleriniň gowakdan ýasyrak çykandyklaryny we açlykdan ýaňa ölüp barýanlyklaryny aýdanlygyny gürrüň berdi. Osa ilki ynanmandyrlar, gowak derýanyň sakasynda, bäş mil beýlede diýipdirler, soňra bolsa olary gaýyklaryna mündüripdirler, bir ýere tarap ýüzüp ugrapdyrlar, agşam naharyny beripdirler, ikiüç sagat dynçlaryny alar ýaly düşek ýazyp beripdirler, garaňky düşenden soň bolsa öýlerine äkidipdirler.

Sudýa Tetçeri onuň kömekçileri bilen birlikde, daňdanlar yzyndaky süýrenip ýatan ýüp bilen gözläp tapypdyrlar we olara şatlykly habary eşitdiripdirler.

Üç gije-gündizläp gowakda ygyşlary we açlyk çekişleri Tomdur Bekki üçin biderek geçmedi. Olar bütin çarşenbäni we siýenşenbäni ýatyp geçirdiler, özlerini ýadaw duýdular, endam janlary şol syrkyraşdy durdy. Tom penşenbe güni birneme aýaga galdy, anna güni şähere çykdy, şenbe güni birkemsiz gutuldy. Emma Bekki tä ýekşenbä çenli ýerden çykmady we edil agyr kesele ýatyp turan ýaly göründi.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

Gekiň kesellänligini eşdip, Tom anna güni ony soramaga gitdi, emma Gekiň ýatan ýerine ony goýbermediler; şenbe, ýekşenbe günleride ol onuň ýanyna baryp bilmedi. Şondan soň ony Gekiň ýanyna günde goýberdiler, emma welin oňa öz başdan geçirenlerini gürrüň beräýmegin we dostuňy binjalyk edäýmegin diýip tabşyrdylar. Tom birden agzyndan bir zat sypdyraýmasyn diýip, öýde dul aýal Duglasyň özi galdy. Öýlerinde ol Kardnf dagynda bolup geçen waka barada, şeýle hem şalhanyň mendini ahyrsoňy geçelgäniň ýanynda derýadan tutandyklaryny eşitdi. Ol gaçyp gutuljak bolanda suwa gark bolup ölen bolara çemeli.Tom gowakdan gaýdyp geleninden soň, iki hepde geçeninden ol indi birneme ysgyna gelip ugran we tolgundyryjy täzelikleri diňläp oturyp biljek Geki görmäge gitdi; Tom özüniň täzeliklerine Gek gyzygar öýtdi. Ýolda ol Bekkini soramak üçin sudýa Tetçerlere sowuldy. Sudýa we onuň tanyş-bilişleri Tom bilen gürrüň açdylar we kimdir biri oýunlyga salyp, gitmäge-ha hyýalyň ýokdur diýip sorady. Tom gitmänem durmazdym diýip jogap berdi. Musa sudýa:

— Ýogsa näme, gitjegem ýeke seniň özüň däldigine men birjik-de şübhelenemok, Tom. Emma biz öz degişli çärelerimizi görüşdirdik. Ol gowakda indi hiç kim azaşmaz, sebäbi kän hepde mundan öň men daşyna demir kakylan ullakan gapy ýasap, oňa üç gulp dagy urmagy tabşyrdym — açary bolsa mende — diýdi. Tomusyň ýüzi esgi ýaly agardy.

— Saňa näme boldy, oglan? Basymrak biriňiz bir stakan suw getiriň!

Suw getirip, Tomuň ýüzüne serpdiler.

— Ine, ahyrsoňy özüňe geldiň. Saňa näme boldy, Tom?

— Mister Tetçer, ol gowakda hindi Jo bar ahyryn!

## XXXIII bap

### TAPYLAN HUM

Birnäçe minutdan soň, bu habar bütin şähere ýaýrady we üsti adamdan doly on töwerekleri gaýyk ýelken Mak-Dugala gowagyna tarap ugrady, onuň yzy bilen

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana
basym ýolagçylardan ýaňa hyryn-dykyn parohotjyk hem ýola düşdi. Tom Soker sudýa Tetçer bilen bir gaýykda barýardy.

Gowagyň gapysyny açanlarynda garaňkylygyň içinde ähli gelenleriň gözüne aýylganç bir zat ildi. Hindi Jo ýerde, göýä bolmasa ol ýerde, ýekelikde tä soňky minutlara çenli özüniň gaýgy-gussaly gözlerini ýagty we şadyýan dünýäden akyp bilmedik ýaly, ýüzüni gapynyň yşlaryna tarap öwrüp öli ýatyrdy. Tomuň ýüregi gyýyldy, sebäbi, bu görgüliniň nämeleri başyndan geçirenini ol öz tejribesi boýunça bilýärdi. Onuň nebsi agyryp başlady, emma ol ullakan bir ýekelik we erkinlik duýgusyny syzdy hem-de özünis sudda Hindi Jonuň garşysyna çykmaga ýürek eden gününden bäri özüni nähili horlanlygyna ol diňe indi düşündi.

Hindi Jonuň aw pyçagy gapdalynda iki jomrul ýatyrdy. Gapynyň aşaky agyr bosagasy joýa-joýa edilipdir, bu hem hindä birneme iş görkezipdir. Emma bu iş biderek gözläpdir, sebäbi, gapynyň daşyndaky gaýa bosaga ýaly bolup durdy we hindi Jo gara daşa hiç hili çäre edip bilmändir, pyçak hem döwlüpdir, başga zat bolmandyr. Emma welin daş bosaga bolmanda-da onuň azaby biderek boljak ekeni, sebäbi, hindi Jo bosagany kesäýende-de barybir gakynyň aşagyndan sümlüp geçip biljek däldi, muny bolsa ol bilýärdi.

Ol bosagany diňe bir güýmenje üçin, wagtyny geçirmek hem-de görgi baryny gören akylyny nämedir bir zada gümra etmek üçin kesjek bolupdyr.

Adatça, diwarlaryň jaýryklarynda turistleriň goýup giden onlarça şem galyndylaryna duşmak bolýardy, häzir bolsa olaryň ýekejesi-de ýokdy. Ýesir olary gözläp tapyp bilipdir. Mundan başga-da ol bir topar ýaryganatlary-da tutup iýipdir, diňe aýaklaryny goýupdyr.

Görgüli açlykdan ölüpdir. Çykalganyň golaý ýanjagazynda stalagmit ýerden saýlanyp durdy, ol ýokarsynda sallanyp duran stalaktitden damýan damjalardan asyrlaryň dowamynda emele gelipdir. Bendi stalagmidiň ýokarky burçuny döwüp alyp, onuň üstünde daş goýupdyr. Şol daşyň ýüzünde ol maýatnigiň ýürek gysdyryjy sazlaşyklylygy ýaly her üç minutdan damyp duran we her ýigrimi dört sagatdan geçer çemçesini doldurýan gymmatbahaly damjalary ýygnamak üçin ýalpajyk çukur edipdir.

Bagtygara hindiniň suw ýygnamak üçin daş köwşünden bäri köp-köp ýyllar geçdi, emma Mak-Dugala gowagynyň täsinliklerine syn etmäge gelen turistler henizhenizler hem köplenç şu daşa, ýuwaş-ýuwaşdan ýygnanýan damja seredýärler. Hindi Jonuň köpüsi gowagyň täsinliklerini ilkinjileriniň biri bolup durýar hatda «Aleddiniň köşgi-de» oňa taý gelenok.Hindi Jony gowaga girilýän ýerde jaýladylar.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

Jaýlanylan günüň ertesi Tom möhüm bir iş barada gürleşmek üçin Geki bir çete çagyrdy. Gek Tomuň başdan geçirenleri barada wallisliden we dul aýal Duglasdan eşidipdi, emma Tom Gekis hemmesiniň eşitmänliginiň bir zady onuň heniz bilmeýänligini, ine, şu zat barada-da gürrüň bermelidigi aýtdy. Gekiň ýüzi bir tüýsli tutulan ýaly boldy. Ol:
— Näme baradadygyny men bilýärin. Sen ikinji nomerde bolup wakadan başga hiç zat tapman ekeniň. Muny maňa hiç kim aýdanok, ýöne wiska barada gulagyma degende men onuň sendigiňi bildim. Seniň pul tapmanlygyňy-da men bilýärin, ýogsam başga hiç kime aýtmasaň-da, maňa bir ýol bilen eşitdirerdiň. Tom, men elmydam pullary bize görmek ýok diýip pikir edýärin.

— Aý, goýsana, Gek, men traktyryň hojaýynyna birjigem şugullamok! Onuň baryp şenbe güini gezelenje barýarkak hem açyk duranlygyny sen bilýärsiň ahyryn. Şol gije garawulçylygy sen çekmelidiň, neneň ýadyňa düşenok?

— Wiý! Dogrusy, şondan bäri tutuş bir ýyl geçen ýaly bolup dur. Bu meniň şol Jony yzarlap, tä dul aýalyň öýüne çenli yzyna düşüp gelen gijäm bolupdy.

— Diýmek, ony sen yzarladyňmy?

— Hawa, ýöne sen sesiňi çykarma. Belki Jonuň dostlary galandyr, olaryň maňa kejigip, menden ar almaklary mümkin! Eger men bolmadyk bolsam, ol eýýäm Tehasdan çykardy. Şondan soň Gek öz başdan geçirenlerini wallisliden diňe ýaryny eşiden Toma ýaşyryn gürrüň berdi.

— Ynha, şeýle — diýip, Gek ýene esasy meselä geçip aýtdy. — Ikinji nomerden bir çelejik wiskany kim äkiden bolsa, puly hem şol äkidendir. Her näme diýseňem, Tom, pullar bizden sypdy.

— Gek, o pullar ikinji nomere düşenoklar hem!

— O nähili beýle bolýar? — diýip, Gek ýoldaşynyň ýüzüne çiňerrilip seretdi. — Tom, sen ýene şol pullaryň yzyny-ha çalan dälsiň-dä?

— Gek, pullar gowakda.

Gekiň gözleri uçganaklap gitdi:

— Näme diýdiň, Tom? — Pullar gowakda!

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

— Tom, walla, munyň oýunmy ýa çyn?

— Çyn, Gek, beýle çyn zady men heniz hiç kime aýdamok. Ol ýere meniň bilen gidip, pullary almaga kömekleşermiň?

— Eýsem näme! Ýöne ol ýere bellik edip baryp bolaýmasa, ýogsam azaşyp gidäýmesek diýýän.

— Gek, munuň biziň üçin birjik-de kynçylygy bolmaz.
— Bary, oňat bolardy-ow! Näme üçin sen pullar…

— Dursana, entek o ýere bir baraly! Eger biz olary tapmasak, men saňa öz depregimi bereýin, bar zadymyň ählijesini bereýin. Hudaý ursun, bereýin. Ýeri bolýar-da, al eliňi! ýöne haçan gitmekçi bolýaň?

— Isleseň, edil şu wagt gideli. Ýagdaýyň ýetjekmi?

— Ol, näme, girelgeden daşdamy? Men indi baryp üç-dört günden bäri aýak üstünde, az-kem ýörän bolýan, ýöne bir milden köp gidip bilemok, bolýamy näme!

— Eger illeriň gidişi ýaly gitseň, onda bäş mil dagy bar, men bolsam başga, ýakynjak ýoluny bilýän, ol ýerden gatnaýan adam kän. Gek, men seni gaýyga mündürip äkidäýerin. Eýleligine-de, beýleligine-de özüm kürekläýerin. Sen barmagyňy-da gymyldatmaly bolmarsyň.

— Gel, häziriň özünde gideli!

— Ýagny, et bilen çörek, çybyk, iki-üç sany halta, bir ýumak batbörek ýüpüni, onsoňam otlyçöp diýilýäninden hem bir azrak alaly. Olaryň ýanymda ýoklugyndan, biler bolsaň, men telim gezekler dagy kösenendirin.

Günorta geçenje badyna oglanlar öýünde bolmadyk bir şäherliniň gaýygyny alyp, ýola rowana boldular. Olar girelgäniň birnäçe milligine ýüzüp baranlarynda, Tom:

— Bu uçut gaýany görýärmiň? Ol girelgeden tä şu ýere gelýänçä bir meňzeş: ne öý bar, ne tokaý skladlary, agaçlar hem ähli ýerde bir meňzeş. Hol çöken ýeriň ýanyndaky ak tegmili gerýärmiň? Ynha, meniň belligim şol indi biz kenara çykarys — diýip, olar düşlediler. — Gek, seniň häzirki duran ýeriňden girelgä

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana
çenli bir çenli boýy ýer bar. Hany, sen ony tapjak bolup gör-dä. Gek töwerek-daşy gözläp çykdy, emma girelgäni tapmady! Tom guwanç bilen gür sumahlyga girip gitdi we:

— Ynha, ol! Seret, Gek, mundan oňaýly girelgäni hiç ýerden tapjak gümanyň ýok. Sen ýene sesiňi çykarma. Sebäbi, men garakçylyga bir eýýämden bäri höwes edýärdim ahyryn, emma idili ýer ýokdy, ony nireden gözläp tapjakdygyňy-da biler ýaly däldi. Indi ol tapylansoň welin, biz ony Jo Garperden we Ben Rojersden başga hiç kime aýtmarys. Bir topar bolmasak, mundan oýun bolarmy! Tom Soneriň topary — okat gelşäýşini! Dogry dälmi, Gek?

— Hiç neneň däl, Tom. Ýöne biz kimi talarkak?

— Näme, talar ýaly adam gytmy? Gabaw gurarys — hemişe-de şeýdilýär.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

Öldürerisemmi?

— Ýok-la, hemişe öldürip ýörmeris. Ýesirleri tä töleg pullaryny getirýänçäler gowakda saklarys.

— Ol töleg pul diýýäniň näme?

Pul. Olary tanyşlaryndan mümkin boldugyça köpräk pul karz almaga mejbur edýärsiň, eger olar bir ýyldan hem töläp bilmeseler, onda öldürýärsiň. Hemmeler şeýdýärler. Diňe aýallary öldürmeýärler. Aýallary ýesir edip saklaýarlar, ýöne öldürenoklar. Olar hemişe owadan, baý bolýarlar hem-de bar zatdan öler ýaly gorkýarlar. Olaryň ellerinden sagadyny, zatlaryny alýarsyň, emma şonda edepli gepleşmeli, şilýapaňy çykarmly. Dünýäde garakçylardan edepli adam ýokdur, sen muny çem gelen kitabyňdan hem tapyp bilersiň. Ana, onsoň aýallar seni söýüp başlaýarlar, gowakda bir hep-de, iki hepde ýaşanlaryndan soň bolsa aglamalaryny goýýarlar, onsoň olary kowup-da giderip bolanok. Olary kowaýsaň hem aýlanýarlar, aýlanýarlarda, ýene dolanyp gelýärler. Ähli kitaplarda şeýle.

— Bä oňatdygyny, Tom! Bu deňiz ogrusy bolandan gowumyka diýýärin.

— Ýogsam gowy bolmazmy: ýene-de ýakyn, hem ýanyňda, aý, oňat zady gytmy näme!

Ahyrsoňy ähli zat tapýar boldy, oglanlar hine girdiler. Tom öňürti girdi. Olar geçelgäniň düýbüne zordan ýetdiler, ýüpi daňdylar we asyrlygyna ugradylar. Birneme ýöränlerinden soň, olar çeşmäniň boýuna ýetdiler. Tom özüniň bütin göwresiniň galpyldap ugranlygyny syzdy. Ol edil diwaryň ýanyndaky bir kesegiň üstündäki galyndy peltäni Geke görkezdi we Bekki pkisiniň ýylp-ýylp edip, ahyrym sönüp ugran şem yşygyna syn edendiklerini birin-birin gürrüň berdi.

Oglanlar pyşyrdap gürleşip başladylar, sebäbi, gowagyň ümsümligi we garaňkylygy olaryň ýüreklerini gynaýardy. Olar tä ikinji koridora, ondan hem «çukura» ýetýänçäler ýöräp gitdiler. Şemiň ýagtysyna bu ýerde hiç hili çukuryň bolman, diňe ýigrimi-otuz fut beýiklikdäki toýunsaw kertiň barlygy mälim boldy. Tom:

— Indi, Gek, men saňa bir zat görkezeýin — diýip pyşyrdady we şemi ýokarrak galdyryp:

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

— Başardygyňça burçuň aňyrragyna seretjek bol. Görýärmiň? Hanha, uly daşyň üstünde şemiň garasy ýaly bolup ýatyr — diýdi.

— Ol haç ahyryn!

Hany, onda seniň ikinji nomeriň? «Hajyň aşagyn-da» gerek? Men hindi Jony şemi-zady bilen hut şol ýerde gördüm.

Gek syrly bellige köp wagtlap seredip durdy, soňra sandyrawuk sesi bilen:

— Tom, gowusy, bu ýerden gideli — diýdi.

— O näme üçin! Näme, humy taşlaýalymy?

— Hawa, taşlaly. Hindi Jonuň ruhy şu ýerlerden daş däldir.

— Ýok, bu ýerde däl, Gek, düýpden bu ýerde däl. Ol şol hindi Jonuň ölen ýeri bolan mundan bäş millikdäki gowagyň girelgesiniň öňünde.

— Bolup bilmez! Ol şu töwereklerdedir, puluň töwereginde ygyp ýörendir. Ruhuň häsiýetlerini bilmejek, gel-gel, menmi? Olary senem bilýärsiň ahyryn.

Tom Gek mamla bolaýmasyn diýip ikirjiňläp başlady. Oňlulygyň ýoklugyny syzyp başlamagy, onuň ýüregine düşüp ugrady. Emma birden onuň kellesine bir pikir geldi:

— Gulak goý, Gek, biziň ikimizem tüýs akmak. Heý-de haç bolan ýere hindi Jonuň ruhy gelip bilermi? Delil diýseň düýplüdi: ol Geki ynandyrdy.

— Tom, men bu hakda pikir hem etmändirin! Munyň dogry, hajyň bu ýerde bolanlygy biziň üçin gowy boldy. Indi biz aşak düşüp, sandygy gözlärmikäk diýýän.Ýüzüniň ugruna toýundan basgançak ýasanyp, Tom ilki düşüp başlady”. Gek hem yzyndan düşdi. Uly daşyň ýatan ýeri bolan kiçijik gowakdan dört ýol çykýardy. Oglanlar üç ýoly gözläp çydylar, emma hiç zat tapmadylar. Olar daşyň has golaýyndaky ýoluň ugrunda ýalpagrak çöketlik gördüler, onuň üstünde bolsa ýazylan odeýalony, köne gätergini, doňuz hamyny, iki-üç sany towugyň bir geňsi

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana
gemrilen süňklerini gördüler. Emma ol ýerde sandyk ýokdy. Olar dynman gözlediler, emma bary biderek boldy. Tom:

— «Hajyn aşagynda» diýipdi-le! Bu bolsa haja iň ýakyn ýeri. Hut aşagynda-ha bolup bilmez, sebäbi, ol ýeriň içine ep-esli girip dur — diýdi.

Olar ähli ýerini ýene-de bir gezek gözläp çykdylar, soňra ýadap, dynçlaryny almaga oturdylar. Gek näme pikir etjegini bilmedi. Birden Tom:

— Eşidýärmiň, Gek, daşyň bir tarapynda-ha yz bar, ýer hem şem ýagy bilen bile düzlenipdir, beýleki üç taranynda bolsa hiç zat ýok. Sen näme üçindir öýdýäň? Meniň pikirimçe ho daşyň aşagynda pul barmyka diýýärin. Häziriň özün-de toýny köwüp ugrajak — diýdi.

Muny sen gowy tapdyň, Tom — diýip, Gek janlandy. Tom Barlou firmasynyň «hakyky» pyçagyny işe girizdi we dert duýmalyk çuňluga ýetende agaja duşdy.

— Eşidýärmiň, Gek?

Gek hem köwüp, elleri bilen gum çykaryp başlady. Basym tagtalar göründi, olar ony çykardylar. Tagtalaryň aşagynda, daşyň aşagyna gidip duran uly çukur bar eken. Tom onuň içine girdi we şemini mümkin boldugyça asyrlygyna uzatdy; emma çukuryň aňyrsyny görüp bilmedi. Ol gidip göreýin diýdi. Eglip daşyň aşagyna girdi; darajyk geçelge ýapaşak gidýär eken. Tom ilki saga, soň çepe öwrüldi. Gek onuň söbügini basyp ugrady. Ýene-de bir gysgajyk aýlawy geçip, Tom:

— Eý, taňrym-eý, Gek, bir bu ýere seredip gör — diýip gygyrdy.

Bu şol pully sandykdy, ol kiçijik gizlençek gowakda dur eken, şol ýerde däriden boşan boş çelejik, iki sany gaýyş gaply tupeň, iki ýa üç jübüt köne mokasin, gaýyş kemer we diwardan damyp duran suwa ezilen dürli bolar-bolgusyz zatlar hem bardy.

— Ahyrsoňy ýetdig-ow!—diýip, Gek garalyşyp ugran pullaryň üýşmegini dörüp duran wagty aýtdy. — Indi ikimiz baý-da, Tom!

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

— Gek, men hemişe bu pullar bize gowşar diýip pikir edýärdim. Häzir ynanar ýaly däl, emma her niçik-de bolsa gowuşdy. Näme diýsene: bu ýerini gazyp oturasy iş ýok, gel, daşyna çykaly. Hany, sandygy göteribilýärmikäm, bir ýol ber.Sandyk elli funt dagy bardy. Her niçik-de bolsa Tom ony galdyrdy, emma göterip äkitmäge ol örän agyrdy we oňaýsyzdy.

— Men şeýleräkdirem öýdýärdim. Eýeli jaýdan çykanlarynda olara sandygy götermek agyr düşdi. Men muny bada-bat asdym. Meniň halta alyp gaýtmagy ýadymdan çykarmanym hem gowy bolupdyr! — diýip, ol aýtdy.Basym pullar haltalara gapgaryldy we olary oglanlar hajyň aşagyndaky daşyň ýanyna çekip ugradylar.

— Gel, tüpeňlerem, beýleki zatlaram alaly — diýip, Gek teklip girizdi.

— Ýok, Gek, olary bu ýerde goýaly. Garakçylyga çykanymyzda bularyň bary bize gerek bolar. Hany, Gek gaýdalyla, biz bu ýerde hälden bäri otyrys.

— Indi gijräk bolaýmasa, bir zatjagaz iýesimiz hem gelýär. Ganyklaryň ýanyna baraly, şol ýerde bir zat garbanarys, çilim hem çekişeris.

Olar daşaryk, sumahlygyň içine çykdylar, seresaplylyk bilen daş-töwereklerine garanjaklaşdylar, hiç kimiň ýoklugyny görüp, bir zat garbanmak we çilim

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana
çekişmek üçin gaýyga mündüler. Gün egnini sallap ugranda, olar kenardan saýlanyp, yzlaryna ýüzüp ugradylar. Tom tä tomus şapagy ýaşýança kenaryň golaýyndan Gek bilen degşip, küreküläp gitdi, garaňky düşen dessine bolsa kenara ýüzüp bardy.

— Näme diýsene, Gek — diýip, Tom söze başlady:

— Biz puly dul aýalyň bede basýan ýerinde gizläli, ertir ir bilen bolsa men gelerin, şonda olary sanarys-da paplaşarys, soň bolsa hiç kimiň degip bilmejek ýerinden, tokaýdan ýer taparys. Sen şu ýerde oturyp, ümsümlik bilen Benpi Teýloryň galtagyny getirýänçem muňa seredip otur. Men bir minutjykdan gaýdyp gelerin.

Ol gözden ýitdi we basym galtak alyp geldi, haltalary onuň üstüne urdy, üstünden bolsa köne-küşül atdy. Wallisliniň tamynyň deňine ýetenlerinde oglanlar dynç almaga oturdylar. Olar ýaňy ugraberenlerinde garry eýwana çykyp:

— Eý, o ýerdäki kim? — diýip gygyrdy.

— Gek Finn bilen Tom Soýerdir.

— Ine, bu gowy bolapdy! Ýörüň, oglanlar, heliden bäri size garaşyp otyrlar. Hany, basymrak, öňden ýöräberiň, galtagyňyzy men süräýerin. Näme, ýüküňiz agyrla! Munda näme bar? Kerpiçmi ýa demir-semirmi?

— Demir-le.

— Şeýlemikä diýdim-le. Biziň şäherimizde janyny gaýgyrman demir ýygnajak oglanlar käp, munuň üçin olara zawodda bir azrak pul berýärler, emma iki esse köp tölejek diýseň-de, olaryň çynlary bilen işläsleri gelenok. Adamyň gurluşy şeýle. Hany, alňasaweriň. Oglanlaryň näme üçin alňasamalydygyny bilesleri geldi.

— Azara galmaň, dul aýal Duglasyň öýüne barsak, hemmesini bilersiňiz.

Gek seresaplylyk bilen gepledi, sebäbi, ol her tüýsli biderek zatlar bilen öňräkden öwrenişipdi.

— Mister Jons, biziň eden zadymyz ýok ahyryn. Wallisli güldi:

— Onçaklysyny biljek däl, oglum Gek! Bilýän zadym ýok. Eýsem dul aýal seni erbet görýärmi näme?

Ýok, ol meni oňat görýär, onsy dogry. Beýle bolsa neme? Gorkup oturyp nätjek?

Gek bu meseläni çözmäge ýetişmänkä ony Tom bilen birlikde dul aýal Duglasyň myhman jaýyna dykdylar. Mister Jons galtagy eýwanyň öňünde goýup, olaryň yzy bilen girdi. Myhman jaý diýseň ýagty eken we oňa şäheriň abraýly adamlarynyň ählisi ýygnanypdyrlar. Bu ýerde Tetçerler, Garperler, Rojersler, Polli daýza, Sid, Meri, käsi, ýerli gazetjigiň redaktory we ýene bir topar märeke bardy, özleri-de hemmejesi toý geýimindediler. Dul aýal oglanlary şeýle görnüşde gelen myhmanlary nähili garşylap bolýan bolsa, şonuň ýaly süýji dilli garşylady. Olaryň üsti aýaklaryndan kellelerine çenli palçyk bolupdyr we şem ýagy damypdyr. Polli daýza utanjyndan çym-gyzyl boldy we gaşyny bürüp Toma kellesini ýaýkap başlady. Oglanlar bolsa özlerini şeýle hem beýleki myhmanlardan iki esse erbet saýýardylar. Mister Jons:

— Tom entek öýlerine baranok. Men ony taparyn ýentmändim, birden Gek ikisine eýwanyň işiginde duşaýdym we şo bada alyp geldim — diýdi.

— Örän oňat edipsiňiz— diýip, dul aýal tassyklady.— Ýörün, çagalar, yzyma düşüň.Ol olary ýatylýan jaýa alyp gitdi.

— Indi ýuwnuň-da geýimleriňizi çalşyryň — diýip, dul aýal tabşyrdy — ynha, size iki sany täze kostýum, köýnek, jorap, gerek zatlaryň hemmesi. Bu Gekiň kostýumlary… Ýek, sag bol diýip oturma, Gek. Bularyň birni mister Žons satyn aldy, beýlekisinem men. Ýöne olar ikiňize-de gerek bolar geýniň. Biz size garaşýarys, siz bolsa üsti-başyňyza serenjam berip, aşak düşäýiň. Şeý diýdi-de, ol çykyp gitdi.

## XXXIV bap

### DUL AÝALYŇKYDA GEÇIRILEN AGŞAM

Gek:

— Ýüp bolsa äpişgeden-ä çyksa boljak ekeni. Äpişge ýerden-ä onçakly beýik däl — diýdi.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

— Samsyklamasana! Äpişgeden çykyp nätjek

- Aý, men beýle üýşmeleňe öwrenişmändirin. Men hiç çydap bilmerin. Men aşaga düşjek däl, şuny bilip goý.

— Ýeri bolýa-la! Ýene-de biderek zatlara tutdurýarsyň! Men-ä çigit ýalyjak hem gorkamok, senem gorkma, men seniň ýanyňda boljak ahyryn. Sid peýda boldy.

— Tom, daýzam uzynly günläp saňa garaşdy. Meri seniň ýekşenbe güni geýýän kostýumyňy taýýarlady, özem şol sen diýip ünjä düşdi oturdy. Gulak goýuň-la, näme siziň köý-eşikleriňiz ýene palçyk we şem ýagy bolup dur-la — diýip, ol aýtdy.

— Näme diýseňizläň, siziň alyhezretiňiz, siz kesekiniň işine burnuňyzy sokujy bolmaň. Sen, gowusy, bu ýerde näme ediljek bolýanyny aýt.

— Ana, hemişeki agşamlar ýaly, bü gün hem dul aýalyňky-da agşam geçiriljek. Bu agşam wallislä we ogullarynyň hormatyna gurulýar, olar şol gije ony halas eden ekenler. Eger isleseň, men saňa ýene-de käbir zatlar aýdyp biljek.

— Ýeri näme aýtjak? *

— Ynha, şeýle. Mister Jons şu gün agşam ähli ýygnananlary haýran galdyrmakçy bolýar, men onuň muny ýuwaşlyk bilen Polli daýzama gürrüň berenini eşitdim, indi ol syry bilmeýän ýok. Adamlar bir eýýämden bäri bilýärler, hiç zat bilmedik bolsa-da, muny dul aýal hem bilýär. Şonuň üçinem mister Jons hökman şu ýerde Gekiň bolanyny isleýär. Geksiz çykjak zat ýok, düşündiňmi?

— O nähil syr? Nämäniň syry?

— Gekiň syry ol banditleri yzarlapmyş. Mister Jons, hamala diýersiň, hemmeleri öz habary bilen aňk ederin öýdýär, meniň pikirimçe, hiç kimiň tüýem gymyldamaz — diýip, Sid şadyýan kikirdedi.

— Sid, muny hemmelere sen aýtdyňmy?

— Kim aýdanda saňa näme? Bilýärlermi — wessalam.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

— Beýle nejislik, Sid, şäherde diňe bir adamyň elinden gelýär, olam bolsa sen. Eger sen Gekiň ýerinde bolan bolsaň, sen dagdan dirije gütläp gaýdardyň, egereger bir adama-da banditler barada hiç zat aýtmazdyň. Diňe seniň eliňden nejislik gelýär, özgeleri oňat iş üçin öwäýseler, sen halaňok. Me, hakyňy al, «sag boluň» hem gerek däl. Şeý diýip, Tom Sidiň gulagyndan tutup, syrtyna depdi-de, gapydan çykaryp goýberdi.

— Bar, gorkmasaň, Polli daýzama ýamanla, ertir ýene-de hakyňy alarsyň

Birnäçe minutdan soň, dul aýalyň myhmanlary stoluň başynda oturyp, agşam naharyny iýýärdiler, çagalara bolsa şol wagtyň, şol ýeriň adaty boýunça diwaryň gapdalynda kiçijik stoljuklar goýlupdyr. Ahyrsoňy mister Jons özüniň gysgajyk sözünde özüne we ogullaryna edilen hormat üçin, dul aýala minnetdarlyk bildirdi we dabaraly suratda yglan etdi: ýene bir adam bolup, onuň kiçi göwünli-za-dy…

Yzy hem şeýleräk, şuna meňzeşräk. Ol bolup geçen wakalara Gekiň gatnaşyşynyň syrlaryny açyp görkezdi, emma bu başga, has jüpüne düşäýýän ýagdaýlarda etjek täsiri ýaly ullakan täsir edip durmady. Şonda-da dul aýal örän täsin galyp, Geke şunça süýji sözler aýtdy; şunça öwüp we minnetdarlyk bildirip çykdy welin, Gek täze kostýumynyň çydamsyz azaplary barada pikir etmesini hem ýadyndan çykardy, sebäbi, ähli adamlaryň ünsüne, öwgüsine çydap oturmak düýpden mümkin däldi.

Dul aýal Geki terbiýelemäge aljakdygyny, eger boş pul tapaýsa, soňra oňa bir işi ýola goýmaga kömekleşjekdigini aýtdy. Şol wagt nobat Toma geldi. Ol:

— Gek muňa mätäç däl. Onuň üzem baý — diýdi.

Beýle sezi eşidenlerinde myhmanlar käpçülikde özlerini idiliräk alyp barmalydygy ýatlaryna düşüp, gülmän saklandylar. Emma dymyşlyk onçakly oňaýly bolmady. Tom muny ilkinji bolup bozdy:

— Gekiň puly bar. Siz, belki, ynanmarsyňyz, emma onuň puly köp. Gülüp oturasyda iş ýok, men görkezip hem bilerin. Bir minutjyk garaşyň. Tom gapa tarap ylgap gitdi. Myhmanlar aljyraşyp we haýran galyşyp bir-birlerine seredişdiler, dili tutulan Geke hem soragly nazarlaryny dikdiler.

— Sid, Toma näme boldy? — diýip, Polli daýza sorady.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

— Ol… Ondan näme çak etjekdigini biler ýaly däl. Bu oglanjyga hiç haçan…

Şol wagt haltalaryň agramyna üç epilip Tom girdi, Polli daýza bolsa şeýdip sözüni gutarman goýdy.

— Ynha dälmi, men size aýtdym ahyryn. Ýarysy Gekiňki, ýarysam meniňki — diýip, Tom altyn pullary şaňňyrdadyp stoluň üstüne dökdi.

Beýle ýagdaýa myhmanlar aňk-taňk boldular. Olar altyna aňkarylyşyp, bir minutlap agyzlaryny açman durdular. Soňra hemmesi birden düşündiriş berilmegini soradylar. Tom häzir düşündireýin diýdi we düşündirdem. Gürrüň uzaga çekdi, emma gyzykly boldy. Hemmeler jadylanan ýaly bolup, agyzlaryny açmaga ýürek etmän diňläp otyrdylar. Gürrüň berlip gutarylanyndan soň, mister Jons:

— Men bolsam siziň baryňyza garaşylmadyk sowgat taýýarladymmykam öýdüpdim! Emma indi onuň peýdasy ýok. Muňa garaňda meniň sowgadymyň biderek zatdygyny boýnuma alýaryn — diýdi.

Pullary sanap başladylar. Olar on iki müň dollardan-da gowrak eken. Myhmanlaryň käbirleriniň mundan hem köp maýasynyň barlygyna garamazdan, oturanlaryň hiç biri entek munça üýşmek puly bir ýerde görmändi.

## XXXV bap

### BAÝLYGYŇ IKINJI TARAPY

Tom bilen Gekiň tapyndysynyň at-abraýdan galan Sent-Pitersburg şäherjiginde bir topar adamyny alada goýandygyna okyjy güwä geçip biler. Beýle iri pul, ondada nagt pul hiç akyla sygarlyk däldi. Bu barada yzyny üzmän gürrüň etdiler, göwün etdiler, haýran galdylar; bir topar şäherli-hä üýtgeşik tolgunma döz gelmän ýeldirgediler.

Şäherde we gyrak-bujak posýoloklarda «eýeli» jaýlaryň ähli tagtalaryny tä dyrnagyna çenli sökdüler, hatda olaryň aşagyndaky ýer hem hum gözlenilip gazylyp çykdy, özi-de oglanjyklar tarapyndan däl-de, «bolsady» ekmekden daşda bolan položitel we agras adamlar tarpyndan gazyldy. Tom bilen Gek nirä barsa, olara ähli ýerde hyzmat etdiler, olara täsin galdylar, agyzlaryny öweldişip seretdiler. Öň iň bolmanda bir adamyň hem olaryň aýdanyna gulak asanlygy

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana
oglanlaryň ýadyna düşmedik bolsa, indi adamlar olaryň aýdan her bir sözüni göterip, öwran-öwran gaýtaladylar. Olar näme etse, gelşip barýan ýaly boldy. Olar, göýä bolmasa, beýleki adamlar ýaly hereket etmek, beýleki adamlar ýaly geplemek ukybyny ýitiren ýaly bolup göründi. Mundan hem beteri, olarda öň hem üýtgeşikligiň we talantyň ähli alamatlarynyň bolanlygy äşger boldy. Şäher gazetjigi olaryň terjime hallaryny çap etdi.

Dul aýal Dutlas Gekiň pullaryny banka goýdy, sudýa Tetçer hem Polli daýzanyň hanyşy boýunça, Tom üçin edil şonuň ýaly etdi. Indi oglanlaryň ägirt uly — günde bir dollar, ýekşenbe güni bolsa ýarym dollar girdejisi bardy. Keşgiň almaly girdejisi ýalydy, emma hemişe-de diňe wada berýärdiler, almasyna ol munça girdeji alyp bilenokdy. Ol wagtlar gowy döwürdi — dollar çerýege oglanjyk stolly, kwartiraly bolup bilýärdi, şol pula okap-da, geýnip-de, saçyny syrdyryp, ýuwnupda bilýärdi.

Sudýa Tetçer Tom Soner barada örän uly pikirdedi. Ol başga bir oglan bolsa gyzymy gowakdan alyp çykyp bilmezdi diýýärdi. Özi üçin Tomuň mekdepde urlanlygyny Bekki kakasyna ýaşyrynlykda aýdanda, sudýanyň gernetin bozulanlygy bildirdi; Bekki Tomuň tarapyny çalyp, Tomuň gamçynyň Bekkä dälde özüne degmegi üçin, muny ýalandan toslap tapandygyny, onuň bolsa geçilmegini soranda sudýa joşup, bu rehimli, asylly we ýalan söz diýdi. Bekki kakasynyň hiç haçan şol günküsi ýaly agras, şol gülküsi ýaly haýbatly bolmandygy barada içini gepletdi, şol gün kakasy halynyň üstünde gezmeläp, şol sözleri aýtdy we ýer depdi. Bekki şol bada Tomuň ýanyna ylgap gitdi we hemmesini oňa gürrüň berdi.

Sudýa Tetçer Tom haçan hem bolsa bir wagt beýik kanunçy ýa-da beýik serkerde bolup çykar diýip tama edýärdi. Ol Tomuň Milli harby akademiýa düşmegi, soňra hem ýurduň iň gowy okuw jaýynda hukugy öwrenmegi, şeýlelikde, ol ýa beýleki hünärii, belki bir wagtyň özünde iki hünäri-de öwrenmäge taýýarlanmagy üçin ähli tagallalary etjekdigini aýdýardy.

Gek Finniň baýlygy, belki, hem onuň dul aýal Duglasyň hossarlygynda bolmagy, ony adam sanyna goşdy, — ýok, süýräp eltip, dykyp saldy, Gek bolsa çydar dagy eder ýaly bolmadyk azap çekdi. Dul aýalyň hyzmatkäri ony geýindirýärdi we ýuwundyrýardy, saçyny daraýardy we sypalaýardy, ýekeje-de tegmili bolmadyk örän arassa prostynlaryň arasynda ýatyrýardy, ol prostynlary Tom köne dosty hökmünde bagryna basmaga taýýardy. Nahary tarelkadan iýmeli, pyçakdyr çarşagy ulanmaly, agzyňy salfetka bilen süpürmeli, çaşkadan içmeli bolýardy; ol şeýle bir edepli gepleşmeli bolýardy welin, gürrüňe bolan ählije höwesi zymzyýat

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana
boldy. Neressejik seretse, salyhatlylyk gözenegi, salyhatlylyk zynjyry ony azatlykdan mahrum edip, el-aýagyny baglaýardy. Ol bu görgülere üç hepdeläp çydady, ahyr hem bir gün ökjäni göterdi. Juda howsala düşüp, dul aýal ony gözledi, iki gijegündüziň içinde ähli ýerini dökdi. Gözlege ähli adam gatnaşdy. Geki ähli ýerden gözlediler, meýdini taparys tama bilen hatda derýada tor atdylar. Üçünji gün Tom Soýeriň köne gassaphananyň ýeňsesindäki ýatan boş çelekleri barlap görmek kellesine geldi we olaryň birinden gaçgagy gözläp tapdy. Gek gijesine hem şol ýerde ýatýan eken; ol eýýäm bu ýere iýer-içer ýaly oduk-buduk getirip, ertirligini edinen eken, indi bolsa gyşaryp, çilim çekip ýatyrdy. Onuň ýüzi ýuwulmadykdy, saçlary daralmadykdy, egin-eşikleri-de şol erkin we bagtly bolan döwründäki geýýän we oňa owadan görnüş berýän sal-sal eşiklerdi. Tom ony çelekden çe-kip çykardy we onuň ähli adama iş bolandygyny gürrüň berdi we onuň öňlerine dolanyp barmagyny talap etdi. Gekiň ýüzi arkaýynlygyndan we öz-özünden göwnühoşlugyndan bada-bat üýtgedi we tutuldy. Ol:

— Gowusy, diýibem oturma, Tom! Men eýýäm synanyşyp gördüm, emma hiç bolanok, hiç bolanok, Tom. Bularyň hemmejesi-de maňa derkar däl, onsoňam men öwrenişemok. Dul aýal mähirlem, öýköledenogam, ýöne tertibi maňa ýaranok. Her gün bir gezek bir turan wagtyňda turmaly diýýär, ýuwunmaly diýýär, saçymy özi daraýar, şeýdibem ählije saçymy gyrdy; odun saraýynda ýatyranok. Onsoňam bu eýesiz galmyş kostýumy geýmeli munuň içinde adam demigip öljek, göwnüňe bolmasa, mundan howa geçmeýän ýaly, özem, artyp galan, päkize, ne ýatyp, ne oturyp, ne-de gyşaryp bolýar. Ýerzeminden bolsa men ýüz ýyllap çykmazdym. Onsoňam metjide gidip, ol ýerde gara dere batmaly — beýle öwüt-ündewlere men hiç çydap bilemok. Siňek tutmaly däl, gepleşmeli däl, ýene-de bütin ýekşenbe hem aýagyňdan çykarman köwüş geýmeli. Dul aýal Jaň boýunça nahar edinip, jaň boýunça ýatýar, jaň boýunça turýar, onuň ähli zady tertipli, bulara adam neneň çydasyn — diýdi.

— Bu hemmelerde şeýle ahyryn, Gek!

— Tom, meniň onuň bilen işim ýok. Men hemmeler däl. Men muňa çydamok. Edil daňlan ýaly. Naharam ören ýeňil düşýär iýesiň dagy gelenok. Balyk tutasyň gelýärmi — soraşmaly, suwa düşesiň gelýärmi— soraşmaly, nirä gitjek bolsaň, eýesiz galan, soraşmaly, eger-eger sögüşjek gümanyň ýok, onsoň gepläsiň hem gelenok — tamyň üstüne çykyp, şol ýerde janyňa aram beren bolýarsyň, bolmasa ölseň ölüp gidibermeli. Dul aýal çilim çekdirenok, gygyrdanok, pallada-nok hem; gernübem, aýratyn-da myhmanlaryň ýanynda daranyp hem bolanok (ol şu ýere gelende içgin we gaharly sögündi)… Hemişe çokunyp ýörmeli, gabra gitmiş. Men beýle zady heniz göremok. Gaçmaly boldy, Tom, etjek alajyň ýok. Ynha, basym

mekdep hem açylar, men oňa-da gitmeli boljak, şonuň üçin hiç çydap bilmedim. biilýärmiň, Tom, bu baýlykda hiç bir oňatlyk ýok, biz nähak piikir edýändiris. Diňe pikir we alada, pikir we alada etmäni bilmeli — beýdip ýaşasyň hem gelenok. Ynha, bu eşik tüýs meniňki, çetek hem tüns meniň-ki indn men bulardan hiç aýrylyşjak däl. Tom, eger pul bolmadyk bolsa, men bu wakalara baş goşmazdym. Şonuň üçin sen meniň paýymy-da al, ýene on sentden-on sentden beriber, ýene ýygy bolmasyn-Mugt pul düşdügi ýeňsämden tutulýar. Ýene näme diýsene: bir ýol bilen sen dul aýaly maňa gaharlanmaz ýaly et.

— Bilermpň, Gek, muny men başarjak gümanym ýok. Ýagşy däl. Sen şeýe-de azajyk çydajak bolup gör, belki saňa ýarar.

— Ýaraýşyny! Gyzgyn sekiň üstünde özüň oturyp gör, ýararmykan. Ýek, Tom, mundan beýläk maňa bu baýlyk gerek däl, mundan beýläk meniň bu içigara galmyş dymyk öýlerde ýaşasym gelenok! Men tokaýda, derýada, şu ýerde çelekde bolanymy gowy görýärin, men şu ýerde hem galjak. Aý, olaram näme bolsa, şo bolsun! Özümizde ýaragam, gowagam bardy, hä diýmän hem garakçylyga çykjak bolup durduk, birden bu eýesiziň gabat gelip, ähli zady bulaşdyraýşyny diýsene!

Tom amatly pursatdan peýdýalandy:

— Gulak goý, Gek, men gurplananam bolsam, irde-giçde garakçylyga çykaryn.

— Ah, goýa! Ah, sen gura! «Tanyşmy, Tom?

— Edil şu ýerde oturyşymyň çynlygy ýaly çyn. Ýöne bilip goý, Gek, biz seni erbet göwünli bolsaň, üýşmegimiza kabul edip bilmeris.

Gekiň keýpi gaçdy.

— O nähnli kabul edip bilmersiňiz? Meni galtamanlyga nädip kabul etdiňiz?

— Ba, ol düýpden başge zat garakçylar galtamanlardan has ýokary hasap edilýärOlar hemişe diýen ýaly atly nesilden, diýeli, gersogdan ýa-da başga şuňa meňzeşlerden bolýarlar.

— Tom, sen hemişe meniň bilen tirkeşip gördüňn ahyryn. Näme, sen meni düýpden kabul etjek dälmi? Kabul edermiň-ä? Aýtsana, Tom!

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

— Gek, men seni kabul ederdim, hökman kabul ederdim, ýöne adamlar näme diýer? «Ýazaý, Tom Soýeriň hem şaýkasy bar-ow! Duran bir şylhalar!» diýerler. Bu sen hakda, Gek. Seniň ýüzüňede gelşiksiz bolr, maňa-da.

Gek esli salym dymyp durdy, içini gepletdi. Ahyrsoňy hem:

— Ýeri bolýar-da, dul aýalyňkyda ýene bir aý ýaşap göreýin, belki çydaýadym-da, ýöne, Tom şaýka alsaňyz.

— Munyň bolýar, Gek! Munyňa men hä diýýän! Ýör, şepe, men dul aýala azrak horlan diýip aýdaýaryn.

— Ýok, hudaý ursun aýdarsyň gerek? Ine, munyň bolýar. Eger ol tertibi bilen ýüregime düşmese, men azajyk çilim hem çekerin, sögünerinem, ölsem hem çydaryn. Ýene seni haçan şaýka ýygnap, garakçylyga çykjak?

— Häziriň özünde! Belki şu gije ýygnanyşyp, bagyşlama gurarys.

— Näme gurarys?

— Bagyşlama.

— Onyň näme?

— Bu hemmeler birek-birege kömek bermäge, bölek-bölek edilse-de, şaýkanyň syryny paş etmezlige, eger biri biziň şaýkamyzdakylaryň birine el degräýse, ony we onuň kowum-garyndaşlaryny öldürmäge kasam içileninde edilýär.

— Ine, şonda hezil ederis.

— Ýogsam näme! Kasam hem göni ýarym gijeler içilýär, özi-de iň gorkuly, iň bir adamsyz ýerde, iň gowusy, eýeli tamda bolmaly. Ýöne welin häzir şol tamlaryň hemmesiniň düýbi köwlende.

— Ýarym gije! Bu-da gowy, Tom.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

— Ýogsam gowy bolmazmy? Kasamy tabydyň başynda içip, goly öz ganyň bilen çekmeli.

— Ynha, iş diýip muňa diýäýseň! Galtaman bolandan million esse gowy! Ölüp giderin welin, dul aýalyňkyda ýaşaryn, Tom! Eger menden men diýen garakçy çykyp, bu hakda gürrüň ýaýrasa, meni öz ýanyna alanlygyma onuň özi-de monça bolar.

## JEMLEME

Bu hronika şeýle tamamlanýar. Oglanlaryň taryhy bolany üçin, ol bu ýerde galmaly, ýogsam, bu uly adamyň taryhy bolaýjak. Ulular barada roman ýazaňda, nokady nirede goýjaklygyň öňünden belli toýda goýaýmaly. Çagalar barada ýazaňda bolsa, nokady nire oňaýlyrak bolsa, şol ýerde goýmaly bolýar.Bu kitapdaky gahrymanlaryň köplenjisi entek ölenoklar, olar häzire çenli bagtly hem sag-salamat ýaşap ýörler. Belki uzagyndan awtoryň kitabyň kiçijik gahrymanlarynyň soňky ykbaly bilen meşgullanasy, olaryň nähili adamlar bolup ýetişenligini göresi geler. Şonuň üçinem olaryň durmuşynyň bu döwri barada gürrüň edip oturmagyň häzir geregi ýok.

Mark Twen-Tom Soýeriň başdan geçirenleri,
line-daky @kitaphana akkaundy tarapyndan taýýarlanyldy
LINE:
https://www.line.me/R/ti/p/%40kitaphana